**E. A. Gurbanowa, G. M. Ýarbazowa,**
**B. K. Annagurbanowa**

# NYRHLAR WE NYRHYŇ EMELE GELŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK 378+338
G 80

**Gurbanowa E. A. we başg.**
**G 80** **Nyrhlar we nyrhyň emele gelşi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

Ýokary okuw mekdepleri üçin niýetlenen «Nyrhlar we nyrhyň emele gelşi» okuw kitaby Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynda okadylýan nyrhlar we nyrhyň emele gelşi dersi boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda Türkmenistanda soňky ýyllarda nyrh emele gelşi babatda toplanan tejribäni seljermegiň we umumylaşdyrmagyň esasynda hem-de bu ugurda daşary ýurtlaryň tejribesini göz öňünde tutmak bilen taýýarlanyldy.

Okuw kitabyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysadyýet ugrundan bilim alýan talyplar, mugallymlar, şeýle-de orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary, aspirantlar, hünärmenler, ylmy işgärler peýdalanyp bilerler.

TDKP № 276, 2015 KBK 65.9 (2 Tü) ýa 73

© Gurbanowa E. A. we başg., 2015



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Döwletimiziň baş ykdysady ýörelgesi ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, maýa goýmagyň depginini güýçlendirmäge, ähli pudaklary we ýurdumyzyň sebitlerini sazlaşykly ösdürmäge, pul-karz, salgyt-býujet, nyrhlar syýasatyna täze usullary ornaşdyrmaga, bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge, kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaga gönükdirildi.*

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetiň ösüş depginleriniň ýokarlanmagy, onuň pudaklarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagy, şeýle hem ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň baş ugrunyň amala aşyrylmagynyň dowamynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň gowulanmagy ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde nyrhlaryň we nyrh emele gelşiniň ähmiýetiniň ýokarlanmagyny şertlendirýär. Nyrhlar we nyrhyň emele gelşi bazar mehanizminde esasy orny eýeleýär, ýöne nyrhyň emele gelşiniň we nyrhlaryň ösüşiniň öz akymyna gitmegine ýol berilmän, olaryň başarnykly dolandyrylmagy zerur. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Biz ykdysadyýetimize bazar gatnaşyklaryny ýuwaş-ýuwaşdan ornaşdyryp, döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullaryny hem saklap galýarys. Bu bolsa bize halkymyzy durmuş taýdan goramaga, ilatymyza düýpli durmuş goldawyny bermäge ýardam edýär».

Ýurduň bazar şertlerine geçmegi nyrhyň emele gelşiniň we nyrhlaryň nusgasynyň emele getirilmeginiň merkezleşdirilen ykdysadyýetde nyrhlary gurmagyň ýörelgelerinden düýpgöter tapawutlanýan täze usullaryny, ýörelgelerini we çemeleşmelerini talap edýär. Bu meseleler hödürlenilýän «Nyrhlar we nyrhyň emele gelşi» okuw kitabynda öz beýanyny tapýar.

Ýokary okuw mekdepleri üçin niýetlenen bu okuw kitaby Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynda okadylýan nyrhlar we nyrhyň emele gelşi dersi boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda Türkmenistanda soňky ýyllarda nyrh emele gelşi babatda toplanan tejribäni seljermegiň we umumylaşdyrmagyň esasynda hem-de bu ugurda daşary ýurtlaryň tejribesini göz öňünde tutmak bilen taýýarlanyldy.

Nyrhlar we nyrh emele geliş ulgamy ykdysady ylmyň özbaşdak bölümi bolup durýar we nyrhlaryň hereket etmegi bilen baglanyşykly önümçilik gatnaşyklarynyň aýratyn ýaýrawyny öwrenýär. Ol ykdysady nazaryýetlere we Türkmenistanyň hem-de daşary ýurtlaryň alymlarynyň ylmy barlaglaryna esaslanýar.

Okuw kitaby üç bölümden ybarat.

Birinji bölümde bazara geçiş döwründe nyrh emele gelşiniň esasy meselelerine seredilýär; bu ýerde bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrhlara ykdysady kategoriýa hökmünde häsiýetnama, nyrhlaryň klassifikasiýasy we olaryň ulgamy, nyrh emele getirýän faktorlar, bazaryň düzümi we nyrh emele gelşi berilýär; kärhananyň nyrh syýasaty, harajatlar we nyrh emele gelşinde olaryň orny, bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrhlaryň düzgünleşdirilmeginiň zerurlygy görkezilýär.

Ikinji bölümde ykdysadyýetiň käbir pudaklarynda we ulgamlarynda, hususan-da, ulag ulgamynda, ilata edilýän durmuş, jemagat hyzmatlary ýaýrawynda nyrh emele gelşiniň aýratynlyklaryna, hümmetsizlenme şertlerinde nyrh emele gelşiniň meselelerine bagyşlanýar.

Üçünji bölümde nyrh emele gelşiniň we maliýe-karz ulgamynyň arasyndaky nyrhlaryň we pul dolanyşygynyň arabaglanyşygyny, nyrhlaryň we karzyň bir-birine baglylygyny açyp görkezýän meselelere seredilýär.

Şeýle-de okuw kitabynda käbir daşary ýurtlarda nyrh emele gelşiniň we nyrhlary düzgünleşdirmegiň tejribesi beýan edilýär.

# I BÖLÜM

# BAZAR YKDYSADYÝETI ŞERTLERINDE NYRH EMELE GELŞININ ESASY MESELELERI

## 1-nji BAP
## BAZAR YKDYSADYÝETI ŞERTLERINDE NYRH YKDYSADY KATEGORIÝA HÖKMÜNDE

### 1.1. Nyrhyň gymmatlyk esaslary we bazar nyrh emele gelşine geçilmegi

Nyrhlar we nyrh emele gelşi bazar ykdysadyýetiniň esasy elementleriniň biri bolup durýar. Nyrh – çylşyrymly ykdysady kategoriýa. Onda ykdysadyýeti, tutuş jemgyýeti ösdürmegiň ähli esasy meseleleri jemlenýär. Ilkinji nobatda, bu harytlaryň öndürilişine we ýerleşdirilişine, olaryň nyrhynyň emele gelşine, jemi içerki önümiň (JIÖ-niň) we milli girdejiniň döredilişine, paýlanylyşyna we peýdalanylyşyna degişli.

Nyrhyň iki sany esasy nazaryýeti bar. Bir nazaryýetiň tarapdarlarynyň pikirine görä, harydyň nyrhy onuň gymmatyny aňladýar. Beýleki bir nazaryýetiň tarapdarlary harydyň nyrhy peýdaly bolan

belli bir haryt üçin satyn alyjynyň tölemäge taýýar bolan pul möçberinden ybarat.

Nyrhdan tapawutlylykda, nyrh emele gelşi harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň nyrhlarynyň emele geliş prosesidir. Nyrh emele gelşiniň, esasan, iki sany ulgamy bar: 1) merkezleşdirilen, önümçiligiň we dolanyşygyň harajatlarynyň esasynda döwlet edaralary tarapyndan nyrhlaryň emele gelşi göz öňünde tutulýar; 2) bazar, isleg bilen teklibiň arabaglanyşygynyň binýadyna esaslanýar.

Harydyň mukdary näme bilen ölçelýär? Bu ykdysady nazaryýetiň iň çylşyrymly meselesi bolup, iki sany diametral gapma-garşylykly mekdebiň arasynda gazaply jedellere getirýär.

Nyrhlaryň nazaryýetiniň işlenip taýýarlanylmagy kapitalizmiň ösüşiniň irki basgançagyna degişli. Bu basgançak üçin nyrhyň harajat nazaryýeti häsiýetlidir, onuň wekillerine Wilýam Petti, Adam Smit we Dawid Rikardo degişlidir. Nyrhyň gymmatlyk nazaryýetiniň esaslaryny hut şolar goýdy we oňa laýyklykda harydyň gymmaty ony öndürmek üçin zerur bolan zähmetiň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Gymmatyň obýektiw substansiýasy hökmünde abstrakt zähmet barada taglymaty bilen Karl Marks gymmatlyk nazaryýetiniň tarapdary bolup durýar. Bu konsepsiýanyň mazmuny harydyň gymmatynyň we nyrhynyň bardygyndan ybaratdyr.

Gymmat – bu harytda jemlenen jemgyýetçilige peýdaly, ýöne diňe ortaça zähmet şertlerine, başarjaňlygyna, işjeňligine laýyk gelýän (şol döwür üçin) zähmet harajatlarydyr. Her bir harydyň zähmetiň netijesi bolup durýandygy sebäpli, bu ähli harytlary hil taýdan birmeňzeş, deňeşdirijilikli edýär. Şeýle çemeleşmede harytlarda jemlenen zähmet hil taýdan birmeňzeş bolýar. Ykdysady nazaryýetde şeýle zähmet abstrakt zähmet diýlip atlandyrylýar.

Şeýlelikde, dürli harytlaryň gymmatynyň gatnaşygy olara sarp edilen abstrakt zähmetiň möçberine gatnaşygyny görkezýär. Bu möçberler haryt alyş-çalşynyň (ýa-da satyn alyş-satuw) möçberiniň obýektiw proporsiýasyny kesgitleýär.

Harydyň nyrhy babatda aýdylanda, ol harydyň gymmatynyň pul görnüşinde aňlatmasydyr. Aýratyn harydyň nyrhy tötänleýin bazar faktorlarynyň täsiri astynda onuň gymmatyna deň gelmän biler.

Şeýlelikde, K. Marksyň nazaryýeti gymmatda nyrhyň obýektiw esasyny göz öňünde tutýar, şonlukda gymmaty we nyrhy tapawutlandyrýar.

Beýleki bir konsepsiýa harydyň nyrhyny önümçilik resurslaryndan peýdalanmagyň iň gowy görnüşinde pul harajatlarynyň möçberi bilen düşündirýär. Şeýle ýagdaýda harydyň bazar nyrhy taýýarlaýjynyň harajatlaryna hem-de bu harajatlaryň peýdalylygynyň satyn alyjy tarapyndan bahalandyrylmasyna bagly. Nyrh gymmatdan daşary özbaşdak möçber bolup durýar we ony kesgitlemek üçin satyn alyjynyň bahalandyrmasy önüm öndürijiniň harajatlaryna garanda has ähmiýetlidir. Nyrh gymmatdan «boşadylýar», onda nyrhyň nämedigini düşündirmek üçin zerurlyk ýok.

Beýan edilen konsepsiýalaryň arasyndaky jedel aşakdaky netijä getirýär: harydyň nyrhyny näme kesgitleýär – «teklipmi» (gymmat) ýa-da «islegmi» (peýdalylyk)? Harydyň peýdalylygy onuň gymmatynyň «wezipesi» («funksiýasy») bolup durýarmy ýa-da, tersine, gymmat harydyň peýdalylygynyň «wezipesimi» («funksiýasymy»)?

Häzirki zaman ykdysady nazaryýeti nyrhda harydyň «obýektiwligini» (gymmatyny) we «subýektiwligini» (peýdalylygy) utgaşdyrýar, şoňa görä-de nyrh emele gelşine iki çemeleşmäni sintezleşdirmäge zerurlyk bolmaýar.

Harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligine we ýerlenilmegine harajatlaryň möçber taýdan kesgitlenilmegi islendik jemgyýetçilik-ykdysady gurluşda obýektiw zerurlyk we hakykat bolupdy we şeýle bolmagynda galýar. Bazar gatnaşyklary şertlerinde harajatlaryň emele gelmeginiň obýektiw prosesi bazar nyrhlarynyň binýadynda bolup geçýär we satuwyň netijesinde alnan girdejileriň hasabyna harytlaryň öndürilişi we ýerlenilişi bilen baglanyşykly ähli çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny talap edýär.

Şeýle şertleri üpjün etmeýän kärhanalar (firmalar) batýar we dargaýar, olaryň ýerini bolsa harytlaryň öndürilmegine we ýerlenilmegine harajatlary has pes bolan kärhanalar eýeleýär. Olar kadaly üznüksiz önümçiligi amala aşyrmak üçin şertleri üpjün edýän has ýokary girdejileri alýarlar.

Bazar hojalygyny gurmak ykdysady ylymda we hojalygy ýöretmegiň tejribesinde, şol sanda nyrh emele geliş ulgamynda köp sanly

nazaryýet we usulyýet taglymatlarynyň subutnamasyz düzgünleriniň aýgytly ýeňlip geçilmegini talap edýär.

Ilki bilen, umumy we esasy häsiýete eýe bolan möhüm meseläniň çözülmegi zerur, nyrh emele gelşiniň nazaryýeti, usulyýeti we tejribesi bilen baglanyşykly beýleki meseleler hem oňa bagly bolup durýar. Bu mesele aşakdaky ýaly bolup biler: bazar hojalygynda nyrhyň tutýan orny nähili?

Bu soraga dogry jogap diňe esasy soragyň, hususan-da, bu sözüň doly manysynda «Bazar näme?» diýen soragyň jogaby aýan edilenden soňra berlip bilner?

Ykdysady edebiýatda bazar düşünjesiniň birnäçe kesgitlemesi bar. Bu tebigydyr. Bazar – aşa çylşyrymly hadysa bolmak bilen, entek ýeterlik derejede öwrenilen däldir.

Bazar näme? Aşakdaky kesgitleme has doly we takyk bolup görünýär. Bazar – bu bazar subýektleriniň arasyndaky durnukly, yzygiderli üznüksiz, gaýtalanýan, ýöne gymmatyň, haryt-pul gatnaşyklarynyň, nyrh emele gelşiniň mehanizmleri arkaly görkezilýän islegiň, teklibiň we beýleki haryt dolanyşygy ulgamyny düzüjileriň (önümçilik, söwda, ykdysady, tehnologik we ş.m.) hökmany aragatnaşyklary bolup durýar.

Bazar haryt-pul gatnaşyklarynyň we gymmatlyk kategoriýalarynyň: maliýäniň, karzyň, iş hakynyň, özüne düşýän gymmatyň, peýdanyň, nyrhyň esasy görnüşi bolup durýar. Gymmatlyk kategoriýalarynyň bu ulgamy tutuş üznüksiz önümçiligi işjeň höweslendirýär.

Bazar gatnaşyklary, eger-de teklip islege garşy durup bilýän bolsa, islendik ýerde ýüze çykyp biler, mysal üçin: bazarda, iş ofisinde, telefon boýunça, biržada we ş.m. Haçan-da bazarda isleg bilen teklibiň arasynda deňagramlylyk ýola goýlanda, nyrh bu ykdysady prosesiň netijesi bolup durýar.

Bazarda garşylykly bähbitleri goraýan satyjylar we satyn alyjylar duş gelýär.

Satyjynyň maksady öz harytlaryny satmak we mümkin boldugyça köp peýda almak. Ýöne satyjylaryň her biriniň şol bir niýet bilen bazara gelýänligi sebäpli, olaryň arasynda bäsdeşlik ýüze çykýar. Satyn alyjylar, öz nobatynda, olara gerekli has peýdaly harydy pes

bahadan almak isleýärler. Satyjynyň we satyn alyjynyň bähbitleriniň deňleşmegi bazarda islegiň we teklibiň arabaglanyşygy arkaly emele gelýän nyrh arkaly amala aşyrylýar. Nyrh isleg bilen teklibiň gatnaşygyny deňleşdirýär we satyjy bilen alyjynyň arasynda gazanylýan ylalaşyk bolup durýar.

Şeýlelikde, bazar – bu satyjylaryň we satyn alyjylaryň bähbitleriniň (islegiň we teklibiň) çaknyşmagy arkaly nyrhlaryň emele gelmegine getirýän ykdysady prosesdir.

Berlen shema laýyklykda aşakdaky netijä gelmek bolýar: nyrh satyjynyň we satyn alyjynyň gapma-garşylykly ykdysady bähbitlerini düzgünleşdirmek, islegi we teklibi laýyklaşdyrmak bilen, bazar gatnaşyklarynda esasy orny eýeleýär. Nyrh emele gelşi bazar ykdysadyýetiniň esasy bölekleriniň biri bolmak bilen, diňe bir çeýe gural bolman, dolandyryşyň möhüm girewi bolup durýar.

Bazary aşakdaky shema arkaly görkezmek bolýar:




Bazar we nyrh – haryt önümçiligi bilen şertlendirilen kategoriýalardyr. Şonda bazar ilkinji bolup durýar, bu şeýle düşündirilýär: haryt önümçiliginde ykdysady gatnaşyklar, esasan, önümçiligiň özünde däl-de, bazar arkaly ýüze çykýar. Bazar haryt-pul gatnaşyklarynyň we gymmatlyk kategoriýalarynyň ýüze çykmagynyň esasy görnüşi bolup durýar.

Bazar hojalygynda gymmatlyk kanuny möhüm orny eýelemek bilen, nyrh emele gelşiniň, islegiň we teklibiň deňagramlaşmagynyň mehanizmleri arkaly amala aşyrylýar. Ol resurslaryň ykdysadyýetiň bir böleginden başga bir bölegine we aýratyn bölekleriniň içinde geçmegine ýardam etmek bilen, jemgyýetçilik önümçiligini düzgünleşdirijileriň biri bolup durýar. Bu «geçme» kärhanalar tarapyndan haryt-pul gatnaşyklarynyň täsiri bilen özbaşdak amala

aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda geçiş döwründe önümçiligi rejeli ýerleşdirmegiň kategoriýasy hökmünde nyrhlaryň wezipesi ýüze çykýar we güýçlenýär.

Bitewi döwlet eýeçiligi mahalynda meýilnamalaýyn ykdysadyýetde ykdysadyýeti düzgünleşdirmek meýilnamalaýyn ösüş kanuny we merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Munuň netijesinde ähli ykdysady gurallar, şol sanda nyrhlar hem meýilnamalar bilen, onuň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly.

Jemgyýetiň bazar ykdysadyýetine geçmegi bilen, hususyýetçi kärhana bazarda esasy orny eýeleýär, ol öz hereketlerine doly ykdysady jogapkärçiligi öz üstüne almak bilen önümçilik-ykdysady we beýleki çözgütleri özi kabul edýär. Aşakdaky meseleleri diňe kärhana çözýär: önümi kim, näçe, haçan, nirede, hili nähili, kim üçin, haýsy şertlerde taýýarlaýar we öz önümini nähili nyrhdan satmakçy bolýar we ş.m. Bu bazar gatnaşyklary şertlerinde kärhananyň zähmet, maddy, maliýe serişdeleri jemgyýetiň jemi serişdeleriniň bir bölegi bolmak bilen, döwlet tarapyndan däl-de, hojalyk subýekti hökmünde kärhananyň özi tarapyndan üznüksiz önümçilige goşulýar. Elbetde, kärhana tarapyndan kabul edilýän çözgütleriň ykdysady netijeleri onuň işiniň ahyrky netijelerine doly täsir edýär; döwlet munuň üçin jogap bermeýär, sebäbi ol kärhananyň jemgyýetçilik üznüksiz önümçilige goşulmagy barada karary kabul etmeýär.

Bazar ykdysadyýetinde kärhananyň işini düzgünleşdirmegiň mehanizmleri köp, ýöne olaryň bary kärhananyň, jemgyýetiň zerurlyklaryndan ugur almagy üçin şertleri döredýän ýa-da jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerini goramak bilen, çäklendirilen häsiýete eýe bolan ykdysady usullaryň peýdalanylmagyna esaslanýar.

Eýýäm bellenilişi ýaly, bazar gatnaşyklary şertlerinde üznüksiz önümçiligiň düzgünleşdirilmegi nyrhlaryň we nyrh emele gelşiniň mehanizmleri arkaly beýleki kanunlaryň hatarynda we nyrhlar hakynda kanun tarapyndan amala aşyrylýar. Bu ulgamda nyrhlaryň köplenç erkin çözgütlerine ýol berýän, ykdysadyýetde işleriň düzgüni barada hakyky düşünjäni ýoýýan meýilnama boýunça bellenilmegi hereket etmeýär. Şol sebäpli bazar nyrh emele gelşiniň ösmegi nyrhlary we nyrhlaryň toplumyny emele getirmekde düýpgöter başga çemeleşmeleri talap edýär.

## 1.2. Merkezleşdirilen nyrh kesmeden bazar nyrhynyň emele gelmeginiň tapawutlandyryjy alamatlary

Merkezleşdirilen ykdysadyýet şertlerinde nyrhlaryň emele gelmeginiň ýörelgeleri we usullary olaryň kärhanada, ýagny önümçilikde we käwagt önüm çykarylmazyndan öň kesgitlenilmeginden düzülýär. Şeýle çemeleşme nyrhlaryň binýady hökmünde önümçilige harajatlaryň kabul edilmegine getirýär. Bu ýerden – nyrhlaryň emele gelmeginiň çykdajyly usulynyň agalyk edýändigi görünýär, ol eýýäm meýilnamalaýyn ykdysadyýet şertlerinde tankyda sezewar edilipdi. Nyrhlaryň gurulmagyna şeýle çemeleşmede bazar nyrhyň derejesine we depginine has gowşak täsir edýär. Iň gowy ýagdaýlarda ol eýýäm kesgitlenen nyrh boýunça haryda islegiň derejesini belleýär.

Nyrhlaryň merkezleşdirilen kesgitlenilmeginden bazar nyrhlarynyň emele gelmeginiň düýpgöter tapawudy nyrhlaryň emele gelmeginiň hakyky ýagdaýynyň önümçilik çäginde, kärhanada däl-de, eýsem önümleriň ýerlenilýän ýaýrawynda, ýagny, islegiň we teklibiň, haryt-pul gatnaşyklarynyň täsiri astynda bazarda bolup geçýändiginden ybaratdyr. Harydyň nyrhy we onuň peýdalylygy bazarda barlagdan geçýär we bazarda gutarnykly emele gelýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrhlaryň emele gelmeginiň mehanizmi nyrhlar, olaryň depgini arkaly ýüze çykýar. Nyrhlaryň depgini esasy iki faktoryň: strategiki we taktiki faktorlaryň täsir etmegi astynda emele gelýär.

Strategiki faktor nyrhlaryň harydyň gymmadynyň esasynda emele gelmeginde görkezilýär. Gymmadyň töwereginde elmydama nyrhlaryň üýtgemegi bolup geçýär. Bu ýagdaý örän çylşyrymlydyr.

Belli bir harytlaryň nyrhlarynyň bazar şertleriniň täsiri astynda emele gelmeginde taktiki faktor ýüze çykýar.

Birinji faktor – uzak wagtlaýyn geljegi bolan hereketleriň faktory. Ikinji ýygy-ýygydan üýtgäp bilýär (günüň, sagadyň dowamynda), sebäbi şertleýin üýtgemeleriň depgini örän ýokary; bu ýerde şu üýtgemeleriň hemmetaraplaýyn öwrenilmegi talap edilýär. Birinji ýaly, ikinji faktor hem bazar ykdysadyýeti şertlerinde örän möhüm,

olary kämil ele almaly we başarjaň ulanmaklygy öwrenmeli. Şeýle edilmese, kärhananyň bazar ykdysadyýetine goşulmagynyň manysy ýok, bu olary oňaýsyz ykdysady netijelere getirer.

Görkezilen faktorlaryň birinjisi döwrebap tehnikaly, öňdebaryjy tehnologiýaly, zähmeti, önümçiligi we beýlekileri guramakda kämilleşdirilen usullardan peýdalanýan kärhanalary has amatly şertlerde goýýar. Netijede, önümçilik harajatlary pes bolan kärhanalar has uly utuş alýarlar. Ikinji faktor bazar şertlerini döwrebap, çalt we başarnykly ulanmaklygy başarýan kärhanalar üçin has oňaýly şertleri döredýär. Şu ýagdaýda hem çeýelik, önümçiligiň we önümçilik infrastrukturasynyň ykjam taýýarlygy, şeýle hem ýokary hünärli işgärler (hünärmenler) talap edilýär. Bazarda iki faktordan hem başarnykly peýdalanmaga mümkinçiligi bolan kärhanalar has uly üstünlige ynamy we utuşy gazanýarlar.

Bäsdeşlik bazar ykdysadyýetini kuwwatly hereketlendiriji bolup durýar. Ol gymmat kanuny, nyrhlaryň emele gelmeginiň mehanizmi ýaly täsirli mehanizmlerden peýdalanmak bilen, ykdysadyýetiň öňe gitmegine itergi berýär. Önümçiliginiň, ýaşaýşa ukyplylygynyň we çydamlylygynyň kämilleşmegi üçin bäsdeşlik telekeçilere özboluşly synag bolup durýar. Ýöne, şunuň bilen birlikde, bäsdeşlik önümçiligiň hemişe we hemmetaraplaýyn kämilleşmeginiň höwes döredijі, ykdysadyýetde öňegidişlikleri pugtalandyrmagyň we yzagalaklygyň gysylyp çykarylmagynyň mehanizmi bolup durýar.

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça bazar şertlerinde kesgitlenilýän nyrhlar şertnamalaýyn (erkin) nyrhlar diýlip atlandyrylýar. Şertnamalaýyn bazar nyrhynyň emele gelmeginiň taglymaty taýýarlaýjy-kärhananyň islegden peýdalanýan, isleg bildirilýän harytlaryň goýberilmegine gönükdirilmeginden ybarat. Bazar nyrhlaryny kesgitlemekdäki çeýelik we operatiwlik ykdysadyýetiň has depginli bolmagyna getirýär we jemgyýetçilik isleglериniň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilýär. Haryt öndürijileriň we önümleri sarp edijileriň ylalaşmagy boýunça kesgitlenilýän erkin nyrhlar halk hojalygynda ykdysady bähbitleri ylalaşdyrmagyň esasy bölegi bolup durýar.

Erkin nyrh emele gelme ulgamynyň ykdysadyýete täsir edişine diňe ösüşe, wagta görä gözegçilik edip bolar. Eger şonda, nähilidir bir

wagtda islegiň we teklibiň balansy gazanylan bolsa, onda gelejekde onuň bozulmagy mümkin we düzgün boýunça bozulýar. Şunuň bilen baglylyk-da, ösüşdäki erkin nyrhlaryň emele gelmegine ulgamlaýyn çemeleşme, bazar nyrhlaryna sosial-ykdysady ulgamyň esasy düzüji bölekleriniň biri hökmünde seredilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Şundan ugur alyp, aşakdaky netijä gelmek bolar: erkin nyrhlar diňe toplumda, bazar ykdysadyýetini düzýän hemme beýleki elementler bilen ulgamda adaty hereket edip bilerler.

Erkin nyrhlaryň ykdysady ösüşi özbaşdak etmeýändigini, köp ýagdaýlarda bolsa, esasan hem, gytçylyk şertlerinde, nyrhyň derejesiniň okgunly ýokarlanmagyna getirýändigini aýtmak bolar. Balanslaşdyrylmadyk ykdysady şertlerde nyrhlaryň ösmegi ýurduň ykdysadyýeti üçin birnäçe ýaramaz netijelere getirýär.

Erkin nyrhlara geçiş işleriniň kadaly amala aşyrylmagy, ýagny erkin nyrhlaryň ösüşiniň rugsat berilýän çäklerde bolmagy we, ozaly bilen, önümçiligiň gysgaldylmagyna getirmezligi üçin aşakdaky ýaly şertler gerek:

1) nyrhlar barada şertnamalar baglaşylanda gatnaşmak hukugy bar bolan kärhananyň hakyky hojalyk özbaşdaklygy;
2) erkin nyrhlar boýunça ýerlemeklige geçirilen harytlaryň gytçylygynyň bolmazlygy;
3) haryt öndürijileriň monopoliýasynyň bolmazlygy;
4) ykdysadyýetiň, ilki bilen, hojalygyň binýatlaýyn pudaklarynyň düzüminiň gaýtadan gurulmagy;
5) döwletiň çäginde bitewi ykdysady giňişligi üpjün etmek;
6) üpjün edijileri we sarp edijileri erkin saýlamaga hukuk taýdan berkidilen düzgün.

Sanalan şertleriň bolmadyk ýagdaýynda, ýa erkin nyrhlaryň hereket ediş ýaýrawyny çäklendirmeli, ýa-da olaryň erkin hereket etmegine ýol berip, döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini amala aşyrmaly. Diýmek, şu şertlerde erkin nyrhlara gözegçiligi we barlagy guramaklygyň hökmanylygy göz öňünde tutulýar.

Görnüşi ýaly, bu bazara geçmekde erkin nyrh emele gelmegi ugrundaky syýasaty dumuşa geçirmekde has kabul ederlikli usuldyr.

Şeýle barlag önümçiligiň peselmeginiň togtadylmagyny, hümmetsizlenmäniň ösüşiniň çäklendirilmegini, haryt öndürijiler üçin höweslendirmäniň döredilmegini, nyrhlaryň däl-de, önümçiligiň depgininiň hasabyna girdejileriň ýokarlandyrylmagyny gazanmak maksady bilen amala aşyrylýar.

## 1.3. Nyrhyň ykdysady wezipeleri

Nyrhyň wezipesi diýmek näme?

Wezipe şu gatnaşyklar ulgamynda haýsydyr bir obýektiň alamatlarynyň daşky ýüze çykmagy bolup durýar. Wezipe ykdysady toparyň çuňňur içerki düýp esasyny iş ýüzüne geçirmegiň usulydyr.

Nyrhyň wezipesi onuň içerki mazmunynyň ýüze çykmasy bolup durýar. Nyrhyň wezipesine hemme anyk nyrhlaryň her biri üçin häsiýetli bolanlaryny degişli etmek bolar. Nyrhyň wezipeleriniň bäş sanysyny görkezmek bolar.

**1. Nyrhyň hasaba alyş wezipesi** ýa-da köpçülikleýin zähmetiň çykdajylaryny hasaba alýan we ölçeýän wezipe nyrhyň öz esasy bilen kesgitlenilýär, ýagny gymmatyň pul görnüşi bolup, nyrhlar şol ýa-da başga önüme bolan belli bir islegiň kanagatlandyrylmagynyň jemgyýete näçä durýandygyny görkezýär. Nyrh harydyň taýýarlanylmagy üçin zähmetiň, çig malyň, materiallaryň, toplumlaýyn önümleriň we beýlekileriň näçe sarp edilendigini ölçeýär, zähmetiň nähili netijelilik bilen ulanylýandygyny häsiýetlendirýär. Ahyrky netijede nyrh diňe bir önümçiligiň jemi çykdajysynyň möçberini we harytlaryň dolanyşygyny däl-de, girdejiniň möçberini hem subut edýär.

Ýöne bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrhyň bu wezipesini çykdajylaryň ýa-da haryt taýýarlaýjy tarapyndan harydy bazara çykarmakda teklip edilýän nyrhyň ölçenilmegine degişli etmek bolmaz. Bazar nyrhlary bazar faktorlarynyň täsiri astynda çykdajylardan ep-esli üýtgäp biler. Öndürilen çykdajylaryň, olaryň jemgyýetçilik ähmiýetliliginiň dogrulygynyň ykrar edilmegi harydy taýýarlaýjy bilen satyn alyjynyň gönüden-göni aragatnaşygynda, olaryň bähbitleriniň çaknyşmagy netijesinde diňe bazarda bolup geçýär.

Taýýarlaýjynyň islegi öz harydyny satmakdan uly düşewünt almakdan ybarat, satyn alyjjyny bolsa satyn alnan zadynyň iň pes nyrhy gyzyklandyrýar. Şonuň üçin ahyrky nyrh harydy taýýarlaýjynyň almak islän nyrhyndan ep-esli tapawutlanyp biler.

Monopollaşdyrylan ykdysadyýet, deformirlenen bazar, bäsdeşlik gowşak bolan şertlerinde nyrhy taýýarlaýjy belleýär, onuň ösmegini bolsa diňe administratiw düzgünleşdirmek durzup biler.

Bäsdeşlige ukyplylygy saklamak üçin harydy taýýarlaýjy elmydama öz çykdajylaryny barlap durýar, olary bäsdeşleriň çykdajylary bilen deňeşdirýär we öz çykdajylarynyň peselmeginiň hasabyna, şeýle hem bäsdeşlerden öňe geçmek üçin harydyň hilini gowulandyrmaga ymtylýar.

Bu wezipede nyrh gymmatyň hemme görkezijilerini hasaplamak üçin serişde bolup hyzmat edýär we olary mukdar we hil boýunça bölüp bolar.

Mukdar görkezijileri – jemi içerki önüm (JIÖ), milli girdeji, maýa goýumlaryň möçberi, haryt dolanyşygynyň möçberi, kärhanalaryň, pudaklaryň we beýlekileriň önümleriniň möçberi.

Hil görkezijileri – girdejililik, zähmet öndürijiligi, esasy gaznanyň önüm berijiligi we beýlekiler.

Nyrh her dürli hojalyk işleriniň gymmatynyň hasabyny guramaga, olaryň netijelerini ölçemäge mümkinçilik berýän ykdysady gural hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, kärhananyň öndüren ýa-da ýerlän harytlyk önüminiň möçberi onuň önüminiň we hyzmatynyň nyrhynyň jemine deň. Nyrh hasaba alyş-ölçeýiş wezipesini amala aşyrmak bilen, öz talabedijilik häsiýetleri boýunça her dürli harytlary we hyzmatlary zähmet çykdajylaryndan ugur alyp deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

Bu wezipede nyrh önümçiligiň netijeliliginiň esasy görkezijileriniň biri bolup, ol hojalyk çözgütlerini kabul etmek üçin çelgi hökmünde hyzmat edýär, esasan hem, bazar gatnaşyklary şertlerinde kärhananyň içindäki meýilnamalaşdyrmanyň esasy guraly hökmünde çykyş edýär.

**2. Nyrhyň höwes döretme wezipesi.** Onuň esasy mazmuny nyrhyň önümçilige we harytlaryň dürli görnüşleriniň sarp edilişine

höweslendiriji we bökdeýji täsir etmeginden ybarat. Nyrh onda bolan girdejiniň möçberiniň üsti bilen önüm öndürijä (bu örän wajyp) höweslendiriji täsirini ýetirýär. Hojalyk durmuşynda nyrhlar şol ýa-da beýleki harytlaryň çykarylyşynyň we sarp edilişiniň ýokarlanmagyna ýa-da kemelmegine kömek edip ýa-da päsgel berip biler. Önüm öndürijiler üçin olaryň öz önümlerini gönüden-göni satýan nyrhlary aýratyn hem möhümdir.

Nyrhyň kömegi bilen şulara höwes döredip ýa-da höwes döretmän bolar:

- ylmy-tehniki öňegidişlige;
- resurslaryň çykdajylarynyň tygşytlylygyna;
- önümiň hiliniň üýtgemegine;
- önüm öndürmekligiň we sarp etmekligiň düzüminiň üýtgemegine.

Höwes döretme nyrhda bolan peýdanyň ýokarlandyrylan derejesi, esasy nyrha bahasyny artdyrma we peseltme ýollary bilen amala aşyrylýar.

Höweslendiriji wezipe bazar nyrhlary üçin häsiýetli, ol önüm öndürijä öz önümini girdejili ýerlemeklige mümkinçilik berýär. Bular ýaly wezipede, beýleki harytlar bilen deňeşdirilende, ýokary peýdany üpjün edýän nyrhlar has netijelidir.

Ylmy-tehniki öňegidişlige nyrhlar tarapyndan höwes döretmek möhüm ähmiýete eýedir. Bu öňdebaryjy tehnikany, has döwrebap tehologiýany işläp taýýarlamakda we durmuşa ornaşdyrmakda, önümçiligi we zähmeti guramakda, harytlaryň hilini ýokarlandyrmakda, täze harytlary özleşdirmekde aňladylýar, bu hem öz gezeginde, zähmet öndürijiliginiň has ýokarlanmagyna, maddy resurslaryň tygşytlylygyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Önüm öndürmegiň we sarp etmegiň oňaýly (optimal) düzümini höweslendirmek nyrh çärelerinden peýdalanylmagy bilen amala aşyrylýar. Önümçilik sarp edilişiniň düzüminiň rejeleşdirilmegi nyrhlaryň degişli derejesi we önümleriň biri-biriniň ýerini tutýan görnüşlerine nyrhlaryň gatnaşygy, peýdaly netijäniň we beýlekileriň birligi üçin hasaplamada nyrhlaryň meňzeş we dürli derejelerini kesgitlemek bilen amala aşyrylýar.

Ilatyň öz sarp edýän oňaýly düzümini höweslendirmek gytaklaýyn salgytlaryň (goşulan baha salgyt, aksiz, satuwdan salgyt we beýlekiler), zähmet haklarynyň tapawutlandyrylmagynyň (differensirlenmeginiň), şeýle hem önümiň özüne düşýän gymmaty, şertnamalaýyn nyrhlar ulgamy we beýlekiler hasaplananda çig maly bahalandyrmakda dürli usullardan peýdalanmak bilen amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda içerki bazar üçin bolşy ýaly, daşarky bazar üçin hem bäsdeşlige ukyply harytlaryň öndürilişine höwes döretmek birinji derejeli möhüm mesele bolup durýar.

**3. Nyrhyň paýlaýjy wezipesi** köp sanly bazar sebäpleriniň täsiri astynda nyrhyň gymmatdan tapawutlanmak mümkinçiligi bilen baglanyşyklydyr. Onuň esasy wezipesi nyrhlaryň kömegi bilen ykdysadyýetiň şu pudaklarynyň arasynda milli (sap) girdejini paýlamak we gaýtadan paýlamak bilen amala aşyrylýar:

- eýeçiligiň dürli görnüşleriniň;
- ýurduň sebitleriniň;
- toplama gaznasynyň we sarp ediş gaznasynyň;
- ilatyň dürli durmuş toparlarynyň.

Meselem, zynatly we degerli harytlaryň (zergärçilik önümleri, ýeňil awtoulaglar we beýlekiler) ýokary bölek-satuw nyrhlarynyň kömegi bilen, ilatyň üpjünçiligi, durmuş goraglylygy üçin peýdalanylýan ýörite gaznany emele getirmek üçin ýokary derejeli girdejili ilatyň bir böleginiň pul serişdelerini býujetiň kömegi bilen täzeden bölmeklik üpjün edilýär.

Nyrhyň paýlaýjy wezipesi umumydöwlet hajatlary üçin dürli derejedäki býujetlere gelýän harytlaryň aýratyn toparlary üçin aksiziň nyrhyna, goşulan baha salgyda (GBS) we merkezleşdirilen sap girdejiniň beýleki görnüşlerine hasaby hem göz öňünde tutýar. Şeýle hem nyrhyň bu wezipesiniň netijesinde jemgyýetçiligiň sosial meseleleri çözülýär.

Nyrhyň kömegi bilen önüm öndürijiniň hem-de sarp edijiniň we ilatyň aýratyn toparlarynyň arasynda emele gelen gymmatyň gaýtadan paýlanmagy amala aşyrylýar. Bu wezipe, esasan, döwlet tarapyndan düzgünleşdirilen nyrhlarda aýdyň aňladylýar. Haryda onuň gymmatyndan ýokary nyrh kesgitlenende onuň bir bölegi satyjynyň

haýryna täzeden bölünýär we sarp ediji bu harydy satyn alanda ýokarlandyrylan çykdajylary öz üstüne alýar, satyjy bolsa, degişlilikde, ýokarlandyrylan girdejileri alýar.

Harydyň nyrhynyň onuň gymmatyndan tapawutlanmagy söwda geleşikleriniň köplügi sebäpli, köpçülikleýin häsiýete eýedir. Bu belli bir harytlaryň nyrhlarynyň olaryň gymmatyna deň gelmeýändigininiň kanuny ýagdaýdygyna şaýatlyk edýär.

Ýöne, satyn almagyň-satmagyň netijesinde harytlaryň hemme köplügi boýunça nyrh we gymmatlyk öz jeminde deňagramlaşýar, sebäbi biriniň utmagy beýlekileriň utulyşyna deň bolmalydyr. Diýmek, ähli harytlaryň nyrhlarynyň we gymmatynyň jeminiň deňligi hem her bir anyk haryt boýunça aýratynlykda gymmatdan nyrhlaryň tapawutlanmagy ýaly kanunalaýyklykdyr.

Gaýtadan paýlamagyň serişdesi hökmünde hemmesinden köp düzgünleşdiriji nyrhlar ulanylýar. Emma olar – bölmegiň we täzeden bölmegiň ýeke-täk guraly däl. Bu ýerde maliýe we karz ulgamlary esasy wezipäni ýerine ýetirýärler. Meselem, ilatyň belli bir toparynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak boýunça mesele çözülende, ilatyň pul girdejisinden (aýlyk haky, pensiýalar, kömek pullary) ýa-da salgyt tölegleriniň derejesinden, maliýeden peýdalanmak has netijelidir. Bu ýagdaýda nyrhlaryň ulanylmagy az netije berýär, sebäbi nyrhlaryň peselmeginden köplenç ähli ilat peýda görýär.

**4. Islegiň we teklibiň deňagramlaşdyryjy wezipesinde** nyrhlaryň üsti bilen önümçiligiň we sarp etmekligiň, teklibiň we talabyň arasyndaky aragatnaşyk aňladylýar.

Nyrh önümçiligiň we dolanyşygyň çäklerinde deňsizligiň (disproporsiýanyň) ýüze çykýandygyny habar berýär we olary ýeňip geçmek üçin hökmany çäreleriň kabul edilmegini talap edýär. Nyrh talabyň we teklibiň arasyndaky barabarlygy gazanmak üçin çeýe gural hökmünde hyzmat edýär. Hojalygyň ösüşinde deňsizlik, ýagny teklip bilen islegiň arasynda deňsizlik ýüze çykan wagty, olaryň arasyndaky deňagramlylyk harytlaryň öndürilişiniň ýokarlanmagy/kemelmegi, nyrhyň ösüşi/peselişi şol ýa-da beýleki usullar bilen bir wagtda gazanylýar.

Nyrh isleg bildirilip soralýan – bazara gerek bolan harytlaryň hiliniň ýokarlanmagynda, harytlaryň köpdürlüliginiň köpelmeginde

önüm öndürijini gyzyklandyrmalydyr. Dolandyryş ulgamynyň administratiw ýolbaşçylyk edýän şertlerinde islegiň we teklibiň arasyndaky deňagramlaşma önümçiligiň meýilnamasy we maddy-tehniki üpjünçilik bilen düzgünleşdirilýär. Özgelere garanda aýratyn isleg bildirilýän harytlara nyrhlary has ýokarlandyrmak we isleg bildirilmeýän harytlara nyrhlary peseltmek, ýagny, möwsümleýin nyrh (arzanlatma) diýlip atlandyrylýan nyrhlaryň bellenilmegi bilen isleg diňe bir bölekleýin düzgünleşdirilýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrh bu wezipede jemgyýetçilik önümçiligini özakymyna düzgünleşdiriji wezipesini ýerine ýetirýär: isleg bildirilmeýän harytlaryň öndürilişi kemeldilýär, maddy we pul serişdeleri bolsa bazar üçin gerek bolan, isleg bildirilýän harytlaryň çykarylyşynyň ýokarlanmagyna gönükdirilýär.

Isleg haryt satyn almaklyga bar bolan mümkinçilikleri hasaba alyp, satyn alyjy tarapyndan haryda bolan zerurlygy görkezýär. Hakykatda bu bazar nyrhy bilen satyn alnan harydyň möçberiniň arasyndaky garşylyklaýyn baglylygy kesgitlemekde aňladylýar. Beýleki deň şertlerde satyn alynýan harytlaryň sany olara bolan nyrhlaryň derejesine bagly. Nyrh ýokary boldugyça, satyn alyjy tarapyndan şonça-da az haryt satyn alynýar, şeýlelikde, satylan harytlaryň möçberi peselýär. Nyrhlaryň peselmegi bilen harytlara isleg ýokarlanýar. Isleg ýokarlanyp, haryt gytalanda, oňa bolan nyrh hem gutulgysyz ösýär. Harytlar artykmaç bolan ýagdaýynda, olary satmak diňe nyrhlar peseldilende mümkin bolýar.

Teklip bazara çykarylan harytlaryň nyrhynyň we möçberiniň arasyndaky göni baglanyşyk bilen häsiýetlendirilýär. Nyrhlar ýokarlandyrylanda, satlyga çykarylan harytlaryň möçberi artýar.

Şeýlelikde, isleg bilen teklibiň arasyndaky deňagramlaşdyrýan wezipäni harytlaryň ýetmezçiligindäki teklipleriň ýokarlanmagyna höwes döredýän we harytlar artykmaç bolanda islegi peseldýän nyrh ýerine ýetirýär.

Bazar düzüminiň we bäsdeşligiň ösüşiniň emele gelmegine görä, isleg bilen teklibiň arasyndaky ýetilýän deňagramlaşma bozulýar. Nyrhlaryň ýokarlanmagy diňe hiliň gowulanmagy we harydyň köpdürlüliginiň giňelmegi bilen şertlendirilmelidir.

Bazar gatnaşyklarynyň, erkin telekeçiligiň we bäsdeşligiň ösmegi bilen nyrhyň bu wezipesi has güýçlenýär we wagtyň geçmegi bilen bazar hojalygynda harytlaryň nyrhlarynyň emele gelmeginde esasy orny eýeleýär.

**5. Önümçiligi rejeli ýerlemegiň ölçegi hökmünde nyrhyň wezipesi** ýurduň bazar ykdysadyýetine geçmegine baglylykda has hem ösüşe eýe bolýar. Ol nyrhyň mehanizminiň kömegi bilen has ýokary peýdany almak üçin ykdysadyýetiň peýdanyň möçberi has ýokary bolan bir böleginden beýlekisine we aýratyn bölekleriň içinde maýa akymynyň geçmegi bilen amala aşyrylmagynda ýüze çykýar. Maýanyň şular ýaly akymy kärhanalar tarapyndan özbaşdak bäsdeşligiň we islegiň kanunlarynyň täsiri astynda bolup geçýär. Öz maýasyny işiň haýsy toparyna, haýsy pudaga ýa-da ykdysadyýetiň haýsy gurşawyna bermelidigini kärhananyň diňe özi çözýär. Marketing boýunça çuňňur ylmy-barlaglar, ýagny bazar şertleriniň, şol sanda nyrhlaryň öwrenilmegi nyrhlar kesgitlenilmeginden öň amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda maýalar köplenç olaryň dolanyşygy we peýdanyň möçberi beýleki pudaklardan has köp bolan söwda-dellalçylyk işlerine goýulýar. Şonuň üçin telekeçiler öz maýalaryny işiň şu görnüşine önümiň öndürilişiniň artmagy üçin ulanmaklygy dogry hasaplaýarlar. Şular ýaly ýagdaýda maýalar söwda maýa görnüşine eýe bolýarlar. Işiň bu toparynda harytlaryň dürli görnüşleriniň satuw bazarlary üçin dürli görnüşli konsernleriň, birleşmeleriň, kärhanalaryň arasynda ýeterlik güýçli bäsdeşlik bolýar.

Önümçiligiň has uzak tapgyrynda we hümmetsizlenme şertlerinde önümçilik görnüşli işlere maýa goýmak bu topara goýulýan serişdeleriň gymmadyny gaçyrmaklyga getirýär.

Nyrhyň agzalan ähli wezipeleri biri-biri bilen özara baglanyşykly we ylalaşykly hereket edýärler, käbir ýagdaýlarda gapma-garşylyga başlaýarlar. Meselem, nyrhyň höwes döredýän wezipeleri isleg bildirilip ulanylýan harytlaryň önümçiliginiň ýokarlanmagyna ýardam edip, talabyň we teklibiň deňagramlaşma wezipesini güýçlendirýär. Ýöne nyrh höwes döretmeýän (onuň peselmegine eltýän) wezipäni hem ýerine ýetirip biler we bu harytlaryň teklibiniň azalmagyna ge-

tirýär. Bu, öz gezeginde, talap islegden ýokary bolanda, islegiň we teklibiň ylalaşylmagynyň hökmanylygyna getirýär.

Nyrhyň paýlaýjy wezipesi ykdysadyýetiň aýratyn harytlara ýokary isleg bildirilýän we has ýokary girdeji alynýan pudaklaryna we böleklerine maýanyň akyp geçmegine ýardam edip, önümçiligiň rejeli ýerleşdirilişiniň ölçegi hökmünde nyrhlaryň wezipesi bilen ýakyndan ylalaşykly hereket edýär.

Nyrhyň hasaba alyş wezipesi galan hemme wezipeler bilen diýen ýaly, aýratyn hem, höwes dörediji we paýlaýjy wezipeler bilen, şeýle hem, islegi we teklibi balanslaşdyrmak wezipesi bilen özara berk baglanyşyklydyr. Sebäbi bazar şertlerinde köp ýagdaýlaryň täsir etmegi sebäpli nyrh önümçilik we ýerlemek çykdajylary bilen baglanyşykly tiz-tizden düýpli üýtgeýär.

Hojalyk durmuşynda nyrhyň dürli wezipeleriniň arasyndaky özara gatnaşygy, baglanyşygy ep-esli çylşyrymly hem-de köp görnüşli bolmak bilen, kärhanalaryň marketing gulluklarynyň ylmy-barlag obýektleri bolmalydyrlar.

## 1.4. Nyrh emele gelşiniň usulyýet meseleleri

Nyrh emele gelşiniň usulyýeti nyrh emele gelme konsepsiýasynyň umumy düzgünlerini, ýörelgelerini işläp taýýarlamagyň usullarynyň, nyrhlary kesgitlemegiň we esaslandyrmagyň, nyrhlar ulgamynyň emele gelmeginiň, nyrh emele gelşini dolandyrmagyň jemidir.

Usulyýet nyrhlary kesgitlemegiň ähli derejeleri üçin ýeke-täkdir, ýagny nyrhyň kim tarapyndan we nähili möhlete kesgitlenilýänligine baglylykda nyrh emele gelşiniň esasy düzgünleri we kanunlary üýtgemeýär. Bu ýurduň ykdysadyýetinde hereket edýän nyrhlaryň bitewi ulgamyny döretmekligiň hökmany şerti bolup durýar.

Ýöne usulyýet bilen usulyň arasynda deňlik alamatyny goýmak bolmaýar. Olar biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar: usulyýetiň esasynda nyrh emele gelmegiň strategiýasy işlenip taýýarlanylýar, usullar bolsa bu strategiýany tejribede iş ýüzüne geçirmek üçin anyk

görkezmelerden we serişdelerden (gurallardan) ybarat. Diýmek, usullar – usulyýetiň düzüji elementleri bolup, olar nyrhlaryň emele geliş usullarynyň birnäçesini özünde jemleýär. Mysal üçin, önümleriň täze görnüşlerine nyrhlary kesgitlemek usuly, tebigy-geografiki ýagdaýlary nyrh emele gelmede hasaba alyş usuly we beýlekiler bar. Bar bolan usullar dolandyryş derejesine, nyrhlaryň görnüşine we önümleriň toparyna baglylykda tapawutlanýarlar. Her usulyň öz aýratynlygy bar. Ýöne bu aýratynlyklar we tapawutlar ýeke-täk usulyýetiň talaplarynyň çäginden çykmaly däldir. Şeýlelikde, usullar usulyýetiň ilkinji esasy bölegi bolup durýar.

Usulyýetiň ikinji esasy düzüji bölegi nyrh emele gelşiniň ýörelgeleri bolup durýar. Nyrh emele gelşiniň ýörelgeleri diňe degişli usullaryň (usulyýetleriň) işlenip taýýarlanylmagynyň we ulanylmagynyň esasynda iş ýüzüne geçirilip bilner.

Şonuň üçin, ýörelgeler we usullar öz aralarynda ýakyn baglanyşyklydyrlar we usulyýeti emele getirýärler.

Bazara geçmekde nyrh emele gelsiniň usulyýeti ýeke-täkligine galmalydyr, bu bitewi ýörelgeler we kanunlar boýunça bazar gatnaşyklarynyň biri-birine meňzeş bolan nyrh ulgamynyň ýuwaş-ýuwaşdan emele gelmegine mümkinçilik döredýär.

Nyrh emele gelşiniň ýörelgeleri nämäni aňladýar?

Nyrh emele gelşiniň ýörelgeleri – bu nyrhlaryň tutuş ulgamy üçin häsiýetli we onuň esasynda durýan hemişe hereket edýän esasy düzgünlerdir.

Nyrh emele gelmesiniň ýörelgeleriniň esasylary şular bolup durýar:

- nyrhlaryň esaslandyrylmasynyň ylmylygy;
- nyrhlaryň maksatlara gönükdirilmegi;
- nyrh emele gelme ýagdaýynyň üznüksizligi;
- nyrh emele gelme ýagdaýynyň we nyrhlaryň gözegçiliginiň berjaý edilmeginiň bitewüligi.

Bu ýörelgelere seredeliň.

**Nyrhlaryň esaslandyrmasynyň ylmylyk ýörelgesi** nyrh emele gelşinde bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň obýektiw ykdysady kanunlaryna, ilki bilen, gymmat kanunyna, isleg we teklip kanunlaryna hökmany düşünmekden we olary hasaba almakdan ybarat.

Nyrhlaryň esaslandyrylmasynyň ylmylygy bazar şertlerini, hemme bazar ýagdaýlaryny, şeýle hem ykdysadyýetde hereket edýän nyrhlar ulgamyny çuňňur seljermeklige esaslanýar. Şonda önümçiligiň ösüş meýillerini hökman ýüze çykarmaly, harytlaryň çykdajylarynyň, talaplarynyň, hiliniň üýtgemegini we beýlekileri çaklamaly.

Nyrhlaryň esaslandyrylmasynyň ylmylygy köplenç nyrhlary kesgitlemek işiniň dowamynda maglumat bilen üpjün etmekligiň ýeterlikliligine bagly, giňişleýin we dürli görnüşli bolup, ol, ilki bilen hem, ykdysady maglumaty talap edýär.

**Nyrhlaryň maksatlara gönükdirilmeginiň ýörelgesi** ykdysady we durmuş ähmiýetli meseleleri açyk kesgitlemekden ybarat, olar nyrhlaryň kömegi bilen çözülmeli, mysal üçin, ilaty durmuş taýdan goramak ýa-da täze, öňdebaryjy önümleri özleşdirmäge, olaryň hilini ýokarlandyrmaga nyrhlary maksatlaýyn ugrukdyrmak meseleleri bolup durýar. Şu maksat bilen bizde (daşary ýurtlarda hem) wagtyň belli bir döwri üçin has ýokary girdejini (monopol) üpjün edýän ynanç esasyndaky önümleriň täze görnüşlerine nyrhy kesgitlemäge rugsat berilýär.

Nyrhlaryň maksatlaýyn ileri tutulmagy we maksatlaýyn gönükdirilmegi ykdysadyýetiň ösüşiniň her bir tapgyrynda üýtgeýär.

**Nyrh emele geliş ýagdaýynyň yzygiderliliginiň ýörelgesi** aşakdakylarda ýüze çykýar. Birinjiden, çig maldan taýýar önüme çenli hereketde önüm birnäçe tapgyry geçýär (mysal üçin, magdan-çoýun-polat-sozulan metal we beýlekiler), olaryň her birinde onuň öz bahasy bolýar. Ikinjiden, könelen harytlary önümçilikden aýyrmak we täzelerini özleşdirmek bilen baglylykda, hereket edýän nyrhlara hemişe üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi we bäsdeşligiň güýçlenmegi bilen bu ýagdaý has depginli bolýar.

**Nyrh emele gelme ýagdaýynyň we nyrhlara gözegçilik barlaglarynyň bitewilik ýörelgesi** ulag, aragatnaşyk, gaz, elektrik energiýasy we birnäçe beýleki gurşawlarda pudaklaryň, monopolist-kärhanalaryň önümlerine we hyzmatlaryna nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginden ybarat.

Bular ýaly barlag erkin nyrh düzgüni hereket edýän harytlar boýunça amala aşyrylýar. Barlagyň maksady – nyrh emele gelşiniň

hemmeler üçin umumy bolan kanunçylyk tarapyndan kesgitlenen ýörelgeleriniň we düzgünleriniň peýdalanylmagynyň dogrulygyny anyklamakdan ybarat.

**Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Iki sany gapma-garşy nyrh nazaryýetiniň esasy nämeden ybarat?
2. Bazar ykdysadyýetinde nyrhyň orny we wezipesi barada gürrüň beriň.
3. Bazar şertlerinde we meýilnamalaýyn ykdysadyýetde nyrhlaryň emele gelmeginde düýpli tapawutlar nämede aňladylýar?
4. Nyrhlaryň depgininiň emele gelmeginiň strategiki we usuly ýagdaýlaryny häsiýetlendiriň.
5. Erkin (şertnamalaýyn) nyrhlar barada aýdyň we bu nyrhlara kadaly geçmek üçin hökmany şertleri belläp geçiň.
6. Nyrhyň wezipesine kesgitleme beriň, olary sanaň we olardan bazar ykdysadyýetine has gabat gelýänini aýdyň.
7. Nyrh emele gelmesiniň usulyýeti näme, kesgitläň we onuň düzüji elementlerini häsiýetlendiriň.

# 2-nji BAP
# NYRHLAR ULGAMY WE OLARYŇ TOPARLANYLYŞY

## 2.1. Nyrhlaryň görnüşleri we olaryň toparlanylyşy

Nyrhlar ulgamy nyrhlaryň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygyny we gatnaşygyny häsiýetlendirýän böleklerden (bloklardan) ybarat. Ol böleklere anyk nyrhlar, şeýle hem nyrhlaryň toparlary hökmünde seredilýär. Bir nyrhyň derejesine girizilýän üýtgeşmeler beýleki nyrhlaryň derejesine täsir edýär. Bu önümçilige harajatlaryň emele gelmeginiň ýeke-täk prosesi, bazar hojalyk mehanizminiň ähli elementleriniň berk arabaglanyşygy bilen düşündirilýär.

Nyrhlaryň ähli görnüşlerini aşakdaky ýaly bölmek bolýar.

Hyzmat edilýän dolanyşygyň häsiýeti boýunça:

**Lomaý nyrhlar** – kärhananyň öndürilen önümi beýleki kärhanalara ýa-da söwda guramalaryna ýerleýän nyrhlary.

**Bölek satuw nyrhlary** – söwda guramalarynyň ilata önümleri ýerleýän nyrhlary.

**Satyn alyş nyrhlary** – oba hojalyk önümlerini öndürijileriň öz önümlerini soňra gaýtadan işlemek üçin döwlete, kärhanalara, senagat kärhanalaryna ýerleýän nyrhlary.

**Smeta nyrhy** – gurluşyk önümine (binalar, desgalar) tölenýän nyrhlar.

**Ilata hyzmatlaryň nyrhlary we tarifleri** – bölek satuw nyrhynyň aýratyn görnüşi (saglygy goraýyş, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy, myhmanhana we syýahatçylyk hyzmatlary, durmuş hyzmatlary we ş.m.)

Döwletiň täsir etmegine, düzgünleşdirmegine, bazarda bäsdeşligiň derejesine baglylykda:

**Erkin (bazar) nyrhlar** – önüm öndürijiler tarapyndan bazar şertlerine laýyklykda islegiň we teklibiň esasynda bellenilýän nyrhlar.

**Bellenilen nyrhlar ýa-da tarifler** – belli bir derejede kesgitlenilýän nyrhlar (tarifler).

**Düzgünleşdirilýän nyrhlar** – degişli dolandyryş edaralary tarapyndan, düzgün bolşy ýaly, önümlere, harytlara bellenilen nyrhlar we durmuş maksatlaryna niýetlenen tarifler.

**Paritet nyrhlar** – ABŞ-nyň döwlet edaralary tarapyndan oba hojalyk önümleri bilen beýleki harytlaryň we hyzmatlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin peýdalanylýan nyrhlar.

Nyrh bellenilişiniň usuly boýunça:

**Durnukly (hemişelik) nyrhlar** – şertnamada bellenilýär we şol ylalaşyk ýa-da şertnama boýunça önüm bilen üpjün etmegiň tutuş dowam edýän möhletinde üýtgemeýär.

**Gündelik nyrhlar** – wagtyň belli bir döwründe önüm bilen üpjün etmek şol nyrhlar boýunça amala aşyrylýar. Olar bir şertnamanyň çäklerinde üýtgäp bilerler we bazaryň ýagdaýyny görkezýär.

**Üýtgeýän nyrh** – eger geljekde şertnamanyň ýerine ýetirilýän pursatyna çenli bazar nyrhy üýtgese (ýokarlansa ýa-da peselse), oňa gaýtadan seredilip boljakdygy barada öňünden aýtmak bilen, şertnamada bellenen nyrh.

**Durnuksyz nyrh** – taýýarlamak üçin uzak möhleti talap edýän önümlere bellenilýär. Önüm öndürmek üçin zerur bolan wagt üçin önümçiligiň harajatlaryndaky üýtgeşmeleri göz öňünde tutmak bilen, başlangyç şertnama nyrhyna gaýtadan seretmek arkaly şertnamanyň ýerine ýetirilýän pursatynda hasaplanylýar.

Wagt faktoryny göz öňünde tutmak bilen:

**Hemişelik nyrh** – hereket etmeli möhleti öňünden kesgitlenilmedik nyrh.

**Möwsümleýin nyrh** – möwsümleýin häsiýete eýe bolan harytlaryň satyn alnyş ýa-da bölek satuw nyrhlarynyň görnüşi bolup, başlangyç satuw nyrhyny arzanlatmak arkaly kesgitlenilýär, wagtyň belli bir döwrüniň dowamynda hereket edýär.

**Basgançakly nyrhlar** – öňünden kesgitlenen şkala boýunça wagtyň öňünden şertlendirilen pursatynda önümleriň yzygiderli peselýän nyrhlarynyň hatary.

Nyrhlaryň derejesi barada maglumat almagyň usuly boýunça:

**Maglumat üçin nyrhlar** – kataloglarda, hasap sanawnamasynda (preýskurantlarda), ykdysady žurnallarda, maglumatnamalarda, ýörite ykdysady synlarda neşir edilýär, meňzeş önümiň nyrhy kesgitlenende ýa-da nyrhlaryň derejesi we gatnaşyklary seljerilende gözükdiriji maglumat hökmünde peýdalanylýar.

**Hasap sanawnamasy nyrhlary** – satyjy kärhanalaryň hasap sanawnamasynda neşir edilýän maglumat üçin nyrhyň görnüşi.

**Hasaplaşyk nyrhlary** – aýratyn sargytlar boýunça öndürilýän standart däl enjamlar üçin şertnamalarda, ylalaşyklarda ulanylýar; şol sargydyň tehniki we täjirçilik şertlerini göz öňünde tutmak bilen, her bir anyk sargyt üçin üpjün ediji tarapyndan hasaplanylýar we esaslandyrylýar.

Bazaryň görnüşine baglylykda:

**«Kim ýokary?»** söwda nyrhy – satyn alyjy tarapyndan deslapdan seredilen harytlaryň topary üçin teklip edilen iň ýokary dereje boýunça köpçülikleýin satuw nyrhy; isleg bilen teklibiň arasyndaky gatnaşygyň üýtgemegi netijesinde bellenilýär.

**Biržada nyrh kesilmegi** – birža arkaly ýerlenýän standartlaşdyrylan birmeňzeş harydyň (şol sanda gymmatly kagyzyň) nyrhy.

**Söwda nyrhlary** – ýörite resminamada (tenderde) öňünden yglan edilen şertler boýunça belli bir işleriň önümçiligi üçin haryt bilen üpjün etmek ýa-da potrat almak üçin sargytlaryň edilmegine esaslanýan ýöriteleşdirilen söwdanyň aýratyn görnüşiniň nyrhy.

Kärhananyň içindäki nyrhlar:

**Transfert nyrhlar** – bir kärhananyň ýa-da dürli kärhanalaryň bölümçeleriniň arasynda ýöne bir assosiasiýa girýän önümler ýerlenende ulanylýar.

Üpjün etmegiň we satuwyň şertleri boýunça:

**Nyrh-netto** – satyn alyş, satuw ýerindäki nyrh.

**Nyrh-brutto (faktura nyrhy)** – satyn alyş-satuw şertlerini (haryda salgytlaryň görnüşini, möçberini, arzanlatmanyň barlygyny we derejesini, «franko» görnüşini we ätiýaçlandyryş şertlerini) göz öňünde tutmak bilen kesgitlenilýär.

**«Franko»** – bu adalga harydyň satyjydan satyn alyja çenli hereket edýän ýolunda üpjün edijiniň haýsy nokada çenli ulag harajatlarynyň öwezini dolýandygyny aňladýar.

**Dünýä nyrhlary** – bu anyk harytlar bilen halkara söwdasynyň ýagdaýyny doly häsiýetlendirýän iri eksport we import amallary geçirilýän nyrhlar. Dünýä tejribesinde çig mal harytlary boýunça dünýä nyrhlary eksport edýän ýa-da import edýän ýurtlaryň derejesi ýa-da biržalaryň «kim ýokary» söwdalaşygynyň nyrhlary bilen; önümçilik-tehniki maksatly önümler boýunça dünýäde öňdebaryjy önüm öndürijileriň nyrhlary bilen; halkyň sarp edýän harytlary boýunça öňdebaryjy iri kataloglar tarapyndan neşir edilen nyrhlar bilen kesgitlenilýär.

**Nyrhlaryň arzanladylmagy.** Metbugatda neşir edilýän nyrhlar, esasan, maglumat häsiýetine eýe bolup, köplenç ýagdaýlarda arzanladyş ulgamyndan giňden peýdalanylmagy netijesinde satyn alyjy tarapyndan hakyky tölenen nyrhdan düýpli tapawutlanýar.

**Arzanlatma** – harydy satyjy tarapyndan satuw bazaryny giňeltmek, aýratyn harajatlary ödemek, ýerlenen harytlaryň möçberini artdyrmak maksady bilen, satyn alyjylara bölünip berilýän pul möçberi. Içerki we halkara söwdasynda nyrhlaryň arzanladylmagy usul hökmünde peýdalanylýar.

**Bonus arzanlatmasy** – eger belli bir döwürde harytlaryň şertlendirilen möçberini satyn alsalar, hemişelik satyn alyjylara berilýär.

**Ýörite arzanlatma** – kärhananyň aýratyn gyzyklanma bildirýän satyn alyjylary üçin (iri lomaý, hemişelik satyn alyjylar) berilýär. Şeýle arzanlatma, düzgün bolşy ýaly, täjirçilik syrlaryndan ybarat.

**Dellalçylyk arzanlatmasy** – önüm öndürijiler tarapyndan özleriniň ýerlemek boýunça hemişelik wekillerine ýa-da dellallara, şol sanda daşary ýurtlardakylara berilýär.

**Eksport nyrh ýeňillikleri** – satyjylar tarapyndan daşary ýurt satyn alyjylaryna içerki bazarda satyn alyjylar üçin hereket edýän nyrh ýeňilliklerinden daşary berilýär.

**Yzyna gaýtarylmagy üçin ýeňillik** – şol kärhanadan öň satyn alnan köne nusgadaky haryt yzyna gaýtarylyp berlende, satyn alyja berilýän ýeňillik.

## 2.2. Nyrhlaryň düzümi we gurluşy

Islendik nyrh belli bir düzüm böleklerini (elementleri) öz içine alýar.

**Nyrhyň düzümi** – absolýut görnüşde nyrhlaryň elementleriniň görkezijisi.

**Nyrhyň gurluşy** – göterimde ýa-da birligiň möçberinde aňladylan nyrhyň düzüminde aýratyn elementleriň tutýan paýy.

**Önümiň doly özüne düşýän gymmaty** – onuň önümçiligine we ýerlenilmegine harajatlar bilen kesgitlenilýär.

**Hasaplamak** – önüm birliginiň özüne düşýän gymmatynyň hasaplanmasy, nyrh emele geliş maksatlary üçin zerur.

**Peýda** – nyrhyň hökmany elementi bolup, önümiň özüne düşýän gymmatyna göterimi goşmak arkaly düşewüntliligiň kadasynyň kömegi bilen hasaplanylýar; onuň hasabyna kärhana önümçiligi giňelýär we döwrebaplaşýar, işgärleri taýýarlamaklygy, durmuş ýaýrawyna çykdajylary amala aşyrýar.

**Salgytlar** – ýuridiki we fiziki taraplaryň girdejilerine ýa-da emlägine salynýan, tölemegiň möçberini we möhletini düzgünleşdirýän hökmanylygy bilen häsiýetlendirilýän tölegiň görnüşi. Ähli salgytlar göterim derejeleri görnüşinde merkezleşdirilip bellenilýär. Emma olary hasaplamagyň usuly dürli, şonuň bilen baglylykda nyrhy we onuň düzümini kesgitlemek prosesi çylşyrymlaşýar.

Salgytlaryň bir bölegi özüne düşýän gymmatyň düzümine girýär, bu aşakdaky salgytlardan ybarat: durmuş ätiýaçlandyryş, pensiýa, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş gaznalaryna tutumlar, awtomobil ýollaryndan peýdalanyjylara salgyt.

**Döwlet salgytlary** (GBS, aksiz, kärhanalaryň peýdasyna salgyt) – döwlet býujetine gönükdirilýär.

**Ýerli salgytlar** (ýere salgyt, dynç alyş zolagynda önümçilik maksatly obýektleriň gurluşygyna salgyt, çäkleri abadanlaşdyrmak üçin kärhanalardan maksatly ýygymlar, kärhanalaryň peýdasyna salgyt we ş.m.) – degişli çäkde ýerli dolandyryş edaralary tarapyndan töledilýär we ýerli býujete gelýär.

**Nyrh arkaly amala aşyrylýan salgytlar** – oňa uly durmuş-ykdysady wezipäni ýerine ýetirmäge mümkinçilik berilýär. Birinjiden, nyrhdaky salgytlar döwlet býujetini emele getirmegiň esasy çeşmesi bolup durýar. Ikinjiden, önümçiligiň artmagyna ýa-da, tersine, kemelmegine ýardam etmek bilen, onuň ösüşine täsir edýär. Üçünjiden, nyrhlaryň derejesini düzgünleşdirmegiň faktory, olaryň ösmegine ýa-da peselmegine, hümmetsizlenmä täsir etmegiň serişdesi bolup biler. Dördünjiden, salgytlar işjeň durmuş täsirleri ýerine ýetirýärler. Ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejilerine täsir etmek bilen, durmuş adalatlylygyň derejesini kesgitleýär.

Nyrhyň düzümine salgytlaryň aşakdaky görnüşleri goşulýar: sosial salgytlar, goşulan baha salgyt, aksiz we nyrhyň özbaşdak elementi hökmünde ähmiýeti bolmadyk peýda salgyt.

**Sosial salgytlar** – bu pensiýa, durmuş ätiýaçlandyrmasy, iş bilen meşgullyk, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş gaznalaryna tutumlar. Sosial salgytlaryň möçberi kärhananyň zähmet hakyna çykdajylar bilen berk baglanyşykly, möçber taýdan ölçelip bolýar, harajatlaryň özbaşdak maddasy sosial hajatlara tutumlar hökmünde önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar.

3. Sargyt № 1339.

Sosial salgytlar belli bir maksatlara niýetlenilýär, şol sebäpli olar ýörite salgytlar diýlip atlandyrylýar, olar býujete däl-de, býujetden daşary gaznalara geçirilýär.

Salgyt salnyşynyň obýekti boýunça göni we gytaklaýyn salgytlar tapawutlanýar.

**Göni salgytlar** – salgyt tölemekligi amala aşyrýan fiziki we ýuridiki taraplaryň girdejisine we emlägine bellenilýär. Bu fiziki taraplardan alynýan girdeji salgydy, kärhanalaryň peýdasyna (girdejisine) salgytlar, banklaryň girdejisine salgytlar, ýerden, tokaýdan peýdalanandygy üçin salgyt we ş.m.

**Gytaklaýyn salgytlara** – harydyň nyrhyna tölenýän ýa-da tarife goşulan salgytlar degişli. Harydyň ýa-da hyzmatlaryň eýesi olar ýerlenilende döwlete, býujete geçirilýän salgyt pul möçberlerini alýar. Gytaklaýyn salgytlar – bu goşulan baha salgyt, aksizler, gümrük paçlary we ş.m.

Goşulan baha salgyt 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan girizildi.

Ykdysady mazmunyna görä bu salgyt – täzeden döredilen gymmatyň bir bölegini býujete almagyň görnüşi. Önümçiligiň we harytlary ýerlemegiň her bir basgançagynda täze goşulan baha emele getirilýär. Tejribede ýerlenen harytlardan alnan GBS-niň möçberi kärhana tarapyndan çig mal we materiallar üçin tölenen GBS-niň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

**Aksiz** – ilkinji nobatda, sarp edilýän zat hasaplanylmaýan harytlar üçin 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan girizildi.

Aksiziň möçberini kesgitlemegiň formulasy (A):

$$A = G_{öd} / 100 - A_d \cdot 100 \cdot A_d / 100,$$

bu ýerde $G_{öd}$ – aksiz salynýan önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty (şol kärhanada öndürilen we aksiz salynmaýan haryt taýýarlanylanda soňra gaýtadan işlemekde peýdalanylan şertlerinde) ýa-da aksiz salynýan haryt birliginiň goýberliş nyrhy; $A_d$ – kärhananyň GBS-ny goşmazdan goýberiliş nyrhyndan göterimde aksiziň derejesi.

Aksiz salynýan önümi taýýarlamagyň goýberliş nyrhyna goşulýan umumy gymmaty aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$UG = G_{öd} \cdot 100 / 100 - A_d$$

**Söwda artdyrmasy** önümleri ýerlemek boýunça söwda guramalarynyň harajatlaryndan (aýlanyşygyň harajatlary) we olaryň peýdasyndan ybarat. Häzirki wagtda söwda artdyrmasy merkezleşdirilen görnüşde tassyklanylmaýar, aýratyn durmuş ähmiýeti bolan harytlar boýunça olaryň aňryçäk möçberi sebitiň ýerli administrasiýasy tarapyndan tassyklanylýar.

**Nyrhlaryň gatnaşygy.** Nyrhlary we konýunkturany seljermek maksatlary bilen nyrhlaryň gatnaşyklaryny öwrenmek zerur bolup durýar:

- tehnologik taýdan özara baglanyşykly harytlar üçin (nyrh we tehnologik ekwiwalentiň gatnaşygy);
- azyk we senagat harytlary üçin; çig malyň gymmatynyň we ondan alynýan önümiň gymmatynyň gatnaşygy;
- maddy-tehniki resurslar we senagatda taýýar önümiň nyrhy üçin;
- bir-biriniň öwezini tutýan önümler üçin;
- döwlet, paýdarçylyk, hususy dükanlarda we oba bazarynda şol bir haryt üçin;
- ilatyň dürli durmuş we ykdysady toparlary tarapyndan satyn almak üçin (hususan-da, girdeji boýunça toparlar);
- dürli çäkler boýunça: sebitler, şäher we oba ýerleri boýunça, iri we ownuk şäherlerde we iri şäheriň dürli etraplarynda;
- esasy eksport we import edilýän önüm üçin; ýurdumyzyň we import nyrhlarynyň gatnaşygy.

## 2.3. Nyrhlar ulgamy we onuň esasynda durýan alamatlar

Ykdysadyýetde hereket edýän ähli nyrhlar özara baglanyşykly bolup, bazar faktorlarynyň birnäçesiniň täsir etmegi bilen hemişe hereket edýän bitewi ulgamy emele getirýär. Bu ulgam özara baglanyşykly we bir-birine bagly (garaşly) nyrhlaryň aýratyn böleklerinden ybarat.

Nyrhlaryň bitewi ulgamynyň has möhüm we esasy böleklerine aşakdakylar girýär:

- lomaý nyrhlar;
- satyn alyş nyrhlary;
- bölek satuw nyrhlary;
- ulag hyzmatlarynyň tarifleri.

Nyrhlaryň esasy bölekleri öz nobatynda birnäçe kiçi bölekleri öz içine alýar. Meselem, lomaý nyrhlar bölegi iki sany kiçi bölege bölünýär – kärhananyň lomaý (goýberiş) nyrhlary we senagatyň goýberiş nyrhlary. Ulag tarifleriniň bölegi birnäçe kiçi bölekden durýar – demir ýol ulagynyň tarifleri, deňiz ulagynyň tarifleri, derýa ulagynyň tarifleri, awtoulaglaryň tarifleri we ş.m.

Bitewi ulgamy emele getirýän ähli nyrhlaryň arabaglanyşygynyň esasynda «birikýän damarlar» ýörelgesi durýar: bu ulgamyň esasy böleklerinde nyrhlaryň üýtgemegi nyrhlaryň beýleki ähli böleklerine zynjyrlaýyn çalt ýaýraýar.

Nyrhlaryň ähli ulgamynda senagatyň binýatlaýyn pudaklarynyň önümleriniň nyrhy esasy we aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Olara ýangyç-energetika pudagy (kömür, nebit, gaz, elektrik energiýasy), şeýle hem metallurgiýa pudagy degişli. Meselem, energiýa göterijileriň nyrhynyň üýtgemegi ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda nyrhlaryň derejesine çalt täsir edýär. Ýeňil we azyk senagatynyň pudaklarynda nyrhlara oba hojalygynyň pudaklarynyň önümleriniň satyn alyş nyrhynyň dinamikasy uly täsir edýär.

Nyrhlaryň ulgamyna girýän nyrhlaryň dürli bölekleriniň diňe bir göni däl-de, garşylyklaýyn arabaglanyşygy hem bar. Mysal üçin, ýangyç toplumynda nyrhlaryň ýokarlanmagy belli bir wagtdan soň olary sarp edýän maddy-tehniki serişdeleriň (maşynlar, enjamlar, elektrik energiýasy we ş.m.) gymmatlamagy görnüşinde şol pudaga gaýdyp gelýär.

Administratiw ykdysadyýet şertlerinde ady agzalan pudaklarda nyrhlaryň ýokarlanmagy köplenç energiýa göterijileri sarp edýän pudaklara (oba hojalygy, sarp edilýän iş harytlaryny öndürýän pudaklar we käbir beýlekiler) dotasiýa bermek arkaly maliýe ulgamynyň kömegi bilen saklanylýardy.

Bazara geçilýän şertlerde öňküleri ýaly giň gerimde dotasiýalar bolup bilmez. Sebäbi bu ykdysadyýetiň köp pudaklarynda nyrhlaryň

düzüminiň we dinamikasynyň, maddy we gymmat proporsiýalarynyň emeli ýoýulmagyna getirer, bu bolsa bazar gatnaşyklarynyň düýp esasyna ters gelýär. Köpçülikleýin dotasiýalaryň ýatyrylmagy bitewi ulgama girýän nyrhlaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny esli güýçlendirdi, ony has çeýe, bazaryň talaplaryna has uýgun etdi.

Bitewi ulgama girýän nyrhlaryň özara berk baglanyşygy we bir-birine baglylygy näme sebäpli ýüze çykýar?

Ol, esasan, iki sany möhüm ýagdaý bilen şertlendirilýär:

1. Ähli nyrhlar ýeke-täk usulyýet esasynda emele gelýär. Bu esas gymmatyň, islegiň we teklibiň kanunlaryndan ybarat.
2. Hojalyk işleri nyrhlar bilen hyzmat edilýän ähli kärhanalar, önümçilikler we pudaklar özara baglanyşykly we ahyrky netijede bitewi hojalyk toplumyny emele getirýärler. Kärhanalaryň, pudaklaryň arabaglanyşygy dürli görnüşli bolup biler: önümçilik, ykdysady, tehnologik we ş.m.

Şonuň bilen birlikde bitewi ulgamda nyrhlaryň özara baglanyşygy we bir-birine baglylygy nyrhlaryň aýratyn bölekleriniň we bu bölekleriň içinde anyk harytlaryň nyrhlarynyň özbaşdak hereket etmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar, tersine, şeýle hereketleri göz öňünde tutýar.

Nyrhlar ulgamy bilen nyrhlaryň hereket edýän ykdysady ýaýrawynyň arasynda berk baglanyşygyň bardygyny bellemeli. Bu ýaýraw aşakdakylary öz içine alýar: bazar ykdysadyýetiniň esasyny düzýän haryt önümçiligi, eýeçiligiň dürli görnüşleri, bäsdeşlik.

Nyrhlar ulgamy nyrhlaryň derejesi, düzümi, dinamikasy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Haryt dolanyşygynyň ara alnyp maslahatlaşylýan ýaýrawyna baglylykda nyrhlaryň esasy görnüşlerine häsiýetnama beriň.
2. Kärhananyň lomaý (goýberiş) nyrhlarynyň we senagatyň lomaý nyrhlarynyň, satyn alyş we bölek satuw nyrhlarynyň elementlerini sanaň we nyrhlaryň düzümine hem-de gurluşyna kesgitleme beriň.
3. Sarp ediş nyrhlaryny häsiýetlendiriň, ol satuw (bazar) nyrhyndan näme bilen tapawutlanýar?

4. Hereket edýän çägine baglylykda nyrhlaryň görnüşlerini aýdyp beriň.
5. Sarp ediji tarapyndan ulag çykdajylarynyň öwezini dolmagyň tertibine baglylykda nyrhlaryň görnüşleri barada aýdyp beriň.
6. Döwletiň täsir etmeginden olaryň erkinliginiň derejesi boýunça nyrhlaryň görnüşlerini aýdyp beriň.
7. Täze harytlaryň nyrhlarynyň görnüşlerini häsiýetlendiriň.
8. Bazarda uzak wagtlap satylýan harytlaryň nyrhlarynyň görnüşlerini sanaň we olara häsiýetnama beriň.
9. Eksport we import nyrhlaryna häsiýetnama beriň.
10. Nyrhlar ulgamy näme we onuň nähili alamatlary bar?
11. Nyrhlaryň dürli bölekleriniň özara baglanyşygyny we bir-birine baglylygyny nähili sebäpler ýüze çykarýar?

# 3-nji BAP
# NYRH EMELE GETIRIJI FAKTORLAR

## 3.1. Nyrhyň we islegiň arabaglanyşygy

Bazar ykdysadyýetiniň ýagdaýy bazaryň ähli gurallaryny ösdürmegiň derejesi we mehanizmi, şol sanda nyrhlar isleg (Demand) we teklip (Supply) ýaly düşünjeleriň kömegi bilen beýan edilýär.

Isleg bazar ykdysadyýetiniň möhüm kategoriýasy bolup durýar, sebäbi ahyrky netijede dürli harytlaryň nyrhyny şol kesgitleýär, çig maly we taýýar önümi şol paýlaýar.

Isleg – bu sarp edijiniň belli bir wagtda we belli bir ýerde haryt ýa-da hyzmat satyn almak islegi we mümkinçiligidir. «Höwes» bilen «isleg» düşünjelerini tapawutlandyrmaly. Haryt almak höwesi isleg hasaplanylmaýar. Höwes haçan-da satyn alyjynyň maliýe mümkinçilikleri bilen utgaşanda islege öwrülýär. Başgaça aýdylanda, bazar satyn alyjynyň tölege ukyplylygy bilen üpjün edilmedik isleglere täsir etmeýär.

Islegiň möçberi – belli bir wagt aralygynda şol şertlerde satyn alyjynyň satyn almaga taýýar bolan harytlarynyň (hyzmatlaryň) möçberidir.

Haryda bolan islegiň we ony kesgitleýän faktorlaryň arasyndaky baglanyşyk islegiň umumy funksiýasynda görkezilýär we ol aşakdaky formula boýunça berlip bilner:

$$Q_{Dx} = f\,(P_x, P_y, \ldots, P_z, I, W, T_x, F, S, q), \qquad (1)$$

bu ýerde $Q_{Dx}$ – wagt birligine görä $X$ haryda islegiň möçberi;

$P_x$ – $X$ harydyň nyrhy; $P_y$, ..., $P_z$ – ýerini tutujy harytlaryň we üstüni dolduryjy harytlaryň nyrhlary; $I$ – satyn alyjynyň girdejisi; $W$ – sarp edijiniň hal-ýagdaýynyň derejesi, ýagny satyn alyjylyk ukyby; $T_x$ – satyn alyjylaryň isleýän we makul bilýän harytlary; $F$– sarp ediş islegler; $S$ – şol haryt bilen kanagatlandyrylýan islegleriň möwsümleýinligi; $q$ – satyn alyjylaryň möçberi.

Islegiň kanuny şol nyrhlaryň her biri boýunça alnyp bilinjek harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhynyň we möçberiniň arabaglanyşygyny görkezýär. Beýleki deň şertlerde harytlary ýokary nyrha görä pes nyrhdan köp satmak başardar.

Şol sebäpli harydyň bazar nyrhy bilen şol nyrh boýunça satyn alnyp bilinjek möçberiniň arasynda berk gatnaşyk ýola goýulýar. Bu aragatnaşygy dürli nyrhlar boýunça harytlaryň nähili möçberiniň satyn alynjakdygyny görkezýän islegiň möçberi görnüşinde göz öňüne getirmek bolýar *(1-nji tablisa).*

*1-nji tablisa*

**Bazarda satylan *A* harydyň nyrhynyň we möçberiniň gatnaşygy**

| ***A* haryt birliginiň pul görnüşinde nyrhy (Price), manat** | **Isleg (Quantity) – satylan *A* harydyň möçberi, sany** |
|---|---|
| 50 | 10 |
| 40 | 30 |
| 30 | 50 |
| 20 | 75 |
| 10 | 90 |

Islegiň (ýa-da satyn alnan *A* harydyň birliginiň möçberiniň) şeýle üýtgemegi aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirilýär:

- harydy pes nyrh boýunça satyn alyjylaryň köp sanlysy satyn alyp biler;
- pes nyrhlar satyn alyjylaryň köp sanlysyny beýleki harytdan şu harydy almaklygy makul bilmäge mejbur eder;
- eger harytlaryň nyrhy ýokary bolsa, satyn alyjylaryň belli bir topary ony satyn almakdan ýüz öwrer.

1-nji tablisada berlen maglumatlardan peýdalanyp, *DD* islegiň egri çyzygyny gurmak bolýar *(1-nji surat)*. *OX* ok boýunça käbir *X* harydyň satuw möçberi aýrylyp goýlan, *OY* ok boýunça – şol harydyň birliginiň nyrhy. *DD* islegiň egri çyzygy nyrh (*P*) bilen şol nyrh boýunça satyn alyjy tarapyndan alynjak (*Q*) harydyň möçberiniň arasyndaky baglanyşygy görkezýär.

Islegiň egri çyzygy harydyň nyrhy bilen onuň möçberiniň arasynda garşylyklaýyn proporsional arabaglanyşygyň ýola goýulýandygyny görkezýär. Nyrh näçe ýokary boldugyça, şol nyrhdan şonça-da az haryt satyn alynýar. Satuwda harydyň möçberiniň artmagy onuň nyrhynyň peselmegine getirýär.

Islegiň üýtgemegine nyrh däl faktorlaryň köpüsi täsir edýär. Sarp edijileriň özlerini alyp barşyna aşakdakylar has düýpli täsir edýär.

**1. Özara baglanyşykly harytlaryň nyrhlary**

Islendik anyk haryda bolan islegiň möçberi özara baglanyşykly harytlara bagly bolar. Bir harydyň beýleki bir harydyň isleginiň möç-




**1-nji surat.** Islegiň we teklibiň egri çyzygy

berine täsiriniň ahyrky netijesi bu harytlaryň biri-biriniň ýerini tutýanlygyna, biri-biriniň üstüni ýetirýänligine bagly.

Eger bir harydyň nyrhynyň ýokarlanmagy beýleki bir haryda islegiň möçberiniň ýokarlanmagyna getirse, şeýle harytlar biri-biriniň ýerini tutýan harytlar (haryt-substitutlar) diýlip hasaplanylýar[1]. Haryt-substitutlaryň nyrhynyň ýokarlanmagy şu haryda bolan islegiň egri çyzygyny saga süýşürýär.

Eger bir harydyň nyrhynyň ýokarlanmagy beýleki bir haryda islegiň möçberiniň peselmegine getirse, şeýle harytlar biri-biriniň üstüni ýetirýän harytlar (komplimentar harytlar) diýlip hasaplanylýar[2]. Biri-biriniň üstüni ýetirýän harytlaryň nyrhynyň ýokarlanmagy şu haryda bolan islegiň egri çyzygyny çepe süýşürýär.

**2. Sarp edijileriň girdijeleriniň derejesi**

Sarp edijiniň girdejisi artan mahalynda ol harytlary edinmäge (satyn almaga) köp pul sarp edýär. Onuň ähli harytlara däl-de, köp harytlara islegi artýar.

Talabalaýyk (doly bahaly) haryt – bu her bir nyrh görkezijisinde girdejiniň ýokarlanmagy bilen islegiň möçberi artýan haryt.

Pes bahaly (arzan) haryt – bu girdejiniň ýokarlanmagy bilen isleg pese düşýän harydyň möçberi. Hili has ýokary ýa-da has oňaýly bolan alternatiwasy bolan harytlar pes görnüşli harytlar diýlip hasaplanylýar. Maşgalalar girdejisiniň artyşyna görä aş önümlerini, kartoşkany, çöregi sarp etmekden ýüz öwürýärler we balyk, et ýaly iýmitiň gymmat görnüşlerinden ýokumly maddalary alýarlar.

Sarp edijileriň girdejileriniň artmagy bilen isleg artýar, şeýlelikde çyzgyda islegiň egri çyzygy adaty haryda saga, pes harytlara bolsa çepe süýşýär.

**3. Satyn alyjylaryň makul bilýän harytlary**

Bu islendik haryda islegiň möçberini kesgitleýän möhüm faktor bolup, jemgyýetde medeniýetiň, bilim derejesiniň we mahabatyň täsiri astynda emele gelýär. Mysal üçin jemgyýetiň çilim çekilmegine

---

[1] Biri-biriniň ýerini tutýan harytlaryň we hyzmatlaryň birnäçesi bar: balyk – et, kino – teatr – telewideniýe, awtobus – taksi we ş.m.

[2] Biri-biriniň üstüni ýetirýän harytlara, mysal üçin, benzin we awtomobiller, kofe we kofe gaýnadylýanlar we ş.m. degişli. Bu harytlary sarp edijiler bile ulanýarlar.

garşy göreşi ýa-da spirtli içgileriň garşysyna wagyz işleriniň güýçlendirilmegi bu harytlara islegiň, belli bir derejede, peselmegine getirer. Emma jemgyýetde endikler we adatlar örän haýal, moda bolsa çalt üýtgeýär. Islegiň üýtgemegine getirýän sebäplere garamazdan, islegiň egri çyzygy süýşýär.

**4. Sarp edijileriň garaşmalary**

Sarp edijileriň geljekde nyrhlaryň ýokarlanmagyna we girdejileriň artmagyna we bazarda harytlaryň gytçylygyna bolan garaşmalary şol döwürde islegiň möçberiniň artmagyna getirýär. Tersine, geljekde harytlaryň arzan bahadan satylmagyna, girdejileriň peselmegine ýa-da haryt-substitutlaryň dürli görnüşleriniň peýda bolmagyna garaşmak gündelik islegiň kemelmegine getirýär.

**5. Satyn alyjylaryň sany**

Bazarda hemişelik ortaça girdejili satyn alyjylaryň sanynyň artmagy islendik nyrhda islendik haryda bolan islegiň möçberiniň artmagy bilen bile bolup geçýär. Islegiň egri çyzygy bolsa saga süýşýär.

## 3.2. Nyrh bilen teklibiň arabaglanyşygy

Bazar nyrhyny kesgitlemekde teklip, ýagny satyjylaryň belli bir wagtda belli bir ýerde satyn alyja teklip edip biljek we teklip etmek isleýän harytlarynyň möçberi möhüm orny eýeleýär.

Haryt birligi üçin we oňa teklip üçin nyrhlaryň arabaglanyşygyny aşakdaky möçber (şkala) görnüşinde göz öňüne getirmek bolar *(2-nji tablisa).*

Teklibiň möçberi nyrhlar ýokary bolanda, pes bolandaky bilen deňeşdirilende, satyjylaryň harytlaryň has köp möçberini çykarýandygyny görkezýär. Bu uly peýda almaga çalşylmagy sebäpli bolup geçýär.

Eger-de nyrhlar ýokarlananda islegiň egri çyzygy pese gaçsa, onda teklibiň SS egri çyzygy ýokary galýar *(1-nji surat).* Harydyň nyrhy babatda önüm öndürijiniň we satyn alyjynyň bähbitleriniň gapma-garşylygy aýdyň ýüze çykýar.

*2-nji tablisa*

**Bazarda satuwa teklip edilýän *A* harydyň nyrhynyň we möçberiniň gatnaşygy**

| ***A* haryt birliginiň nyrhy pul görnüşinde, manat** | ***A* harydyň teklip edilişi, sany** |
|---|---|
| 50 | 95 |
| 40 | 70 |
| 30 | 50 |
| 20 | 25 |
| 10 | 0 |

SS teklibiň egri çyzygy *P* we *Q* arasyndaky göni proporsional baglylyk bilen harydyň teklip edilişini häsiýetlendirýär. Bu özboluşly arabaglanyşyk teklibiň kanuny diýlip atlandyrylýar[1].

Önüm öndürýän kärhana harydyň nyrhy arkaly jemgyýetiň onuň önümine nähili derejede mätäçlik çekýändigi barada maglumat alýar. Eger-de bazarda emele gelen nyrhyň derejesi kärhananyň harajatlarynyň öwezini dolýan bolsa we islenilýän peýdanyň alynmagyny üpjün edýän bolsa, bu önümçiligiň maksadalaýyklygynyň we onuň islege laýyk gelýänliginiň iň dogry alamaty bolup hyzmat edýär.

Teklibiň wezipesi harydyň teklip edilişi bilen ony kesgitleýän faktorlaryň arasyndaky baglanyşygy görkezýär; bu baglanyşyk aşakdaky ýaly aňladylyp bilner:

$$Q_{Sx} = f(P_x, P_y, \ldots, P_z, K, L, N, q), \qquad (2)$$

bu ýerde $Q_{Sx}$ – wagt birligine hasaplananda *X* harydyň teklip edilýän möçberi; $P_x$ – *X* harydyň teklip edilişiniň nyrhy; $P_y$, ..., $P_z$ – bäsdeş harytlaryň we şol haryt bilen bilelikde öndürilýän harytlaryň nyrhy; *K* – önümçiligiň tehnologiýasynyň derejesi; *L* – salgytlar we dotasiýalar; *N* – önümçilik resurslary üçin töleg; *q* – satyjylaryň sany.

**Teklibiň möçberi** – bu satyjynyň häzirki şertlerde satmak isleýän harytlarynyň möçberi. Teklibiň möçberi diňe nyrhyň üýtgemegi bilen üýtgeýär. Teklibiň möçberiniň üýtgemegi *SS* teklibiň

[1] Bu faktoryň bazar islegine täsir edýändigini, birinji dört faktoryň bolsa hususy islege täsir edýändigini bellemeli.

egri çyzygy boýunça hereketde görkezilýär *(1-nji surat).* Teklibe täsir edýän beýleki faktorlar üýtgän ýagdaýynda teklibiň egri çyzygy süýşýär ($S_1S_1$).

Bu ýerde «teklipde üýtgeme» bilen «teklibiň möçberiniň üýtgemeginiň» arasyndaky tapawuda täzeden üns berilmegi örän möhümdir.

Teklibiň möçberiniň üýtgemegi bu harydyň nyrhynyň üýtgemegi netijesinde teklibiň egri çyzygynyň bir nokatdan başga bir nokada süýşmegini aňladýar.

Teklibiň üýtgemegi bir ýa-da birnäçe nyrh däl faktorlar üýtgände teklibiň ähli egri çyzygynyň süýşmegi bilen aňladylýar.

Teklibiň üýtgemegine täsir edýän nyrh däl faktorlara aşakdaky faktorlar degişli.

**1. Önümçilik resurslary üçin töleg.** Önümçilik resurslary üçin tölegiň üýtgemegi önümçiligiň harajatlaryna, diýmek goýberilýän önümiň möçberine hem täsir edýär. Önümçilikde peýdalanylýan islendik resursyň nyrhynyň, goý, ol zähmetiň, çig malyň, ulagyň ýa-da energiýanyň nyrhy bolsun, üýtgemegi teklibiň egri çyzygyny süýşürer. Resurslar üçin töleg we önümçiligiň harajatlary kemelende harydyň teklip edilişi artýar we teklibiň egri çyzygy saga süýşýär *(1-nji surat, seret)* we tersine.

**2. Önümçiligiň tehnologiýasynyň derejesi.** Tehnologiýanyň kämilleşdirilmegi şol harydyň öndürilişiniň we ýerlenilişiniň harajatlaryny kemeltmek üçin mümkinçilik döredýär we islendik nyrhdan onuň teklip edilişiniň möçberiniň artmagyna getirýär, teklibiň egri çyzygy saga süýşýär.

**3. Beýleki harytlaryň nyrhlary.** Bäsdeş harytlaryň we şu haryt bilen «bilelikde» öndürilýän harytlaryň nyrhynyň üýtgemegi teklibiň egri çyzygynyň üýtgemegine getirýär. Mysal üçin, bugdaýyň bäsdeşi mekgejöwen we bugdaýyň bahasynyň arzanlamagy mekgejöweniň has köp möçberiniň ösdürip ýetişdirilmegine we bazarda teklip edilmegine getirýär. Bugdaýyň bahasynyň galmagy bilen mekgejöweniň öndürilişi we teklibi kemelýär. Şeýlelikde, bäsdeş harytlaryň biriniň teklibiniň üýtgemegi beýleki bir harydyň nyrhynyň üýtgemegine garşylyklaýyn bagly bolup durýar, «bilelikde» öndürilýän harytlar




**2-nji surat.** Islegiň we teklibiň bazar (deňagramly) nyrhy

(awtomobil we welosiped şinalary, futbol we basketbol toplary we ş.m.) bolsa gös-göni baglanyşykly bolýar.

**4. Salgytlar we dotasiýalar.** Kärhanalar salgytlara telekeçilik harajatlary hökmünde garaýarlar. Şol sebäpli döwlet tarapyndan salgyt ulgamynda geçirilýän syýasat teklibe gös-göni täsir edýär. Salgytlaryň ýokarlanmagy bilen önümçiligiň harajatlary artýar we teklip kemelýär. Haryda salgydyň peselmegi (GBS, aksiz), şeýle hem döwlet dotasiýasynyň berilmegi harydyň teklip edilişini artdyrmak bilen, önüm öndürijiniň harajatlaryny azaldýar.

**5. Haryt satyjylaryň sany**[1]**.** Her bir kärhananyň önümçiliginiň şeýle möçberinde bazarda satyjylaryň sanynyň artmagy bazarda teklibiň ýokarlanmagyna (şonda teklibiň egri çyzygy saga süýşýär) getirýär we tersine. Islegiň möçberi teklibiň möçberine deň bolan nyrh bazar nyrhy (deňagramly nyrh) diýlip atlandyrylýar *(2-nji surat),* harytlar bazarda hut şu nyrhdan pula alyş-çalyş edilýär.

[1] Bu faktor bazaryň teklibine, şol bir wagtda dört sany öňki faktor hususy teklibe täsir edýär.

Önümiň belli bir möçberi teklip edilende erkin bazaryň özüniň deňagramlylyga ymtylmagy onuň aýratynlygy bolup durýar. Kärhana $E$ deňagramlylyk nokadyndan (*2-nji suratda* $P_2$) ýokary bahadan haryt teklip edýär diýeliň. Satyn alyjylar şeýle bahany aşa ýokary diýip hasaplaýarlar we şol sebäpli önümiň haýsydyr bir möçberine ($Q_2 - Q_1$) alyjy tapylmaýar. Şeýle ýagdaýda artykmaç haryt emele gelýär – teklip islegden ýokary bolýar. Bazar harytdan artykmajy bilen doldurylýar we önüm öndüriji ýerlenilmedik önümleriň artykmaçlaryny aýyrmak üçin nyrhy peseltmäge mejbur bolýar. Şol bir wagtyň özünde haryt goýberilişi kemelýär, nyrh peselen mahalynda ($P_1$) onuň öndürilmegi amatsyz, ýöne $P_1$, baha garanda köp $Q_2$ islege gabat gelýär, ol $Q_1$ teklibiň möçberinden esli ýokary, bazarda haryt gytçylygy emele gelýär ($Q_2 - Q_1$). Teklibiň bahasy ýokarlanýar we islegiň egri görkezijisi boýunça ýokary geçýär. Bu isleg bilen teklip $E$ nokatda deňagramlaşýança dowam edýär. Islegiň we teklibiň nyrhynyň deňagramlylygynyň çyzgysy harytlaryň artykmaçlygyny we gytçylygyny häsiýetlendirýän zolaklary aýdyň görkezýär *(2-nji surat)*.

Kärhana wagtlaýynça öz assortimentinden has köp peýda alynmagyny üpjün edýän harydyň öndürilmegine geçip biler, bu birinji harydyň teklibini peselder.

Kärhananyň marketing hyzmatynyň wezipesi garaşylýan peýdany seljermekden ybarat. Eger bazary öwrenmegiň netijeleri golaý geljekde şol ýa-da başga bir haryda (hyzmata) bolan islegiň ýokarlanmagyna garaşylýandygyny görkezýän bolsa, onda önüm öndürijiniň soňra peýdany artdyrmak bilen önümiň goýberlişini artdyrmaga ähli esaslary bar. Şeýlelikde, bazar nyrhy ýa-da harydyň deňagramly nyrhy $P_0$ nokatda isleg bilen teklip deňagramlaşanda bellenilýär *(2-nji surat)*.

Deňagramlylyk satyn alyjy bilen satyjynyň arasynda satyn alyş-satuw geleşigini amala aşyrmaga özara ylalaşykda ýüze çykýan ýagdaýy görkezýär. Teklip edilýän harydyň möçberi soralýan harydyň möçberine deň bolan ýagdaýyndaky ($Q_S = Q_D$) nyrh satyn alyjylaryň we satyjylaryň isleglerini kanagatlandyrýarka ýeke-täk deňagramly nyrh bolup durýar. Bäsdeşlikli deňagramlylyk hemişe islegiň (*DD*) egri görkezijisiniň we teklibiň (*SS*) egri görkezijisiniň kesişýän nokadynda ýerleşýär we E deňagramlylyk nokadyna laýyk gelýär.




**3-nji surat.** Islegiň we teklibiň deňagramlylygy

**Çeýelik** – bu bir üýtgeýän ululygyň beýleki bir ululygyň üýtgemegine täsir edýän çägi. Başgaça aýdylanda, çeýelik bir görkezijiniň beýleki bir görkezijiniň 1% üýtgemegi netijesinde näçe göterim üýtgejegini görkezýän sandyr.

Islegiň nyrha görä çeýeligi ýa-da nyrhyň çeýeligi aýratyn möhüm bolup, nyrhyň üýtgemeginiň islegiň möçberine täsirini görkezýär we nyrh 1% üýtgände islegiň möçberiniň näçe göterim üýtgejekdigini kesgitleýär. Nyrhyň çeýeligi satyn alyjylaryň alýan harytlarynyň möçberi nukdaýnazardan olaryň nyrhlaryň üýtgemegine duýgurlygyny kesgitleýär.

Nyrhyň çeýeliginiň derejesi çeýeligiň $E_d$ koeffisiýentiniň kömegi bilen aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$F_d = \frac{Q_2 - Q_1}{(Q_1 + Q_2)/2} : \frac{P_2 - P_1}{(P_1 + P_2)/2}, \qquad (3)$$

bu ýerde $Q_1$, $Q_2$ – köne ($P_1$) we täze ($P_2$) nyrhlar boýunça satuw möçberleri.

Islegiň nyrhynyň çeýeliginiň koeffisiýentiniň möçberine laýyklykda aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

- $E_d < 1$ bolanda çeýe däl isleg;
- $E_d = 1$ bolanda aýratyn çeýelik islegi;
- $E_d > 1$ bolanda çeýe isleg.




**4-nji surat.** Absolýut çeýe däl isleg
($E_d = 0$) we absolýut çeýe isleg

$E_d = 0$ *(4-nji surat)* absolýut çeýe däl bolan ýagdaýynda islegiň egri çyzygy dikligine oka (*P* ok) parallel çyzykdan ybarat, has takygy nyrhyň biraz ýokarlanmagy islegiň möçberiniň tükeniksiz köp kemelmegine ýa-da tersine bolmagyna getirer. $E_d \to \infty$ bolanda absolýut çeýelik ýagdaýynda islegiň egri çyzygy keseligine oka (*Q* ok) parallel we ondan ýokarda ýerleşýär (sebäbi $P > 0$). Görnüşi ýaly, isleg absolýut çeýe bolanda nyrhyň üýtgemegi islegiň möçberine hiç hili täsir etmeýär.

Islegiň çeýeligini bilmekligi telekeçä näme berýär?

Eger marketing hyzmaty islegiň çeýeligini hasaplap, haryda bolan isleg çeýe däl diýip kesgitlän bolsa ($E_d < 1$), onda kärhananyň ýolbaşçylaryna bu harydyň nyrhyny ýokarlandyrmak barada maslahat bermek bolar, şonda gelýän serişde artar. Eger haryda bolan isleg çeýe bolsa ($E_d > 1$), onda nyrhy galdyrmaly däl, sebäbi ýerlenmekden gelýän serişde peseler. Şeýle ýagdaýda nyrhy peseltmek barada teklibe seredilmegi maksadalaýyk bolar, onda gelýän serişdeler haryda islegiň artmagynyň hasabyna öser *(3-nji tablisa).*

Dürli harytlara nyrhlaryň üýtgemeginiň dürlüçe täsir edýändigini seljeriş barlaglary görkezýär. Isleg çeýe däl harytlara, ilkinji nobatda, zerur bolan harytlar (ýaşaýyş jaýy, elektrik energiýasy we ş.m.), ýerini hiç zat tutmaýan harytlar (süýt, çörek, dermanlar, saglygy goraýyş hyzmatlary), degişlilikde, gymmat bolmadyk harytlar (duz, otlyçöp), satyn alyjy tarapyndan saýlamaga zat bolmansoň alynýan harytlar girýär.

Telekeçi öz işinde sarp edijileriň nyrhlara duýgurlygynyň, nyrhlaryň üýtgemeginiň olara täsiriniň psihologik we ykdysady faktorlara baglydygyny göz öňünde tutmaly. Mysal üçin, nyrha görä islegiň çeýeligi aşakdaky ýagdaýlarda pes bolar:

- meňzeş haryt ýok;
- satyn alyja öwezini tutujy harytlar mälim däl ýa-da doly elýeterli däl;
- satyn alyja öwezini tutujy harytlary hil taýdan häsiýetlendirmek kyn;
- satyn alyjylaryň harytlara harajatlary olaryň býujetleriniň uly bolmadyk bölegini düzýär;
- sarp ediji haryt almak üçin harajatlarynyň bir bölegini (ýa-da hyzmatlary, mysal üçin saglygy goraýyş hyzmatlary) biri bilen (kärhana ätiýaçlandyryş kompaniýasy bilen) bölüşip biler;
- önüm öň alnan önümler (binýatlaýyn) bilen toplumda (PC amaly programmalar) ulanylýar;
- haryt «ilkinji nobatda zerur zatlaryň» toparyna degişli;
- haryt sarp edijiniň saglygyna gowy täsir edýär, ekologiýa taýdan arassa diýlip goşmaça bahalandyrylýar;
- haryt uzak möhlet saklanylmaga degişli däl.

Eger kärhana täze harytlaryň ýerlenilýän bazarynyň barlagyny geçirse, onda islegiň çeýeligini hasaplamak üçin täze haryda bolan islegiň seçimleýin statistiki gözegçiliginiň maglumatlaryndan ýa-da ekspert bahalandyrmalaryndan peýdalanmak bolýar.

Nyrhyň çeýeligi esasynda kesgitlenen isleg nyrhyň ýokary çägini emele getirýär.

Telekeçileri şeýle hem diňe bir nyrh babatda däl-de, eýsem beýleki üýtgeýän görkezijiler, mysal üçin, girdeji babatda hem islegiň çeýeligi gyzyklandyrýar.

Islegiň çeýeligi peýda salgyt derejeleri üýtgän şertlerinde çözgütleri kabul etmek üçin peýdalanylyp bilner. Eger salgyt derejesi ýokarlansa, onda telekeçi öz harydynyň çeýeligini göz öňünde tutmak bilen, onuň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşmaz ýaly edip nyrhlary galdyrmak barada çözgüdi kabul edýär.

4. Sargyt № 1339.

## 3.3. Nyrhlara täsir edýän esasy faktorlar

Nyrh strategiýasy saýlanyp alnanda kärhana nyrhlara täsir edip biljek ähli faktorlary ýüze çykarmaly we seljermeli. Şeýle faktorlar köp we olara köplenç kärhana tarapyndan gözegçilik edilmeýär *(5-nji surat)*. Olaryň biri nyrhlaryň peselmegine, beýlekisi bolsa ýokarlanmagyna ýardam edýär.

| **Nyrhlaryň peselmegine ýardam edýän faktorlar** | | **Nyrhlaryň ýokarlanmagyna getirýän faktorlar** |
|---|---|---|
| Önümçiliginiň ösmegi | | Önümçiliginiň pese düşmegi |
| Tehniki ösüş | | Ykdysady ýagdaýyň durnuksyzlygy |
| Önümçiligiň we dolanyşygyň harajatlarynyň kemelmegi | | Kärhananyň monopoliýasy |
| Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy | | Ažiotaž isleg |
| Bäsdeşlik | | Dolanyşykda pul toplumynyň artmagy |
| Salgytlaryň kemelmegi | | Salgytlaryň artmagy |
| Göni aragatnaşyklaryň giňemegi | | Iş hakynyň ýokarlanmagy |
| | | Kärhananyň peýdasynyň artmagy |
| | | Harydyň hiliniň gowulanmagy |
| | | Moda gabat gelmegi |
| | | Işçi güýjüniň bahasynyň ýokarlanmagy |
| | | Serişdeden, enjamlardan, işçi güýjünden, ýerden peýdalanmagyň netijeliliginiň pes bolmagy |

**5-nji surat.** Nyrhlaryň derejesine we dinamikasyna täsir edýän faktorlar

Ahyrky nyrhlara täsir edýän esasy faktorlaryň käbirine jikme-jik seredeliň.

Nyrhlaryň derejesine we dinamikasyna maliýe-karz ulgamy köp täsir edýär, şonda ýurduň pul birliginiň satyn alyjylyk ukybynyň üýtgemegi nyrhlara gönüden-göni täsir edýär. Kadaly hereket edýän ykdysadyýetde altyn-walýuta gory ýeterlikli bolanda harytlaryň nyrhynyň jemi bilen aýlanyşykdaky pul möçberiniň arasyndaky gatnaşyk, degişlilikde, durnukly bolýar. «Pullaryň möçberi – nyrhlaryň jemi» ulgamynda şeýle şert ýok bolanda, nyrhlaryň jemi üýtgemäge başlaýar. Mysal üçin, dewalwasiýa ýa-da ol baradaky eşidilýän zatlar nyrhlaryň gyşarnyksyz ýokarlanmagyna eltýär.

Harytlary sarp edijiler kärhana tarapyndan nyrhlar boýunça çözgüdiň kabul edilmegine uly täsir edýär. Nyrhlaryň we şol nyrhlar boýunça satyn alnan zatlaryň möçberiniň arasyndaky gatnaşygy iki sany sebäp bilen düşündirmek bolýar. Birinjisi islegiň we teklibiň hem nyrhyň çeýeliginiň arabaglanyşyklydygyndan ybarat. Beýlekisi – bazaryň dürli segmentlerindäki satyn alyjylara nyrhlaryň täsiriniň birmeňzeş däldiginden ybarat. Satyn alyjylaryň nyrhlary kabul edişi we näme satyn alýanlygy boýunça sarp edijileri dört topara bölmek bolýar:

- harytlar saýlanyp alnanda olaryň nyrhyna, hiline we assortimentine uly gyzyklanma bildirýän satyn alyjylar; satyn alyjylaryň bu toparyna harytlaryň goşmaça peýdaly alamatlaryny we artykmaçlyklaryny açyp görkezýän mahabat (reklama) uly täsir edýär;
- harydyň «keşbini» anyk duýýan satyn alyjylar; olar hyzmat edilişine we özüne bolan gatnaşygyna uly üns berýärler;
- uly bolmadyk kärhanalary öz satyn alýan zatlary bilen goldaýan we olaryň hatyrasyna haryt üçin has ýokary nyrhy tölemäge taýýar bolan satyn alyjylar;
- diňe bir nyrh däl-de, haryt bilen berilýän amatlylyk we oňaýlylyk möhüm bolan satyn alyjylar.

Nyrhlaryň derejesine täsir edýän möhüm element – bäsdeşlik. Nyrhlara kimiň gözegçilik edýändigine baglylykda bäsdeşlik gurşawynyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar *(6-njy surat).*

Nyrhlara bazar tarapyndan gözegçilik edilýän gurşaw bäsdeşligiň ýokary derejesi bilen, şeýle-de harytlaryň we hyzmatlaryň meňzeşligi bilen tapawutlanýar. Hut şu gurşawda kärhananyň dogry baha kesmegi möhümdir. Ýokarlandyrylan nyrhlar satyn alyjylary yzyna serpikdirýär we olary bäsdeşlik edýän kärhanalara tarap çekýär, nyrhlaryň peseldilmegi bolsa önjeýli işlemek üçin şertleri üpjün etmez. Emma bäsdeşlerden üstünlikli nyrh syýasatyny ýaşyrmak mümkin däl. Şonuň bilen baglylykda kärhananyň ýolbaşçysynyň öňünde uly we kyn wezipe durýar – nyrhlaryň saýlanyp alnan strategiýasynyň geljegini görmek, bäsdeşligiň nyrhlaryň «söweşine» öwrülmegine ýol berilmezligi.

Nyrhlara kärhana tarapyndan gözegçilik edilýän gurşawa çäklendirilen bäsdeşlik we harytlaryň (hyzmatlaryň) tapawudy mahsusdyr. Bu şertlerde kärhanalara ýokary peýda almak bilen hereket etmek has aňsat: olaryň önümleri bäsdeşlikden daşarda. Nyrhlar ýokary bolanda hem, pes bolanda hem kärhanalar öz önümlerini satyn alyjylary tapýarlar, nyrhlary saýlap almak bolsa strategiýa we maksatlaýyn bazara bagly.

Nyrhlara döwlet tarapyndan gözegçilik edilýän gurşawa ulag, aragatnaşyk, jemagat hyzmatlary, azyk harytlarynyň birnäçesi degişli. Nyrhlara gözegçilik etmäge ygtyýarly hökümet guramalary bu harytlara gyzyklanma bildirýänlerden – sarp edijilerden we öndürijilerden alnan maglumatlar hemmetaraplaýyn öwrenilenden soň nyrhlaryň




**6-njy surat.** Bäsdeşlik gurşawynyň görnüşleri

derejesini kesgitleýärler. Harydyň ahyrky nyrhy çig maly, işçi güýjüni, harytlaryň aýratyn komponentlerini satyn almaga, ulaga, mahabat işlerine, daşky gurşawyň goragyna harajatlara bagly. Görkezilen harajatlara kärhana tarapyndan gözegçilik edilip bilinmeýär, ýöne nyrh emele gelşinde ol göz öňünde tutulmaly. Kärhana birnäçe usul bilen muny gazanyp biler.

Birinjiden, harajatlaryň artmagy bilen kärhana ähli agramy sarp edijilere ýükläp, öz önüminiň bahasyny artdyryp biler.

Ikinjiden, kärhana önümiň assortimentini üýtgetmezden özüniň içerki gorlarynyň hasabyna harajatlaryň köpelmeginiň bölekleýin öwezini dolup biler.

Üçünjiden, kärhana önümi üýtgedip (olaryň möçberini azaldyp biler, has arzan çig maldan peýdalanmagyň hasabyna hili ujypsyz peseldip), ýöne nyrhyň derejesini üýtgewsiz saklap biler. Adatça bu köpçülikleýin islegden peýdalanýan uzak möhletli nyrhlar degişli bolan haryt goýberilende bolup geçýär.

Dördünjiden, kärhana önümi şeýle derejede kämilleşdirip biler, hatda nyrhyň ýokarlanmagy satyn alyjy tarapyndan aşa hasaplanylman, onuň ýokary amatlyklylygy, hiliniň ýokarylygy göz öňünde tutulyp bilner.

Bäşinjiden, harajatlaryň kemelmegi bilen kärhana önümiň nyrhyny peseldip ýa-da peýdada öz paýyny artdyrmak bilen, olary üýtgewsiz goýup biler.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Islegiň kanunynyň kesgitlemesini aýdyp beriň.
2. Islegiň üýtgemegine nähili faktorlar täsir edýär?
3. «Islegde üýtgeşme» we «islegiň möçberiniň üýtgemegi» düşünjelerini düşündiriň.
4. Teklibiň kanunynyň kesgitlemesini aýdyp beriň.
5. Teklibiň üýtgemegine täsir edýän nyrh däl faktorlary aýdyp beriň.
6. Deňagramly (bazar) nyrhlary nämäni görkezýär?
7. Çeýelik düşünjesine kesgitleme beriň.
8. Islegiň çeýeligini bilmek telekeçä näme berýär?
9. Nyrhyň çeýeligi kärhananyň alýan umumy serişdesine nähili täsir edýär?

10. Nyrhlara täsir edýän faktorlary aýdyp beriň.
11. Maliýe-karz ýaýrawynyň nyrhlaryň derejesine we dinamikasyna ýetirýän täsirini häsiýetlendiriň.
12. Harytlary sarp edijiler kärhana tarapyndan nyrh çözgütleriniň kabul edilmegine nähili täsir edýär?
13. Nyrhlaryň dikligine we keseligine bellenilmeginiň düýp esasy nämeden ybarat?
14. Bäsdeşligiň nyrhlarynyň derejesiniň täsirine üns beriň.
15. Nyrhlara bazar, kärhana, döwlet tarapyndan gözegçilik edilýän gurşawy häsiýetlendiriň.

# 4-nji BAP
# BAZARYŇ DÜZÜMI WE NYRH EMELE GELŞI

## 4.1. Dürli görnüşli bazarlarda nyrh emele gelşiniň aýratynlyklary

Kärhananyň nyrh syýasaty bazaryň konýunktura düzümine bagly.

Bazaryň düzümi – bu bazaryň esasy häsiýetli aýratynlygy bolup, oňa bazardaky kärhanalaryň sany we möçberi, dürli kärhanalaryň harytlarynyň meňzeşliginiň ýa-da tapawudynyň derejesi, bazara täze satyjylaryň gelmeginiň we ondan gitmeginiň aňsatlygy, bazar maglumatlarynyň elýeterliligi degişlidir.

Bazar düzüminiň elementleriniň utgaşmagynyň dürli görnüşleri bar, başgaça aýdylanda, bazaryň dürli nusgalary mümkin bolup, oňa baglylykda telekeçiler bäsdeşlikli göreşe girýärler ýa-da girmeýärler.

Iň ýokary derejede girdeji almaga çalşylmagynda ýüze çykýan saýlap almagyň erkinligi bazar ulgamynyň häsiýetli aýratynlygy hökmünde bäsdeşlik üçin esas bolup durýar.

Adatça bazaryň dört görnüşi tapawutlandyrylýar: kämil (sap) bäsdeşlik, monopolistik bäsdeşlik, oligopoliýa, sap monopoliýa *(3-nji tablisa)*. Kämil bäsdeşlik we sap monopoliýa bazar düzüminiň amaly tejribede bolmadyk abstrakt nusgasydyr.

Monopolistik bäsdeşlik we oligopoliýa bazarlaryň köpüsi üçin häsiýetlidir.

Bazaryň sap bäsdeşlikli görnüşi aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

- kärhanalaryň köp bolmagy bilen, olaryň biri hem gündelik nyrhlaryň derejesine düýpli täsir edip bilmez, sebäbi olaryň her birine bazaryň uly bolmadyk bölegi degişli;
- bäsdeşlik edýän harytlaryň birmeňzeşligi we biri-biriniň deregini tutujylygy;
- nyrh çäklendirilmeleriniň ýoklugy.

Kärhana üçin sap bäsdeşlik şertlerinde isleg nyrhdan çeýe. Bu bazarda kärhanalaryň uly möçberiniň hereket edýänligi, olaryň biriniň hem bazaryň paýynyň uludygyna gözegçilik etmeýänligi bilen düşündirilýär. Önümçiligiň möçberi giňeldilende kärhana, düzgün bolşy ýaly, nyrhy üýtgetmeýär. Pudak üçin erkin bäsdeşlik bazarynda isleg bilen nyrhyň arasyndaky baglanyşyk – garşylyklaýyn proporsional, has takygy nyrhyň peselmegi islegiň artmagyna ýardam edýär, islegiň egri görkezijisi birmeňzeş kemelýär. Eger pudakda haryt teklip edilişi artsa, onda olaryň öndürilýän möçberine garamazdan, ähli kärhanalar üçin nyrh peselýär.

Şeýlelikde, sap bäsdeşlik şertlerinde kärhanalaryň hiç biri hem bazarda uly artykmaçlyga eýe bolmaýar, nyrhlar bolsa islegiň we teklibiň täsiri astynda emele gelýär. Kärhanalar nyrhlaryň emele gelen derejesinden ugur almaly bolýarlar.

Sap bäsdeşlikli bazarlar örän köp: oňa oba hojalygyndan başgada bugdaýyň, tokaýyň, reňkli metal magdanlarynyň halkara bazary degişli.

**Monopolistik bäsdeşlikli** bazar öz harytlaryny uly gerimde üýtgäp durýan nyrhlar boýunça teklip edýän kärhanalaryň birnäçesinden ybarat. Önümler doly biri-biriniň ýerini tutmaýar we diňe bir fiziki häsiýetnamasy, hili, taýýarlanylyşy bilen däl-de, eýsem sarp edişde makul bilinmegi boýunça hem tapawutlanýar. Önümleriň arasyndaky tapawut nyrhlaryň uly tapawudyny görkezýär. Monopolistik nyrh bazaryna üç sany häsiýetli aýratynlyk mahsusdyr: kärhanalaryň

*3-nji tablisa*

**Bazaryň esasy modelleriniň häsiýetli aýratynlyklary**

| Kämil bäsdeşlik | | Kämil däl bäsdeşlik | | |
|---|---|---|---|---|
| Häsiýetli aýratynlyklary | Sap bäsdeşlik | Monopolistik bäsdeşlik | Oligopoliýa | Sap monopoliýa |
| Kärhanalaryň sany | Örän köp | Köp | Birnäçe | Bir |
| Önümiň görnüşi | Birmeňzeş | Dürli görnüşli | Dürli görnüşli ýa-da birmeňzeş | Özboluşly |
| Nyrhlara gözegçilik | Ýok | Bar, ýöne belli bir çäklerde | Özara garaşlylyk bilen çäklendirilen | Esli |
| Bazara girmegiň şertleri | Päsgelçiligiň ýok bolmagy | Deňeşdirilende ýeňil päsgelçilikler | Düýpli päsgelçilikler | Girmeklige päsgel berildi |
| Nyrh däl bäsdeşlik | Ýok | Söwda nyşanlaryna, markalaryna we ş.m. uly üns berildi | Aşa birmeňzeş | Mahabata, kärhananyň jemgyýetçilik guramalary bilen aragatnaşygyna uly üns berildi |
| Mysal | Oba hojalygy | Bölek satuw söwdasy, egin-eşik, aýakgap öndürmek | Polat, awtomobil, oba hojalyk gurallarynyň, durmuşda ulanylýan tehnikanyň öndürilmegi | Jemgyýetçilik peýdalanylyşyndaky ýerli kärhanalar |

arasynda ýiti bäsdeşlik, sarp ediş alamatlary, şeýle-de birmeňzeş bolmadyk goşmaça hyzmatlar boýunça tapawudynyň hasabyna bäsdeşlik edýän kärhanalar tarapyndan goýberilýän harytlaryň differensiasiýasy, bazara aralaşmagyň öňkä görä aňsatlygy. Bu şertlerde marketingiň aýratynlygy bazaryň dürli segmentlerinde satyn alyjylara mahsus zerurlyklary ýüze çykarmakdan ybarat. Şonda önümiň mahabatlandyrylmagy, harytlara marka atlandyrylmalarynyň berilmegi uly ähmiýete eýedir.

Monopolistik bäsdeşlik şertlerinde kärhana sarp ediş isleginiň düzümini, bäsdeşler tarapyndan kesilen nyrhlary, şeýle hem önümçilige hususy harajatlary göz öňünde tutmak bilen, öndürilen önümiň bahasyny kesgitleýär. Şonda nyrh emele gelşiniň dürli strategiýalaryndan peýdalanylýar.

Has giňden ýaýran strategiýa – geografik ýörelge boýunça nyrh kesilmegi, kärhana tarapyndan taýýarlanylan önüm sarp edijilere ýurduň dürli ýerlerinde dürli nyrhlardan ýerlenilýär. Munuň üçin nyrh kesmegiň dürli görnüşlerinden peýdalanylýar. Haryt sanawlarynyň çäklerinde nyrhlary kesgitlemegiň strategiýasy bu strategiýadan tapawutlanýar.

«Nominaldan ýokary» nyrhlaryň strategiýasy güýçli differensirlenen satyn alyjylyk isleginden peýdalanyp biler. Girdeji derejesi ýokary bolan satyn alyjylara kärhana örän ýokary nyrhlar boýunça «lýuks» toparyna degişli harytlary teklip edýär. Beýleki satyn alyjylar üçin pes nyrhlar boýunça ýerlenilýän adaty harytlar goýberilýär. Bu strategiýa ondan peýdalanýan kärhanalardan bäsdeşlere berk gözegçilik edilmegini talap edýär.

Oligopolistik bäsdeşlik az sanly iri kärhanalaryň arasynda ýüze çykýar, olaryň harytlary birmeňzeş, biri-biriniň ýerini tutup bilýän (polat, egin-eşik, plastmassa), şeýle hem biri-birinden tapawutly (elektrotehnika, awtomobiller) bolup biler. Täze kärhana şeýle bazara aralaşmak aşa kyn. Şeýle şertlerde her bir gatnaşyja bäsdeşleriň marketing işleri anyk täsir edýär we olar öz önümleriniň nyrhlarynyň üýtgemegine örän eserdeňlik bilen garaýar.

**Oligopolistik bäsdeşlik** şertlerinde nyrh emele gelşiniň strategiýasynyň birnäçesinden peýdalanylýar. Olardan biri – nyrh kesi-

lende hereketleriň utgaşdyrylmagy; bu strategiýa iki görnüşde bolýar: «nyrhlar barada ylalaşygyň» kabul edilmegi we «parallel nyrh syýasatynyň» amala aşyrylmagy. Käbir ýurtlarda nyrhlar barada ylalaşyk baglaşylmagy kanun tarapyndan gadagan edilýär. «Parallel nyrh syýasaty» – bu öz mazmuny boýunça nyrhlaryň şol bir utgaşmasy. Ol, mysal üçin, kompaniýalar önümçiliginiň harajatlaryny birmeňzeş maddalar boýunça hasaplap çykarýarlar we soňra peýdanyň belli bir kadasyny goşmak bilen, nyrh kesýärler. Bazar faktorlarynyň täsiri bilen ähli kompaniýalaryň nyrhlary şol bir möçberde we şol bir ugur boýunça üýtgeýär.

**Sap monopoliýa** bazarynda diňe bir satyjy agalyk edýär. Bu hususy kärhana ýa-da döwlet guramasy bolup biler. Döwlet monopoliýasyndan peýdalanmak bilen, ilatyň harytlary doly bahasyna satyn almaga ýagdaýy bolmadyk toparlary tarapyndan şol harytlaryň sarp edilişini çürt-kesik artdyrmak bolar (özüne düşýän gymmatdan pes nyrh kesilýär) ýa-da önümiň sarp edilişini çäklendirmek üçin ýokary nyrh kesmek bolar.

Hususy kärhana – monopolist beýleki kärhanalaryň nyrh syýasatyndan hiç hili ugur alman, öz önümine özi nyrh kesýär. Monopoliýa rugsat berilýän ABŞ-nyň tejribesinden görnüşi ýaly (mysal üçin, elektroenergetika ýaly pudaklarda), tarifleriň ýokarlanydyrylmagy üçin ýerli häkimiýetler bilen ylalaşylmaly.

Kärhana nyrh kesgitlemekde uly erkinlikden peýdalanmak bilen, öz önümine bolan islegden ugur alyp, nyrhyň optimal derejesini kesgitleýär. Kärhana tarapyndan amala aşyrylýan nyrh strategiýalary nyrh diskriminasiýasynyň ýörelgesinde gurulýar. Bu ýörelgä eýermek bilen, kärhana harytlary ýa-da hyzmaty, harajatlardaky tapawuda garamazdan, dürli nyrhlardan satýar. Diskriminasion nyrhlar dürli görnüşde bolýar. Olar aşakdaky toparlara bölünýär:

- satyn alyjylaryň toparlary boýunça – satyn alyjylaryň dürli toparlaryna şol bir haryt ýa-da şol bir hyzmat dürli nyrhlardan satylýar (käwagt mugt berilýär);
- harydyň ýa-da hyzmatyň görnüşi boýunça – harytlaryň we hyzmatlaryň dürli görnüşleri, harajatlardaky tapawut göz öňünde tutulmazdan, dürli nyrhlar boýunça satylýar;

- çäk ýörelgesi boýunça – eltmek bilen baglanyşykly harajatlaryň birmeňzeşligine garamazdan, harytlar dürli ýerlerde we dürli nyrhlardan ýerlenilýär;
- wagta görä – harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlary möwsümler, aýlar, hepdäniň günleri we eýsem gije-gündiz boýunça tapawutlanýar.

Mysal üçin, şäherara, telefon gepleşikleri üçin gijeki töleg gündizkiden, dynç alyş günleri iş günlerindäkiden pes.

Köp sanly nyrhlaryň strategiýasy monopolist kärhananyň satyn alyjylaryň her bir topary üçin iň ýokary nyrhy belleýändigine esaslanýar. Emma käbir ösen ýurtlarda bu strategiýa kanun tarapyndan gadagan edilýär.

Bazaryň segmentasiýasynyň strategiýasy aýratyn segmentiň çäklerinde ýa-da dürli bazarlarda satyn alyjylaryň isleginiň birmeňzeş däldigine esaslanýar. Bu strategiýa beýleki bazaryň satyn alyjylaryna nyrh arzanlatmalary arkaly amala aşyrylýar. Önümleriň köp bölegi ähli harajatlaryň öwezini dolýan we belli bir peýda alynmagyny üpjün edýän nyrhlar boýunça birinji bazarda satylýar. Ikinji bazarda (käwagt daşary ýurtda) şol bir haryt arzanladylan nyrhlar boýunça ýerlenilýär.

Eger ikinji bazar monopolist kärhananyň ýerleşýän ýerinde, ýagny ýurduň çäklerinden daşarda ýerleşýän bolsa, bu kärhananyň syýasaty demping diýlip atlandyrylýar. Ýurtlaryň köpüsiniň hökümetleri milli senagatyň ösüşini bökdeýän arzan harytlaryň getirilmegini çäklendirýärler.

Monopolist kärhana ýokary nyrh bellemek mydama amatly bolmaýar; munuň bilen ol bäsdeşleri çekip biler ýa-da nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegine getirip biler, bu satyn alyjylaryň bir böleginiň ýitirilmegine getirer.

Nyrhlaryň şol ýa-da başga bir strategiýasyny saýlap almak bilen, kärhana aşakdaky faktorlary göz öňünde tutmaly:

- önümleriň nyrhyna ýygy-ýygydan gaýtadan seretmeli;
- nyrhlarda isleg, bäsdeşler, satyn alyjylar barada maglumat ýeterlik derejede göz öňünde tutulmaly;
- harytlaryň köp bölegi möwsümiň ahyrynda arzan nyrhlar boýunça ýerlenilýär;

- harytlara bolan isleg çeýe;
- satyn alyjylaryň köp bölegi nyrhlara duýgur bolýar we bäsdeşleriň pes nyrhlary olary özüne çekýär.

Hakyky ykdysadyýetde arassa görnüşde bazaryň biri hem ýok. Kärhana şol bir wagtda özüniň bir harydy bilen sap monopoliýa bazaryna çykyp biler, beýleki bilen – ýokary bäsdeşlikli bazara çykyp biler; oligopoliýada hem monopoliýanyň, hem erkin bäsdeşligiň peýda bolmagy mümkin. Bazaryň görnüşiniň seljermesi nyrhlary bellemegiň taýýar düzgünnamasyny berip bilmeýär. Emma, şeýle ylmy-barlaglar islegiň we teklibiň gatnaşygyna baglylykda nyrh emele gelşiniň ýörelgelerini kesgitlemek üçin zerur.

## 4.2. Nyrh emele gelşiniň tapgyrlary

Kärhanada nyrh emele gelşi çylşyrymly we köp tapgyrly prosesdir. Nyrh emele gelşiniň tapgyrlaryna seredeliň *(7-nji surat).*

**Maksady saýlap almak.** Islendik kärhana, ilkinji nobatda, anyk haryt göýbermek bilen, nähili maksada eýerýändigini kesgitlemeli. Eger maksatlary we bazarda harydyň ýagdaýy anyk kesgitlenilen

Maksady saýlap almak
↓
Islegi kesgitlemek
↓
Harajatlary seljermek
↓
Bäsdeşleriň nyrhlaryny seljermek
↓
Nyrh emele geliş usulyny saýlap almak
↓
Gutarnykly nyrh bellemek

**7-nji surat.** Nyrh emele gelşiniň tapgyrlary

bolsa, onda nyrh kesmek ýönekeý we aňsat bolar. Nyrh syýasatynyň üç sany esasy maksady bar: kärhananyň hereket etmegini dowam etdirmeginiň üpjün edilmegi, peýdanyň iň ýokary derejä ýetirilmegi we bazaryň elden berilmezligi *(8-nji surat)*.

**Hereket etmeginiň üpjün edilmegi** – işlerini berk bäsdeşlik şertlerinde amala aşyrýan kärhanalaryň esasy bazarda şeýle harytlary öndürijiler köp bolanda esasy maksady bolup durýar. Bu maksady kärhana aşakdaky ýagdaýlarda saýlap alýar:

- sarp edijileriň nyrh islegi çeýe ($E_d > 1$);
- kärhana her bir haryt birliginden girdejileri biraz peseltmek arkaly jemi peýdany artdyrmak we satuwy ýokarlandyrmak isleýär;
- kärhana ýerlenilýän möçber önümçiligiň we satuwyň otnositel harajatlaryny kemelder diýip çak edýär;
- pes nyrhlar bäsdeşleri gorkuzýar;
- uly sarp ediş bazary bar.

Uly bolmadyk kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň olaryň geljegine şeýle bir ynamy ýok, özleri üçin amatly bäsdeşlikli bazar şertlerinden iň ýokary derejede peýdalanmaga çalyşýarlar.

Peýdanyň iň ýokary derejä ýetirilmegine esaslanýan maksatlaryň birnäçe görnüşleri bar:




**8-nji surat.** Kärhananyň nyrh syýasatynyň maksatlary

- kärhana tarapyndan birnäçe ýyl üçin ortaça peýdanyň möçberine laýyk durnukly girdejiniň ýola goýulmagy;
- maýa goýumynyň gymmatynyň artmagy bilen baglylykda nyrhyň, diýmek peýdanyň hem ösüşini hasaplamak;
- başlangyç peýdany çalt almaga çalyşmak, sebäbi kärhananyň işewürligiň gowy ösjegine ynamy ýok ýa-da oňa pul serişdeleri ýetmezçilik edýär.

Kärhananyň almaga çalyşýan peýdasy absolýut ýa-da otnositel görnüşde hasaplanylyp bilner.

**Absolýut peýda** – bu satyjynyň çykdajylary aýyrmak bilen, ähli harytlary ýerlemekden alýan girdejisi.

**Otnositel peýda** – bu satyjynyň bir önümi ýerlemekden alýan girdejisi.

Bazaryň saklanmagyna esaslanýan maksat kärhana tarapyndan bazarda bar bolan ýagdaýyň ýa-da öz işleri üçin amatly şertleriň saklanmagyndan ybarat. Kärhana satuwyň pese düşmeginiň we bäsdeşlikli göreşiň ýitileşmeginiň öňüni almak üçin ähli mümkin bolan çäreleri görýär. Şeýle şertlerde işlemek bilen kärhana bazardaky ýagdaýa: nyrhlaryň dinamikasyna, täze harytlaryň peýda bolmagyna üns bilen gözegçilik edýär. Olar öz önümleriniň nyrhynyň aşa ýokary galmagyna ýa-da pese gaçmagyna ýol bermeýärler we önümçiligiň we satuwyň harajatlaryny peseltmäge çalyşýarlar.

**Islegi kesgitlemek** – nyrhy kesgitlemegiň indiki möhüm tapgyry. Ony aradan aýyrmak ýa-da yza çekmek bolmaýar, sebäbi şol haryda islegi öwrenmezden, nyrhy hasaplamak düýbünden mümkin däl. Ýöne kärhana tarapyndan bada-bat bellenen ýokary ýa-da pes nyrh haryda bolan islege täsir etmez. Nyrh bilen oňa laýyk islegiň derejesiniň arasyndaky baglanyşyk islegiň görkezijileri bilen görkezilýär *(9-njy surat)*.

*9-njy a suratda* islegiň görkezijisi nyrh näçe ýokary boldugyça, islegiň şonça-da pes bolýandygyny görkezýär. Gaýry deň şertlerde býujeti çäklendirilen satyn alyjy eger oňa has pes bahadan şeýle haryt teklip edilse, bahasy ýokary bolan harydy almakdan boýun gaçyrýar. Eger-de degerli harytlaryň satuwy barada gürrüň edilse, bu gatnaşyk başgaça bolar *(9-njy b surat)*. Degerli harytlary sarp edijiler nyrhlaryň




a) harytlaryň köpüsi üçin

b) degerli harytlar üçin

**9-njy surat.** Nyrh bilen islegiň derejesiniň arasyndaky baglylyk

$P_1$-den $P_2$ çenli artmagyny bu harytlaryň hiliniň gowulanmagy, olaryň moda laýyk gelmegi bilen baglanyşykly diýip hasaplaýarlar, netijede isleg artýar. Ýöne $P_3$ nyrh aşa ýokary bolanda, islegiň derejesi $P_2$ nyrhdan $Q_1 < Q_2$ pes bolýar.

**Harajatlaryň seljermesi.** Haryda bolan isleg kärhana tarapyndan bellenilýän nyrhyň ýokary derejesini kesgitleýär. Önümçiligiň jemi harajatlary (hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň jemi) nyrhyň iň pes möçberini kesgitleýär. Muny nyrhlaryň derejesi harajatlardan pes bellenilendigi sebäpli zyýan çekmek howply peýda bolanda göz öňünde tutmak möhüm. Kärhana şeýle syýasaty bazara aralaşanda gysga döwürde geçirip biler. Harajatlaryň we islegiň üýtgäp durmagy sebäpli nyrhlara ýygy-ýygydan gaýtadan seredilmegi gowy oýlanyşykly syýasata şaýatlyk etmeýär. Harajatlary kadalar boýunça göz öňünde tutmak maksadalaýyk bolar.

**Bäsdeşleriň nyrhlarynyň seljermesi.** Nyrhlara bäsdeşleriň özlerini alyp barşy we olaryň önümleriniň nyrhy düýpli täsir edýär. Her bir kärhana bäsdeşleriň önümleriniň nyrhyny we olaryň harytlarynyň tapawutlandyryjy aýratynlyklaryny bilmeli. Şol maksat bilen deňeşdirijilikli harytlar satyn alynýar, onuň netijesinde nyrhlaryň, harytlaryň we hiliň seljermesi geçirilýär. Kärhana alnan maglumatdan nyrh emele gelşi üçin we bäsdeşleriň arasynda öz ornuny kesgitlemek üçin başlangyç maglumat hökmünde peýdalanyp biler.

| Aşa pes nyrh | Mümkin bolan nyrh | | | Aşa ýokary nyrh |
|---|---|---|---|---|
| Bu bahadan peýda alynmagy mümkin däl | Önümiň özüne düşýän gymmaty | Bäsdeşleriň we ýerini tutujy harytlaryň nyrhlary | Harydyň özboluşly artykmaçlygy | Bu bahadan islegi emele getirmek mümkin däl |

**10-njy surat.** Nyrhlaryň derejesini kesgitlemegiň üç görnüşi

**Nyrh emele gelşiniň usullaryny saýlap almak we gutarnykly nyrh kesmek.** Ähli görkezilen tapgyrlary geçmek bilen kärhana harydyň nyrhyny kesgitlemäge girişip biler. Mümkin bolan optimal nyrh harytlaryň önümçiligine, paýlanylyşyna we satuwyna harajatlaryň doly öwezini dolmaly, şeýle hem belli bir möçberde peýda alynmagyny üpjün etmeli.

Nyrhlaryň derejesini kesgitlemegiň üç görnüşi bar:

- harajatlar bilen kesgitlenilýän aşa pes dereje;
- nyrhyň mümkin bolan optimal derejesi;
- isleg netijesinde emele gelen iň ýokary dereje *(10-njy surat)*.

Nyrh kesmegiň has ýaýran usullaryna aşakdakylar girýär:

- önümçiligiň harajatlarynyň esasynda harydyň nyrhyny kesgitlemek.[1]
- serişdä girdeji usuly.
- islege gönükdirilmek bilen nyrhlary kesgitlemek.
- gündelik nyrhlaryň derejesinde nyrhlary kesgitlemek.

**Serişdä girdeji usuly** önüm öndürilişiniň harajatlaryna, şeýle hem serişdä meýilnamalaşdyrylan girdeji alynmagyna esaslanýar[2].

Bu usulda önüm birligine jemi harajatlara goýlan serişdä göterim goşulýar.

Bu usuldan peýdalanylanda önümiň düşewüntliligi aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

---

[1] Bu usul 6-njy bapda doly beýan edilýär.

[2] Amerikanyň General Motors kompaniýasy 15–20% möçberde girdeji üpjün etmek bilen bu usuly öz tejribesinde giňden peýdalanýar.

$$\text{Önümiň düşewüntliligi} = \frac{\text{Goýlan serişdä peýdanyň paýy} \cdot \text{Balansyň aktiwiniň jemi} + \text{Hemişelik harajatlaryň jemi}}{\text{Ýerlenen önüm birliginiň möçberi} \cdot \text{Önüm birligine üýtgeýän harajatlar}}$$

Serişdä girdeji usulynyň esasy artykmaçlyklary önüm öndürmek we ýerlemek üçin zerur bolan maliýe resurslarynyň tölegliligini göz öňünde tutmak mümkinçiliginden ybarat. Ýöne hümmetsizlenme döwründe karz üçin göterimleriň derejesi ýokary derejede näbellidir, bu şol usuldan peýdalanylmagyny esli derejede çylşyrymlaşdyrýar.

Serişdä girdeji usuly goýberýän önüminiň assortimenti köp bolan we bir bölegi bazar üçin täze hasaplanylýan kärhana üçin niýetlenilýär.

**Islege gönükdirilmek bilen kesgitlemek usuly** (başgaça aýdylanda, alyjylaryň ýa-da sarp edijileriň täsirlenmesini bahalandyrmagyň usuly). Bu nyrh emele gelşiniň özboluşly usullarynyň biri, sebäbi telekeçileriň has köp sanlysy nyrh bellenilende önümçiligiň harajatlaryndan däl-de, sarp ediji tarapyndan harydyň kabul edilişinden ugur alýarlar.

Önüm öndüriji sarp edijiniň harydynyň gymmaty bilen onuň nyrhynyň arasyndaky gatnaşygy kesgitleýändiginden we ony bäsdeşleriň şeýle görkezijileri bilen deňeşdirýänliginden ugur alýar. Bu usulda harytlaryň differensiasiýasynyň derejesi näçe ýokary boldugyça sarp ediji üçin kabul ederlikli nyrhlar şonça-da çeýe bolýar. Harytlar geçirilýän mahabat kampaniýalarynyň tehniki görkezijilerini, bezegini, ygtybarlylygyny, uzak möhlet ulanylýanlygyny, ulanylanda tygşytlylygyny, satuwdan soňky hyzmatlary göz öňünde tutmak bilen differensirlenip biler. Bazaryň differensiasiýasy harydyň differensiasiýasy bilen berk baglanyşykly. Nyrh emele gelşiniň bu usulynyň üstünlikli amala aşyrylmagy önüm öndürijiniň öz potensial satyn alyjylarynyň isleglerini gowy bilýändigine, öz harydynyň

5. Sargyt № 1339.

özboluşly hil görkezijilerine ünsi çekip bilýändigine we mümkin bolan bäsdeşleri bahalandyrmagy başarýandygyna esaslanýar.

Satyn alyjylara nyrhlaryň üýtgemeginiň ýetirýän täsiri aşakdakylar arkaly hasaba alnyp biler:

- geljekde alnan netijeleriň regressiw seljermesi we ekstrapolýasiýasy usuly bilen geçen döwrüň maglumatlaryny seljermek;
- bazarda öz önümine dürli nyrhlar bilen synag geçirmek.

Bu usullaryň kemçilikleri bar we olar durmuşa geçirilende belli bir kynçylyklar bilen baglanyşykly. Mysal üçin geljekde haryda isleg ekstrapolirlenende moda bilen baglanyşykly sarp edilýän harytlar bilen iş salşylanda, belli bir derejede, eserdeň bolmaly. Bazarda nyrhlara synag edilende haryt pes nyrhdan satylandan soň, onuň bahasyny ýokary galdyrmagyň kyndygyny göz öňünde tutmaly. Bu usullar, belli bir derejede, bazardaky ýagdaýdan ugur alyp bilýärler.

**Gündelik nyrhlaryň derejesinde nyrh kesmek usuly** pudagyň köpçülikleýin pikirini özünde jemleýär. Ol sap we oligopolik bäsdeşlikde peýdalanylýar. Önüm taýýarlaýan kärhanalar şeýle ýagdaýlarda bäsdeşleriň nyrhyndan sähelçe ýokary ýa-da sähelçe pes baha kesmek bilen, bäsdeşlik şertlerinden ugur alýarlar. Eger haryt bäsdeşleriň harytlaryndan haýsy hem bolsa bir hil görkezijisi bilen tapawutlanýan bolsa ýa-da satyn alyjylar tarapyndan şeýle kabul edilýän bolsa, onda önüm öndüriji nyrhyň derejesini kesgitlemekde erkindir we eýýäm bar bolan nyrhlara üns bermeýär. Kärhana birmeňzeş harytlaryň bazarynda bäsdeşleriň nyrhyna gözegçilik etmeli (birmeňzeş däl harytlaryň bazary bäsdeşleriň nyrh syýasatynyň täsirine has çeýe). Islendik ýagdaýda telekeçi tarapyndan nyrh strategiýasy saýlanyp alnanda belli bir soraglara jogap berilmeli *(11-nji surat)*.

Eger telekeçi nyrhlary peseltmäge we uzak döwür üçin islegi umumy artdyrmaga ýardam etmek maksady bilen bäsdeş nyrhyny peseltdi diýen netijä gelen bolsa we beýleki kärhanalar hem şu göreldä eýererler we şonuň üçin bazaryň sygymlylygy artýar diýip çak edýän bolsa, ol hem nyrhyny peseltmeli bolar. Eger ol bäsdeşiň here-




**11-nji surat.** Nyrh emele getiriji faktorlaryň täsiriniň häsiýetnamasy

ketlerine öz harydyna kuwwatly marketing goldawyny garşy goýup bilse, nyrhyny peseltmän biler. Ýöne islendik ýagdaýda *5-nji surat* boýunça ähli görnüşleri seljermek zerur. Öz önümleriniň nyrhlaryny dolandyrmak kärhananyň ýolbaşçylarynyň hemişelik aladasy bolup durýar. Ol hasap sanawnamalaryna (preýskurantlara) üýtgeşmeleriň, şertnamalara öňünden şertleşikleriň, kompensasiýalaryň girizilmegi bilen amala aşyrylýar.

**Hasap sanawnamalary** – bu kärhananyň satyn alyja teklip edýän ulgamlaşdyrylan sanawy. Adatça satyjy kärhana bahalary öňünden sargyt blankalarynda belleýär. Önümçiligiň harajatlarynda we bazar ýagdaýynda üýtgeşmeler preýskurantlara düzedişleriň çalt girizilmegine mümkinçilik bermeýän bolsa, onda nyrhlary ýokarlandyrmak boýunça birnäçe şertlerden peýdalanylýar. Kärhana hereket edýän preýskurantlara düzedişleri hemişe çalt girizip bilmeýär. Bu, ilki bilen, önümçiligiň harajatlarynyň we bazar şertleriniň ýygy-ýygydan üýtgemegi bilen baglanyşykly. Şol sebäpli önüm öndüriji kärhana üpjün etmegiň şertnamasynda degişli preýskurant bolmazdan nyrhlary ýokarlandyrmagyň hukuk mümkinçiliklerini göz öňünde tutsa maksadalaýyk bolar. Munuň üçin nyrhy ýokarlandyrmak barada ýörite bellikden peýdalanylýar, onuň kömegi bilen önüm öndüriji töwekgelçiligi öz satyn alyjylaryna geçirmek mümkinçiligini alýar.

## 4.3. Nyrhlar barada maglumat we nyrhlar boýunça çözgütleri kabul etmekde onuň tutýan orny

Harydyň nyrhy barada meseläni çözmek bilen, önüm öndüriji kärhana anyk maglumatlary ýygnamaly.

Önüm öndüriji kärhana bäsdeşler, bäsdeşlik edýän harytlar, önümçilik we harajatlar, harytlary ýerlemekden gelen serişdeler bilen peýdanyň arasyndaky gatnaşyklar, telekeçilik ulgamy, salgyt boýunça hökümetiň syýasaty barada maglumat zerur.

Nyrhlar boýunça maglumatlary ýygnamak we işlemek bilen kärhana aşakdakylary öwrenmeli:

- öz harytlaryny satýan bazaryny;
- öndürilýän harydyň ähli potensial mümkinçiliklerini;
- bar bolan we bolup biljek bäsdeşleri ýüze çykarmak üçin öz pudagyny we meňzeş pudaklary;
- hökümetiň kararlaryny.

Nyrhlar boýunça dogry we esaslandyrylan çözgüt kabul etmek üçin maglumatlaryň aşakdaky sanawy zerur:

*Bazar we haryt*

- harytlaryň ýerlenilýän bazar segmentleri;
- sarp ediji tarapyndan haryda edilýän talap;
- geografiki ýagdaýy;
- harydyň täzeligi;
- bazaryň sygymlylygy;
- bäsdeşleriň harytlary bilen deňeşdirilende, harydyň hili;
- esasy bäsdeşler;
- harytlaryň nyrhlary boýunça bäsdeşleriň harytlaryna laýyk gelmegi;
- satuw möçberini artdyrmagyň mümkinçilikleriniň satyn alyjynyň islegini kanagatlandyrmak ukyby, şol sanda geljek üçin;
- iki ýylyň dowamynda bazar konýunkturasy;
- modifikasiýanyň zerurlygy, şol sanda satyn alyjylaryň talaplaryna laýyklykda;
- satyn alyjy tarapyndan harydyň nyrhynyň kabul edilmegi.

*Bazarda bäsdeşlik. Hökümetiň syýasaty*
- hökümetiň syýasatynyň bazara täsiri;
- satuwda bäsdeşlik edýän harytlar;
- bäsdeşleriň bazarda eýeleýän bölegi;
- aýratyn kärhanalara ýetirýän täsiri;
- nyrhlaryň üýtgemek mümkinçiligi;
- bäsdeşleriň maliýe ýagdaýy;
- bazar şertleri üýtgän ýagdaýynda bäsdeşleriň çak edilýän hereketleri;
- peýda we çekilen zyýan barada resmi maglumatlar.

*Önümçilik we harajatlar. Ýerlemekden alnan girdeji we peýda*
- häzirki wagtda önümçiligiň möçberleri we ammarlardaky harytlaryň gorlary;
- kärhana tarapyndan goýberilýän dürli harytlar boýunça satuwdan gelen serişdäniň, peýdanyň we harajatlaryň arasyndaky gatnaşyk;
- ammarlardaky gorlaryň berlen derejesine laýyk gelýän harajatlar;
- önümçiligiň möçberleriniň satuwdan gelen serişdä we peýda ýetirýän täsiri;
- önümçiligiň we ammarlardaky gorlaryň möçberleriniň üýtgemeginiň harajatlara ýetirýän täsiri;
- kärhananyň haryt birliginiň nyrhynda peýdanyň tutýan paýy we onuň bäsdeşleriň şeýle görkezijilerinden tapawudy;
- nyrh meseleleri boýunça çözgütleriň kabul edilmegine degişli harajatlar.

Kärhana maglumat almak üçin ähli çäreleri görmeli. Eger ol maglumaty öz güýji bilen ýygnap we seljerip bilmese, şeýle gözegçiliklere ýöriteleşdirilen kärhanalaryň hyzmatlaryna ýüz tutmaly.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Bazaryň düzümi düşünjesine kesgitleme beriň. Onuň häsiýetli aýratynlyklary nämeden ybarat?
2. Bäsdeşligiň esaslary nämeden ybarat?
3. Bazarlaryň esasy görnüşlerini aýdyp beriň.

4. Kämil bäsdeşlige häsiýetnama beriň.
5. Monipolistik bäsdeşlige häsiýetli esasy aýratynlyklary aýdyp beriň.
6. Oligopoliýa nämede ýüze çykýar?
7. Sap monopoliýa bazaryny häsiýetlendiriň.
8. Nyrh emele geliş prosesi nähili etaplary öz içine alýar?
9. Kärhana nyrh syýasatynyň nähili maksatlaryny öz öňünde goýup biler? Olary gysgaça häsiýetlendiriň.
10. Kärhana öz işinde nyrh bellemegiň haýsy usullaryndan peýdalanýar?
11. Nyrhlar boýunça çözgüt kabul etmekde nyrhlar barada maglumat nähili ähmiýete eýe?
12. Kärhana nyrhlar boýunça maglumat ýygnamak bilen nämäni bilmeli?
13. Bazar we harytlar barada nämäni bilmeli?
14. Bäsdeşler barada maglumat nämäni öz içine alýar?
15. Nyrhlary kesgitlemek üçin önümçilik, harajatlar, girdeji we peýda barada nähili maglumatlar zerur?

# 5-nji BAP
# KÄRHANANYŇ NYRH SYÝASATY

## 5.1. Kärhananyň nyrh syýasatynyň strategiki we taktiki jähetleri

Bazar mehanizmi ulgamynda nyrh esasy orny eýeleýär we obýektiw ykdysady kategoriýa, ýagny diňe ykdysady kanunlaryň esasynda hereket edýän gural bolup durýar. Islendik jemgyýetde nyrh ykdysadyýeti dolandyrmagyň, ondan gelip çykýan görkezijisi bolmak bilen, hereket edýän modelini görkezýär.

Bazar şertlerinde merkezleşdirilmedik nyrh emele gelşi agdyklyk edýär. Islegiň we teklibiň esasynda emele gelýän nyrhlar bazar gatnaşyklaryna laýyk gelýär. Şeýle ýagdaýda nyrhy garşylyklaýyn ýokardan görkezme boýunça meýilnamalaşdyrmak bolmaýar. Bazar nyrhlary esasy düzgünleşdiriji bolup durýar, nyrhlar tassyklanylmaýar. Dünýä nyrhlary nyrhlar üçin binýat bolup durýar.

Nyrhlaryň emele gelmegi önüm taýýarlaýjy kärhananyň derejesinde amala aşyrylýar, olaryň buýrujy (sarp ediji) bilen ylalaşylmagy olar bilen göni şertnama baglaşylan pursatynda ýa-da satyn alyş-satuw pursatynda amala aşyrylyp bilner. Erkin nyrhlarda artykmaç (ýetmezçilik edýän) girdeji nyrhlaryň derejesinde görkezilýär, girdejiler gaýtadan paýlanylýar, maýa goýumlarynyň ugurlary üýtgeýär we, şeýlelikde, ykdysadyýetde deňagramlylyk gaýtadan dikeldilýär.

Önümçiligiň ýokary derejede jemlenýän ýöriteleşdirilýän şertlerinde önüm öndürijiniň monopolizmi agdyklyk edýän pursatynda erkin nyrh emele gelşine döwlet göni ýa-da gytaklaýyn düzgünleşdiriji täsir edýär.

Kärhananyň nyrh syýasaty onuň umumy strategiýasynyň möhüm elementi bolmak bilen bazar strategiýasy ýaly iri bölümine gös-göni girýär we strategiki hem-de taktiki jähetleri özünde utgaşdyrýar. Kärhananyň nyrh syýasaty has umumy görnüşde onuň ýolbaşçylarynyň öndürilýän harytlara, umumy strategiýasynyň çäklerinde amala aşyrylýan we öňde goýan maksatlaryna ýetilmegine gönükdirilen işler üçin nyrhlary kesgitlemek, goldamak we üýtgetmek boýunça işleri hökmünde kesgitlenilýär.

Bu ýerde marketingiň ähmiýetini bellemek gerek. Kärhananyň bazar islegine gönükdirilen işiniň guralmagy marketing diýlip atlandyrylýar. Marketing kärhananyň maliýe durnuklylygyna tebigy zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň usuly hökmünde ýüze çykýar.

Marketing satuw bazarynyň seljermesini, mümkin bolup biljek satyn alyjylaryň isleglerini ýüze çykarmagy we möçber taýdan kesgitlemegi, harytlaryň nyrhlaryna we sarp ediş häsiýetlerine talaplaryň derejesi boýunça sarp edijileriň toparlanylyşyny, sarp ediş aýratynlyklaryny we harydyň nyrhynyň derejesi boýunça assortiment syýasatynyň emele gelmegini, işlenip taýýarlanylmagyny, önümçilige girizilmegini, önümleriň gerekli görnüşlerini we gowy hilli önümçiligini guramagy we üpjün etmegi, mahabat işleriniň guralmagyny, nyrhlaryň düzgünleşdirilmegini, önümleriň ulanylyşynyň dowamynda olara serwis hyzmatlarynyň üpjün edilmegini öz içine alýar.

**Nyrh syýasatynyň strategik jähetleri** nyrhlary kesgitlemek we üýtgetmek boýunça şertnamalaýyn çäreleri öz içine alýar, bu çäreler

kärhananyň ähli önümçilik we haryt öndürýän ulgamynyň işleriniň düzgünleşdirilmegine, umumy strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny goldamaklyga gönükdirilýär.

**Nyrh syýasatynyň taktiki jähetleri** gysga möhletli we bir gezekleýin häsiýete eýe bolan çäreleri öz içine alýar. Olar bazarda nyrhlaryň birden üýtgemegi ýa-da bäsdeşleriň özüni alyp barşynyň üýtgemegi, dolandyryş işgärleriniň ýalňyşlyklary netijesinde ýüze çykýan deformasiýalaryň aradan aýrylmagyna gönükdirilýär we käwagt kärhananyň strategik maksatlarynyň garşysyna hereket etmegide ahmal.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde kärhana tarapyndan dogry nyrh syýasatynyň amala aşyrylmagy üç derejeli ykdysady seljermäniň – tutuş ykdysadyýet derejesinde, pudak derejesinde, kärhana derejesinde seljemäniň geçirilmegini göz öňünde tutýar. Şeýle seljerme kärhananyň ýolbaşçylaryna hem gerimlere, hem wagta görä bazar şertlerinden dogry ugur almaga mümkinçilik berýär.

**Tutuş ykdysadyýet derejesinde seljerme.** Nyrh syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak üçin kärhana daşarky faktorlary: nyrh emele gelşiniň hereket edýän ýörelgelerini, salgyt salnyşyny, harajatlary özüne düşýän gymmata degişli etmegiň tertibini, peýdany paýlamagyň ýörelgelerini we bu meseleler boýunça kabul edilen kanunlary jikme-jik öwrenmegi zerur. Sebitlerdäki bazarlarda nyrhlaryň derejesiniň we ýagdaýynyň öwrenilmegi hökmany bolup durýar. Bulardan başga-da harydyň ýerlenilýän ýeri, dürli hojalyk aragatnaşyklary nyrh syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna uly täsir edýär. Şeýle hem tutuş ykdysadyýetde näme bolup geçýändigi, haýsy ýurtlar bilen ykdysady aragatnaşyklar ýola goýlar we şol ýurtlarda haýsy kanunlaryň hereket edýändigi, ykdysady ýagdaýyň haýsy ugur boýunça ösdüriljekdigi barada maglumatyň bolmagy zerur.

Öz önümine nyrhlary dogry çaklamak üçin kärhana çig malyň, materiallaryň, toplumy emele getirýän önümleriň nyrhlarynyň ösüş depginini öwrenmeli.

Seljermäniň pudaklaýyn derejesinde harytlaryň ýerlenilýän bazarlaryny jikme-jik seljermek amala aşyrylýar, çak edilýän satyn alyjylar we bäsdeşler kesgitlenilýär.

Kärhana tarapyndan kärhananyň derejesinde dogry nyrh syýasatynyň ýöredilmegi aşakdaky jähetlerde maglumatyň alynmagyny we seljermesini göz öňünde tutýar:

- kärhana tarapyndan goýberilýän harydyň hilini ýokarlandyrmak mümkinçiligi;
- islegiň ýagdaýy we çaklaýşy;
- sarp edilýän we ýerlenilýän önümiň nyrhy barada maglumatlar;
- harajatlary peseltmek üçin gorlaryň agtarylmagy;
- kärhana tarapyndan goýberilýän harytlaryň nyrhyny, bäsdeş kärhanalaryň şeýle harytlarynyň nyrhy barada maglumatlary çaklamak;
- nyrhlaryň dinamikasynyň we düzüminiň seljermesi;
- monopolist kärhanalar tarapyndan nyrhlaryň deklarirlenmegi barada maglumatlar;
- kärhana tarapyndan taýýarlanylýan harytlara islegiň çeýeligini, düzümini we dinamikasyny öwrenmek;
- içerki satuw bazarlaryny we potensial bäsdeşleri çaklamak;
- birža nyrhlaryny öwrenmek;
- daşarky söwda nyrhlaryny we satuw bazarlaryny öwrenmek.

Kärhana tarapyndan nyrh syýasatynyň saýlanyp alynýan ugry we ony amala aşyrmagyň görnüşleri gönüden-göni bazar strategiýasyndan gelip çykýar. Bazar strategiýasynyň görnüşleriniň ulanylýan toplumyna baglylykda nyrh syýasatyny amala aşyrmagyň anyk görnüşi ýa-da şeýle görnüşleriň degişli toplumy saýlanyp alynýar. Olaryň birnäçesi aşakda berilýär:

- nyrhlaryň ýokary derejesiniň gazanylmagy kärhananyň ýokary peýdasyny üpjün eder;
- kärhana «kadaly peýdany» üpjün etmek (önümçiligiň harajatlarynyň öwezini dolmak we peýdanyň ortaça möçberini goşmak);
- «nyrh» bäsdeşligi syýasatyny ýöretmek;

- «nyrh däl» bäsdeşligi syýasatyny amala aşyrmak;
- «lider» ýa-da nyrh bäsdeşleriniň derejesinde nyrh kesmek;
- harydyň ýokary hillidigini aýratyn nygtamak bilen ýokary nyrhlary üpjün etmek;
- nyrhlaryň kömegi bilen hakujy geçirilen serişdä peýdanyň belli bir göterimini saklamak;
- önümleriň möçberiniň we sanawynyň durnuklylygyny üpjün edýän nyrhlary düzgünleşdirmek;
- önümçilik faktorlary arkaly nyrhlaryň we peýdanyň durnuklylygyny gazanmak;
- içerki ýa-da dünýä bazaryndan bäsdeşleri gysyp çykarmak maksady bilen nyrhlary kesgitlemek;
- bazara aralaşmak maksady bilen pes nyrh kesmek.

Kärhanalaryň öz harytlaryna başlangyç nyrh kesmegiň işlenen usulynyň bolmagy zerur.

Mälim bolşy ýaly, nyrh kesilmegi alty tapgyrdan ybarat:

1. Nyrh emele gelşiniň maksatlaryny we wezipelerini bellemek;
2. Islegi kesgitlemek;
3. Harajatlary bahalandyrmak;
4. Bäsdeşleriň nyrhlaryny we harytlaryny seljermek;
5. Nyrh emele gelşiniň usulyny saýlap almak;
6. Gutarnykly nyrh kesmek.

Kärhana başlangyç nyrhy kesýär, soňra bazar ýaýrawynda hereket edýän dürli faktorlary göz öňünde tutmak bilen oňa düzediş girizýär.

Nyrh kesmek bilen, kärhanalar üç sany bitewi meseläni çözýärler: Näme, nähili we kim üçin? Bu prosesiň gysgaça beýany şulardan ybarat:

1. Anyk näme öndüriler? Bu sarp edijileriň seslenmesi bilen kesgitlenilýär. Sarp ediji buýrujy bolup durýar. Has takygy, her bir adam, buýrujy bolmak bilen, ses bermeklige gatnaşyjy hökmünde çykyş edýär we öz puluny oňa gerek bolan harydy öndürmäge çagyrýan ses hökmünde peýdalanýar.

2. Harytlar nähili öndürilýär? Bu dürli önüm öndürijileriň bäsdeşligi bilen kesgitlenilýär.

3. Haryt kim üçin öndürilýär? Bu önümçilik hyzmatlarynyň bazarynda isleg we teklip: zähmet haky, ýer rentasy (ýerden alynýan düşewünt), başga adamlaryň we jemgyýetiň ähli girdejisi bilen belli bir gatnaşykda her bir adamyň girdejisini artdyrýan göterim we peýda bilen kesgitlenilýär.

Sarp edijileriň sesiniň haýsy harydy öndürmelidigini öz-özünden kesgitlemeýändigini bellemek gerek. Harytlaryň teklip edilişi islege garşy durup bilmeli. Şeýlelikde, haýsy harytlaryň öndürilmelidigi kesgitlenilende sarp edijileriň islegini emele getirýän sesleri bilen bir hatarda önümçilik harajatlary we haryt teklip edilişi barada önüm öndürijileriň çözgüdi hem gatnaşýar.

Adamlar tarapyndan satyn alynýan harytlaryň möçberiniň hemişe nyrha baglydygy hemmelere mälimdir: harydyň bahasy näçe ýokary bolsa, ol şonça-da az satyn alynýar we tersine. Şeýlelikde, harydyň bazar nyrhy bilen onuň isleg bildirilýän mukdarynyň arasynda hemişe belli bir gatnaşyk bolýar.

Nyrhy kesgitleýän faktorlara seredeliň. Isleg, mälim bolşy ýaly, kärhananyň öz harydyna kesjek iň ýokary nyrhyny emele getirýär, iň pes nyrh bolsa kärhananyň harajatlary bilen kesgitlenilýär. Kärhana edilen tagallalar, töwekgelçilikler üçin peýdanyň dogry möçberini goşmak bilen, öz harydyna ony öndürmek, paýlamak we ýerlemek üçin edilen ähli harajatlary ödär ýaly nyrh kesmäge çalyşýar. Nyrh kesmegiň iki sany usuly giňden peýdalanylýar:

- «kost-plas» ulgamy boýunça harajatlary doly paýlamak we nyrh kesmek bilen hasaplamadan peýdalanylmagyna esaslanýan doly harajatlaryň usuly, ýagny harajatlar goşmak bellenen peýda;
- üýtgeýän harajatlar boýunça hasaplamadan peýdalanylmagyna we harajatlar goşmak maržinal peýda ýörelgesi boýunça nyrh kesmeklige esaslanýan göni harajatlar usuly.

Önümçiligiň harajatlary bäsdeşlikli nyrha diňe olaryň teklibe täsir edýän derejesinde täsir edýär, ýagny olaryň ähmiýeti teklibe täsiri arkaly ýüze çykýar. Telekeçiler önümçilik bilen peýda üçin meşgullanýarlar. Eger öz harajatlaryny ödemek üçin ýeterlik derejede ýokary peýda almasalar, olar kanagatlanmazlar. Geljekde olar

önümçilik bilen baglanyşykly goşmaça harajatlary ödemeýän nyrhlar boýunça harytlary öndürmekligi dowam etdirmezler. Ondan başgada, nyrhlar harajatlara deň diýlip aýdylanda, onuň sebäbiniň we netijesiniň nämedigini kesgitlemek mümkin däl.

Ahyrky netijede nyrh diňe bir nyrhlara täsir edýän köp görnüşli güýçleri, sebäpleri we faktorlary seljermek we beýan etmek üçin amatly hemmetaraplaýyn kategoriýa hasaplanylýan teklip we isleg bilen kesgitlenilmeýär.

Ilatyň girdejilerine bagly bolup durýan satyn alyjylyk ukyby islegi kesgitleýän faktorlaryň biri bolup durýar.

Nyrh emele getirýän beýleki faktorlaryň arasynda harydyň, goşmaça hyzmatlaryň we serwisiň hilini, harydyň ýaşaýyş tapgyryny görkezmek bolar.

Bäsdeşlikli göreşe garşy durmaga çalyşmak bilen, belli bir derejede, nyrhda göz öňünde tutulýan we ahyrky netijede sarp ediji tarapyndan tölenýän bolsa-da, kärhanalar öz öndürýän harytlarynyň sarp ediş häsiýetlerini hemişe gowulandyrmaly we üpjün etmegiň hem-de hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmeli.

Kärhana önüme nyrh kesmek bilen, bazarda niýetlenilýän maksady we hili babatda meňzeş beýleki harytlaryň eýýäm emele gelen nyrhlaryny hem göz öňünde tutmaly.

Harydyň «ýaşaýyş tapgyrynda» aýratyn basgançaklaryň bolmagy strategiýanyň hemişe üýtgedilmegini talap edýär. Harydyň ýaşaýyş tapgyry onuň satuw möçberiniň we ony ýerlemekden alynýan peýdanyň üýtgäp durýandygy bilen häsiýetlendirilýär. Degişlilikde, harydyň haýsy basgançakda (ornaşdyrmak, ösüş, kämil ýa-da pese gaçyş) durýandygyna baglylykda nyrh hem üýtgär.

Şeýlelikde, öz öndüren harydyna kärhana tarapyndan kesilýän nyrh önümçilik harajatlaryna, islege we teklibe, ilatyň tölege ukyplylygyna, kärhananyň nyrh syýasatyna we bazar strategiýasyna, harydyň hiline, goşmaça hyzmatlara we serwise, harytlaryň bir-biriniň ornuny tutujylygyna, ahyrky netijede olaryň ýaşaýyş tapgyryna bagly.

Bu faktorlaryň bary düzgünleşdiriji bolup durýar, ýagny olaryň kömegi bilen kärhanalar tarapyndan nyrhlar düzgünleşdirilýär.

Nyrhlaryň emele geliş prosesine köp sanly faktorlaryň täsir edýändigi sebäpli, kärhanalar tarapyndan nyrh emele gelşiniň ýeter-

lik derejede çeýe usullaryndan we nyrh syýasatyny amala aşyrmagyň görnüşlerinden peýdalanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Kämil we kämil däl bäsdeşlik düşünjesi bar. Ähli isleýän zatlaryny hereket edýän bazar nyrhlary boýunça satyp bilýän kärhana kämil bäsdeş hasaplanylýar. Ýöne kärhana nyrha ýokarlanmak ýa-da peselmek tarapdan düýpli täsir edip bilmeýär. Meňzeş önüm satýan bäsdeşler köp bolmadyk ýagdaýynda bäsdeşlik kämil däl bolanda, her bir kärhana öz nyrhlaryna belli gözegçilik edýär.

Bazar şertleriniň köpüsi hakykatda kämil bäsdeşligiň çylşyrymly ýagdaýlary bilen doly monopoliýanyň arasynda aralyk orny eýeleýärler. Ýöne kärhanalar sarp edijileriň isleginiň haçan üýtgejekdigini bilmeýärler, şol sebäpli olar bir ulgamda artykmaç önümçilige we beýlekisinde kemelýän önümçilige getirip biler. Kärhanalara öz tejribesinden bu barada mälim bolan wagtynda ýagdaý ýene-de üýtgäp biler. Ondan başga-da bäsdeşlikli ýagdaýda önüm öndürijileriň biri beýlekisiniň haýsy usuldan peýdalanýandygyny bilmeýär we şol sebäpli önümçilik harajatlary iň pes derejä çenli kemelmeýär.

Monopolistik elementler hem kämil bäsdeşligiň kadalaryndan çykylmagyna, ýagny olaryň işi nädogry nyrh emele gelşine, resurslaryň nädogry paýlanylmagyna we monopol peýdanyň emele gelmegine getirip biler.

Monopol nyrhlara, islegiň derejesine garanda, harajatlaryň möçberi täsir edýär. Islegiň üýtgäp durýan döwründe monopol nyrhlaryň otnositel durnuklylygy serişdäniň gurluşy (çykdajylaryň yzygiderli ýokary derejesi) bilen düşündirilýär. Monopoliýalar beýleki kärhanalaryň nyrhlaryna düzgünleşdiriji täsir edýär. Meselem, «nyrhlarda öňdebaryjylykda» öňdebaryjy kärhana hem özüniň, hem beýleki iri härhanalarda önümçiligiň harajatlaryny göz öňünde tutmak bilen nyrh kesýär. Eger olaryň arasynda ylalaşyk gazanylsa, onda monopol geleşige gatnaşyjylaryň hiç biri emele gelen ýagdaýy bozmaga töwekgelçilik edip bilmez. Monopoliýanyň tehniki ýagdaýynyň ýokarydygy bilen baglylykda, köp ýagdaýlarda olaryň arasynda bäsdeşligiň nyrh däl görnüşi – hil bäsdeşligi mümkin bolup biler. Monopoliýalaryň arasynda nyrhlaryň «söweşi» aşa seýrek hadysadyr.

Kärhana öz harajatlaryna gözegçilik etmeli, sebäbi olaryň ujypsyz artmagy hem peýdanyň kemelmegine getirýär. Emma nyrha we harydyň önümçiligine harajatlara baglylykda näçe haryt öndürmeli we näçe satmaly diýen mesele esasy mesele bolup durýar.

Harajatlar hemişelik we üýtgeýän görnüşlere bölünýär. Hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň jemini jemi harajatlar düzýär. Jemi harajatlar harytlaryň belli bir möçberini öndürmek üçin zerur bolan iň az umumy pul harajatlarydyr. Bu harajatlar goýberilýän önümiň möçberiniň artyşyna görä köpelýär.

Hemişelik harajatlar önümçilik amala aşyrylmaýan wagtynda hem bolýan çykdajylardyr, bu, haryt goýberilişiniň möçberiniň islendik üýtgemegine garamazdan, bar bolan harajatlardyr. Hemişelik harajatlara aşakdakylar degişli: kärende tölegi, kärhanany saklamak üçin çykdajylar, gorag üçin çykdajylar, dolandyryjylaryň wezipe haklary we ş.m.

Üýtgeýän harajatlary hemişelik harajatlary goşmazdan, ähli çykdajylar düzýär: çig mal, materiallar, zähmet haky, ýangyç we ş.m. üçin harajatlar.

Öndürilýän önümiň möçberine baglylykda harajatlaryň üýtgemegini iň ýokary harajatlaryň topary görkezýär. Iň ýokary harajatlar – bu önümiň bellenen möçberden daşary bir goşmaça birligini goýbermek üçin talap edilýän harajatlar.

Olar jemi harajatlaryň ýanaşyk görkezijilerini hasaplap aýyrmak arkaly kesgitlenilýär.

Tejribede nyrhy kesgitlemegiň usuly aşakdaky ýaly bolup biler:

- harajatlara gönükdirilmek bilen;
- islege gönükdirilmek bilen;
- bäsdeşlige gönükdirilmek bilen.

Harajatlara gönükdirilende («harajatlar goşmak peýda», «harajatlar goşmak ösdürim») nyrh kesmegiň usuly aşakdaky ýaly bolýar: ilki bilen önüm birliginiň doly özüne düşýän gymmaty hasaplanylýar, bellenen göterim tutumlary goşulýar we netijede nyrh alynýar.

«Harajatlar goşmak peýda» formulasy adatça senagatda, «harajatlar goşmak ösdürim» formulasy bolsa söwdada peýdalanylýar.

«Harajatlar goşmak peýda» ýa-da «harajatlar goşmak ösdürim» usuly boýunça nyrhy kesgitlemegiň artykmaçlygy kärhana üçin, islege garanda, öz harajatlaryny kesgitlemegiň esli ýeňildiginden ybarat. Olary hasaplamagyň usuly ýönekeý we elýeterli.

Ýöne bu usulyň kemçilikleri hem bar. Birinjiden, harajatlaryň hasaplamasy goşmaça çykdajylaryň erkin möçberini öz içine alyp biler, bu nyrhyň esasyny ýeterlikli anyk etmeýär. Ikinjiden, nyrhy kesgitlemegiň bu usuly islegi hasaba almaýar, bu mümkin bolan peýdany doly alyp bolmazlyk bilen hatarlydyr.

«Maksatlaýyn» nyrhy ýa-da peýdanyň we zyýan çekilmezligini üpjün etmegiň «maksatlaýyn» kadasyny kesgitlemegiň usullary harajatlara gönükdirilmek bilen emele gelýär.

«Maksatlaýyn» nyrhyň usuly satuwyň bellenen möçberlerinde edilen harajatlara peýdanyň «maksatlaýyn» möçberiniň alynmagyny üpjün edýän belli bir nyrhlara niýetlenilýär.

Nyrhy kesgitlemek birnäçe tapgyry öz içine alýar:

- seredilýän döwrüň dowamynda kärhananyň önümçilik kuwwatlygyny bahalandyrmak;
- önümiň berlen möçberiniň önümçiligine harajatlaryň hasaplamasyny düzmek we peýdanyň «maksatlaýyn» möçberini kesgitlemek;
- goşmaça çykdajylaryň özüne düşýän gymmatyny we peýdanyň «maksatlaýyn» möçberini artdyrmak, onuň netijesinde «maksatlaýyn girdeji alynýar»;
- «maksatlaýyn girdejini» önüm goýberilişiniň meýilleşdirilen möçberine bölmek, onuň netijesinde nyrh alynýar.

Bu usulda nyrhy hasaplamak üçin satuw möçberiniň bahalandyrylýan ululygyndan peýdalanylmagy onuň gowşak ýeri bolup durýar. Şeýlelikde, nyrhyň satuwyň esasy sebäbi bolup biljekdigi ret edilýär, şol sebäpli nyrhy kesgitlemegiň bu usuly isleg çeýe bolmadyk bazar üçin peýdalanylyp bilner.

Zyýan çekilmezligini üpjün etmek esasynda nyrhlar hasaplananda belli bir döwrüň dowamynda önümçiligiň zyýan çekmezligini gazanmak wezipesi goýulýar. Şeýle ýagdaýda kärhananyň ýolbaşçylary nyrhy degişli görnüşde hasaplap biler. Nyrhyň derejesi şol nyrh

boýunça önümiň belli bir möçberi ýerlenilende önümçiligiň zyýan çekmezligi gazanylar ýaly bolmaly. Zyýan çekmezligiň formulasy aşakdaky görnüşde bolýar:

$$N \cdot M = H_{hem} + H_{üýtg} \cdot M,$$

bu ýerde $N$ – nyrh (baha); $M$ – möçber; $H_{hem}$ – hemişelik harajatlar; $H_{üýtg}$ – üýtgeýän harajatlar.

Islege gönükdirilen nyrh emele gelşinde mesele, harajatlara garanda, islegi kesgitlemegiň we möçber görkezijilerinde aňlatmagyň esli kynlygyndan ybarat. Bu, hususan, islege köp faktorlaryň täsir edýänligi bilen düşündirilýär. Kärhananyň islegiň egri çyzygynyň görnüşi barada umumy maglumaty bolup biler, ýöne ol bäsdeşligiň, bäsdeş harytlaryň peýda bolmagynyň, mahabatlandyrmanyň, daşarky faktorlaryň täsiri bilen hemişe üýtgäp durýar.

Şol sebäpli eger maglumat kärhana harajatlary, daşky ýaýrawyň faktorlarynyň islege täsiri barada öňkä görä takyk bilim bilen berkidilýän bolsa, kärhana hiç maglumat bolmazlygyna garanda, iň bolmanda, islegiň «düýnki» hereketi barada maglumat alsa hem makul bolar. Şeýle ýagdaýda nyrhyň hasaplamasynyň takyk esaslandyrylyp düzülmegine mümkinçilik döreýär.

Täze haryda islegi bahalandyrmak – örän çylşyrymly iş, sebäbi bu haryt babatda öňki ýyllar boýunça hasaplama üçin zerur bolan maglumatlar ýok. Ýöne kärhana meňzeş ýa-da şeýle harytlar üçin islegi öwrenip biler. Munuň üçin islegi bahalandyrmagyň synag, göni interwýu, statistiki netijeler ýaly usullaryndan peýdalanylýar.

Islege gönükdirmek bilen nyrh kesmegiň aşakdaky usullary bar:

1. Diskriminasiýa – islegiň egri çyzygynda tapawuda baglylykda peýdany iň ýokary möçbere ýetirmek maksady bilen, dürli bazarlarda ýa-da bazarlaryň segmentlerinde dürli nyrhlaryň bellenilmegi;
2. Harytlaryň görnüşleriniň toparynda nyrh emele gelşi – belli bir maksada ýetmek – peýda almak ýa-da harytlaryň anyk görnüşleriniň toparynyň çäklerinde satuw üçin nyrhlardan peýdalanmak.

Bäsdeşlige gönükdirilen nyrh emele gelşinde (ýapyk söwdalar) döwlet edaralarynyň bazarlarynyň köp böleginde we käbir beýleki

bazarlarda üpjün edijiler harytlaryň belli bir görnüşleri bilen üpjün etmek üçin söwda gatnaşmaga çagyrylýarlar. Olaryň teklipleriniň (tenderler) iň pes nyrhy görkezmek bilen adatça möhürlenen bukjada öňünden bellenen möhletde berilmegi haýyş edilýär. Bu bukjalar birnäçe adamyň gatnaşmagynda açylýar we has amatly (nyrhy iň pes) teklip kabul edilýär.

Şonuň bilen baglylykda, şeýle ýagdaýda soňra nyrha üýtgeşme girizmek mümkinçiligi bolmaýar, nyrh bellemek barada çözgüt köplenç hususy harajatlara, esasan, bäsdeşleriň mümkin bolan teklipleriniň seljermesine esaslanýar. Bu seljerme aşakdakylary öz içine alýar:

- bäsdeşleriň öňki teklipleriniň seljermesi;
- bäsdeşleriň işleriniň, ýagny olaryň sargytlarynyň bukjasynyň nähili derejede dolulygynyň häzirki ýagdaýynyň seljermesi; şeýle hem sargytlaryň doly bukjasy bolan bäsdeşiň ýokary nyrhlary, sargytlaryň bukjasy doly bolmadyk bäsdeşiň pes nyrhlary teklip etjekdigine daýanmak bolar.

Pes nyrhdan teklip söwdada üstün çykyp bilse-de, mümkin bolup biljek peýdany sypdyrmak töwekgelçiliginiň bolmagy kynçylykly mesele bolup durýar. Ýokary nyrhdan teklip söwdalaşykda utulyp biler, bu söwda gatnaşmaklyga taýýarlyk görülmegi bilen baglanyşykly ýitgilere eltýär.

Kärhana nyrh emele gelşiniň syýasatynyň käbir düzgünlerinden çykylmagyna ýol berip biler: a) belli bir hereketleriň (meselem, harydy mahabatlandyrmak üçin) meýilnamalaşdyrlan nyrh ýeňillikleri; b) söwda arzanladyşy – bölek satuw nyrhy bilen has pes lomaý söwda nyrhlarynyň tapawudy; ç) satuwy höweslendirmegiň serişdesi hökmünde nyrhlaryň meýilnamalaşdyrylan arzanlatmasy; g) nyrhlaryň meýilleşdirilmedik düýpli pese gaçmagy – «nyrh söweşi».

Kärhananyň ýolbaşçylary maliýe we marketing gulluklarynyň özara hyzmatdaşlygyna hemişe üns bermeli. Sebäbi marketologlar nyrh emele gelşini adatça ahyrky sarp edijiler üçin nyhlary kesgitlemekden başlaýarlar we soňra harytlaryň hereketlerine gatnaşyjylar üçin nyrhlary, şeýle hem önümçiligiň we peýdanyň kabul ederlikli harajatlaryny kesgitlemek üçin yza hereket edýärler. Maliýeçiler nyrhy kesgitlemegi harajatlardan başlaýarlar, olara islenilýän peýdany

goşýarlar we satuw nyrhyny alýarlar. Şol sebäpli kärhana ýolbaşçylary ähli gyzyklanma bildirýän gulluklar, ilki bilen, ykdysady gulluklar bilen ylalaşylan nyrhlar boýunça çözgütleriň kabul edilmegini gazanmaly, bu olara öz önümlerine derejesi boýunça azda-kände amatly nyrh kesmäge mümkinçilik berýär.

## 5.2. Kärhana tarapyndan bazarda ulanylýan nyrh emele gelşiniň usullary

Kärhana diňe bir şol ýa-da başga bir nyrhy bellemeýär – ol haryt görnüşleriniň çäklerinde dürli harytlary öz içine alýan nyrhlaryň tutuş ulgamyny emele getirýär we dürli geografiki sebitlerde harytlary ýerleşdirmek boýunça harajatlardaky tapawutlary, islegiň derejesindäki, wagta görä satyn alyşlaryň paýlanyşyndaky tapawutlary emele getirýär. Şonda kärhana öz işini hemişe üýtgeýän bäsdeşlikli ýagdaýda amala aşyrýar, köplenç nyrhy üýtgetmek barada başlangyç bilen çykyş edýär we bäsdeşleriň nyrh hereketlerine jogap berip bilýär.

Başlangyç baha kesmek bilen, kärhana soňra bazarda hereket edýän dürli faktorlara baglylykda oňa düzediş girizýär. Şonda ol nyrhlaryň aşakdaky görnüşlerinden we nyrh kesmegiň usullaryndan peýdalanýar;

- täze haryda nyrh kesmek;
- haryt sanawynyň çäklerinde nyrh emele gelşi;
- geografiki ýörelge boýunça nyrh kesmek;
- arzanladyş we hasaplamalar bilen nyrh kesmek;
- satuwy höweslendirmek üçin nyrh kesmek:
- diskriminasion nyrh kesmek.

**Täze haryda nyrh kesmek.** Kärhananyň nyrh emele getirmek meselesine strategiki çemeleşmesi köp derejede harydyň ýaşaýyş tapgyryna bagly. Hakyky täze harydyň bazara çykarylmagynyň tapgyry aýratyn uly kynçylyk döredýär. Patent bilen goralýan täze haryt bilen eýýäm bazarda bar bolan şeýle harydyň nyrhyny kesgitlemegiň arasynda tapawut bar.

*Hakyky täze haryda nyrh kesmek.* Patent bilen goralýan täze haryt bilen bazara çykýan kärhana aňryçäk baha ýa-da harydy bazarda ornaşdyrmak üçin baha kesýär.

Aňryçäk baha strategiýasy bilen iri oýlap tapyşlaryň ýa-da ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň (YBTKI-niň) netijeleriniň esasynda täze haryt döreden kärhanalaryň köpüsi täze harydy özleşdirmek we bazarda ornaşdyrmak üçin harajatlar (mahabat, harydy satyn alyja ýetirmegiň beýleki serişdeleri) bäsdeşler üçin aşa ýokary bolsa, täze haryt goýbermek üçin çig mal, materiallar we toplumlaýjy önümler çäklendirilen möçberde bolsa ýa-da täze harydy ýerleşdirmek aşa kyn bolsa (eger-de söwda dellallarynyň ammarlary doly bolanda, bazar şertleri gowşak we lomaý hem-de bölek satuw söwda kärhanalary haryt satyn almak üçin täze geleşikleri göwünli-göwünsiz baglaşan ýagdaýlarynda), ilki bilen, bazaryň dürli segmentlerinden aňryçäk bahany aýyrmak üçin iň ýokary baha kesýärler. Şonda kärhanalar täze bazar bäsdeşlik obýekti bolýança peýdany iň ýokary derejä ýetirmäge çalyşýarlar. Aňryçäk bahany aýyrmagyň usuly aşakdaky şertlerde artykmaçlyklardan peýdalanýar: 1) köp sanly satyn alyjylaryň isleginiň derejesi ýokary bolanda; 2) önümçilik harajatlarynyň kärhana peýda almaz ýaly derejede ýokary bolmadyk ýagdaýynda.

Bazara ornaşdyrmagyň strategiýasyndan peýdalanmak bilen, kärhana, tersine, satyn alyjylaryň köp sanlysyny çekmek we bazarda uly bölegi eýelemek maksatlary bilen täze haryda, degişlilikde, pes baha kesýär. Uly kärhananyň satyn alynmagy, haryda mümkin bolan iň pes baha kesilmegi, bazarda uly paýyň gazanylmagy, önümçilik harajatlarynyň kemeldilmegi we olaryň azaldylyşyna görä nyrhlaryň kem-kemden kemeldilmegi şeýle strategiýa mysal bolup biler. Maliýe nukdaýnazaryndan şu çemeleşmeden peýdalanýan kärhananyň ýagdaýy goýlan serişdä peýdanyň we girdejiniň artmagy, şeýle hem düşewüntliligiň esli peselmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýöne, kärhananyň ýolbaşçylary pes nyrhdan peýdalanmak bilen, munuň mümkin boljak ykdysady netijelerini iň ýokary derejede takyk kesgitlemeli. Emma islendik ýagdaýda töwekgelçilik aşa ýokary, sebäbi bäsdeşler pes nyrhlary çalt duýup, öz harytlarynyň nyrhyny esli ke-

meldip bilerler. Bazar seljerilende we satuwyň çaklaýşy düzülende, ortaçadan pes baha boýunça täze haryt bilen bazara çykan kärhana harydyň hili has ýokary bolan ýagdaýynda, bazarda ýokary hilli we has ýokary tehniki derejeli haryt üçin tölemäge taýýar bolan sarp edijiler köp bolan ýagdaýynda hem öz önüminiň bahasynyň esli peseldilmelidigine (30–50%) üns bermeli. Şonda gürrüňiň kärhananyň özi üçin täze satuw bazaryna çykmaklygy ýa-da täze önümi ýeterlik derejede belli bazara ornaşdyrmaklygy barada barýandygynyň ähmiýeti ýok. Islendik ýagdaýda kärhananyň syýasaty takmynan birmeňzeş bolmaly – esli pes bahalaryň hasabyna bazarda ornaşmak, satyn alyjyny öz kärhanasynyň markasyna öwrenişdirmek ýa-da oňa öz harydynyň artykmaçlygyny görkezmek we kärhana bazarda uly paýy üpjün etmek. Diňe haryt bazarda ykrar edilenden soň we satyn alyjylaryň arasynda onuň mahabaty başlanandan soň kärhana özüniň önümçilik maksatnamasyna we öz harytlarynyň nyrhynyň ýokarlandyrylmagyna gaýtadan seredilmegine girişip biler.

Pes nyrh kesilmegi aşakdaky şertlerde netije berýär:

- bazar nyrhlara örän duýgur, ýagny isleg nyrhdan çeýe;
- goýberilişiň möçberiniň artdyrylmagy bilen kärhananyň harajatlary kemelýär;
- pes nyrh bäsdeşleri özüne çekmeýär.

*Täze imitator-haryda nyrh kesmek.* Häzirki wagtda eýýäm bazarda bar bolan harytlara we hyzmatlara nyrh kesmek önümiň tehniki görkezijilerini yzygiderli kämilleşdirmezden we onuň hilini ýokarlandyrmazdan amala aşyrylyp bilinmez. Bu üýtgeşmeler satyn alyjylaryň aýratyn toparlarynyň islegini we makul bilmelerini göz öňünde tutup amala aşyrylmaly. Eýýäm bazarda bar bolan harydyň hil taýdan kämilleşdirilmegi anyk satyn alyjylaryň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylyp bilner. Şonda hiliň gowulandyrylmagy önümçilik harajatlarynyň artmagy, diýmek, harytlaryň nyrhynyň galmagy bilen bolup geçýär. Bäsdeşlikde üstünlik gazanmak üçin kärhananyň ýolbaşçylary şol bazar segmenti üçin adaty harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhynyň yzygiderli kemelmegini üpjün edýän strategiýany işläp taýýarlamaly.

Bazar şertlerinde kärhana şol bir wagtda iki wezipäni çözmeli: birinjiden, hili yzygiderli ýokarlandyrmaly we eýýäm bazarda

bar bolan harytlaryň sarp ediş alamatlaryny gowulandyrmaly, ikinjiden, olaryň nyrhyny üznüksiz peseltmeli. Munuň üçin önümçiligi dolandyrmak we guramak ulgamlaryna düýpli gaýtadan seredilmegi zerur. Ýöne marketing bolmazdan bu meseleleri çözmek mümkin däl. Anyk bazar segmenti üçin anyk harytlara nyrh emele gelşine umumy çemeleşmäniň dogry kesgitlenilmegi möhüm bolup durýar. Kärhananyň ýolbaşçysynyň nyrh emele gelşine nähili derejede dogry çemeleşmäni saýlap almagyna diňe bir onuň bazarda bäsdeşlige ukyplylygy däl-de, eýsem nyrhlar peselen mahalynda önümçiligiň düşewüntliligini üpjün etmäge ukyplylygy, diýmek kärhananyň uzak wagtlap maliýe durnuklylygy hem bagly bolup durýar. Täze imitator-harydy işläp taýýarlamak meýilnamalaşdyrylanda kärhana onuň ornuny kesgitlemek (pozisiýalaşdyrmak) meselesine duçar bolýar. Ol haryt-imitatoryň hil görkezijileri we nyrhy boýunça ornuny kesgitlemek barada dogry çözgüdi kabul etmelidir *(12-nji surat).*

Eger hereket edýän öňdebaryjy kärhana bazarda birinji orny eýeleýän bolsa, ýagny baýrak nyrh galdyrymy bilen haryt goýberýän bolsa we ony iň ýokary nyrhdan ýerleýän bolsa, täze kärhana, ahmal, beýleki strategiýalaryň birini ulanar. Ol ýokary hilli haryt öndürip we oňa ortaça nyrh kesip biler (ikinji orun), ýöne ortaça hilli haryt öndürip we oňa ortaça nyrh kesip hem biler (bäşinji orun) we

| | **Nyrh** | | |
|---|---|---|---|
| | Ýokary | Ortaça | Pes |
| Ýokary | 1. Baýrak nyrh galdyrymynyň strategiýasy | 2. Bazara çuňňur aralaşmagyň strategiýasy | 3. Ýokarlandyrylan nyrh boýunça ähmiýetiniň strategiýasy |
| Ortaça | 4. Ýokarlandyrylan nyrh strategiýasy | 5. Ortaça derejedäki nyrh strategiýasy | 6. Gowy hil strategiýasy |
| Pes | 7. Tozdurmagyň strategiýasy | 8. Pes hil we ortaça derejedäki nyrh strategiýasy | 9. Pes nyrh boýunça ähmiýetiniň strategiýasy |

**12-nji surat.** Harydyň mümkin bolan hil-nyrh ornuny kesgitlemegiň strategiýasy

ş.m. Täze kärhana tablisadaky dokuz ornuň her biri üçin bazaryň ösüş möçberini we depginini, şeýle-de bu orunlaryň her birinde bäsdeşleri öwrenmelidir.

**Haryt sanawynyň çäklerinde nyrh emele gelşi.** Eger haryt onuň sanawynyň bir bölegi hasaplanylýan bolsa, nyrh emele gelşine çemeleşme düýpgöter başgaça. Şeýle ýagdaýda kärhana iň ýokary derejede peýda alynmagyny, tutuş haryt sanawy boýunça üpjün edip biljek nyrhlaryň ulgamyny işläp taýýarlaýar. Nyrhlary kesgitlemek dürli harytlaryň isleg we harajatlar nukdaýnazaryndan bir-biri bilen özara baglanyşyklydygy we dürli derejedäki bäsdeşlik garşylyklaryna duçar bolýandygy sebäpli çylşyrymlaşýar. Dört sany şeýle ýagdaýa seredeliň.

*Haryt görnüşleriniň çäklerinde nyrh kesmek.* Kärhana adatça aýratyn haryt däl-de, harytlaryň tutuş görnüşini öndürýär. Şeýle ýagdaýda dürli harytlara basgançaklaýyn nyrh kesmek zerurlygy ýüze çykýar. Nyrh basgançagy kesgitlenilende dürli harytlara harajatlardaky, sarp edijiler tarapyndan olara berilýän bahalardaky tapawutlary, şeýle hem bäsdeşleriň bahalaryny göz öňünde tutmaly. Satyjynyň wezipesi önümleriň nyrhlardaky tapawutlary esaslandyrýan satyn alyjy tarapyndan duýulýan hil tapawutlaryny kesgitlemekden ybarat.

*Goşmaça harytlara nyrh kesmek.* Kärhanalaryň köpüsi esasy haryt bilen bilelikde birnäçe goşmaça we kömekçi önümleri teklip edýärler. Bu ýerde kynçylyk standart toplum hökmünde nyrha nämäni goşmalydygyndan, nämäni bolsa goşmaça önüm hökmünde teklip etmelidiginden ybarat. Eger haryt köp sanly goşmaça önümler bilen toplumlaşdyrylsa, onda nyrhlar satyn alyjylar ol harydy almakdan boýun gaçyrar ýaly möçbere çenli galar. Harytlar goşmaça önümler bolmazdan aýratyn satylsa, onda sarp edijiler olary gyzyklandyrýan goşmaça önümler üçin goşmaça tölemek zerurlygy sebäpli, satyn almakdan boýun gaçyryp bilerler.

*Hökmany degişli zatlara nyrh kesmek.* Birnäçe senagat pudaklarynda goýberilýän harytlar esasy haryt bilen bile ulanylýan hökmany degişli zatlar öndürilýär. Esasy harytlary öndürijiler köplenç olara degişlilikde pes, hökmany degişli zatlara bolsa ýokary nyrh kesýärler. Netijede olara bu zatlary satmagyň hasabyna ýokary peý-

da almak başardýar. Hökmany degişli zatlary teklip etmeýän beýleki önüm öndürijiler bolsa şol möçberde jemi girdeji almak üçin esasy haryda has ýokary nyrh kesmeli bolýarlar.

*Önümçilikde ikinji derejeli önüme nyrh kesmek.* Käbir pudaklar we önümçilikler (meselem, metallurgiýa önümçiligi) köplenç ikinji derejeli önümleriň alynmagy bilen baglanyşykly. Eger-de ikinji derejeli önümler öz gymmaty boýunça ähmiýetli däl bolsa we olardan dynmak arzan düşmeýän bolsa, esasy önümiň nyrhynyň derejesi peselýär. Düzgün bolşy ýaly, önüm öndüriji bu ikinji derejeli önümleri ýerleşdirmäge, köplenç bolsa eger olary saklamak we eltmek boýunça çykdajylary ödeýän bolsa, islendik nyrhdan satmaga çalyşýar. Bu oňa esasy harydyň nyrhyny kemeltmäge we ony bäsdeşlige has ukyply etmäge mümkinçilik berýär.

*Geografiki ýörelge boýunça nyrh kesmek.* Nyrh emele gelşiniň geografiki ýörelgesi kärhana tarapyndan ýurduň dürli ýerlerinde sarp edijiler üçin dürli nyrhlary bellemekden ybarat. Kärhana daşda ýerleşýän müşderi üçin harytlary ugratmak golaýda ýerleşýän müşderä iberenden gymmat düşýär. Harydy eltmek boýunça has ýokary çykdajylaryň öwezini dolmak üçin satyn alyjylary ýitirmek bilen bagly töwekgelçilik edip, daşda ýerleşýän müşderilerden has ýokary bahadan pul almagyň manysy barmy? Daşda ýerleşýändigine garamazdan, ähli satyn alyjylara birmeňzeş nyrh kesilmegi gowy bolmazmy? Geografiki ýörelge boýunça nyrhlary kesgitlemegiň bäş görnüşi bolýar:

a) harydyň öndürilýän ýerinde nyrh kesmek;
b) harytlary eltmek boýunça çykdajylary goşmak bilen ýeke-täk nyrh kesmek;
ç) zolaklaýyn nyrh kesmek;
d) binýatlaýyn nokat babatda nyrh kesmek;
e) eltmek boýunça harajatlary kärhananyň tölemegi bilen nyrh kesmek.

Ýokarda sanalanlardan iň soňky usul haçan-da kärhana anyk satyn alyjy bilen ýa-da belli bir geografiki etrap bilen işjeň gatnaşyklary saklamaga gyzyklanma bildirse peýdalanylýar. Şol sebäpli sargytlaryň gelmegini üpjün etmek üçin kärhana harytlary eltmek boýunça hakyky

çykdajylary bölekleýin ýa-da dolulygyna töleýär. Täze satuw bazarlaryna aralaşmak we bazarlarda ýitileşýän bäsdeşlik ýagdaýynda öz ornuny saklamak üçin hem şu nyrhdan peýdalanylýar.

**Arzanlatma we hasaplama bilen nyrh kesmek.** Belli bir hereketler üçin satyn alyjylary sylaglamak hökmünde kärhanalaryň köpüsi öz harytlarynyň başlangyç bahalaryny üýtgedýärler. Arzanlatmanyň satyn alyjylary höweslendirmek üçin ulanylýan birnäçe görnüşi bar.

*Nagt töleg üçin arzanlatma* nagt pul bilen töleýän satyn alyjylara berilýär. Şeýle arzanlatmalar satyjynyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga, üzülmejek bergileriň töledilmegi bilen baglylykda çykdajylary kemeltmäge kömek edýär.

*Satyn alynýan harydyň möçberi üçin arzanlatma* harydyň uly toplumyny satyn alýan sarp edijiler üçin nyrhyň peseldilmegi. Bu arzanlatma ähli satyn alyjylara teklip edilýär we harytlaryň uly toparynyň ýerlenilmegi bilen baglylykda satyn alyjynyň harajatlarynyň tygşytlanylýan möçberinden ýokary bolmaýar. Tygşytlamak ätiýaçlyklaryň satuwy, olary saklamak we harytlary ugratmak boýunça harajatlary kemeltmegiň hasabyna emele gelýär. Bu arzanlatmalar sarp edijini bir satyjydan haryt satyn almaklyga höweslendirýär.

*Funksional arzanlatma* kärhana tarapyndan harydy ýerlemek, ony saklamak we ş.m boýunça belli bir wezipeleri ýerine ýetirýän gulluklara edilýär. Kärhana dürli söwda ýollaryna dürli söwda arzanlatmasyny teklip edip biler, sebäbi olar dürli häsiýetli hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Ýöne ol her bir aýratyn söwda ýolunyň düzümine girýän ähli gulluklara bitewi arzanlatma etmäge borçludyr.

*Möwsümleýin arzanlatma* möwsümleýin bolmadyk harytlary ýa-da hyzmatlary satyn almaklygy amala aşyrýan satyn alyjylar üçin nyrhlaryň arzanladylmagydyr. Olar kärhana tutuş ýylyň dowamynda önümçiligiň durnukly derejesini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

*Hasaplama* – bu nyrhyň peseldilmeginiň aýratyn görnüşleri. Meselem, haryt alyş-çalşynyň hasaplamasyna – köne haryt tabşyrylanda täze harydyň nyrhynyň arzanladylmagy ýa-da mahabata gatnaşanlygy we harytlaryň ýerlenilmegine ýardam edendigi üçin dellallara sylag hökmünde nyrhlaryň arzanladylmagy.

**Ýerlemegi höweslendirmek üçin nyrh kesmek.** Belli bir şertlerde kärhanalarda öz harytlaryna bazardakydan pes, käwagt bolsa harajatlardan hem pes nyrh kesýärler. Şeýle nyrhlaryň dürli görnüşleri bar.

1. Kärhanalar käbir harytlara «zyýan çekýän liderlere» – adaty nyrh boýunça başga harytlary hem satyn alar diýen umyt bilen satyn alyjylary çeker ýaly nyrh kesýär.
2. Wagtyň belli bir döwründe müşderileriň köp sanlysyny çekmek üçin satyjylar gyşky arzanladyş ýaly ýagdaýlar üçin nyrhdan peýdalanýarlar.
3. Wagtyň belli bir döwründe araçylardan haryt satyn alýan sarp edijilere edilýän arzanlatma. Bu preýskurant nyrhlary peseltmezden satuw kynlaşan döwründe haryt gorlaryny azaltmagyň çeýe serişdesi.
4. Satyn alyjylaryň köp sanlysyny çekmek üçin nyrhlaryň arzanladylmagy.

**Diskriminasion nyrh kesme.** Kärhanalar köplenç sarp edijilerde, harytlarda, ýerlerde tapawutlary göz öňünde tutmak bilen, öz harytlarynyň nyrhlaryna düzediş girizýärler. Diskriminasion nyrhlardan peýdalanmak bilen, kärhana harajatlardaky tapawutlary göz öňünde tutmazdan, harytlary ýa-da hyzmatlary dürli nyrhlardan ýerleýär. Diskriminasion nyrhlardan peýdalanmak birnäçe görnüşde amala aşyrylyp bilner:

1. Dürli satyn alyjylar şol bir harydy ýa-da hyzmaty dürli bahalardan satyn alyp bilýärler: mysal – talyplaryň, pensionerleriň muzeýe barmagy üçin nyrhyň arzanladylmagy.
2. Harytlaryň dürli görnüşleri dürli nyrhlar boýunça ýerlenilýär, ýöne olaryň goýberilişi üçin harajatlardaky tapawutlar göz öňünde tutulmaýar.
3. Harytlary öndürmek boýunça harajatlar ýerlerde birmeňzeş bolsa-da, olar dürli ýerlerde dürli nyrhlardan satylýar.
4. Nyrhlar möwsüme, hepdäniň gününe ýa-da gije-gündiziň dowamynda wagta baglylykda üýtgeýär.
5. Iň gowy hyzmat edilişi göz öňünde tutulyp nyrh kesilýär.

Nyrh diskriminasiýasy netijeli bolar ýaly, belli bir şertleriň bolmagy zerur:

1. Bazar segmentleşdirilmeli, segmentler bolsa islegiň güýçlüligi bilen bir-birinden tapawutlanmaly.
2. Harytlar pes nyrhdan satylýan segmentiň agzalarynyň harydy kärhana tarapyndan ýokary bahadan satylýan segmentde alyp-satmaga mümkinçiligi bolmaly däl.
3. Bäsdeşleriň kärhananyň harydy ýokary bahadan satýan segmentinde ýerleşdirmek mümkinçiligi bolmaly däl.
4. Bazary segmentleşdirmek we olara gözegçilik etmek bilen baglanyşykly harajatlar nyrh diskriminasiýasyndan emele gelen goşmaça serişdeleriň möçberinden ýokary bolmaly däl.
5. Diskriminasion nyrhlardan peýdalanylmagy sarp edijilerde nägilelik döretmeli däl.
6. Nyrh diskriminasiýasynyň anyk görnüşi kanun jähetden kanuna garşy bolmaly däl we sarp edijileriň bähbitlerini goramaly.

**Kärhanalaryň başlangyçlary bilen nyrhlaryň üýtgemegi.** Nyrhlaryň hususy ulgamyny we nyrh emele gelşiniň strategiýasyny işläp taýýarlan kärhananyň wagtal-wagtal harajatlardaky, bäsdeşlikdäki we islegdäki üýtgeşmeleri göz öňünde tutmak bilen, öz harytlarynyň bahasyny galdyrmak ýa-da peseltmek zerurlygy ýüze çykýar:

*1. Nyrhlaryň kärhananyň başlangyçlary bilen peseldilmegi.* Nyrhlaryň peseldilmegine kärhanany birnäçe ýagdaý itekläp biler. Olaryň biri – önümçilik kuwwatlyklarynyň doly peýdalanylmazlygydyr. Şeýle ýagdaýda kärhana öz dolanyşygyny artdyrmak zerur, söwda tagallalaryny intensifikasiýalaşdyrmagyň, harytlary we beýleki çäreleri kämilleşdirmegiň hasabyna gazanmak üçin onuň mümkinçiligi ýok. Beýleki bir ýagdaý – ýitileşen nyrh bäsdeşliginiň netijesinde bazaryň paýynyň kemelmegidir. Kärhana pes nyrhlaryň kömegi bilen bazarda artykmaçlykly ýagdaýy eýelemeklige çalyşýan wagtynda hem nyrhlaryň peseldilmegini öňe sürüji bolup durýar. Şol maksat bilen ol bäsdeşleriňkä garanda bazara pes nyrhlar bilen çykýar ýa-da bazaryň önümçiligiň möçberini artdyrmak arkaly onuň harajatlaryny

peseltmäge mümkinçilik berjek bölegini almaga çalyşmak bilen, birinji bolup nyrhy peseldýär. Şeýle ýagdaýda kärhana üýtgäp durýan ýa-da pese gaçýan nyrhy ulanýar. Bazaryň harytdan doldurylmagy bilen harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhy ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Satuw çaklaýşy işlenip taýýarlanylanda kärhana tutuş pudak boýunça önümçiligiň möçberiniň ösüş depgininiň seljermesini geçirmeli, ony bazaryň sygymlylygynyň dinamikasy, ilki bilen, mümkin bolup biljek (potensial) sarp edijileriň girdejileriniň ösüş depgini boýunça deňeşdirmeli, soňra harydyň durnukly satuwyny üpjün etmek üçin geljekki döwürde nyrhlaryň nähili möçberde kemeldilmelidigini kesgitlemeli. Şeýle çemeleşme adatça köpçülikleýin islegden peýdalanýan harytlar babatda olar satyn alyjylaryň uly topary üçin niýetlenilende ulanylýar. Bu ýerde bazar bäsdeşligi sarp ediş isleginiň nyrhlaryň üýtgemegine ýokary çeýeligi bilen häsiýetlenýär, şol sebäpli kärhananyň nyrhlary peseltmegi – öz harytlaryna sarp edijileriň ünsüni çekmegiň has dogry usulydyr.

Öz başlangyçlary bilen nyrhlary peseltmek syýasaty kärhanadan önümçilik harajatlaryny kemeltmek we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, önümçiligiň kämil guralmagy, şeýle hem goýberilýän önümiň möçberini artdyrmak arkaly harytlary ýerlemek boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanylmagyny talap edýär. Şonda kärhananyň harytlarynyň nyrhy we goýberilişiň möçberi (önümleriň goýberilýän toparynyň möçberi, tapgyry) öz arasynda berk baglanyşykly. Goýberilýän harytlaryň möçberi näçe köp bolsa, önümçilik kuwwatlyklary şonça doly peýdalanylýar, kärhananyň önümçilik harajatlaryny, ahyrky netijede nyrhlary peseltmäge mümkinçiligi şonça artýar. Harytlaryň goýberilişiniň tapgyry uly bolanda has pes nyrhdan satylyp bilner, ýöne bu olaryň şeýle nyrhdan satylmalydygyny aňlatmaýar.

Şeýle şertleri döretmek üçin kärhana täze bäsdeşleriň bu satuw bazaryna aralaşmaklaryny has kynlaşdyrmaly. Şol sebäpli diňe bir harajatlary kemeltmek, harytlaryň hilini ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem işjeň innowasion işleriň geçirilmegi zerur. Bu faktorlaryň ählisi ýeke-täk (autsaýder) kärhana üçin bazary özleşdirmek boýunça harajatlary aşa ýokarlandyrýar.

*2. Nyrhlaryň kärhananyň başlangyçlary bilen ýokarlandyrylmagy.* Soňky ýyllarda kärhanalaryň köpüsi nyrhlaryň ýokarlanmagynyň satyn alyjylarda, distribýuterlerde we öz söwda işgärlerinde nägilelik döredýändigine düşünip, oňa garamazdan, öz nyrhlaryny ýokarlandyrmaga mejbur bolýarlar. Harajatlaryň artmagy bilen ýüze çykýan durnukly hümmetsizlenme nyrhlary ýokarlandyrmak zerurlylygyna getirýän esasy sebäpleriň biri bolup durýar. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna laýyk gelmeýän harajatlaryň artmagy peýdanyň möçberiniň peselmegine getirýär we kärhanany nyrhlary yzygiderli ýokarlandyrmaga mejbur edýär. Köplenç nyrhlaryň ýokarlanmagy boljak hümmetsizlenmäni ýa-da nyrhlara döwlet gözegçiliginiň girizilmegini göz öňünde tutmak bilen, harajatlaryň köpelmeginden ýokary bolýar. Kärhananyň harajatlaryň artmagy netijesinde bolýan hümmetsizlenmäniň peýdanyň möçberiniň peselmegine getirjekdigini göz öňünde tutmak bilen, müşderilere uzak wagtlap karzyna bermäge nyrhlar babatda howatyrlanylýar. Hümmetsizlenmäniň täsirinden gaça durmaga çalyşmak bilen kärhanalar birnäçe usul arkaly nyrhlary ýokarlandyryp bilerler.

Islegiň aşa köp bolmagy nyrhlaryň ýokarlanmagyny şertlendirýän beýleki bir sebäp bolup durýar. Haçan-da kärhananyň islegi doly kanagatlandyrmaga ýagdaýy bolmasa, ol öz nyrhyny ýokarlandyryp biler, harydyň kadalaşdyrylyp paýlanylmagyny girizip biler ýa-da hem ondan, hem beýlekiden bir wagtda peýdalanyp biler. Nyrhlary arzanlatmany ýatyryp we harytlaryň has gymmat görnüşlerini goşmak bilen bildirmän hem ýokarlandyryp bolýar, ýöne muny açyk hem edip bolýar.

**Sarp edijileriň nyrhlaryň üýtgemegine garaýşy.** Nyrhlaryň galdyrylmagy ýa-da peseldilmegi, elbetde, müşderilere, bäsdeşlere, distribýuterlere we üpjün edijilere täsir eder, şeýle hem döwlet edaralarynda gyzyklanma döredip biler.

Sarp edijiler nyrhlaryň üýtgemegine hemişe birmeňzeş düşünmeýärler. Nyrhlaryň peselmegine olar aşakdaky ýaly düşünip bilerler:

- harydyň modeli köneldi;
- harydyň belli bir kemçiligi bar;
- kärhana maliýe kynçylygyny çekýär;

- golaý wagtda nyrh ýene-de peseler, şol sebäpli satyn almaga garaşmaly;
- harydyň hili peseldi.

Munuň tersine, nyrhlaryň ýokarlanmagy satyn alyjylar tarapyndan oňyn hadysa ýaly hem garşylanyp bilner:

- haryt islegden peýdalanyp başlady we ol gytalmanka çalt satyn almaly;
- harydyň aýratyn gymmatlyk ähmiýeti bar;
- satyjy mundan peýdalanmak bilen, bazaryň göterip biljek nyrhyny almaga çalşar.

**Kärhanalar tarapyndan nyrhlaryň üýtgedilmegine bäsdeşleriň garaýşy.** Nyrhy üýtgetmegi göz öňünde tutýan kärhana muňa diňe bir sarp edijileriň däl-de, bäsdeşleriň hem nähili garajakdygyna üns bermeli. Adatça bäsdeşler satyjylaryň sany köp däl bolanda, olaryň harytlary ujypsyz tapawutlananda, satyn alyjylar bolsa habardarlygy gowy bolanda nyrhlaryň üýtgemegini duýýarlar. Şeýle ýagdaý bazarda oligopolistik bäsdeşlikde emele gelýär.

Kärhana bäsdeşleriň has ähtimal garaýşyny çaklamaly. Eger kärhananyň nyrhlaryň üýtgemegini hemişe şol bir usul bilen duýýan diňe bir bäsdeşi bar bolsa, onda onuň garşylyklaýyn jogabyny öňünden bilmek bolýar. Ýöne bäsdeşiň nyrhlaryň üýtgemegini özüne garşylyk hökmünde kabul etmekligi we özüniň şu pursatdaky bähbitlerinden ugur alyp garamagy hem mümkin bolup biler. Bäsdeşden nämä garaşmalydygyny bilmek üçin kärhana onuň gyzyklanmalaryny anyklamaly. Olara satuw möçberiniň artdyrylmagy ýa-da islegiň höweslendirilmegi degişli bolup biler. Eger kärhananyň birnäçe bäsdeşi bar bolsa, olaryň her biriniň has ähtimal özüni alyp barşyny çaklamaly. Ähli bäsdeşler özlerini birmeňzeş ýa-da dürlüçe alyp baryp bilerler, sebäbi olar maliýe ýagdaýy, bazarda eýeleýän orny ýa-da beýleki görkezijileri boýunça bir-birinden örän tapawutlanyp bilerler. Egerde bäsdeşleriň birnäçesi nyrhlaryň üýtgemegine birmeňzeş garasalar, beýleki bäsdeşleriň hem şeýle etjekdiklerini tassyklamak bolar.

**Bäsdeşler tarapyndan nyrhlaryň üýtgedilmegine kärhananyň garaýşy.** Bäsdeşler tarapyndan nyrhlaryň üýtgemegi bilen baglylykda özüňi nähli alyp barmalydygyny kesgitlemek üçin kärhana aşakdakylary anyklamaly:

1. Bäsdeş haýsy maksat bilen nyrhlary üýtgedipdir – bazarda üstün çykmak üçin, önümçilik kuwwatlyklaryny doly işletmek üçin, nyrhlary üýtgän harajatlaryň öwezini dolmak üçin ýada tutuş pudakda nyrhlary üýtgetmek üçin.
2. Bäsdeş wagtyň haýsy döwründe nyrhlary üýtgedýär.
3. Eger garşylyklaýyn çäre görmese, kärhananyň bazardaky paýyna we onuň girdejilerine näme bolar, beýleki kärhanalar nähili çäre görmekçi bolýarlar.
4. Bäsdeşler we beýleki kärhanalar olaryň garşylyklaýyn jogaplaryna nähili gararlar.

Bu sanalyp geçilen soraglara jogap agtarmakdan başga-da, kärhana has jikme-jik seljermäni geçirmeli. Ol öz harydynyň ýaşaýyş tapgyry bilen, öz haryt sanawynda bu harydyň ähmiýeti bilen baglanyşykly ähli zatlary öwrenmeli, bäsdeşiň meýillerini we onuň ygtyýaryndaky serişdelerini, teklip edilen nyrhy, islegiň harydyň nyrhynyň üýtgemegine duýgurlygyny, goýberilişiň möçberine baglylykda harajatlaryň üýtgemegini we kärhananyň beýleki mümkinçiliklerini bilmeli.

Kärhananlar öz hereketleriniň görnüşlerini hemişe nyhlaryň üýtgedilen pursatynda seljerip bilmeýärler. Bäsdeşiň bu ädime uzak wagtlap taýýarlanan bolmagy ähtimal, ony çalt we takyk duýmaly. Garşylyklaýyn ädimi pikirlenmegiň möhletini gysgaltmagyň ýeketäk usuly – bu bäsdeşiň nyrh babatda mümkin bolan hereketlerini öňünden göz öňünde tutmak we özüňi alyp barmagyň hususy ugruny bellemekdir.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Kärhananyň nyrh syýasatynyň strategiki jähetleri haýsylar?
2. Kärhananyň nyrh syýasatynyň taktiki jähetleriniň mazmuny nämeden ybarat?
3. Kärhananyň nyrh syýasatynyň haýsy görnüşlerini aýdyp bilersiňiz?
4. Nyrhy kesgitlemegiň üç sany esasy usuly barada aýdyp beriň.
5. Haryt sanawynyň çäklerinde nyrh emele gelşine häsiýetnama beriň.
6. Geografiki ýörelge boýunça nyrhlary kesgitlemek nähili aňladylýar?
7. Arzan nyrh we hasaplamalar nähili bellenilýär?

8. Diskriminasion nyrh kesmegiň ykdysady manysy nämeden ybarat?
9. Nyrhyň başlangyçlar bilen üýtgedilmeginiň manysy barada aýdyp beriň.

# 6-njy BAP
# HARAJATLAR WE NYRHLARYŇ EMELE GELMEGINDE OLARYŇ ORNY

## 6.1. Nyrh emele geliş maksatlary üçin harajatlaryň görnüşleri

Önüm öndürmek we ýerlemek üçin harajatlar önümçiligiň hemme ýagdaýlarynyň (esasy serişdeleriň, çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň, zähmet resurslarynyň) pul görnüşinde görkezilen çykdajylaryny aňladýar. Bu teklibiň nyrhyny kesgitlemek, şeýle hem netijeli telekeçilik syýasatyny işläp taýýarlamak üçin önümçiligiň içindäki möhüm görkezijidir.

Telekeçi girdeji almak maksady bilen önüm öndürýär, üstesine-de, ol girdeji bilen çykdajynyň arasyndaky gatnaşygy ýokarlandyrmaga synanyşýar. Emma, bazarda nyrhlary kesgitlemekde anyk satyjynyň mümkinçilikleri bazar ulgamynyň görnüşi bilen çäklendirilen, ondan başga-da, nyrhyň derejesi birnäçe ýagdaýlaryň täsir etmegi bilen düzülýär. Şol sebäpli, harajatlaryň azaldylmagy islendik önüm öndürijiniň girdejini ýokarlandyrmakda esasy, käwagt bolsa, ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Diýmek, harajatlaryň bazar seljermesiniň esasy maksady harajatlar bilen girdejileriň arasyndaky iň gowy baglanyşygy ýüze çykarmakdan ybarat, bu kärhananyň abat galmagynyň we doly üpjünçiliginiň esasy şerti bolup durýar.

Kärhanada nyrh emele geliş tejribesinde bazar şertlerinde buhgalterçilik we telekeçilik (ykdysady) harajatlaryny tapawutlandyrmak kabul edilýär.

Önümiň öndürilişine we ýerlenişine buhgalterçilik harajatlary önümiň özüne düşýän gymmatyna degişlidir. Çykdajylaryň düzümine şu aşakdaky elementler girýär: maddy harajatlar, zähmet tölegine

harajatlar, durmuş zerurlyklaryna goýberilen pullar, esasy gaznalaryň ulanylmagy we beýleki harajatlar.

Şeýle hem bolsa, kärhana bazarda öz işini amala aşyrmak üçin nyrhy kesgitlemekde beýleki teklipleri, ýagny, ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçilik bilen baglanyşykly, möçberi boýunça uly çykdajylary hasaba almaly. Bu harajatlar telekeçileriňki diýlip atlandyrylýar we düýp manysy boýunça olar teklibiň nyrhyny kesgitleýärler.

**Telekeçilik harajatlary** aşakdakylary özünde jemleýär:

- buhgalterçilik harajatlary;
- kadaly telekeçilik peýdasy esasy gaznalara maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň we girdejiniň hasabyna tölenýän dolanyşyk serişdeleriniň artyşynyň, ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin, durmuş zerurlyklaryna paýnamalar boýunça diwidend tölegleriň we salgytlardan aýrylmalara dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi bolup hyzmat etmelidir;
- goşulan baha üçin salgydy, eger ol kärhananyň nyrhyndan ýokary hasaplanyp çykarylýan bolsa we paýnamalar, eger kärhananyň harydy paýnamadan pes bolsa;
- kärhananyň eksport harytlaryna gümrük paçlary, eger ol daşary ykdysady işleri amala aşyrýan bolsa;
- alternatiw (hasaplanan) harajatlar – bu kärhananyň resurslaryny gowy ulanmakda elden giderilen mümkinçilikler bilen baglanyşykly pul ýitgileri.

Hakykatdan-da, ykdysady çözgütleri kabul etmegiň özeni hojalygy ýöredýän subýektiň serişdeleriň çäkli bolmagyna gabat gelip, şol serişdelerden peýdalanmagyň alternatiw usullarynyň haýsy-da bolsa birini saýlap almaly bolýan ýagdaýyna esaslanýar. Başgaça aýdylanda, önüm öndüriji haýsy-da bolsa bir serişdeleriň alternatiw görnüşde ulanylyp bilinjekdigini göz öňünde tutmalydyr we, şoňa görä-de, şol alternatiwalardan gazanyp boljak peýdaly netijeleri deňeşdirip görmelidir. Bu önümçilik resurslaryny ulanmak barada çözgüt kabul edip, telekeçi beýleki harytlary we hyzmatlary öndürmekden, ýagny alternatiw mümkinçiliklerden peýdalanmakdan ýüz öwürýär.

Şeýlelikde, ykdysadyýetde hemme harajatlar alternatiw harytlary öndürmek mümkinçiliginden ýüz öwürmek bilen baglanyşykly, başgaça aýdylanda, hemme harajatlar alternatiw bolýarlar, şonuň üçin hem işewürlikde çözgütleri kabul etmekde olar hökman hasaba alynmaly.

Kärhananyň nukdaýnazaryndan alternatiw harajatlara seretmek bilen, olaryň açyk (daşky) ýa-da açyk däl (içki) häsiýetleriniň bardygyny aýtmak bolar.

**Açyk** – bu alan resurslary (işçileriň aýlyk iş haky, çig malyň, ýangyjyň, energiýanyň, ulag hyzmatlarynyň we ş.m. tölegi) üçin kärhananyň göni pul tölegleriniň görnüşini kabul edýän hasaplama harajatlar. Günbatar tejribesinde bu çykdajylar daşarky harajatlar diýlip atlandyrylýar.

**Açyk däl** – ýuridiki şahslar ýaly kärhananyň öz eýelerine degişli bolan resurslary peýdalanmak boýunça hasaplama harajatlary. Bu harajatlar şertnamada göz öňünde tutulmadyk, hökmany töleg diýlip hasaplanylmaýar we doly alynmadyk bolmagynda galýar. Olara kärhananyň eýesi, eger ol beýleki hakyna işleýän işgärler bilen bir hatarda işleýän bolsa (beýleki kärhanada işläp, gazanyp hem biler), onuň hakyna kärhana degişli bolan jaýyň ulanylyşynyň gymmaty (kärhana öz jaýyny kärendä bermekden we degişli tölegi almakdan ýüz öwren ýagdaýynda) degişlidir. Açyk däl harajatlar ýapyk häsiýete eýedir, ýöne ykdysady çözgütler kabul edilende, olary elmydama hasaba almak gerek.

Açyk däl harajatlar köplenç görnüp durmaýan häsiýete eýe bolýar, ýöne ykdysady çözgütler kabul edilende, bu harajatlary hökman göz öňünde tutmak gerek. Yzyna gaýtarylmaýan harajatlar bilen bagly ýagdaý düýpgöter başgaça bolýar, adatça, bularyň şeýledigi görnüp dursa-da, munuň özi dolandyryşa degişli çözgütler kabul edilende elmydama inkär edilýär.

Yzyna gaýtarylyp berilmeýän harajatlar (başgaça olary ýitirilen gymmatlyk diýlip atlandyrylýar) – bu öň edilen harajatlar bolup, olary häzirki we geljekki hiç hili hereketler bilen üýtgedip bolmaýar. Hut özüniň öwezini dolup bolunmaýandygy sebäpli, olar kärhananyň çözgütlerine täsir etmeli däldir.

Mysal üçin, çykdajylaryň bu toparlaryna kärhananyň buýurmasy boýunça düzülen, ýöriteleşdirilen maşyn enjamlarynyň satyn alynmagy degişli bolýar, ony bolsa diňe täze önüm öndürmek üçin ulanmak bolýar. Ony başga işlerde ulanmak üçin täzeden gurup bolmaýar, ony demir bölekleriniň gymmaty boýunça ýerlemek hem bolmaýar. Diýmek, şular ýaly enjamlara maýanyň harçlanyşy yzyna gaýtarylmaýan harajatlar bolup durýar, alternatiw ulanmak üçin çalşyrylan harajatlar bolsa nola deň bolýar. Yzyna gaýtarylmaýan harajatlara ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar, marketing ylmy-barlaglar we beýlekiler hem degişlidir.

Ykdysady çözgütler kabul edilende telekeçä yzyna gaýtarylmaýan harajatlara derek öňüni alma harajatlary hasaba almak gerek, ýagny entek iş ýüzüne geçirilmedik çykdajylar, olar ýeňil we ýitgisiz yzyna gaýtarylyp bilner. Mysal üçin, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde täze harydy mahabatlandyrmak maýanyň yzyna gaýtarylýan görnüşde harçlanmagydyr.

Buhgalterçilik harajatlar görünmeýän harajatlary hasaba almaýarlar, diňe alnan resurslar üçin hasaplaşyk görnüşinde görkezilen görünýän harajatlary goşýarlar *(4-nji tablisa)*.

*4-nji tablisa*

**Kärhananyň telekeçilik we buhgalterçilik harajatlary**

| Ady | Buhgalterçilik harajatlary, man. | Telekeçilik harajatlary, man. |
|---|---|---|
| Iş haky | 50 000 | 50 000 |
| Göterimleriň tölegi | 10 000 | 10 000 |
| Amortizasiýa | 20 000 | 20 000 |
| Çig mal, materiallar | 20 000 | 20 000 |
| Telekeçiniň aç-açan däl gazanjy | – | 20 000 |
| Aç-açan däl ýer rentasy | – | 4 000 |
| Hususy serişdä aç-açan däl göterim | – | 2 000 |
| **Jemi** | **100 000** | **126 000** |

Tablisadaky maglumatlaryň seljermesinden, telekeçilik harajatlarynyň buhgalterçilik harajatlaryndan 1,26 esse ýokarydygy barada netijä gelmek bolýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde telekeçileriň öňünde önüm öndürilişine harajatlary takyk hasaplamak, şeýle hem satuw möçberiniň islendik ösüş depgininde olaryň üýtgemegini öňünden görmek wezipesi durýar. Hakykatdan hem, haryt goýberlişiniň dürli möçberleri düzümi we möçberi boýunça dürli harajatlary talap edýär. Şeýle ýagdaýda harajatlaryň toparyna aýratyn düzüm bölekleri tutuşlygyna alnandaky ýaly kanunlara boýun egýän monolit hökmünde seretmek bolmaýar. Harajatlaryň hemişelik we üýtgeýän harajatlara bölünmegi hökmany bolup durýar. By bazar ykdysadyýetinde ulanylýan harajatlaryň klassifikasiýasynyň möhüm görnüşleriniň biridir.

**Hemişelik harajatlar** (*FC* – iňlis dilinde fixed costs) gysga möhletli döwürde önüm goýberlişiniň möçberine bagly bolmaýar. Olar önümçiligiň hemişelik faktorlarynyň harajatlaryndan ybarat we önümçiligiň möçberiniň üýtgeýän mahalynda üýtgewsiz galýar. Eger möçber 20% kemelse ýa-da artsa, hemişelik umumy harajatlar üýtgemän galýar.




**13-nji surat.** Hemişelik harajatlaryň we önümçiligiň möçberiniň umumy jeminiň gatnaşygy

Hemişelik harajatlar özüniň ykdysady tebigaty boýunça anyk bir iş üçin şertleriň döredilmegine harajatlar bolup durýar. Bu çykdajylar – binalary, jaýlary saklamak üçin çykdajylar, ätiýaçlandyrma, amortizasiýa tutumlary. Hemişelik harajatlaryň tertibi *13-nji suratda* berilýär.

$$\text{Hemişelik ortaça harajatlar (Average fixed costs)} = AFC = \frac{FC}{\text{Önümçiligiň möçberi } (Q)} \qquad (1)$$

Hemişelik ortaça harajatlaryň önümçiligiň möçberiniň üýtgemegine baglydygy *14-nji suratda* berilýär.

Çyzgyda görnüşi ýaly, önümçiligiň möçberiniň üýtgemegi bilen hemişelik harajatlaryň umumy jemi üýtgemeýär. Önümçiligiň möçberi 1-den 5-birlige çenli (5 esse), 1-den 10 birlige çenli (10 esse) näçe artsa-da, hemişelik harajatlaryň möçberi üýtgemän galýar we 50 pul birligine deň.

*5-nji tablisa*

**FC we AFC hemişelik harajatlaryň önümçiligiň möçberine baglylygy**

| Önümçiligiň möçberi *Q*, birligi | Hemişelik harajatlar *FC*, pul birligi | Hemişelik harajatlar *AFC*, pul birligi |
|---|---|---|
| 1 | 50 | 50 |
| 2 | 50 | 25 |
| 3 | 50 | 16,7 |
| 4 | 50 | 12,7 |
| 5 | 50 | 10 |
| 6 | 50 | 8.3 |
| 7 | 50 | 7,1 |
| 8 | 50 | 6.3 |
| 9 | 50 | 5,6 |
| 10 | 50 | 5 |
| 11 | 50 | 4,5 |




**14-nji surat.** Hemişelik ortaça harajatlaryň üýtgemeginiň häsiýeti

Eger önümçiligiň möçberi 1 birlige deň diýlip hasaplanylsa, hemişelik harajatlar 50 pul birligine (50:1), önümçilik 10 birlige çenli artdyrylanda, önümiň birligine hemişelik harajatlar 5 pul birligine çenli (50:10) peselýär *(5-nji tablisa).*

Hemişelik ortaça harajatlar önümçiligiň möçberiniň artmagy bilen durnukly kemelýär. Ýöne hemişelik ortaça harajatlaryň möçberi 1-den 2 birlige çenli üýtgände 8-den 10 birlige çenli gerimde şol birlige üýtgändäkiden has çalt peselýändigini bellemek gerek.

**Üýtgeýän harajatlar** (*VC* – iňlis dilinde variable costs) önüm goýberilişiniň möçberi bilen bilelikde üýtgeýär we adatça şol möçber bilen kesgitlenilýär *(15-nji surat).* Mysal üçin, turba öndürýän zawodda turba öndürilişiniň möçberi 5% artsa, onda zawod tarapyndan peýdalanylýan metallara harajatlar hem 5% artar.

Üýtgeýän harajatlaryň ykdysady tebigaty – bu şol kärhananyň döredilmeginiň sebäbi bolup durýan işi amala aşyrmaga harajatlar.




**15-nji surat.** Harajatlaryň üýtgemeginiň çyzgysy

Olara çig mal, ýangyç, gaz we elektrik energiýasy, iş hakyny tölemek üçin harajatlar girýär[1].

Üýtgeýän ortaça harajatlar (*AVC*) önümçiligiň möçberine üýtgeýän harajatlaryň (*VC*) gatnaşygyndan ybarat.

$$\text{Ortaça üýtgeýän harajatlar} = AFC = \frac{VC}{\text{Önümçiligiň möçberi } (Q)}$$

Harajatlaryň hemişelik we üýtgeýän görnüşlere klassifikasiýasy hakyky ykdysady mazmuna eýedir we aşakdaky ýaly dolandyryş wezipelerini çözmek üçin ýurdumyzyň we daşary ýurt tejribesinde giňden peýdalanylýar:

1) kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny bahalandyrmak;
2) gelýän serişdeler artanda şol ýa-da başga harajatlary otnositel kemeltmegiň esasynda peýdanyň möçberini we artyşyny düzgünleşdirmek;

[1] Üýtgeýän harajatlar önümçiligiň möçberine proporsional artýar (önümçiligiň möçberi 1-den 2 birl. çenli artanda üýtgeýän harajatlar 50-den 78 pul birl. çenli artýar).

3) harajatlaryň özüni ödeýjiligini hasaplamak we bazar şertleri çylşyrymlaşan ýagdaýynda we başga kynçylykly ýagdaýlarda kärhananyň «maliýe durnuklylygynyň gorlaryny» kesgitlemek;
4) önümiň nyrhyny maržinal harajatlar usuly bilen hasaplamak.

Emma bazaryň emele gelen şertlerinde kärhananyň optimal nyrh strategiýasyny diňe harytlaryň mümkin bolan önümçilik möçberine baglylykda kesgitlemek bolar. Şunuň bilen baglylykda jemi, ortaça we äňryçäk harajatlar tapawutlandyrylýar.

Önümçiligiň jemi (umumy) möçberi bilen baglanyşykly telekeçilik çykdajylarynyň umumy möçberi jemi (umumy) harajatlar diýlip (*TC* – iňlis sözi total costs) atlandyrylýar we ol kärhananyň hemişelik we üýtgeýän harajatlarynyň jemine deňdir.

$$TC = FC + VC \qquad (3)$$

Jemi harajatlar öndürilýän harydyň nyrhynyň aşakdaky çägini kesgitleýär *(16-njy surat)*.

Hemişelik göni harajatlaryň (*FC*) we göni jemi harajatlaryň (*TC*) aralygy – bu üýtgeýän harajatlaryň jemidir.




**16-njy surat.** Jemi harajatlaryň çyzgysy

Jemi ortaça harajatlar (*AC*) öndürilen önümiň birligine önümçiligiň harajatlaryndan ybarat

$$AC = \frac{TC}{\text{Önümçiligiň möçberi } (Q)} \qquad (4)$$

Harajatlaryň bu görnüşiniň bazar deňagramlylygyna düşünmek üçin aýratyn ähmiýeti bar, sebäbi telekeçi olary iň pes derejä getirmek üçin çalyşýar. Ortaça harajatlaryň egri çyzygy adatça (U-görnüşlidir) *(17-nji surat)*. Ilkibaşda ortaça harajatlar ýeterlik derejede ýokary. Bu hemişelik uly harajatlaryň önümiň ujypsyz möçberine paýlanýandygy bilen baglanyşykly. Önümçiligiň artyşyna görä hemişelik harajatlar önüm birliginiň barha köp sanynyň paýyna düşýär we ortaça harajatlar çalt pese düşýär, *M* nokatda iň pes derejä çenli ýetýär.

Önümçiligiň möçberiniň artmagyna görä ortaça harajatlaryň möçberine hemişelik däl-de, üýtgeýän harajatlar täsir edip başlaýar. Şol sebäpli, kemelýän girdejileriň kanuny netijesinde egri çyzyk ýokary galyp başlaýar. Ortaça harajatlaryň egri çyzygynyň hemişelik or-




**17-nji surat.** Ortaça harajatlaryň egri çyzygy

taça harajatlaryň egri çyzygyna (*AFC*) we üýtgeýän ortaça harajatlaryň (*AVC*) egri çyzygyna gös-göni baglanyşyklydygyna üns bermeli.

Ortaça harajatlaryň egri çyzygynyň telekeçi üçin uly ähmiýeti bar, sebäbi ol önümçiligiň her bir möçberinde önümiň birligine harajatlaryň pes boljakdygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Şol bir pudakda birmeňzeş däl-de, dürli gerimli, dürlüçe guralan we önümçiligiň tehniki binýady bolan, diýmek harajatlarynyň derejesi dürli bolan kärhanalar hereket edýär. Kärhananyň dürli harajatlarynyň nyrhlaryň derejesi bilen deňeşdirilmegi bazarda bu kärhananyň ýagdaýyny bahalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Nyrhlaryň emele gelen islendik derejesinde kämil bäsdeşlik şertlerinde özboluşly «daşky äňryçäk» bar, onda önüm öndürijiler şol pudaga girýärler ýa-da ondan çykarylýarlar. Nyrhlaryň ýokarlanmagy täze kärhanalaryň peýda bolmagyny we köneleriniň saklanylmagyny şertlendirýär. Nyrhlaryň peselmegi harajatlarynyň derejesi ýokary bolan kärhanalaryň zyýan çekmegine we şol pudakdan çykyp gitmegine getirýär.

*18-nji suratda* bazarda kärhananyň mümkin bolan üç ýagdaýy görkezilýär. Eger nyrhyň *P* çyzygy diňe *M* iň pes nokatda *(18-nji a surat)* ortaça harajatlaryň *AC* egri çyzygyna degişli bolsa, onda biz aňryçäk kärhana bilen iş salyşýarys. Onuň nyrhlaryň şu derejesinde özüniň iň pes ortaça harajatlaryny ödemäge ýagdaýy ýetýär we şol pudakda galýandygynyň ýa-da galmaýandygynyň oňa parhy ýok. Şu ýagdaýda *M* nokat nol peýdanyň nokady bolup durýar.




**18-nji surat.** Bazarda kärhananyň ýagdaýynyň mümkin bolan görnüşleri

Eger ortaça harajatlar nyrhdan pes bolsa *(18-nji b surat),* onda kärhana deňagramlylyk ýagdaýynda saklanmak bilen, adaty peýda garanda, ýokary peýda, ýagny peýdadan daşary girdeji alýar.

Ahyrky netijede önümçiligiň islendik möçberinde ortaça harajatlar bazar nyrhyndan ýokary *(18-nji ç surat)*, onda bu kärhana ýapylmasa ýa-da bazardan gitmese, zyýan çeker we batar.

Goşmaça önüm birliginiň öndürilmegi bilen baglanyşykly harajatlar aňryçäk ýa-da maržinal harajatlar diýlip atlandyrylýar (*MC* – iňlis dilinde marginal costs). Käwagt bu harajatlar artyş diýlip atlandyrylýar, sebäbi olar kärhananyň önümiň ýene bir birligini öndürmek üçin jemi harajatlary artdyrmagyndan ybarat. Önümiň bir birligine goýberilişiň möçberiniň üýtgemegi bilen, hemişelik harajatlar üýtgemeýär, onda aňryçäk harajatlar goşmaça önüm birliginiň goýberilmegi netijesinde üýtgeýän harajatlaryň artmagy bilen kesgitlenilýär. Aňryçäk harajatlar önüm goýberilişiniň möçberiniň bir birlik artmagynyň kärhana näçä düşjegini görkezýär.

$$MC = \Delta VC / \Delta Q$$

Bazar şertlerinde aňryçäk harajatlaryň seljermesi kärhananyň nyrh strategiýasy işlenip taýýarlanylanda we esaslandyrylanda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Aňryçäk harajatlaryň bilinmegi kärhananyň ýolbaşçysyna aşakdakylary ýola goýmaga kömek edýär:

- önüm goýberilişini artdyrmaga ýa-da kemeltmäge;
- çig mal bilen üpjün edijileriň haýsyny makul bilmeli;
- önümçilik prosesi nähili çäklerde amala aşyrylmaly.

Oýlanyşykly nyrh syýasatyny amala aşyrmak üçin telekeçi hem gysga möhletli, hem uzak möhletli döwürlerde kärhananyň alternatiw harajatlaryny hasaplamaly we çuňňur seljermeli. Gysga möhletli döwürde (1 ýyldan köp däl) önümçiligiň esasy faktorlarynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçmedi (tehnologiýasynda we düzüminde), galan faktorlar önüm goýberilişi artdyrylar ýaly üýtgäp biler. Şol sebäpli gysga möhletli harajatlaryň statistiki seljermesiniň geçirilmegi ýeterlik derejede esaslandyrylandyr.

*6-njy tablisada* 1 birlikden 11 birlige çenli önüm goýberilişiniň dürli görnüşleri berilýär, önümçiligiň togtadylan ýagdaýlary (nol pozisiýa) hem göz öňünde tutulýar. Önümçiligiň ähli möçberleri üçin

*6-njy tablisa*

**Kärhananyň harajatlary (gysga möhletli döwürde)**

| **Önümçiligiň möçberi *(Q)*, birl.** | **Hemişelik harajatlar *(FC)*, man.** | **Üýtgeýän harajatlar *(VC)*, man.** | **Jemi harajatlar *(TC)*, man.** | **Aňryçäk harajatlar *(MQ)*, man.** | **Hemişelik ortaça harajatlar *(AQF)*, man.** | **Üýtgeýän ortaça harajatlar *(AYCX)*, man.** | **Jemi ortaça harajatlar *(AC)*, man.** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 0 | 50 | 0 | 50 | – | – | – | – |
| | | | | 50 | 50 | 50 | 50 |
| 1 | 50 | 50 | 100 | | | | |
| | | | | 28 | 25 | 39 | 64 |
| 2 | 50 | 78 | 128 | | | | |
| | | | | 20 | 16,7 | 32,7 | 49,3 |
| 3 | 50 | 98 | 148 | | | | |
| | | | | 14 | 12,5 | 28 | 40,5 |
| 4 | 50 | 112 | 162 | | | | |
| | | | | 18 | 10 | 26 | 36 |
| 5 | 50 | 130 | 180 | | | | |
| | | | | 20 | 8,3 | 25 | 33,3 |
| 6 | 50 | 150 | 200 | | | | |
| | | | | 25 | 7,1 | 25 | 32,1 |
| 7 | 50 | 175 | 225 | | | | |
| | | | | 29 | 6,3 | 25,5 | 31,8 |
| 8 | 50 | 204 | 254 | | | | |
| | | | | 38 | 5,6 | 26,9 | 32,4 |
| 9 | 50 | 242 | 292 | | | | |
| | | | | 58 | 5 | 30 | 35 |
| 10 | 50 | 300 | 350 | | | | |
| | | | | 85 | 4,5 | 3,5 | 39,5 |
| 11 | 50 | 385 | 435 | | | | |

hemişelik harajatlar üýtgewsiz galýar. Üýtgeýän harajatlar önüm goýberilişiniň artyşyna görä köpelýär: önümçiligiň äňryçäk (az we köp) möçberlerinde olar köp, ortaça görkezijide – olar az. Jemi harajatlar hem önümçiligiň ösmegi bilen artýar, ýöne pes depginler bilen, sebäbi olarda hemişelik harajatlaryň durnuklylygy görkezilýär.

## 6.2. Harajatlaryň, önümçiligiň möçberiniň we peýdanyň gatnaşyklarynyň seljermesi (*CVP*-seljerme)

Telekeçi işiň dowamynda önümiň ýerleniljek nyrhy, üýtgeýän we hemişelik harajatlar, resurslary almak we peýdalanmak barada hemişe çözgüt kabul etmeli bolýar. Munuň üçin harajatlaryň we peýdanyň derejesini takyk guramaly.

Bazar şertlerinde kabul edilýän dolandyryş usullary önümçiligiň harajatlarynyň, möçberiniň we peýdanyň arabaglanyşygynyň öwrenilmegine esaslanýar. Ýörite seljerme önümiň nyrhy bilen önümçiligiň möçberiniň, üýtgeýän we hemişelik harajatlaryň arasyndaky gatnaşyga düşünmäge kömek edýär. Ol önümiň nyrhynyň dürli görnüşlerini peýda alnyşyny deňeşdirmäge, şeýle hem üýtgeýän we hemişelik harajatlaryň, nyrhyň we önüm öndürilişiniň möçberiniň arasyndaky has amatly gatnaşygy tapmaga mümkinçilik berýär. Muny dürli usullar bilen amala aşyrmak bolýar: satuw nyrhyny peseltmek we, degişlilikde, ýerlenilýän möçberi artdyrmak; hemişelik harajatlary we möçberleri artdyrmak; üýtgeýän we hemişelik harajatlary we önüm goýberilişiniň möçberini proporsional üýtgetmek. Käwagt harajatlaryň, önümçiligiň we peýdanyň möçberiniň gatnaşyklarynyň seljermesi (*CVP*-seljerme, Cost-Volume-Profit) äňryçäk nokat ýaly dar manysynda düşündirilýär.

Aňryçäk nokat diýlip önümçiligiň harajatlarynyň ähli önümleri ýerleşdirmekden alnan peýdasyna deň bolan nokada, ýagny peýda alynmaýan, şeýle-de zyýan hem çekilmeýän nokada düşünilýär. Bu nokat şonuň ýaly hem «hereketsiz» ýa-da zyýan çekilmeýän nokat diýlip hem atlandyrylýar.

Ony hasaplamak üçin üç usuldan peýdalanmak bolýar: deňleme, maržinal peýda we grafiki şekiller.

**Deňleme usuly**

Seljerme üçin başlangyç deňleme hökmünde gelen serişdäniň, harajatlaryň we peýdanyň aşakdaky gatnaşyklary kabul edilýär:

Gelen girdeji – üýtgeýän harajatlar – hemişelik harajatlar = peýda.

Eger gelen girdejä önüm birliginiň satuw nyrhyndan we satylan birlikleriň möçberinden alnan serişde hökmünde seredilse, harajatlar bolsa önüm birligine gaýtadan hasaplanylsa, onda önümçiligiň aňryçäk möçberiniň nokadynda aşakdaky emele geler:

$$Q_{aç} \cdot P - Q_{aç} \cdot VC - FC = 0 \qquad (1)$$

Mundan ugur alyp aňryçäk nokada ýetmek üçin satmak zerur bolan önüm birliginiň möçberini kesgitleýäris:

$$Q_{aç} = FC / P - VC,$$

bu ýerde $Q_{aç}$ – aňryçäk nokatda önüm öndürilişiniň möçberi (birlikleriň möçberi); $P$ – önüm birliginiň bahasy; $VC$ – önüm birligine udel üýtgeýän harajatlar; $FC$ – hemişelik çykdajylar.

Bu usula şertli mysalda seredeliň. Kärhana öz önümini 500 pul birlik nyrh boýunça satmagy meýilleşdirýär, hemişelik çykdajylar 70 000 pul birlige deň, önüm birligine udel üýtgeýän harajatlar – 300 gün birlige deň. Zyýan gelmeýän nokatda peýda 0-a deň, onda

$$500 \cdot X - 300 \cdot X - 70\,000 = 0$$
$$200 \cdot X = 70\,000$$
$$X = 350$$

Şeýlelikde hem, önümiň 350 birligi satylanda, kärhana peýda we zyýan deň bolar ýaly nokady gazanar.

Aňryçäk nokady, eger-de alnan möçber önüm birliginiň bahasyna köpeldilse, gymmatlyk görnüşinde hem hasaplamak bolýar:

350 · 500 = 175 000 pul birlik

*CVP*-seljerme peýdanyň garaşylýan möçberini almak maksady bilen zerur bolan ýerlenilýän möçberi kesgitlemek üçin peýdalanylyp

bilner. Biziň şertli mysalymyzda kärhana 40 000 pul birlik möçberinde peýda almak isleýär diýeliň. Önümçiligiň we satuwyň möçberi nähili bolmaly? Bu meseläni deňleme usuly arkaly çözmek bolýar.

Zyýan gelmeýän nokatda, mälim bolşy ýaly, gelen serişde hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň jemine deň. Şol sebäpli, peýdanyň möçberini hasaplamak üçin ony harajatlaryň jemine goşmaly:

Girdeji = üýtgeýän harajatlar + hemişelik harajatlar + peýda

$$(N_s \cdot Q_b) = (H_{ü} \cdot S_b) + H_h + P,$$

bu ýerde $N_s$ – satuw birliginiň nyrhy; $Q_b$ – birlikleriň möçberi; $H_{ü}$ – udel üýtgeýän harajatlar; $S_b$ – birlikleriň sany; $H_h$ – hemişelik harajatlar; $P$ – peýda.

$$500 \cdot X = 300 \cdot X + 70\,000 + 40\,000$$
$$200 \cdot X = 110\,000$$
$$X = 550$$

Şeýlelikde, peýdanyň berlen möçberi satuw möçberi 550 birl. deň bolanda pul görnüşinde şeýle bolýar:

$$550 \cdot 500 = 275\,000 \text{ pul birligi}$$

**Maržinal peýda usuly** deňlemeler usulynyň modifikasiýasyndan ybarat.

Maržinal peýda – bu önümi ýerleşdirmekden gelen girdeji bilen üýtgeýän harajatlaryň arasyndaky tapawut, ýagny, ilkinji nobatda, hemişelik harajatlary ödemek we kärhananyň peýda almagy üçin zerur bolan serişdeleriň belli bir jemidir. Önüm birligini maržinal peýdanyň hem haryt birliginiň ýerlenýän nyrhy bilen udel üýtgeýän harajatlaryň arasyndaky tapawut hökmünde göz öňüne getirmek bolýar. Önüm birligine düşýän maržinal peýda her bir satylan birligiň hemişelik harajatlary ödemäge goşandyndan ybarat.

(2) formulanyň üýtgemegi önümiň we otnositel maržinal girdejiniň möçberiniň arabaglanyşygyny görkezýär:

$$Q_{aç} = FC / P - VC = FC / P\,[1 - (VC / P)] = FC / P\,(1 - d),$$

bu ýerde $d$ – önümiň nyrhynda udel üýtgeýän harajatlaryň otnositel derejesi ($d = VC/P$), $(1 - d)$ ýerlenilýän möçberiň birligine otnositel maržinal peýda.

Bu mysalda önüm birligine maržinal peýda 500 – 300 = 200 pul birl. deň, zyýan çekilmeýän nokat 70 000 / 200 = 350 birl. deň.

**Çyzgy usuly *CVP*** – seljerme barada açyk düşünje berýär we «harajatlar – önümçiligiň möçberi» toplumlaýyn çyzgynyň gurulmagyna getirýär.

Koordinatlaryň gönüburçly ulgamynda harytlaryň we girdejileriň öndürilen önümiň birliginiň möçberine baglylygynyň çyzgysy gurulýar *(19-njy surat).*

Dikligine harajatlar we girdejiler, keseligine önüm birliginiň möçberi barada maglumatlar berilýär:

1. Çyzgyda üýtgeýän çykdajylaryň çyzygyny (*VQ*) geçirmek üçin, islendik möçberi saýlap alýarys, mysal üçin, 500 birl. we bu möçbere laýyk gelýän çykdajylaryň nokadyny tapýarys: 300 · 500 = 150 000 (*A* nokat). Üýtgeýän harajatlaryň çyzygyny 0 we *A* nokatlar arkaly geçirýäris.

2. Hemişelik çykdajylaryň çyzygyny (*TC*) geçirmek üçin koordinatlaryň okunda (70 000 birl. (*B* nokat) gabat gelýän nokady belläris), *A* nokatdan ýokaryk bolsa 70 000 birligi aýrarys (*C* nokat). *B* we *C* nokatlardan peýdalanmak bilen hemişelik çykdajylaryň çyzygyny üýtgeýän harajatlaryň çyzygyna parallel geçirýäris. *BC* çyzyk harajatlaryň umumy möçberini görkezýär.

3. Çyzga gelen serişdäniň (*TR*) çyzygyny geçirmek üçin satuwyň şol şertli möçberini (500 birl.) alarys. Önüm birliginiň bahasyny möçberine köpeltmekden alnan *D* nokady belläliň (500 · 500 = 250 000 pul birligi). 0 we *D* nokatlaryň üstünden gelen serişdäniň çyzygyny geçirýäris.

Aňryçäk nokat (döwülýän nokat)[1] 0*D* serişdäniň çyzygynyň we *BC* jemi (umumy) harajatlaryň çyzyklarynyň kesişýän ýeri. *K* önümçiligiň aňryçäk möçberiniň nokadynda peýda ýok we zyýan hem çekilmeýär.

Aňryçäk nokatdan çepde sap zyýan görkezilýär, ol hemişelik harajatlaryň möçberiniň maržinal peýdanyň möçberinden ýokary geçmeginiň netijesinde emele gelýär. Onuň sag tarapynda sap peýda berilýär. Her bir alamat üçin *Q* (önüm birliginiň möçberi) sap peý-

[1] Tejribede bu nokadyň BEP hökmünde belgilenmegi köp duş gelýär (abbrewiatura «break – even – point»), ýagny döwülýän nokat.




**19-njy surat.** Harajatlaryň, peýdanyň we satuwyň möçberiniň häsiýetiniň çyzgysy

da maržinal peýdanyň we hemişelik harajatlaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

Abssis okda *K* nokadyň proýeksiýasy fiziki ölçeg birliklerinde önümçiligiň aňryçäk möçberini berýär.

Koordinatlaryň okunda *K* nokadyň proýeksiýasy gymmatlyk ölçeginde önümçiligiň aňryçäk möçberini berýär.

Harajatlaryň, peýdanyň we satuw möçberiniň çyzgyda getirilen özara baglylygy kärhana üçin möhüm netijelere gelmäge mümkinçilik berýär:

1. Kärhana *K* aňryçäk nokatdaka garanda önümiň has köp möçberi ýerlenen şertlerinde peýda (hemişelik we üýtgeýän harajatlary aýyrmak bilen alnan girdeji) alyp biler.
2. Jemi harajatlaryň (*TC*) egri görkezijisiniň we ýerlemekden alnan girdejiniň egri görkezijisiniň (*TR*) kesişýän ýerinde ýerleşýän K nokat aňryçäk nokat diýlip atlandyrylýar, ondan geçilende ähli harajatlar özüni ödeýär we kärhana peýda almaga başlaýar.

3. Hemişelik harajatlaryň (*FC*) egri çyzygynyň we maržinal girdejiniň egri çyzygynyň kesişýän nokady önümçiligiň şol nokatdan geçilensoň hemişelik harajatlaryň özüni ödäp başlaýan möçberini görkezýär.
4. Öndürilýän önümiň nyrhynyň ýokarlanmagy bilen önümçiligiň aňryçäk nokada laýyk gelýän iň az möçberi azalýar, nyrhlar peselende bolsa artýar.
5. Hemişelik çykdajylaryň artmagy bilen zyýan çekilmeýän degişli nokatda önümçiligiň iň az möçberi ýokarlanýar.
6. Üýtgeýän harajatlar artan mahalynda önümçiligiň zyýan çekilmeýän möçberiniň saklanmagy beýleki deň şertlerde önümçiligiň iň pes möçberiniň artmagynyň hasabyna mümkin bolup durýar.

*CVP*-seljerme geçirilende seljermäniň netijeleriniň takyklygyny we ygtybarlylygyny çäklendirýän mümkinçilikleriň birnäçesi şertli kabul edilýär: önümçiligiň möçberi satuwyň möçberine deň; satylan haryt birliginiň nyrhy, şeýle hem üýtgeýän we hemişelik harajatlaryň paýy üýtgemän galýar; önümiň ýeke-täk görnüşi öndürilýär we ş.m.

## 6.3. Özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary

Harydyň nyrhy kesgitlenilende peýdalanylýan özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary, däp bolşy ýaly, önümçiligiň harajatlara we az derejede bazarda emele gelen islege gönükdirilýändigini görkezýär. Dünýä tejribesi özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň iki sany esasy usulyndan peýdalanýar:

- doly harajatlar usuly;
- aňryçäk harajatlar usuly.

**Doly harajatlar usuly.** Bu usulyň mazmuny hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň we kadalaýyn peýdanyň möçberinde artdyrmanyň jemlenilmeginden ybarat.

Doly harajatlar usuly birnäçe ýurtlaryň önüm öndürijileri üçin has häsiýetli, sebäbi onda görnüp duran artykmaçlyklaryň birnäçesi bar:

8. Sargyt № 1339.

- gelip çykyşynyň häsiýetine garamazdan, ähli harajatlaryň doly öweziniň dolunmagy üpjün edilýär;
- şol iş ýagdaýynda iň ýokary derejede peýda almak mümkinçiligi berilýär.

Bulardan başga-da, bu usulyň ýaýramagyna özüne düşýän gymmaty kalkulirlemegiň bar bolan tejribesi hem ýardam edýär.

Doly harajatlar usulynyň shemasy has umumy görnüşde aşakdaky şertli mysal bilen berlip bilner:

| | **Önümler, manat** | | |
|---|---|---|---|
| | ***A*** | ***B*** | ***Ç*** |
| Önüm birligine üýtgeýän harajatlar, hemmesi, | 960 | 690 | 920 |
| şol sanda:<br>çig mal we materiallar | 480 | 330 | 410 |
| esasy önümçilik işgärleriniň iş haky | 390 | 290 | 280 |
| beýleki üýtgeýän harajatlar | 90 | 70 | 230 |
| Hemişelik harajatlar | 380 | 620 | 700 |
| Doly harajatlar | 1340 | 1310 | 1620 |
| Peýda | 200 | 120 | 115 |
| Düşewüntlilik (özüne düşýän gymmata) | 15% | 9% | 7% |
| Önümiň nyrhy (ýerlemekden gelen serişde) | 1540 | 1430 | 1735 |

Şu mysaldan görnüşi ýaly, *A* önüm has düşewüntli, *Ç* önüm bolsa has pes düşewüntli hasaplanylýar. Ýöne bu üç sany önümiň düşewüntliliginiň dürlüliginiň (15%, 9% we 7%) sebäbi görünmeýär. Doly harajatlar usulyndan peýdalanylanda nyrh emele gelşinde onuň kemçilikleriniň birnäçesi ýüze çykarylýar:

- birinjiden, ol harajatlary peseltmegiň gorlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik bermeýär, onuň netijesinde önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmäge gyzyklanma bildirilişi gowşak;
- ikinjiden, nyrha täsir edýän faktorlary hasaba almak kyn, diýmek harydyň bäsdeşlige ukyplylygy peselýär;
- üçünjiden, islegiň derejesi bilen aşa gowşak aragatnaşyklar bellenilýär, diýmek bazar gatnaşyklary doly aradan aýrylýar.

*Kadalaýyn harajatlar usuly* harajatlary hasaplamagyň takyklygyny esli ýokarlandyrýan usul bolup durýar, ol «standart-kost» ady bilen nyrh emele gelşiniň günbatar tejribesinde giň gerime eýe boldy. Bu usulda doly harajatlary hasaba almagyň usulyna mahsus bolan kemçilikleriň birnäçesi göz öňünde tutulýar.

Kadalaýyn harajatlar usuly öndürilýän önümiň bir birligine hasaplananda ähli elementleri boýunça harajatlaryň kadalarynyň kesgitlenilmegini göz öňünde tutýar.

Önümçiligiň amatly usullaryndan peýdalanylanda işiň we daşky gurşawyň belli bir şertlerini göz öňünde tutmak bilen, belli bir döwrüň dowamynda önüm birliginiň önümçiligi üçin öňünden kesgitlenilen harajatlar kadalaýyn harajatlar diýlip hasaplanylýar. Şu kadalar bilen hakyky harajatlar deňeşdirilýär, düzgünden çykmalar önümçilikde kemçilikleri we düzgün bozulmalary ýüze çykarmak üçin hem-de olary düzetmek boýunça çäreleriň görülmegi üçin seljerilýär.

Kadalaýyn harajatlar usulynyň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybarat:

- kadalaýyn harajatlar şol önüm öndürilende belli bir harajatlary görkezýär we hakyky harajatlary deňeşdirip boljak ölçeg bolup durýar;
- kärhananyň ýolbaşçylary öz ünsüni kadalaýyn harajatlaryň düzgüninden çykylmagyna gönükdirýär;
- hasap işleriniň möçberi kemelýär, peýdaly maglumatyň uly möçberini almak mümkinçiligi peýda bolýar;
- harajatlara gözegçilik aňsatlaşýar.

Şertli mysal getireliň we iki usuly deňeşdirmek üçin öňki sanlary saklalyň.

Harajatlaryň kadalaýyn usul bilen hasaba alynmagy önümçiligiň harajatlaryna täsir edýän ähli faktorlary seljermäge mümkinçilik berýär.

Mysal üçin, biziň mysalymyzda *A* önüm boýunça çig malyň we materialyň nyrhy 5% ýokarlandy, şol bir wagtda harçlanylýan çig mal we material 8,5% kemeldi. Nyrhlaryň ýokarlanmagy çig mal we materiallar üçin harajatlary artdyrdy:

$$500 + (500 \cdot 5) / 100 = 525.$$

| | Önümler, manat | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | *A* | | *B* | | *Ç* | |
| | **stan-dart** | **düz-günden çykma** | **stan-dart** | **düz-günden çykma** | **stan-dart** | **düz-günden çykma** |
| Önüm birligine üýtgeýän harajatlar, hemmesi | 1000 | | 700 | | 860 | |
| şol sanda: çig mal we materiallar | 500 | + 20 | 300 | –30 | 400 | –10 |
| Esasy önümçilik işgärleriniň iş haky | 400 | +10 | 300 | + 10 | 260 | –20 |
| Beýleki önümçilik harajatlary | 100 | +10 | 100 | +30 | 200 | –30 |
| Hemişelik harajatlar | 400 | +20 | 600 | –20 | 740 | +40 |
| Ähli harajatlar | 1400 | +60 | 1300 | –10 | 1600 | –20 |
| Peýda | 200 | +60 | 120 | –10 | 135 | –20 |
| Önümiň nyrhy (ýerlemekden gelen girdeji) | 1540 | | 1430 | | 1735 | |

- «+» tygşytlama (peýda); «–» zyýan (artykmaç harçlanany).

Kada görä serişdeleriň artykmaç harçlanylmagy «–25» (500 – 525) deň boldy. Çig malyň we materiallaryň çykdajylarynyň kadasynyň kemelmegi bilen harajatlar azaldy:

$$525 + (525 \cdot 8{,}5) / 100 = 480,$$

tygşytlama «+45» (525 – 480) deň boldy. Şeýlelikde, nyrhlaryň üýtgemegini we çig mallaryň we materiallaryň harçlanylyş kadasynyň üýtgemegini özünde jemleýän hakyky harajatlaryň kadadan çykmagy «+20» (kadadan çykmagyň algebraik möçberiniň üýtgemegi (+45) we (–20)) tygşytlamaga mümkinçilik berdi.

Berlen mysalyň seljermesinden görnüşi ýaly, şol usulda harajatlaryň hasaba alnyşynda *A* önümiň öndürilişi has peýdaly bolup durýar, sebäbi alnan tygşytlamada harajatlaryň ähli maddalary boýunça *B* we *Ç* önümleriň öndürilişi kemeldi we harajatlar standartdan ýokary geçdi. Emele gelen ýagdaýy düzetmek üçin tejribede maddalar boýunça harajatlaryň has çuňňur seljermesi zerur.

Harajatlaryň progressiw standartlaryna esaslanýan nyrh emele gelşi kärhananyň hususy harajatlarynyň «iň gowy» netijelere golaýlaşmagyna ýardam edýär, olary önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegine gönükdirýär, bu daşary ýurt önüm öndürijileri bilen berk bäsdeşlik şertlerinde Türkmenistanyň önüm öndürijileri üçin strategik möhüm ähmiýete eýedir.

Emma harajatlaryň standartynyň kesgitlenilmegi iň çylşyrymly iş bolup durýar. Kärhanada ykdysady taýdan esaslandyrylan standartlary ýola goýmak üçin tehniki häsiýetnamalary, bäsdeşleriň şeýle önümleriniň nyrhlaryny seljermek, dünýä bazarynda şol harytlara bildirilýän talaplary jikme-jik öwrenmek zerur. Şeýlelikde, ýüze çykarylan standartlar kärhananyň önümçilik meýilnamasyna, onuň önümçilik gerimlerine degişli edilmeli.

*Gysgaldylan harajatlaryň esasynda harajatlary hasaba almagyň we nyrhy kesgitlemegiň usuly* Günbatar ýurtlarda giňden ýaýrandyr.

Ilkinji gezek bu usul amerikan kärhanalarynda ulanyldy we «direkt-hosting» ýa-da göni harajatlar boýunça hasaplama adyny aldy. Gytaklaýyn harajatlar şu usula laýyklykda maliýe netijeleriniň hasabyna ýazyldy we kärhananyň jemi peýdasyny azaltdy.

Ýewropada gysgaldylan harajatlar boýunça hasaplama «maržinal-hosting» usuly diýlip atlandyryldy, bu artýan harajatlary (önümiň her bir indiki birligine önümçilik artdyrylanda ýa-da harajatlar kemeldilende, bir önüme hasaplanylanda önümçilik peseldilen mahalynda goşmaça harajatlar) aňladýar. Başgaça aýdylanda, «maržinal-hosting» önümçiligiň möçberiniň üýtgemeginiň harajatlaryň üýtgemegine ýetirýän täsirine seredýär, has takygy üýtgeýän harajatlar boýunça hasaplamany göz öňünde tutýar.

Tejribede iki usul hem biri-biriniň ýerini tutýar we harajatlaryň şol bir sanawyny öz içine alýar. Şol sebäpli hasaplamada kemeldi-

| | Önümler, manat | | |
|---|---|---|---|
| | ***A*** | ***B*** | ***Ç*** |
| Önümiň nyrhy (ýerlemekden gelen girdeji) | 1540 | 1430 | 1735 |
| Çig mal we materiallar | 480 | 330 | 410 |
| Esasy önümçilik işgärleriniň iş haky | 390 | 290 | 280 |
| Beýleki üýtgeýän harajatlar | 90 | 70 | 230 |
| Jemi kemeldilen harajatlar | 960 | 690 | 920 |
| Ödemek (jemi peýda) | 580 | 740 | 815 |
| Düşewüntlilik (kemeldilen harajatlara jemi peýda) | 60% | 107% | 88% |

len harajatlar boýunça usula garamazdan ähli üýtgeýän we hemişelik göni harajatlar göz öňünde tutulýar.

**Aňryçäk (maržinal) harajatlar usulyndan** peýdalanylmagy önümleriň has düşewüntli görnüşlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, harajatlar beýleki usullar bilen hasaplananda, has düşewüntli bolan *A* önüme garanda, *B* we *Ç* önümleriň düşewüntliligi has ýokary. *B* we *Ç* önümler kärhananyň jemi peýdasyna uly goşant goşýarlar. Diýmek, bazar şertlerinde telekeçi önümçiligiň maksatnamasyny zyýan çekýän önümiň ýerine has düşewüntli önüm öndüriler ýaly üýtgedip biler.

Bu mysalyň maglumatlaryndan ugur alyp, hemişelik harajatlaryň anyk önümler boýunça paýlanylmaýandygy, tutuş kärhana boýunça jemi peýdanyň hasabyna ödelýändigi barada aýtmak bolar. Mysal üçin üç önüm boýunça jemi peýda 580 + 740 + 815 = 2 135, hemişelik harajatlar bolsa şeýle hasaplanylýar: 380 + 620 + 700 = 1700. Kärhananyň sap peýdasy 2 135 – 1700 = 435.

Maržinal harajatlar usulynyň kömegi bilen önümçilik kuwwatlyklarynyň iş bilen üpjünçiliginiň şeýle görnüşini tapmak bolar, ýagny onda kärhana iň ýokary peýda alar.

Maržinal harajatlar ulgamyny köp sanly meseleleri çözmek üçin peýdalanmak bolýar. Mysal üçin, gysga möhletli satuwyň iň pes nyrhyny kesgitlmek, dürli tehnologiýalary saýlap almak, zerurlygy we goşmaça maýa goýumlaryň netijelerini bahalandyrmak, önümçiligiň möçberindäki üýtgeşmeleriň girdejä täsirini kesgitlemek üçin we ş.m.

### Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Harajatlaryň bazar seljermesiniň maksady nämeden ybarat?
2. Buhgalterçilik harajatlary näme?
3. Telekeçilik harajatlary nämeleri öz içine alýar?
4. Hasaplanan harajatlara kesgitleme beriň.
5. Açyk we açyk däl harajatlara mysal getiriň.
6. Dolandyryş çözgütleri kabul edilende haýsy harajatlara (yzyna gaýtarylmaýan ýa-da öňi alnyp bolýan) üns berilmeýär?
7. Hemişelik harajatlary häsiýetlendiriň.
8. Üýtgeýän harajatlar näme?
9. Harajatlaryň hemişelik we üýtgeýän görnüşlere bölünmeginiň tejribe taýdan ähmiýeti nämeden ybarat?
10. Jemi harajatlara kesgitleme beriň.
11. Aňryçäk (maržinal) harajatlar näme?
12. Ortaça harajatlary häsiýetlendiriň. Olaryň tejribe taýdan ähmiýetini görkeziň.
13. *CVP*-seljermäniň mazmunyny beýan ediň.
14. Önümçiligiň aňryçäk nokady nämeden ybarat?
15. Zyýan çekmezligiň nokadyny haýsy usullar arkaly hasaplap bolar?
16. Aňryçäk nokadyň seljermesinden nähili möhüm kanuny ýagdaýlar gelip çykýar?
17. Doly harajatlar usulynyň mazmuny nämeden ybarat? Bu usulyň artykmaçlyklaryna we ýetmezçiliklerine üns beriň.
18. Kadalaýyn harajatlaryň usuly doly harajatlaryň usulyndan näme bilen tapawutlanýar?
19. Kemeldilen harajatlaryň mazmuny nämeden ybarat?

# 7-nji BAP
# NYRH EMELE GELŞINDE TÖWEKGELÇILIK WE NYRHLARYŇ ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

## 7.1. Töwekgelçilik barada düşünje we onuň mazmuny

**Töwekgelçilik** – bu işleriň ýagdaýyna görä häsiýetnamasy bolup, şowsuzlyk bolan halatynda näbelli we amatsyz netijelere getirip biler.

Bu kesgitleme köp derejede umumy töwekgelçilik düşünjesine degişli. Ykdysady töwekgelçilik barada gürrüň edilende ykdysady, syýasy, ahlak, psihologik we beýleki netijeleri, esasan, amatsyz netijeleri göz öňünde tutmak bilen, nämälimlik şertlerinde çözgütleri kabul etmek barada aýtmaly.

**Töwekgelçilik ýagdaýy** – belli bir netije ýa-da çözgüt bolmadyk, ýöne birnäçe görnüşden biriniň hökman saýlanyp alynmagyny talap edýän ýagdaý.

**Ykdysady töwekgelçilik** – bu hojalyk subýektleriniň hökman saýlap almaly bolan nämälim ýagdaýyndan üstün çykmagy bilen baglanyşykly iş bolup, onuň dowamynda ähli seredilýän görnüşler boýunça garaşylýan netijäni almak, şowsuzlygyň ähtimallyklaryny bahalandyrmak mümkinçiligi bar.

Hojalyk işiniň dowamynda çözgütler kabul edilende: 1) garaşylýan netijäni almak ähtimallygynyň we ondan üýtgemegiň ähtimallygynyň derejesini göz öňünde tutmak; 2) amatsyz netijeleriň öňüni almak üçin öz çözgütleriň amala aşyrylmak mümkinçiligini ýüze çykarmaga synanyşmak zerur.

Töwekgelçiligi bahalandyrmak. Töwekgelçiligi bahalandyrmak üç tapgyry öz içine alýar:

1) meseläni çözmegiň mümkin bolan görnüşlerini ýüze çykarmak;
2) mümkin bolan ykdysady, syýasy, ahlaky we beýleki netijeleri, esasan, çözgüdiň amala aşyrylmagy netijesinde bolup biljek ýaramaz netijeleri kesgitlemek;
3) töwekgelçiligiň integral tarapy, ol, öz nobatynda, iki sany özara baglanyşykly jähetlerden – hil we möçber jähetlerinden ybarat.

Töwekgelçiligi bahalandyrmagyň möçber jäheti esasy hasaplanylýar. Bahalandyrmagyň möçber görkezijilerine laýyk gelmek bilen, töwekgelçiligiň hil görkezijilerine laýyk gelmeýän çözgütleriň amala aşyrylmagy maksadalaýyk däl diýlip hasaplanylýar.

Töwekgelçiligi möçber taýdan bahalandyrmagyň üç sany esasy görkezijisi bar.

Birinji görkezijiniň esasy töwekgelçilik ýagdaýynda saýlanyp alnan çözgütleriň, ilki bilen, çak edilýän netijäni almagyň we mümkin

bolan öňde goýlan maksatdan başgaça bolmagynyň ähtimallygy nukdaýnazardan bahalandyrylmaly.

Ýagdaýyň anyk maglumatlary bar bolanda matematiki nukdaýnazardan töwekgelçilik, eger bu maglumatlar kesgitlenilmedik bolsa, hereketiň garaşylýan netijesi bilen gazanyp boljak netijäniň arasyndaky tapawuda deň bolar. Umumy düzgün boýunça amala aşyrylmagynyň ähtimallygy 0,4–0,5-e deň bolanda, ýagny töwekgelçilik 0,5–0,6 we ondan ýokary ähtimallyk bilen ölçelýän çözgütleriň kabul edilmegi maksadalaýyk hasaplanylmaýar.

Maliýe nukdaýnazaryndan, töwekgelçilik üç derejeden ybarat: 1) çözgütler amala aşyrylmadyk ýagdaýynda peýdanyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly ýol berilýän töwekgelçilik; 2) peýda ýa-da girdeji almazlyk (zyýan çekmek) bilen baglanyşykly aşa töwekgelçilik; 3) kärhananyň ýerleşýän ýerinden aýrylmagyna, onuň tölege ukyplylygynyň mümkinçiligine täsir edýän çykgynsyz ýagdaýa getirýän töwekgelçilik; şeýle töwekgelçilik kärhananyň batmagyna göni şert döredýär.

Töwekgelçiligi möçber taýdan bahalandyrmagyň ikinji ölçegi bar bolan şertlerde, beýleki görnüşler bilen deňeşdirilende, harajatlar az bolanda gerekli netijäniň gazanylmagyny üpjün edýän çözgüdiň gowy çözgüt boljakdygyndan ybaratdyr.

Töwekgelçiligiň üçünji ölçegiň mazmuny amala aşyrylmagyna az wagt harçlanylýan çözgüdiň iň gowy çözgüt boljakdygyndan ybaratdyr.

Töwekgelçiligiň derejesi garaşylýan zyýanyň ýitgi bolup geçmeginiň ähtimallygynyň görkezijisi hökmünde kesgitlenilýär. Şeýle ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesi aşakdaky formula bilen aňladylar:

$$R = Y_1 \cdot B_1 + (Y_1 + Y_2) \cdot B_2,$$

bu ýerde $Y_1 + Y_2$ – degişlilikde I we II görnüşler üçin absolýut aňlatmada çözgütleriň amala aşyrylmadyk ýagdaýynda mümkin boljak zyýanyň möçberi; $B_1$ we $B_2$ – degişlilikde I we II görnüşlerde zyýan çekiljekdiginiň ähtimallygy we çözgüdiň amala aşyrylmazlygynyň ähtimallygy.

Ykdysady töwekgelçilik iki sany görkezijiniň – nädogry çözgüt netijesinde mümkin boljak zyýanyň jeminden we bu çözgüdiň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly çykdajylaryň jeminden ybarat.

Muňa mysalda seredeliň.

Önüm öndürilişi bilen baglanyşykly görnüşlerden iň gowusynyň saýlanyp alynmagy talap edilýär.

| Görkezijiler | I görnüş | II görnüş |
|---|---|---|
| 1. Önüm birliginiň teklip edilýän özüne düşýän gymmaty | 5 müň man. | 5,3 müň man. |
| 2. Önüm göýberilişiniň möçberi | 900 müň man. | 950 müň man. |
| 3. Mümkin bolan alynmadyk peýda | 900 müň man. | 375 müň man. |
| 4. Önümi eltmek boýunça çykdajylar | 150 müň man. | 50 müň man. |

I görnüş

$$R_1 = 5 \cdot 900 = 4500 \text{ müň man.}$$
$$R_2 = 900 + 150 = 1050 \text{ müň man.}$$
$$5550 \text{ müň man.}$$

II görnüş

$$R_1 = 5{,}3 \cdot 950 = 5035 \text{ müň man.}$$
$$R_2 = 375 + 50 = 425 \text{ müň man.}$$
$$5460 \text{ müň man.}$$

Görnüşi ýaly, II görnüş ykdysady taýdan has amatly bolup durýar.

Töwekgelçilik faktory bazary öwrenmekde, onuň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakda, önümçilik gorlaryny agtarmakda kärhananyň işlerini möhüm höweslendiriji bolup durýar.

Islendik çözgüdiň, şol sanda ykdysady çözgüdiň kabul edilmegi töwekgelçiligiň elementleri bolmazdan başa barmaýar.

## 7.2. Nyrhlary kesgitlemekde töwekgelçilik we nyrhlaryň ätiýaçlandyrylmasy

Kärhana tarapyndan göýberilýän önümiň nyrhyny kesgitlemek, düzgün bolşy ýaly, töwekgelçiligiň belli bir derejesi bilen baglanyşyklydyr. Önümçilik resurslarynyň (çig mal, materiallar, enjamlar, ýangyç, işçi güýji we ş.m.) nyrhyny kesgitlemegiň hem

töwekgelçilik bilen baglanyşygy az däl. Öndürilýän önümiň nyrhynyň derejesini kesgitlemekde goýberilýän ýalňyşlyk önümi ýerlemekden alnan girdejä esli zyýan çekilmegine getirip biler, isleg nyrhdan çeýe bolanda bu ýitgiler düýpli artyp biler. Ýerlenen önümiň möçberinde ýitgiler kärhananyň sarp edýän hyzmatlarynyň nyrhlary kesgitlenilende ýüze çykyp biler.

Hümmetsizlenme şertlerinde, kärhana tarapyndan goýberilýän önüme islegiň we onuň nyrhynyň, şeýle hem çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň nyrhlarynyň ösýän şertlerinde golaý geljek üçin nyrhlaryň ösüşini çaklamak aňsat däl, nyrhda 5–7% ýalňyşlyk – adaty ýagdaýdyr. Şundan ugur alyp, nyrhlary kesgitlemegiň töwekgelçilik bilen nähili derejede baglanyşyklydygyna düşünmek kyn däl.

Kärhananyň töwekgelçiliginiň möçberini kesgitlemek zerur we dürli alternatiw görnüşleriň töwekgelçiliginiň derejesini deňeşdirmek arkaly kärhananyň ýolbaşçylary tarapyndan saýlanyp alnan töwekgelçiligiň strategiýasyna has laýyk geljek görnüşde saklanmaly.

Mälim bolşy ýaly, telekeçilik işinde – bu çaklaýyşda, meýilnamada ýa-da maksatnamada göz öňünde tutulan haýsy hem bolsa bir işi amala aşyrmagyň netijesinde ýitginiň ýa-da zyýanyň ýüze çykmak ähtimallygydyr. Töwekgelçilik ähtimallykly düşünje bolanlygy sebäpli, ol ähtimallyk nazaryýetiniň we matematiki statistikanyň usullary arkaly ölçelip bilner. Ähtimallyk belli bir netijäni almak mümkinçiligini aňladýar. Mysal üçin, eger kärhana öz harydynyň birligi üçin 10 000 man. möçberde baha kesse we ony görkezilen nyrh boýunça 90% satan bolsa, onda nyrhyň dogry bellenendiginiň ähtimallygy 0,9, ýalňyşyň töwekgelçiligi – 0,1 ýa-da 10% bolar. Töwekgelçilik bazarda hakyky ýagdaýyň doly göz öňünde tutulmandygy bilen baglylykda kärhananyň maksadynyň amala aşyrylmazlygynyň ähtimallygy bilen baglanyşykly.

Hojalyk işinde töwekgelçilik absolýut görnüşde – ýitgiler we çekilen zyýanyň möçberi, şeýle hem töwekgelçiligiň derejesi, ýagny nyrhyň meýilleşdirilýän derejesiniň gazanylmazlygynyň ähtimallygynyň ölçegi bilen ölçenilýär. Birinji görkeziji absolýut töwekgelçiligi, ikinji – otnositel töwekgelçiligi häsiýetlendirýär. Absolýut töwekgelçilik manatda, otnositel – göterimde ýa-da birligiň paýynda aňladylýar.

Bazar şertlerinde satyn alyş-satuwyň netijesinde nyrh öň mälim bolmadyk bir ähmiýete eýe bolup we tötänleýin faktorlaryň birnäçesine bagly bolup biler. Bu faktorlaryň ählisi şol geleşige gatnaşanlar tarapyndan göz öňünde tutulyp bilinmez. Eger nyrh tötänleýin ululyk bolsa, onda diýmek, bu anyk manysy kesgitlenilmedik we tötänleýin ýagdaýa bagly bolan, ýöne ähtimallyklary paýlamagyň wezipesi mahsus bolan üýtgeýän görkeziji. Bu wezipe töwekgelçiligiň derejesi barada aýtmaga mümkinçilik berýär.

Hümmetsizlenme şertlerinde kärhana üçin hümmetsizlenmäniň garaşylýan bahalandyrmasynyň möhüm ähmiýeti bar. Şeýle bahalandyrma aşakdakylar üçin zerurdyr:

- kärhanany ösdürmegiň umumy strategiýasy işlenip taýýarlanylanda bazarda nyrhlaryň üýtgemegini hasaba almak;
- işewürlik meýilnamasy işlenip taýýarlanylanda nyrhlaryň üýtgemegini hasaba almak;
- kärhana tarapyndan öndürilýän önümiň nyrhyny esaslandyrmak we önümçilik resurslary üçin nyrhlaryň mümkin bolan üýtgemegini bahalandyrmak;
- nyrhlaryň üýtgemeginiň kärhananyň öz önüminiň satuwyndan alýan girdejisine we serişdesine täsirini hasaba almak;
- nyrhlaryň üýtgemeginiň önümçiligiň we satuwyň harajatlaryna, şol sanda önümçilik serişdelerine we zähmet hakyna ýetirýän täsirini seljermek;
- önümçiligiň optimal düzümini saýlap almak.

Kärhananyň nyrh syýasatynda hümmetsizlenmäniň netijesini bahalandyrmak üçin aşakdakylardan peýdalanylýar:

- sarp ediş nyrhlarynyň jemleýji indeksi (SENI);
- senagat önümini öndürijileriň nyrhlarynyň indeksi;
- ýük daşamak üçin tarifleriň indeksi;
- maddy-tehniki resurslaryň nyrhlarynyň indeksi;
- oba hojalyk önümleriniň nyrhlarynyň indeksi;
- ilat üçin hyzmatlaryň nyrhlarynyň indeksi.

Hümmetsizlenmäniň netijesini bahalandyrmak aşakdaky esasy tapgyrlar boýunça geçirilýär:

- bahalandyrmaga we çaklaýşa degişli bolan nyrhlaryň dinamikasynyň anyk görkezijilerini takyklamak;
- çaklanylýan döwrüni kesgitlemek (gysga möhletli, ortaça möhletli, uzak möhletli);
- başlangyç maglumatlaryň seljermesi we netijelerde jemlenýän çaklaýşyň görkezijileri boýunça hem, ahyrky görkezijilere täsir edýän faktorlar we şertler boýunça hem geçen döwür üçin maglumatlary taýýarlamak;
- hümmetsizlenmäniň depginine täsir etjek faktorlary we şertleri öwrenmek we ýüze çykarmak, olaryň hümmetsizlenmäniň depginine täsiriniň möçber çäklerini kesgitlemek;
- hümmetsizlenmäniň depginini kesgitlemek (hasaplamak);
- has amatly, optimal we pesräk amatly durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň shemalary boýunça hümmetsizlenmäniň netijesiniň ähtimallykly bahalandyrylmasy.

Hümmetsizlenmäniň netijesi bahalandyrylanda obýektiw kanuny ýagdaýlary we nyrhlaryň dinamikasynyň emele gelmeginiň şertlerini, şeýle hem döwlet edaralarynyň hümmetsizlenme proseslerine täsirini göz öňünde tutmaly.

Daşary ýurtlaryň tejribesi we Turkmenistanyň ykdysadyýetinde özgertmeleri geçirmegiň tejribesi aşakdaky möhüm iki faktora döwlet tarapyndan toplumlaýyn täsiriň hümmetsizlenmä garşy netijeli syýasatyň esasy şerti bolup durýandygyny görkezýär:

a) tölege ukyply isleg;
b) harytlaryň we hyzmatlaryň teklip edilişi, önümçiligiň we satuwyň harajatlary.

Şeýle täsiriň netijesinde islegiň we harajatlaryň hümmetsizlenmesiniň düýpli peselmegi gazanylyp bilner.

Bu faktorlaryň ikisi hem baglanyşykly. Ýöne hümmetsizlenmäniň netijesini bahalandyrmak üçin çaklaýşy amala aşyrýan hünärmenler esasy zady – hümmetsizlenmäniň depginleriniň çaklamasynda bazaryň we bäsdeşlikli bazar nyrh emele gelşiniň nähili derejede göz öňünde tutulýandygy kesgitlemeli.

Ýokarda kärhana üçin öz harytlarynyň nyrhyny kesgitlände ýalňyşlygyň goýberilmegi netijesinde nyrh emele gelşinde töwekgelçiligiň ykdysady täsirlerine seredildi. Aşakda nyrhlaryň dürli bazar faktorlarynyň täsiri astynda mümkin bolan üýtgemeginden ätiýaçlandyrmagyň usullary beýan edilýär.

Bazarda ýa-da dükanda amala aşyrylyp bilinjek satyn alyş-satuw işine seredeliň. Bu ýagdaýda harydy satyn alyja, pullary satyja bermek bir wagtda amala aşyrylýar.

Bazaryň tejribesinde harytlaryň lomaý satuwynda satyjy we satyn alyjy taraplaryň borçlaryny göz öňünde tutýan şertnamany baglaşýan ýagdaýlary köp bolýar: haryt bilen üpjün ediji (satyjy) bellenen möhletde satyn alyja harytlaryň belli bir möçberini bermäge, satyn alyjy bolsa öňünden gepleşilen nyrhdan bu harydy satyn almaga borçlanýar. Şeýlelikde, birinjiden, berilmeli harydyň nyrhy şertnamada göz öňünde tutulýar, ikinjiden, satyn alyş-satuw şertnamasynyň baglaşylmagy bilen satyn alyş-satuwyň hakykatdan hem amala aşyrylmasynyň arasyna wagt düşýär. Ýöne mälim bolşy ýaly, bazar şertlerinde nyrhlar üýtgewsiz galmaýar, olar bazar şertleriniň täsiri astynda üýtgäp durýar. Belli bir wagtyň geçmegi bilen berlen harydyň bazar nyrhy şertnamada bellenen nyrhdan ýokary ýa-da pes bolup biler.

Nyrh ýokarlansa ýa-da peselse üpjün ediji kärhana üçin töwekgelçilik ýüze çykýar. Üpjün ediji kärhananyň mümkinçiligine görä bu töwekgelçilikden gaça durmaga çalyşýanlygy sebäpli, muny nähili edip boljakdygyna seredeliň.

Bazary ýöretmegiň tejribesi şertnama öňünden gepleşilmegini goşmak usuly arkaly amala aşyrylýan nyrhlaryň ätiýaçlandyrylmagynyň zerurlygyny görkezdi. Olar birnäçedir.

Birinjiden, harajatlary ýokarlandyrmak ýa-da peseltmek mümkinçiligi barada öňünden gepleşmek. Ol satyn alyş-satuw şertnamasyna nyrha önümçilige harajatlaryň artmagyny şertlendirýän daşarky we içerki faktorlaryň birnäçesi uly täsir eden ýagdaýynda goşulýar. Harydy taýýarlaýjy kärhana nyrhyň ýokarlanmagyndan töwekgelçiligi sarp edijä geçirmäge çalyşýar.

Bu ýagdaýy aşakdaky şertli mysal bilen görkezmek bolýar. Aýakgap kärhanasy lomaý bazar bilen bir jübüti 250 manatdan aýal-

gyzlaryň ädiginiň belli bir möçberi bilen üpjün etmäge şertnama baglaşýar. Emma, nyrhlaryň hümmetsizlenmeginiň ösýän şertlerinde materiallaryň nyrhy yzygiderli ýokarlanýar. Ädikleriň özüne düşýän gymmatynda olaryň paýy 80%-e deň. Hümmetsizlenmäniň ýokarlanmagynyň täsiri bilen kärhananyň ýolbaşçylary işgärleriň önümçilige harajatlarda 10%-i eýeleýän iş hakyny ýokarlandyrmaga mejbur bolýar. Şol sebäpli lomaý bazaryň töleg pursatyna çenli görkezilen ädikleriň bahasy şertnamada göz öňünde tutulandakydan ýokary bolar. Peýdany ýitirmek töwekgelçiliginden gaça durmak üçin aýakgap öndürýän kärhana gön materiallaryna we iş hakyna harajatlar artsa, ädikleriň nyrhyny ýokarlandyrmak barada öňünden gepleşmeli we şertnama goşmaly. Ony aşakdaky ýaly aňlatmak bolar:

$$N_{ü} = \frac{N_{ş}}{100\%} \cdot \left(80\% \ \frac{G_e}{G_{ş}} + 10\% \ \frac{Ih_e}{Ih_{ş}} + 10\%\right),$$

bu ýerde $N_{ü}$ – üpjün etmegiň nyrhy; $N_{ş}$ – şertnamada göz öňünde tutulan nyrh; $G_e$ – berlen gününe gön materialynyň nyrhy; $G_{ş}$ – şertnama gol çekilen güni gön materiallarynyň gymmaty; $Ih_e$ – berlen güni iş haky; $Ih_{ş}$ – şertnama gol çekilen güni iş haky.

Ikinjiden dürli görnüşleri bolan bazar nyrhynyň üýtgäp durmagy barada öňünden gepleşmek.

1. Nyrhy ýokarlandyrmak barada öňünden gepleşmek. Şeýle ýagdaýda bazar nyrhynyň ýokarlanmagy üpjün etmegiň şertnamasynda göz öňünde tutulan nyrhyň ýokarlanmagyny aňladýar.
2. Nyrhy peseltmek barada öňünden gepleşmek. Ol bazar nyrhynyň islendik peselmeginiň şertnamada bellenen nyrhyň peselmegine gutulgysyz getirjekdigini aňladýar.
3. Nyrhyň islendik üýtgemegi barada öňünden gepleşmek. Şeýle ýagdaýda üpjün etmegiň şertnamasynda görkezilen nyrhyň, degişlilikde, ýokarlanmagy ýa-da peselmegi bolup geçýär.

Öňünden şertleşmeden peýdalanylsa harytlaryň goşmaça möçberini bermek nyrh peselen halatynda, harytlaryň az möçberini bermek nyrhlar ýokarlanan ýagdaýynda amala aşyrylýar. Esasan, bazaryň üýtgäp durýan şertlerinden nyrhlar ätiýaçlandyrylýar.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ykdysady töwekgelçiligiň mazmuny nämeden ybarat?
2. Töwekgelçiligiň bahalandyrylmasy we onuň tapgyrlary barada aýdyp beriň.
3. Töwekgelçiligi möçber taýdan bahalandyrmagyň esasy görkezijilerini aýdyp beriň.
4. Nyrhlary kesgitlemekde töwekgelçilik nähili aňladylýar? Muny mysallar arkaly görkeziň.
5. Kärhana tarapyndan nyrh syýasaty geçirilende hümmetsizlenmäniň netijesiniň bahalandyrylmasy nähili maksatlar üçin zerur?
6. Nyrhlaryň ätiýaçlandyrylmasynyň düýp esasy nämeden ybarat we onuň nähili görnüşleri bar?

# II BÖLÜM
# YKDYSADYÝETIŇ KÄBIR PUDAKLARYNDA WE ULGAMLARYNDA NYRH EMELE GELŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

## 8-nji BAP
## ULAG HYZMATLARY ÜÇIN NYRH EMELE GELŞI

Ulag tarifi – bu giňişlikde maddy obýektiň bir ýerden başga ýere geçirilmegi. Ulag tarifleri ýük daşamak we ýolagçy gatnatmak üçin tarifleri öz içine alýar. Ýük ulagy, önümleri önüm öndürijilerden sarp edijilere ýetirmek bilen, onuň nyrhyny artdyrýar. Ýolagçy ulagy hyzmatlary ýerine ýetirýär. Şonuň bilen baglylykda ýolagçy tarifleriniň emele gelmegi hyzmat etmek gurşawyna degişli bolup durýar.

Ýük tarifleriniň esasynda ýükleri eltmek boýunça jemgyýetçilik üçin zerur bolan zähmet harajatlary ýatyr, bu gatnatmagyň gymmatyny kesgitleýär. Ulag tarifi bolsa onuň pul görnüşinde aňlatmasy bolup durýar. Ýük daşamak üçin harajatlar başlangyç we ahyrky amallar üçin çykdajylardan we ony ugratmak boýunça çykdajylardan emele gelýär. Başlangyç-ahyrky amallara çykdajylar düzümleriň emele getirilmegi bilen ýüküň iberilýän we kabul edilýän nokatlarynda ýük-

lemek we düşürmek bilen baglanyşykly çykdajylary öz içine alýar. Gatnaw amallary ýüküň daşalmagy, gatnaw ýollarynyň saklanylmagy, energetika hojalygy we aragatnaşyk boýunça çykdajylary öz içine alýar.

Başlangyç-ahyrky amallar üçin çykdajylar gatnadylýan aralygyň uzaklygy bilen baglanyşykly däl we diňe ýüküň möçberine bagly, şol sebäpli 1 tonna hasaplananda olar hemişelik bolmagynda galýar.

Gatnaw üçin çykdajylar gatnadylýan aralygyň uzaklygy bilen baglanyşykly. 1 t ýüke hasaplananda olar gatnadylýan aralyga göni proporsional artýar. Şeýlelikde, gatnatmak boýunça çykdajylar başlangyç-ahyrky amallar we gatnaw üçin çykdajylar boýunça harajatlardan emele gelýär.

Ulag önüminiň özüne düşýän gymmaty aşakdaky formulada berlip bilner:

$$G_{öd} = Ç + H \cdot A,$$

bu ýerde $G_{öd}$ – 1 t ýük daşamaklygyň özüne düşýän gymmaty; $Ç$ – 1 t ýüke hasaplananda başlangyç-ahyrky amallar üçin çykdajylar; $H$ – 1 t ýüküň 1 km aralyga hereketi üçin harajatlar; $A$ – aralyk, km.

Ulagyň ýük dolanyşygynyň tonna-kilometriniň özüne düşýän gymmaty aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$G_{öd} = Ç / A + H.$$

Gatnadylýan aralygyň artmagy bilen tonna-kilometriň özüne düşýän gymmaty peselýär. Bu başlangyç we ahyrky amallaryň her bir tonna-kilometrine düşýän çykdajylaryň paýynyň kemelmegine bagly. Ýük ulag tarifleri giňeldilen üznüksüz önümçilik şertlerinde ulagyň kadaly işlemegi üçin zerur bolan ýük dolanyşygynyň tonna-kilometriniň özüne düşýän gymmatynyň we peýdanyň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Tarif äkidilýän ýük üçin tölegden goşulan baha salgydy gös-göni öz içine almaýar.

Başlangyç-ahyrky we gatnaw amallary üçin çykdajylaryň tapawutlandyrylmagy iki derejeli tarifleri kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle tarifler zerur bolan jemgyýetçilik zähmet harajatlarynyň emele gelşini takyk görkezýär, ýük daşamak üçin preýskurantlary ýönekeýleşdirmäge mümkinçilik berýär. Ulagyň käbir görnüşleri üçin

tarifler aýratyn ýagdaýda emele gelýär. Suw ulagynda başlangyç-ahyrky amallar üçin derejeler has ýokary, başlangyç-ahyrky amallar üçin iň pes dereje awtomobil ulagyndadyr. Gatnaw amallarynyň özüne düşýän gymmaty suw ulagynda has pes we awtomobil ulagynda has ýokary, sebäbi suw boýunça gatnaw üçin energiýanyň harajatlary awtomobil ýoly boýunça gatnawdan has pes.

Ulag harajatlarynyň derejesi ýurduň sebitleri boýunça tapawutlanýar. Ulag harajatlarynyň differensiasiýasy derýa we awtomobil ulagynda has açyk görünýär, sebäbi ulagyň şu görnüşleri bilen gatnamaklygyň özüne düşýän gymmatyna tebigy-howa şertleri uly täsir edýär.

Tarif derejeleri belli bir çäklerde gatnawyň ortaça uzaklygyna hasaplanylýar, gatnawyň ortaça uzaklygy tarif guşagy diýlip atlandyrylýar. Tarif derejeleriniň guşaklar boýunça jemi tarif shemasyny emele getirýär.

Ýük dolanyşygynyň tonna-kilometrde özüne düşýän gymmaty ýüküň her bir görnüşiniň aýratynlygyna bagly. Tutýan paýy uly bolmadyk ýükleri daşamagyň özüne düşýän gymmaty agyr ýükleriňkiden esli ýokary. Çalt zaýalanýan önümleri, balygy we şoňa meňzeş ýükleri gatnatmak üçin ýokary tarifler bellenilýär. Şu we beýleki birnäçe faktorlary göz öňünde tutmak bilen, ýükleriň ähli anyk görnüşleri bir bölümlere, toparlara birleşdirildi.

Ulag hyzmatlarynyň köp görnüşleri babatda erkin nyrhlar ulanylýar. Türkmenistanda Hökümetiň kararyna laýyklykda häzirki wagtda ulag hyzmatlarynyň aşakdaky görnüşleri üçin tarifler düzgünleşdirilýär:

- demir ýol ulagynda ýük daşamak, ýük ýüklemek-düşürmek işleri;
- demir ýol ulagynda ýolagçylary gatnatmak, el goşlaryny, ýükleri daşamak;
- portlarda ýük ýüklemek-düşürmek işleri, port ýygymlary, içerki suw ýollary boýunça daşary ýurt gämileriniň gatnawy üçin ýygymlar;
- howa gämilerine, ýolagçylara we ýükler boýunça howa menzilinde hyzmatlar;

- şäher we şäherýaka gatnawlarynda (demir ýol ulagyny goşmazdan) jemgyýetçilik ulaglarynyň ähli görnüşleri bilen ýolagçy gatnatmak we ýük daşamak;
- şäherýaka gatnawlarynda demir ýol ulagy bilen ýolagçy gatnatmak, el goşlaryny daşamak we ýurduň býujete degişli subýektleriniň hasabyna tarifleri düzgünleşdirmegiň netijesinde ýüze çykýan ýitgileriň öwezi dolunan şertlerinde;
- taksini goşmak bilen, welaýatyň arasynda we welaýatyň içinde awtomobil ulagy bilen ýolagçylary gatnatmak we el goşlaryny daşamak;
- ýerli howa ýollarynda we ýerli gatnawlarda hem-de geçelgelerde derýa ulagy bilen ýolagçylary gatnatmak we el goşlaryny daşamak;
- senagat demir ýol ulag kärhanalary tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar.

## 8.1. Demir ýol ulaglarynyň tarifleri

Demir ýol ulagy Türkmenistanyň ulag toplumynyň esasy bolup durýar. Umumy ulanyşdaky ulagyň hemme görnüşleriniň umumy ýük dolanyşygynda demir ýollaryň paýy 80%-e deň.

Tarifler wagonyň görnüşine, ýük daşamaklygyň tizligine we aralygyna, wagonyň ýük göterijiligine, ýük daşamaklygyň aýratyn şertlerine we beýleki ýagdaýlara baglydyr.

Demir ýol ulaglarynda tarifleriň birnäçe görnüşleri ulanylýar. Olar umumy, ýerli we aýratyn tariflere bölünýärler. Umumy tarifler tarifleriň esasy görnüşi bolup durýar: ol boýunça ýükleriň aglaba köpüsi üçin daşamagyň tölegi kesgitlenilýär. Ýerli tarifler ýerli habar bermeler boýunça demir ýol ugurlarynda ýük daşamakda kesgitlenilýär, olar umumy demir ýol ulgamyna goşulmaýar. Olar ýerli kärhanalaryň hususy çykdajylaryny hasaba almak bilen gurulýar we olaryň ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar. Aýratyn tarifler belli bir ugurlarda we öň berlen aralyklara ýük daşamakda ulanylýar. Olar umumy tarife görä ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen bolup biler.

Aýratyn tarifler meýilnamalaýyn hojalykda giňden ýaýrandyr. Häzirki wagtda olar hereket etmeýär. Ýük daşamaklygyň ýörite gurluşlaryny ýa-da şertlerini talap edýän ýük daşamaklyga ýokarlandyrylan tarifler kesgitlenilýär.

Ýük ibermekligiň görnüşleri boýunça demir ýol ulaglarynyň tarifleriniň wagon, konteýner, az tonnaly we ownuk ýük ugratma tariflerine bölünýärler. Wagon boýunça tarifiň esasynda ony ýüklemegiň belli bir möçberinde bir wagon üçin zähmet haky ýatyr. Bir wagon üçin ýük daşamak boýunça töleg onuň ýükleniş derejesine garamazdan alynýar, bu wagonyň ýük göterijiligini we sygymlylygyny has doly ulanmaga höwes döredýär. Konteýnerler boýunça ýük ibermekligiň tarifi konteýnerleriň ýük göterijiliginiň doly ulanylmagyny göz öňünde tutmak bilen hasaplanylýar. Olar wagon boýunça tariflerden has ýokary, munuň özi konteýnerleri saklamak boýunça goşmaça çykdajylaryň ýerini dolmaklygyň hökmanylygy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda konteýner bilen ýük daşamaklygyň tutýan paýy ujypsyz, ýöne ol geljekde ýokarlanar. Tonnalar boýunça tarifler az tonnaly ownuk ýükler ugradylanda ulanylýar. Ownuk ýükleri ugratmaklygyň tarifi dürli resminamalar boýunça gurnama wagonlarda ýükleri daşamakda ulanylýar. Ownuk ýükleri ugratmaklygyň tarifi ýüküň agramyna görä tapawutlandyrylýar.

1995-nji ýylda ýükleriň derejeleri girizildi. Birinji derejä ulag düzüji bölegi 15%-den ýokary bolan ýükler goşulýar. Bular ýaly ýüklere çig mal we beýleki göwrümli ýükler degişli. Ikinji derejeli ýüklerde ulag üçin çykdajy 5–10% bolýar. Üçünji derejä gymmat bahaly ýükler degişli, olarda ulaga bolan çykdajynyň paýy 5% we ondan pesdir.

Binýatlaýyn preýskuranta demir ýol bilen müşderiniň arasyndaky şertnamada kesgitlenilýän goşmaça töleg boýunça ýerine ýetirilýän käbir hyzmatlar girmeýär.

Senagat-demir ýol ulagynyň kärhanalary tarapyndan ýük daşamaklygyň tarifleri ýurduň demir ýol ulgamynda aýratyn ugur bolup durýar, olar öň senagat kärhanalarynyň düzümine girýärdiler, reformanyň dowamynda bolsa özbaşdak ulag kärhanalaryna bölündiler. Senagat-demir ýol ulagynyň kärhanalary, düzgün boýunça, sebitde monopol ýagdaýy eýeleýärler. Şular ýaly ýagdaýda senagat-demir

ýol ulagynyň kärhanalarynyň işleri we hyzmatlary üçin tarifiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy hökmanydyr.

Senagat-demir ýol ulagynyň kärhanalarynyň işleri we hyzmatlary üçin tarifleriň düzgünleşdirilmesi aşakdaky faktorlary göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar:

– işleriň we hyzmatlaryň netijeliligini ýokarlandyrmak, köp zähmet talap edijiligi we esasy gaznanyň harçlanylyşynyň netijeliligini peseltmek boýunça bar bolan ätiýaçlyklary;
– düzgünleşdirilýän subýektlerde zähmet hakynyň, işleriň we hyzmatlaryň möçberiniň üýtgedilmegini;
– işleriň we hyzmatlaryň önümçiliginiň ýokarlandyrylmagy, döwrebaplaşdyrylmagy we üýtgedip gurulmagy boýunça çäreleriň amala aşyrylmagynyň netijeliligini;
– düzgünleşdirilýän subýektler tarapyndan sarp edilen we ýerine ýetirilen işleriň, hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyny emele getirýän ýangyç-energetika resurslarynyň, tehnikanyň we materiallaryň nyrhlarynyň üýtgemegini;
– durmuş gurşawyny saklamak üçin çykdajylaryň esaslylygyny;
– işleriň we çykdajylaryň möçberlerinde möwsümleýin üýtgeşmeleri;
– bildirilýän talaplary we çäklendirmeleri;
– söwdany maliýeleşdirmeklige karz we beýleki çeşmeleriň ulanylyşyny;
– býujet pul kömegini (dotasiýalary).

Senagat-demir ýol ulagynyň tarifleriniň hasaplamasynyň esasyna tarifleriň obýektiw gerek bolan zähmet harajatlaryna we maddy-tehniki resurslara esaslandyrma ýörelgesi goýulýar. Tarifleriň hasaplama esasynyň görnüşini saýlamak ýükleri eltmek şertleri, ýük daşamaklygyň möçberleri, olaryň ýokary derejeliligi we yzygiderliligi, tehnologiki kadalaryň durnuklylygy, ulag işiniň san häsiýetnamalarynyň üýtgemek mümkinçilikleri bilen kesgitlenilýär. Tarifleri ýük daşamaklygyň we tehnologiýanyň görnüşleri boýunça aýratyn hasaplamak teklip edilýär. Şu maksatlarda hökman hyzmat edilýän guramalaryň we kärhanalaryň klassifikasiýasyny, işleriň we hyzmatlaryň görnüşleri boýunça hususy udel tehniki-ykdysady we

maliýe kadalarynyň ulgamyny, şeýle hem olaryň ýerine ýetiriliş tehnologiýasyny işläp taýýarlamaly. Hasaplanylýan döwre senagat-demir ýol ulaglarynyň kärhanalary ýa-da olaryň bölümçeleri we işleriň tehnologiýasy boýunça ortaça tarif zähmet haky umumy görnüşde aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$T = (P + Ç) / Q,$$

bu ýerde $T$ – ulag önüminiň birligi üçin ortaça tarif möçberi, manat; $P$ – peýdanyň agramy, manat; $Ç$ – ýük daşamaklyga çykdajylar (doly özüne düşýän gymmaty), manat; $Q$– ulag önüminiň möçberi.

Senagat-demir ýol ulagynyň kärhanalarynyň hyzmatlary we işleri, wagon-sagady üçin potratlaýyn, sagatlaýyn, kilometrleýin tarifler ulanylýar. Olaryň gurluşynyň we derejesiniň shemasy hyzmatlary ulanyjylar bilen ylalaşmak boýunça kesgitlenilýär we ulanylýar. Potratlaýyn tarifleri köpçülikleýin ýükler daşalanda bellemek teklip edilýär. Buýrujynyň şertleri boýunça hereket edýän düzüm we zähmet resurslary öndürijilikli ulanylýan wagtynda, ýük daşamaklygyň möçber häsiýetnamasynyň näbelliligi we wagt aralyklarynyň durnuksyzlygy mahalynda sagatlaýyn tariflerden peýdalanylýar. Kilometrler boýunça tarifleriň ulanylmagynyň oýlanyşykly gurşawy hökmünde, düzgün boýunça, ulag serişdeleriniň özleriniň ýerlerini üýtgetmeleri bolup durýar.

Ýük daşamaklyga tarifler onuň düzüminiň emele gelmeginiň bitewi ýörelgeleriniň esasynda we ony esasy düzüjileri kesgitlemek usulynda kesgitlenilýär.

Tarifler wagonlaryň görnüşlerine, olara degişli bolan esbaplara, ugratmaklygyň görnüşlerine, wagonlaryň ýük göterijiliginden peýdalanmaklygyň derejesine, ýük daşamaklygyň aýratyn şertlerine, olaryň tizligine, aralygyna we beýleki görkezijilerine baglylykda tapawutlandyrylýar. Wagon toplumyny saklamaklyga çykdajylary hasaba almazdan, Türkmenistanyň çägindäki hemme peýdalanyjylar üçin bitewi tarifler kesgitlenilýär. Wagon toplumyny ulanmaklyga tölegler preýskurantda kesgitlenilýär.

Ýük daşaýan kärhanalar öz müşderilerine eden hyzmatlary üçin olaryň düzümine we hiline baglylykda töleg kesgitleýärler. Töleg hereket edýän düzümiň saklanylmagy we ulanylmagy, ýüküň eýelerine edilen hyzmatlar bilen bagly bolan çykdajylary ödemelidir.

Demir ýol ýolagçy tarifleri ýolagçylary, goşlary we el goşlaryny daşamaklyga kesgitlenen tölegleri we ýygymlary aňladýar. Ýolagçy tarifleri göni we ýerli gatnawlardaky hemme otlularda gatnaw üçin ulanylýan umumy tarifi, şäheriň töweregindäki tarif bolsa şäheriň töweregindäki otlulardaky gatnawy öz içine alýar. Soňky, öz gezeginde, iri şäherlerde şäheriň töweregindäki gatnawlarda ulanylýan zolaklaýyn, ýarym kilometrleýin tariflere, zolaklaýyn ýa-da ýarym kilometrleýin tarif bellenilmedik ýerlerde umumy we abonement tariflere bölünýär.

Demir ýol ulagynyň ýolagçy tarifleri gatnatmagyň görnüşlerine (uzak ýola gidýän, ýerli gatnawlar, şäheriň töweregindäki gatnawlar) bagly.

Uzak ýola gidýän otlularda ýolagçylary daşamaklyga tarifler otlynyň tizligine we wagonyň görnüşine baglylykda tapawutlandyrylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň demir ýol ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak ýeňillikli tarifler bilen amala aşyrylýar.

Uzak ýola gidýän otlularda ýolagçylary gatnatmaklyga tarifleriň kadalaşdyrylmagy Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň teklibi boýunça Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde amala aşyrylýar. Ýolagçy tarifleri indeksleşdirilende ilatyň hakyky girdejisiniň ösüşine üns berilýär. Ýolagçy tarifleriniň ýokarlanmagy ýük daşamak boýunça tarifleriň ösüşinden yza galýar. Tejribede şäheriň töweregindäki tarifler, düzgün boýunça, çykdajylaryň ýerini dolmaýar we çekilen zyýanyň öwezi ýük daşamakdan alnan girdejileriň hasabyna dolunýar.

## 8.2. Suw ulaglarynyň tarifleri

Suw ulaglary bilen ýükleri daşamak, demir ýol ulaglary bilen ýük daşamakdan tapawutlylykda, izolirlenen ýollar boýunça amala aşyrylýar we bitewi ýol ulgamyny döretmeýär, munuň özi aýratyn gämileriň iş şertlerinde düýpli tapawutlary şertlendirýär we ýükleri daşamak boýunça çykdajylaryň derejesinde görkezilýär.

Deňiz ulaglary bilen ýük daşamaklyga tarifler ýüzmegiň görnüşleri boýunça ýurduň içinde deňiz portlarynyň arasynda kabotaž (haryt we ýolagçy daşaýan gämileriň kenar ýakasyndaky gatnawy) ýüzüş tariflerine we ýurdumyzyň hem-de daşary ýurt portlarynyň arasyndaky ýük daşamaklygyň tariflerine bölünýärler. Kabotaž ýüzüşiň tarifi zähmet hakynyň iki görnüşinden: hereketli işler boýunça zähmet haky 1 tonna-mil üçin we portlardaky duralga işleri boýunça zähmet hakyndan ybarat.

Hereketli işler boýunça zähmet haklary ýükleriň görnüşleri boýunça tapawutlanýar we ýüküň aslyna garamazdan, gäminiň hereket edýän wagty boýunça takmynan deň girdejini üpjün edýär. Ýük göterijiligi we tizligi birmeňzeş bolmadyk gämileriň dürli basseýnlerde ulanylmagynyň netijesindäki hereketli işleriň özüne düşýän gymmatynyň derejesindäki tapawut birmeňzeş bolmadyk ulanyş çykdajylary basseýnler boýunça tarifleriň dürli derejesini şertlendirýär. Duralgaly işler boýunça zähmet haklary gury ýük daşaýan gämileriň toparlary we bir basseýnleriň çäginde portlaryň toparlary, şeýle hem işleriň görnüşleri boýunça tapawutlanýarlar, ol hem gämini ýüklemeklige we boşatmaklyga wagtyň birmeňzeş çykdajysy bilen baglanyşyklydyr.

Gämi boýunça tarifleriň tapawutlandyrylmagynyň hökmanylygy dürli howa şertleri, suw ýollarynyň we beýlekileriň aýratynlyklary bilen baglylykda iş şertleriniň dürlüligi bilen şertlendirilýär. Gatnawlaryň görnüşleri boýunça uzak, şäheriň töweregindäki, şäheriň içindäki ýollar we geçelgeler üçin tarifler tapawutlandyrylýar. Gezelenç etmegiň maksatlaryna baglylykda tarifler ulaga, syýahatçylyga we gezelenç etmeklige bölünýärler, gatnawyň tizligi boýunça suwy gysyp çykarýan we çalt gidýän gämileriň tariflerine bölünýärler. Suwy gysyp çykarýan gämilerde tarifler ýolagçy orunlarynyň ýokary amatlykly şertleri boýunça tapawutlanýarlar.

Tarifler gurulmagynyň esaslaryna laýyklykda zolaklaýyn we guşaklaýyn tariflere bölünýärler. Zolaklaýyn tarifler işlenip taýýarlanylanda zähmet haklary tutuşlygyna hemme zolaklar üçin kesgitlenilýär, guşaklaýyn tarifler işlenip taýýarlanylanda bolsa guşaklygyň aralygynyň ýarysy üçin kesgitlenilýär. Daşky görnüşi boýunça tarifler

tablisalaýyn we guşaklaýyn bolýarlar. Tablisalaýyn tariflerde ugradylan we bellenen ýerler, geçelgäniň aralygy we gymmaty görkezilýär. Guşaklaýyn tariflerde şol guşaklygyň uzaklygy üçin ýol pulunyň gymmaty görkezilýär.

Ulag ýollarynyň suwy gysyp çykarýan gämilerinde ýolagçylary daşamaklyga tarifler hemme zady üpjün ýokary derejeli gämiler, uzak ýollarda, şäheriň töweregindäki, şäheriň içindäki ýollarda suwy gysyp çykarýan adaty gämiler, şeýle hem geçelgelere hyzmat edýän gämiler üçin tariflere bölünýärler.

Hemme zady üpjün ýokary derejeli suwy gysyp çykarýan gämilerde ýolagçy kaýutalary şu aşakdaky ýagdaýlara, ýagny palubadan uzaklykdaky derejesi, kaýutanyň meýdany we ondaky adamlaryň gürlügi, kaýutanyň hatar-hatarlygy, ýaşaýyş üçin gerek zatlaryň we beýlekileriň barlygy boýunça toparlara bölünýär. Uzak ýollardaky suwy gysyp çykarýan adaty gämilerdäki ýol puluna tarifler ýatylýan we oturylýan ýerler üçin kesgitlenilýär. Soňkulara görä olar toparlary boýunça differensirlenýärler. Şäheriň töweregindäki, şäheriň içindäki ýollaryň gämilerinde ýük daşamaklyga tarifler ýerli şertleri hasaba almak bilen işlenip düzülýär. Syýahatçylary gatnatmak üçin tarifler ýol hatlarynyň ýerlenilmek görnüşine baglylykda kesgitlenilýär. Olar syýahatçylyk kärhanalary tarapyndan ýerlenende şertnamalaýyn tarifler ulanylýar. Eger-de syýahatçy ýol hatlary gönüden-göni gäminiň eýesi tarapyndan ýerlenilýän bolsa, onda tarif gämini saklamaklygyň özüne düşýän gymmatyndan we gerek bolan girdejini almakdan ugur alnyp hasaplanylýar.

Deňiz ulagynda ýolagçy tarifler kesgitlenende gäminiň rahatlygy we ýolagçynyň eýeleýän ýeriniň derejesi, şeýle hem kaýutada bar bolan goşmaça amatlyklar hasaba alynýar.

## 8.3. Awtomobil ulaglarynyň tarifleri

Awtomobil ulagy üçin ýokary derejede gatnaw etme ukyby we ýükleri daşamagyň tizligi mahsusdyr. Onuň artykmaçlygy ýükler ammardan satyn alyjynyň ammaryna göni eltilýändiginden ybarat.

Awtomobil ulagynyň netijeliligi daşalýan ýükleriň görnüşine, ýol ulgamynyň ýagdaýyna we ösenligine baglydyr.

Awtomobil ulagynyň ýük tarifleri ulaglaryň ähli görnüşleri üçin umumy tarifleriň kesgitleniş esasyndan ugur almak bilen emele gelýär. Olar ýük daşamagyň özüne düşýän gymmatynyň öwezini dolmaly we bazar şertlerinde awtoulag kärhanalary tarapyndan olaryň kadaly işleri üçin ýeterlikli girdejiniň alynmagyny üpjün etmeli.

Awtomobil ulagy bilen ýük daşamagyň özüne düşýän gymmaty, ulagyň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende, has ýokary, bu awtomobil ulagynyň ýokary bolmadyk ýük göterijiligi, hereket etmeklige energiýanyň harçlanyşynyň we iş haky üçin çykdajylaryň ýokarylygy bilen şertlendirilendir. Şeýle hem, ýük daşamagyň özüne düşýän gymmaty ýol-howa şertleriniň, ýüküň görnüşiniň, ýük akymlarynyň häsiýetiniň, hereket edýän düzümiň görnüşiniň tapawutlylygynyň täsiri astynda üýtgäp durýar. Iş haklarynyň derejesiniň, awtomobil benzinine we dizel ýangyjyna nyrhlaryň sebitleýin tapawudy awtomobil ulagy bilen ýük daşamagyň özüne düşýän gymmatyna täsir edýär. Awtomobil ulagynyň tarifleri awtoulag kärhanalary tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

Awtomobil ulagynyň ýük tarifleri şäherara we halkara gatnawlarda ýük daşamak üçin potratlaýyn we sagatlaýyn tariflere bölünýärler. Ýük daşamaga potratlaýyn tarifler tarifleriň esasy görnüşi bolup durýar. Olar hemme ýükleri daşamakda ulanylýar. Awtomobil ulagynyň ýük göterijiligini ulanmagyň derejesine baglylykda potratlaýyn tarifler dörde bölünýär. Awtomobil ulagynyň ýükleniş derejesiniň ýokarlanmagy bilen ýük daşamaga zähmet hakynyň tarifi peselýär.

Sagatlaýyn tarifler daşalýan ýükleriň sanyny, ýük daşamagyň aralygyny hasaba almak mümkin bolmadyk ýa-da çylşyrymly ýagdaýlarda kesgitlenilýär. Sagatlaýyn tarifler işiň her bir sagady we awtoulagyň geçen her bir kilometri boýunça onuň ýük göterijiligine baglylykda kesgitlenilýär.

Haçan-da awtomobil ulagynyň iş şertleri boýunça potratlaýyn we sagatlaýyn tarifleriň ulanylmagy mümkin bolmadyk ýagdaýlarynda, kilometrler boýunça tarifler ulanylýar, mysal üçin, iş ýerine we yzyna

aralygy boş geçmeklik. Kilometrler boýunça tarifler awtoulagyň ýük göterijiligine baglylykda tapawutlandyrylýar.

Awtomobil ulagynyň tarifleri ýöriteleşdirilen awtomobil ulaglarynda ýükleri daşamak üçin goşmaça puly öz içine alýar, bu ýük daşamagyň özüne düşýän gymmatynyň has ýokarydygy bilen baglanyşyklydyr.

Tarifden bahasyny aşaklatma awtomobil ulagynyň ýük göterijiligini ulanyş koeffisiýentini ýokarlandyrmak maksatlary bilen ulanylýar.

Awtomobil ulagynda ýük ýüklemek-düşürmek işleri, ammar hyzmatlary, ýükleri ugratmak we şuňa meňzeş işler bilen baglanyşykly bolan goşmaça işlere ýygymlar alynýar.

### Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Ulag tarifleriniň esasynda näme ýatyr?
2. Ulag tariflerini gurmaklygyň nähili ýörelgeleri bar?
3. Ulagda tarifleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň aýratynlyklary nämede aňladylýar?
4. Ýolagçy tariflerini emele getirmekligiň nähili ýörelgeleri bar?
5. Senagat demir ýol ulaglary kärhanalary tarapyndan ýükleri daşamak boýunça işlere tarifleri gurmaklygyň aýratynlyklary nämeden ybarat?

## 9-njy BAP
## ILATA EDILÝÄN DURMUŞ WE JEMAGAT HYZMATLARY ÜÇIN NYRH EMELE GELŞI

Ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy bilen ilat tarapyndan sarp edilýän tölegli we tölegsiz hyzmatlaryň möçberi barha artýar. Hyzmatlar ýaýrawynyň we möçberiniň giňemegi adamlaryň wagtyny tygşytlaýar we işçi güýjüniň giň gerimli üznüksiz önümçiliginiň möhüm faktory bolup durýar.

Durmuş ähmiýeti boýunça hyzmatlary iki topara bölmek bolýar. Ilatyň ýaşaýyş derejesini üpjün etmekde möhüm ähmiýeti bolan

aýratyn durmuş ähmiýetli hyzmatlar we köpçülikleýin islegden peýdalanýan hyzmatlaryň adaty görnüşleri.

Aýratyn durmuş ähmiýetli hyzmatlar babatda aýdylanda, ilatyň ähli toparlarynyň bu hyzmatlara zerurlyklaryny üpjün etmek mümkinçiliginiň döredilmegine gönükdirilen nyrhlar syýasaty ýöredilýär. Şeýle hyzmatlara, ilki bilen, ilatyň ýaşaýyş jaý we saglygy goraýyş hyzmatlaryna zerurlyklarynyň üpjün edilmegi degişli. Ikinji topardaky hyzmatlaryň nyrhlary bazar faktorlarynyň täsiri astynda emele gelýär. Bu hyzmatlaryň nyrhlarynyň we tarifleriniň derejesi köp babatda geografiki we möwsümleýinlik faktorlaryna bagly bolup durýar. Geografiki faktoryň täsiri hyzmatlaryň görnüşleriniň köpüsine nyrhlaryň we tarifleriň çäkler boýunça tapawutlandyrylyşynda ýüze çykýar. Hyzmatlaryň köpüsine isleg ýiti möwsümleýin häsiýete eýedir. Tomsuna syýahatçylyk hyzmatlaryna, ýolagçy ulag hyzmatlaryna isleg artýar.

Hyzmatlara islegiň pese düşen döwründe hereket edýän tariflerden arzanlatmalar bellenilýär.

Hyzmatlara tarifleriň emele gelmegi esli derejede sarp ediş nyrhynyň özboluşly aýratynlygyna bagly. Hyzmatlaryň bir bölegi aýratyn zerurlyklary kanagatlandyrýan sarp ediş gymmatynyň önümçiligi bilen, hyzmatlaryň beýleki görnüşleri bolsa – diňe sarp ediş gymmatyny döretmezden, aýratyn şahsa hyzmat edilmegi bilen baglanyşykly. Aýratyn sargytlar boýunca egin-eşik tikmek ýa-da durmuşda ulanylýan tehnikany bejermek sarp ediş gymmatynyň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu hyzmatyň bahasy hyzmat etmek üçin diňe bir zerur bolan jemgyýetçilik zähmet harajatlaryna däl-de, köpçülikleýin öndürilýän şeýle täze harytlaryň emele gelen nyrhyna bagly bolup durýar. Hammamlaryň, dellekhanalaryň, ýolagçy ulaglarynyň, teatryň hyzmatlary sarp ediş gymmatlaryny döretmezden edilýär we işiň görnüşi hökmünde zähmetiň gös-göni sarp edilmeginde ýüze çykýar. Şeýle hyzmatlaryň nyrhy sarp edilen zerur bolan jemgyýetçilik hyzmatynyň möçberine we hiline bagly bolup durýar.

Harytlaryň ähli görnüşleri üçin tarifler hyzmatlaryň hiline baglylykda tapawutlanýar. Ýaşaýyş jaýy üçin tarifler onuň amatlylygyny göz öňünde tutýar; ulag hyzmatlarynyň hili geçilen ýoluň amatlylygy

we onuň tizligi bilen kesgitlenilýär; poçta hyzmatlarynyň hili hatlaryň tiz we öz wagtynda eltilmegine bagly we ş.m.

Bazar ykdysadyýetinde tölegli hyzmatlaryň köpüsine tarifler erkin emele gelýär. Olar emele gelýän harajatlary, islegiň we teklibiň gatnaşygyny göz öňünde tutmak bilen ýa-da şertnama esasynda hyzmat edýän telekeçiler tarapyndan bellenilýär. Häzirki wagtda jemagat hyzmatlaryna, ýolagçy hyzmatlaryna, aragatnaşyk hyzmatlaryna tarifler döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýär. Jemagat hyzmatlaryna tarifleriň esaslandyrylan derejesiniň bellenilmegi has çylşyrymly wezipe bolup durýar. Jemagat hyzmatlary adamyň ýaşaýyş üçin möhüm zerurlyklaryny kanagatlandyrýar. Jemagat hyzmatlary ulgamyna ýaşaýyş jaý hojalygyny ýöretmek, suw geçirijileriň we lagym ulgamynyň işlemeginiň üpjün edilmegi, energiýa, ýylylyk, gaz üpjünçiligi, şäheriň içinde ulaglaryň işleri, çägi arassalamak we ýygnamak gulluklary girýär.

Jemagat kärhanalarynyň hyzmatlary üçin tarifler, kada boýunça, harajatlaryň esasynda kesgitlenilýär. Jemagat hyzmatlaryna tarifleriň derejesi bir sebitiň çäklerinde hem üýtgäp biler. Jemagat hyzmatlaryna (ýylylyk, elektrik energiýasy, suw, gaz) tarifleriň derejesi sarp edijileriň toparlary boýunça bellenilýär we bu hyzmat etmek boýunça harajatlardaky tapawutlar bilen baglanyşykly.

Bu usul boýunça ilatyň ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlaryna tölege ukyply mümkinçiliklerini hasaplamak döwlet we belli bir administratiw düzümiň ýaşaýyş jaý gorunda ýaşaýan ýaşaýjylar üçin geçirilýär.

Ilatyň ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlary üçin bellenen tölegi aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$T_b = K \cdot V,$$

bu ýerde $V$ – abatlaýyş işleri üçin harajatlaryň derejesine görä ilat tarapyndan ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlaryna töleginiň ýaşaýyş jaýyny saklamak üçin harajatlaryň derejesi, şeýle hem şol administratiw düzümde wagtyň degişli döwründe jemagat hyzmatlary; $K$ – kärhanalaryň suw, elektrik, ýylylyk, gaz üpjünçiligini öz içine alýan dolandyryş düzümi üçin wagtyň degişli döwründäki aýda 1 adama düşýän ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlarynyň önümçiligine, şeýle

hem ýaşaýyş jaý goruny saklamaklyga, düýpli abatlaýyş işlerine we hakyna tutmaga töleg üçin emele gelen harajatlar. *K* aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$K = G \cdot Th,$$

bu ýerde $T_h$ – şol administratiw düzüm üçin 1 m$^2$ hasaplananda ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlarynyň hakyky gymmaty, *G* – şol administratiw düzüm üçin kabul edilen ýaşaýyş jaý meýdanynyň durmuş kadasy.

Adam başyna düşýän ortaça girdejisi belli bir derejede bolan ilatyň degişli topary üçin aýda 1 adama ýaşaýyş jaý pul kömeginiň (subsidiýalarynyň) hasaplanan möçberi aşakdaky formula bilen kesgitlenilýär:

$$S = T_b - p,$$

bu ýerde $T_b$ – jaý-jemagat hyzmatlary üçin bellenen töleg, *p* – adam başyna düşýän ortaça girdejisi belli bir derejede bolan ilatyň – jaý-jemagat hyzmatlaryna tölemek üçin ýol berilýän aňryçäk çykdajylary.

Hereket edýän durmuş kadasyna laýyklykda ýurdumyzda aragatnaşyk ulgamynda tebigy monopoliýa poçta we elektrik aragatnaşygynyň umumy elýeterli hyzmatlary degişli edildi.

Umumy elýeterli elektrik aragatnaşygy hyzmatlary üçin tarifleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda döwlet derejesinde düzgünleşdirilýän aragatnaşyk hyzmatlaryna aşakdakylar degişli:

- poçta kartoçkalaryny, hatlary, banderollary, pul geçirmelerini ibermek;
- pensiýalary, kömek pullaryny, öwezini doluş töleglerini we beýleki durmuş töleglerini eltip bermek;
- telegrammalary geçirmek;
- halkara telefon gepleşikleri;
- degişli býujetlerden maliýeleşdirilýän guramalar üçin magistral telefon we telegraf aragatnaşyk ýollaryny üpjün etmek;
- býujetden maliýeleşdirilýän aragatnaşyk edaralarynyň ugurlary boýunça maglumatlary geçirmek;

- radioelektron serişdeleri, ýokary tizlikli gurluşlary bellige almak, gözegçilik etmek, umumy maksatlara niýetlenilen elektrik gurluşlaryň we ýokary tizlikli gurluşlaryň standartlara we guramalar üçin industrial päsgelçiliklere laýyklygyny synag etmek;
- Türkmenistanyň döwlet teleradio guramasynyň alyp eşitdirmek boýunça aragatnaşyk hyzmatlary.

Sebitleýin derejede düzgünleşdirilýän hyzmatlara aşakdakylar degişli:

- telefondan peýdalanandygy üçin abonent tölegi;
- telefon gurmak;
- ýerli telefon ulgamynda telefon-awtomatlar boýunça gepleşikler.

Aragatnaşyk hyzmatlary üçin tarifler aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek üçin harajatlaryň öwezini dolmaly we aragatnaşyk guramalarynyň düşewüntli işlemegini üpjün etmeli.

Aragatnaşyk guramalarynyň düşewüntliliginiň derejesi aragatnaşygy ösdürmegiň döwlet we sebitleýin maksatnamalarynyň çäklerinde bölünip berilýän serişdeleri göz öňünde tutmak bilen kesgitlenilýär we düzgünleşdiriji guramalar bilen ylalaşylýar.

Düzgünleşdirilýän hyzmatlaryň aýratyn görnüşleri boýunça düşewüntliligiň derejesi olaryň durmuş ähmiýetine, sarp ediş gymmatlylygyna, aragatnaşyk hyzmatlarynyň bu bazaryny ösdürmegiň zerurlygyna baglylykda tapawutlandyrylyp bellenilýär. Birmeňzeş hyzmatlar üçin tarifler sarp edijileriň iki topary boýunça – ilat we guramalar boýunça tapawutlandyrylýar.

Oba ýerlerinde telefon aragatnaşygy hyzmatlaryny goşmazdan, ilat üçin aragatnaşyk hyzmatlaryna tarifleriň iň pes derejesi goşulan baha salgydy göz öňünde tutmak bilen, aragatnaşyk hyzmatlarynyň harajatlarynyň doly öwezini dolmaly.

Guramalara edilýän aragatnaşyk hyzmatlary üçin tarifleriň iň ýokary derejesi olaryň özüne düşýän gymmatynyň möçberinden üç esseden ýokary bolmaly däl. Köp möçberde ýokarlandyrmaga diňe hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatynyň üç gezek ýokarlandyrylmagy düzgünleşdiriji edaralar bilen ylalaşylan çäklerde aragatnaşygy gura-

mak boýunça düşewüntliligiň derejesini saklamak we düzgünleşdirilen aragatnaşyk hyzmatlaryny ýerine ýetirmek boýunça çykdajylaryň ödelmegini üpjün edip bilmedik ýagdaýynda ýol berilýär.

Ýerli şäherara we halkara telefon aragatnaşyklaryna hyzmatlar üçin tarifler gije-gündiziň dowamynda sagatlar boýunça tapawutlandyrylýar.

Aragatnaşyk hyzmatlary üçin tarifleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi üçin hyzmatlaryň görnüşleri we sarp edijileriň topary boýunça tapawutlandyrylýan hereket edýän tarifleriň indeksleşdirilmeginiň koeffisiýentinden peýdalanylýar. Tarifleriň indeksleşdirilmeginiň koeffisiýentleriniň tapawutlandyrylmagy degişli hyzmatlary etmek üçin hereket edýän (binýatlaýyn) tarifleriň we hasaplanan harajatlaryň gatnaşygyndan (býujet guramalary üçin tarifleriň we beýleki döwlet ýa-da hususy guramalaryň tarifleriniň gatnaşyklary) ugur alnyp amala aşyrylýar. Tarifleriň olaryň özüne düşýän gymmatyndan pes bolan hyzmatlar ýerine ýetirilende ýa-da býujete degişli ýa-da beýleki guramalar üçin tarifleriň derejeleri dürli bolanda senagat önüminiň nyrhlarynyň ýokarlanmagynyň indeksi bilen bir hatarda býujetden maliýeleşdirilmeýän guramalar üçin bellenilýän binýatlaýyn tarifi galdyrmagyň koeffisiýenti hem göz öňünde tutulmaly. Aragatnaşyk guramalarynyň aşakdaky şertleriň biri bolan ýagdaýynda düzgünleşdirilýän aragatnaşyk hyzmatlary üçin tariflere gaýtadan seredilmegi barada mesele boýunça düzgünleşdiriji edaralara ýüz tutmaga hukuklary bar:

- aragatnaşyk hyzmatlary ösýär we olaryň hili ýokarlanýar;
- hyzmatlaryň tarifleri olaryň ýerine ýetirilmegi üçin harajatlary ödemeýär;
- hümmetsizlenme artýar;
- merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterim derejeleri üýtgeýär.

Aragatnaşyk hyzmatlary üçin tarifler esasy, ýeňillikli we goşmaça tarifler ýaly görnüşlere bölünýär. Esasy tarifler tarifleriň has ýaýran görnüşleri bolup durýar we aragatnaşyk hyzmatlarynyň ähli görnüşleri üçin ulanylýar. Ýeňillikli tarifler iş az bolan sagatlar ýa-da

ilatyň sosial taýdan goraglylygy pes toparyna hyzmatlaryň aýratyn görnüşleri üçin bellenilýär.

Häzirki wagtda tarifler aragatnaşygy ösdürmegiň has möhüm faktory bolup durýar.

Köp ýurtlarda tarifler elektrik aragatnaşygynyň Halkara Bileleşigi tarapyndan işlenip taýýarlanylan elektrik aragatnaşygy hyzmatlarynyň tarifleşdirilmeginiň umumy ýörelgelerini we Bütindünýä Poçta Bileleşiginiň Konwensiýasy tarapyndan işlenip taýýarlanylan poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny göz öňünde tutmak bilen gurulýar. Bu ýörelgeler şulardan ybarat.

Aragatnaşygyň hyzmatlaryndan alynýan girdejiler guramalaryň ähli harajatlarynyň üstüni ýapmaly. Tarifler aşakdakylaryň öwezini dolmaly:

- ulanyş harajatlary;
- peýdalanylan serişde üçin göterim;
- fiskal salgytlar;
- enjamlaryň amortizasiýasy;
- barlag we synag üçin çykdajylar;
- ulgamy giňeltmek we durkuny täzelemek üçin zerur bolan maýa goýumlary.

Milli we durmuş nukdaýnazaryndan ugur alnyp, ýeňillikli tarifler bellenilende, girdejilerdäki ýitgiler şol guramadaky beýleki aragatnaşyk hyzmatlary üçin tarifleriň artdyrylmagynyň hasabyna öwezi dolunmaly.

Ýurdumyzda bazar ykdysadyýetini giňden ornaşdyrmak üçin nyrh ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan bäri nyrh emele gelşi we nyrhy kadalaşdyrmak syýasatyny özbaşdak alyp barýar we kärhanalara hem-de edaralara hojalygy dolandyrmakda deň derejede ykdysady hukuklary berýär.

Döwlet tarapyndan durmuşa geçirilen işler ilatyň durmuş derejesiniň pese düşmeginiň öňüni aldy. Ýene-de aýratynlyklaryň biri wajyp önümleriň görnüşlerine, harytlara we hyzmatlara söwda goşundylarynyň nyrhlarynyň çäklendirilen derejeleri we tarifleri kesgitlenildi. Şol esasda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň

fewral aýynyň 30-na kabul eden «Elektroenergiýany, gazy, suwy mugt ulanmak», 1994-nji ýylyň fewral aýynyň 14-ne kabul eden «Türkmenistanyň ilatyny nahar duzy bilen mugt üpjün etmek» barada kararlary muňa aýdyň mysaldyr. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň ilatyny 2030-njy ýyla çenli tebigy gaz, elektrik energiýasy, suw we nahar duzy bilen mugt üpjün etmek» baradaky karary hem halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň gowulanmagyna gönükdirilen resminama bolup durýar.

Olardan başga-da Türkmenistanyň ýaşaýjylary şäher köpçülikleýin ulaglaryny ulananlarynda nyrh subsidiýalaryny alýarlar. Sebäbi awtobusda geçilýän ýoluň gymmaty özüne düşýän gymmatyndan birnäçe esse arzan. 1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň weteranlaryna we olaryň derejesindäki raýatlara şäher ulaglarynyň hyzmatlarynyň görnüşinden mugt peýdalanmaga rugsat berilýär.

2007-nji ýylyň 1-nji iýulynda kabul edilen «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny ýurdumyzyň durmuş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek işiniň maksatnamalaýyn çärelerini öz içine alýar. Kanunda kepillendirilen zähmet pensiýalary, çaga dogran we ýaş çagaly enelere we beýleki döwlet kömek pullary ýurdumyzyň raýatlaryny durmuş taýdan goldamakda uly ähmiýete eýedir.

Olardan başga-da ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurulýan ýokary amatlykly jaýlary 30 ýyllyk möhletli 1 göterimde ipoteka karzlary bilen almaga mümkinçilik döredildi. Karzlary töläp başlamagyň ýeňillikli gaýra goýmak möhleti 5 ýyla barabardyr.

Tarifleri döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň kömegi bilen ilatyň ýaşaýyş-jemagat çykdajylary 2008-nji ýylda umumy hojalyk çykdajylaryň 0,2 we tölegli hyzmatlaryň 3,7 göterimini tutdy. Mysal üçin, öňki SSSR döwletleriniň ýaşaýyş-jemagat çykdajylary umumy hojalyk çykdajylarynyň tölegli hyzmatlara berilýän böleginiň 23–47, ABŞ-da bolsa 30 göterimini tutýar.

Aragatnaşyk hyzmatlaryny ýerlemekden alynýan girdejileriň umumy möçberi aragatnaşyk guramasynyň netijeli işlemegi üçin zerur bolan möçberden ýokary bolmaly däl, şonda tarifler hyzmatlaryň möçberiniň artdyrylmagyna we aragatnaşyk ulgamlarynyň ösmegine itergi bermeli.

Tarifleriň ulgamy abonentleriň ählisi üçin deň hukuklary kepillendirer ýaly gurulmaly.

Tarifleriň ulgamy täze talaplar ýüze çykanda, ýeterlik derejede ýönekeý usullar bilen kämilleşdiriler ýaly çeýe bolmaly.

### Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Hyzmat tarifleriniň emele gelşiniň aýratynlygy nämeden ybarat?
2. Hyzmatlaryň haýsy görnüşlerine tarifler döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýär?
3. Durmuş we jemagat hyzmatlaryna tarifler bellenilende döwlet syýasatynyň nähili ýörelgeleri bar?
4. Sebitler boýunça durmuş we jemagat hyzmatlaryna tarifleriň tapawutlanmagynyň nähili sebäpleri bar?
5. Aragatnaşyk hyzmatlaryna tarifleri gurmaklygyň we tarifleriň tapawutlanmagynyň ýörelgeleri nämeden ybarat?
6. Aragatnaşyk hyzmatlaryna tarifleri düzgünleşdirmegiň hukugy kime berlen?
7. Ýurduň çäkleri boýunça aragatnaşyk hyzmatlaryna tarifleriň tapawutlandyrylyşyny haýsy faktorlar kesgitleýär?

# 10-njy BAP
# BAZARYŇ WE NYRHLARYŇ DÖWLET TARAPYNDAN DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI

## 10.1. Ykdysadyýetiň we nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň zerurlygy

Hojalygy düzgünleşdirmegiň köp görnüşlerini saýlap almak we utgaşdyrmak meselesi diňe bir Türkmenistan üçin däl-de, eýsem beýleki ýurtlar üçin hem has möhüm, çylşyrymly we jedelli meseleleriň biridir.

Häzirki zaman şertlerinde ykdysadyýete diňe bir döwlet däl-de, eýsem hususy monopoliýalar hem düzgünleşdiriji täsir edýär. Şeýlelikde, ykdysadyýeti düzgünleşdirmek iki derejede – makroderejede (subýekt – döwlet) we mikroderejede (subýekt – hususy kärhana-

lar) amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: «Makroykdysady düzgünleşdiriş işi durnukly ykdysady ösüşi gazanmaga, bahalaryň durnuklylygyny hem-de ýuduň maliýe pudagynyň netijeli işlemegini, ahyrky maksadynda bolsa halkyň mynasyp ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Bu işde döwlet makrodüzgünleşdiriş çäreleriniň ýurduň hemmetaraplaýyn potensialyny durmuşa geçirmäge we milli ykdysadyýeti düýpli döwrebaplaşdyrmaga esaslanýan ugurlaryna aýratyn orun berilýär». Şeýlelikde kärhananyň bazar strategiýasy döwletiň ykdysady syýasaty nähili alyp barýandygyna bagly bolup durýar.

Döwletiň we kärhanalaryň arabaglanyşygynyň aýratynlyklary diňe bir häzirki zaman jemgyýetiniň ykdysady we durmuş gatnaşyklarynyň häsiýetine däl-de, eýsem ony düzgünleşdirmegiň mehanizmlerine hem öz täsirini ýetirýär.

Döwlet we hususy kärhanalar özleriniň hojalyk durmuşyny düzgünleşdirmek wezipesini bir-birinden aýratyn däl-de, berk bitewilikde ýerine ýetirýärler. Kärhanalar öndüriji güýçleri ösdürmegiň täsiri bilen önümçiligi umumylaşdyrmagyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyna näçe köp obýektiw ýardam etse, olar öz agalygyny saklamak üçin döwletiň kömegine şonça ýygy-ýygydan ýüz tutmaga mejbur bolýar we olaryň arabaglanyşygy şonça-da berk bolýar. Ýöne bu arabaglanyşyga diňe ykdysadyýetiň monopollaşmagynyň netijesi hökmünde birtaraplaýyn seredilmeli däl.

Döwletiň hojalyk wezipesiniň üýtgemeginiň hem möhüm ähmiýeti bar. Döwlet dürli görnüşli gurallary döredýär, onuň kömegi bilen hojalyk işlerine gatyşýar. Ykdysadyýetiň monopollaşmagynyň ösmegine we onuň umumylaşdyrylmagynyň derejesiniň güýçlenmegine görä döwlet serişdäni gönükdirmegiň we önümçilik prosesini dolandyrmagyň möhüm wezipesini öz üstüne almaly, sebäbi degişli eýeçilik görnüşiniň çäkleri bilen çäklendirilen kärhanalaryň bu wezipäni ýerine ýetirmäge ýagdaýy ýok.

Döwlet bilen hususy kärhanalaryň arasynda özara gatnaşyklaryň görnüşleri üýtgeýär. Hususy kärhanalaryň işlerini düzgünleşdirmek gyradeň bolup geçmeýär, ol bolsa bu mehanizmiň aýratyn elementleriniň döwürleýin ýokarlanmagynda ýa-da gowşamagynda ýüze çykýar.

Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman ösüş şertlerinde ykdysady prosesleri düzgünleşdirmek diňe bir hususy monopolistik birleşmeleriň we döwletiň umumy tagallalarynyň esasynda amala aşyrylmaýar. Döwlet we kärhanalar düzgünleşdirmegiň özbaşdak subýektleri bolup durýar. Meselem, kärhanalaryň iş ýaýrawynyň giňeldilmegi üznüksiz önümçilik prosesiniň möhüm arabaglanyşygynyň emele gelmegine aýgytly täsir edýär. Monopoliýalaşdyrmagyň görnüşleri olaryň köpgörnüşliligi bilen bir wagtda düzgünleşdirmegiň usullaryny hem öz içine alýar.

Önümçilik prosesleriniň düzümini üýtgetmek we güýçlendirmek üçin hususy kärhanalar monopoliýalaşdyrmagyň utgaşma, karteller, kooperasiýa, bazar ykdysadyýetiniň täze görnüşleri ýaly dürli usullaryndan peýdalanýarlar.

Döwlet özüniň düzgünleşdiriji işinde mejbur etmegiň hukuk kadalaryndan peýdalanýar we ägirt uly ykdysady serişdelere ygtyýarlyk edýär. Ykdysady prosesleri düzgünleşdirmegiň döwlet gurallary üç sany möhüm serişdäni: döwlet býujetini, döwlet bank ulgamyny we ykdysadyýetiň döwlet sektoryny öz içine alýar. Döwlet şolar arkaly ykdysady ösüşi we ylmy-tehniki ösüşi (YTÖ) höweslendirmek, kärhanalaryň daşary ykdysady işlerini we ş.m. goldamak bilen, hojalygyň hereket etmegine täsir edýär.

Hususy monopoliýanyň we döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň arasyndaky baglanyşygyň maksady diňe bir üýtgeýän şertlere uýgunlaşmak däl-de, eýsem jemgyýetiň mundan beýläk hem ykdysady ösüşi üçin zerur bolan düzüm öňegidişlikleriniň amala aşyrylmagyndan ybaratdyr.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda kapitalistik hojalygyň çökgünliginiň ýeten derejesi bazar ykdysadyýetiniň esaslaryna howp saldy. Bu birnäçe ýurtlaryň hökümetlerini bazar gatnaşyklaryna gatyşmak syýasatyndan daşlaşmaga we işsizligiň gowşadylmagyna we ykdysadyýetiň dowamly durgunlyk ýagdaýyndan çykylmagyna gönükdirilen ykdysady çäreleriň giň geriminden peýdalanylmagyna girişmäge mejbur etdi.

Bazar hojalygynyň hereket etmeginiň esasy ýörelgelerine täze çemeleşmeler amerikan alymy J. M. Keýns tarapyndan taýýarlanylan

«Iş bilen meşgullygyň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» atly işde beýan edilen döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň baş ugrunda öz beýanyny tapdy. Keýnsiançylyk nazaryýeti öz akymyna emele gelen bazar mehanizminiň önümçilik faktorlarynyň doly peýdalanylmagyny üpjün edip bilmejekdigi barada pikire esaslanýar.

Bu nazaryýete laýyklykda, döwletiň öňünde aýratyn hojalyk birlikleri tarapyndan kararlaryň erkin kabul edilmeginiň saklanmagy bilen, netijeli islegiň umumy möçberini kesgitlemek arkaly bazar mehanizminiň hereket etmegine gatyşmazlyk wezipesi goýuldy.

Bazar ykdysadyýetini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ulgamy ikinji jahan urşundan soň aýratyn ähmiýete eýe boldy. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy wezipesi milli girdejiniň ösmegini, töleg balansynyň gyradeňligini, nyrhlaryň durnuklylaşmagyny üpjün etmekden ybarat. Islegiň umumy derejesiniň düzgünleşdirilmegi babatda aýdylanda, ol özüniň ilkibaşdaky çökgünlige garşy häsiýetini ýitirdi we tapgyrlaýynlyga garşy häsiýete eýe boldy.

Döwlet bazar ykdysadyýeti şertlerinde milli hojalyga, mysal üçin, döwlet eýeçiligi ýa-da salgyt ulgamy, göterim derejesi, tarifler arkaly göni ýa-da gytaklaýyn täsir edip biler. Meselem, XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda döwlet ýa-da ýarym döwlet eýeçiliginiň ösüş meýli bellenildi, ol birnäçe ýurtlarda (Angliýa, Fransiýa, Italiýa we ş.m.) çökgünlik ýagdaýynda duran ulagyň, energetikanyň, metallurgiýanyň millileşdirilmegi netijesinde, şeýle hem gaznany köp talap edýän birnäçe pudaklaryň (atom senagaty, energetika) ösmegi ýa-da infrastrukturanyň netijesinde ýüze çykdy. Döwlet eýeçiligini döretmek meýli, ilki bilen, Günbatar Ýewropa ýurtlary üçin häsiýetli bolmak bilen, ABŞ-da, Ýaponiýada onuň orny pesräk boldy.

XX asyryň 70–80-nji ýyllarynda önümçiligi göni döwlet eýeçiligine geçirmek we döwlet eýeçiligini döretmek prosesi peseldi we onuň ornuna «garyşyk ykdysadyýet» geldi.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň täze ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagy karz-pul we salgyt-maliýe ýaýrawlarynda amala aşyryldy. Döwlet edaralary tarapyndan gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň passiw bellige alynmagynyň, ony üpjün etmegiň usullary-

nyň, daşary ýurt pulunyň dolanyşygynyň we alyş-çalşynyň ornuna pul toplumynyň möçberiniň, göterimiň derejesiniň we karzyň beýleki şertleriniň, şeýle hem walýuta hümmetiniň işjeň düzgünleşdirilmegi geldi. Býujetiň gyradeňligini berjaý etmegiň, döwlet çykdajylaryny kemeltmegiň ýörelgesi funksional maliýe ýörelgesi bilen gysylyp çykaryldy we ol çykdajylaryň möçberiniň we salgyt salnyşynyň möçberiniň jemi jemgyýetçilik islegini düžgünleşdirmegiň zerurlyklaryna bagly bolmagyny aňladýar.

Döwlet ýangyjyň, çig malyň, esasy oba hojalyk önümleriniň nyrhlaryna gözegçilik edýär. Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn görnüşleri ykdysady ösüşe täsir etdi. Eger-de XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda döwletiň esasy maksady üznüksiz önümçilik tapgyryna täsir etmekden ybarat bolan bolsa, onda XX asyryň 80-nji ýyllarynda bu hümmetsizlenmä garşy salgyt-býujet düzgünleşdirmeden ybarat boldy.

Emma hojalyk proseslerine döwletiň gatyşmak ulgamy bar bolan gapma-garşylyklary aradan aýyrmady. Hümmetsizlenme prosesiniň güýçli ösmegi we şol bir wagtda keýnsiançylyk ýörelgelerinden daşlaşmak başlandy.

Döwlet hümmetsizlenmä garşy göreşmegiň täze serişdelerini agtaryp başlady. Ykdysady konýunkturany wagtlaýyn tapgyrlaýyn gowulandyrmak meselesi däl-de, jemgyýetçilik önümçiliginiň durnukly disproporsiýasyny aradan aýyrmak meselesi, ykdysadyýetiň düzümini üýtgedip gurmak wezipesi öňe sürüldi. Ykdysady konýunkturany ýuwaş-ýuwaşdan janlandyrmak maksatlary bilen onuň aýratyn komponentlerine täsir etmäge synanyşmak netije bermedi we köp ýurtlarda hümmetsizlenmäniň täzeden güýçlenmegine getirdi.

Kapitalistik ýurtlarda adatdan daşary ýagdaý emele geldi, onda köpçülikleýin işsizlik häsiýetli bolan tapgyrlaýyn ykdysady çökgünlik nyrhlaryň we hümmetsizlenmäniň hemişe ösmegi bilen bile bolup geçdi.

Hümmetsizlenmäniň önümçiligiň pese düşmegi bilen utgaşmagyny ykdysatçylar «stagflýasiýa» adalgasy bilen kesgitlediler.

Stagflýasiýa öňler sarsmaz ýörelge hasaplanylýan tapgyrlaýynlyga garşy karz-pul we býujet-salgyt düzgünleşdirmesine bolan ynamy gutarnykly üzdi.

Şeýle şertlerde alymlar we syýasatçylar hojalyk syýasatynyň we ykdysadyýetiň hereket etmeginiň mehanizmleriniň has netijeli itergi berýän ýollaryny we girewini agtarmaly. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň başlarynda üznüksiz önümçilik şertleriniň ýaramazlaşmagy, çig malyň we energiýanyň has arzan çeşmelerinden peýdalanmagyň çäklendirilmegi, ykdysady çökgünlik – bularyň bary döwlet tarapyndan berk çäreleriň görülmeginiň zerurdygyny subut etdi. Hojalyk durmuşyna döwletiň täsir etmeginiň güýçlendirilmeginiň başga bir sebäbi hökmünde dünýä kapitalistik bazarynda bäsdeşligiň ýitileşmegini we söwdanyň düzüminiň üýtgemegini görkezmek bolar.

Şeýlelikde, 1974–1975-nji we 1980–82-nji ýyllaryň ykdysady çökgünligi gün tertibine döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmegi geljekde ösdürmek babatda birnäçe meseleleri goşdy. Şeýle şertlerde bazary dolandyrmagyň täze ugurlary agtarylýar.

Neokonserwatorlar – günbatar ykdysady nazaryýetiniň we tejribesiniň sag ganatynyň wekilleri XX asyryň 70–80-nji ýyllarynyň çökgünlik prosesini döwletiň hojalyk durmuşyna aşa köp gatyşmagynyň netijesi diýip görkezmäge synanyşýarlar. Olar ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmagyň mümkinçiliklerini bazaryň düzgünleşdirilmezliginde, hususy işewürligiň hereket etmegi üçin iň ýokary derejede amatly şertleriň döredilmeginde görýärler. Tersine, düzgünleşdirmegiň tarapdarlary ykdysadyýete döwletiň gatyşmagynyň geljegini bazaryň netijeliliginiň ýokarlanmagynda, onuň görnüşleriniň we usullarynyň kämilleşdirilmeginde görýärler.

Öň bellenilişi ýaly, makroykdysady düzgünleşdirmegiň keýnsiançylyk nazaryýeti uruşdan soňky birnäçe onýyllyklaryň dowamynda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ykdyysady syýasatynyň nazaryýet we ykdysady esasy bolup hyzmat etdi. Ykdysadyýetiň ösüş zerurlyklaryna laýyk gelmek bilen, bu nazaryýet köp ýyllar bazar ykdysadyýetiniň şol ýa-da başga bir näsazlygyny düzetmegiň, onuň ýokary ösüş depginlerini goldamagyň, bazar konýunkturasynyň üýtgäp durmagyny düzgünleşdirmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan düzgünlerini görkezdi.

Üznüksiz önümçilik şertleriniň XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda başlanan we 70-nji ýyllarynda dowam eden çuňňur döwre-

baplaşdyrylmagy döwletiň gatyşmagynyň täze nazaryýet esaslandyrmasyny talap etdi. 70-nji ýyllarda uzak wagtlap tagallalardan soň ykdysady taýdan ösen iri ýurtlaryň birine hem keýnsiançylyk düzgünleriniň kömegi bilen ykdysady syýasatyň meşhur «täsin dörtburçlyk» (durnukly ykdysady ösüşiň, iş bilen meşgullygyň ýokary derejesiniň, nyrhlaryň durnukly bolmagynyň we töleg balansynyň gyradeňliginiň gazanylmagyny göz öňünde tutýar) formulasynda aňladylan resmi maksatlaryna ýetmegiň başartmandygy mälim boldy.

Günbatar ykdysatçylarynyň ählisiniň pikiri keýnsiançylyk nazaryýetiniň bar bolan ykdysady meseleleri çözmäge ukyply däldigi barada pikirde jemlenýär. Keýnsiançylyk nazaryýetiniň esasy kemçilikleriniň biri ol daşary ykdysady gatnaşyklaryň täsirini göz öňünde tutmaýar, ýagny «ýapyk ykdysadyýet» nusgasyna esaslanýar.

Ykdysady kynçylyklaryň artmagy we hojalyk konýunkturasyna täsir etmegiň köne usullarynyň ygtybarsyzlygy sebäpli günbatar ykdysady ylmy döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň monetarizm diýlip atlandyrylýan «täze» doktrinasyny döretdi.

Monetaristik ýörelge keýnsiançylyk ýörelgesini ret edýär, ol salgyt we pul syýasatyndan peýdalanmak arkaly döwletiň ykdysady gatnaşyklara maksada gönükdirilen gatyşmagyndan ybarat. Monetaristler keýnsiançylyk görnüşli «takyk sazlamaklygy» nyrh emele geliş mehanizmi düzgünleşdiriji bolup durýan syýasat bilen çalşyrmaly diýip tassyklaýarlar, şonda merkezi häkimiýetiň wezipesi «umumy düzgünleriň» berjaý edilmegini üpjün etmekden ybarat, olaryň biri pullaryň uzak wagtlap teklip edilmeginiň jemi milli önümiň ösmegine baglydygydyr.

Döwletiň pul-karz syýasatynyň meseleleri boýunça monetarizmiň maslahatlarynyň esasynda aşakdaky ýörelgeler durýar: pullaryň teklip edilişine berk gözegçiligiň zerurlygy, işsizligiň ösýän şertlerinde hümmetsizlenmä garşy göreş, ykdysadyýete öz-özüni düzgünleşdirýän ulgam hökmünde çemeleşilmegi.

Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi meselesi boýunça neoklassyklaryň nukdaýnazaryndan çykyş etmek we döwleti bazar mehanizmine daýanmaklyga çagyrmak bilen, monetaristler onuň ýurduň ykdysady durmuşyna gatyşmak hukugyny ret et-

meýärler. Olar häkimiýet edaralaryna konýunkturany gysga möhletli deňleşdirmegiň öz-özünden boljakdygyna bil baglamak bilen, ykdysady syýasatyň uzak möhletiň dowamynda durnuklylygyny üpjün etmegi teklip edýärler.

Monetaristik ýörelgäniň has gowşak ýeri pul toplumyny düzgünleşdirmek meselesidir, muny olaryň özleri hem ykrar edýärler. Tankytçylaryň köpüsi şeýle düzgünleşdirme örän kyn diýip hasaplaýarlar, mümkin boljakdygy hem belli däl, sebäbi dolanyşykdaky pullaryň «gerekli möçberini» kesgitlemek kyn, olaryň dolanyşygynyň tizligi bolsa üýtgäp durýar.

Häzirki zaman ykdysady pikiriniň çuňňur bölünmegine we neoklassyk nazaryýetiniň tarapdarlarynyň tutýan ornunyň güýçlenmegine garamazdan, ösen ýurtlarda öňküleri ýaly keýnsiançylyk nazaryýeti derwaýysdyr. Meselem, özüniň iki sany esasy – keýnsiançylyk we neoklassyky ugurlaryň pikirini birleşdirýän «garyşyk ykdysadyýet» nazaryýetinde görnükli günbatar ykdysatçysy P. Samuelson Keýnsiň nazaryýetini makul bilýär. Ol döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň meselesini öňe sürýär, maliýe, pul syýasatyny we girdejiler syýasatyny çökgünlige garşy göreşiň esasy serişdesi hasaplaýar.

Germaniýanyň ylmy-barlagçylary ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi jemgyýetiň düzüminiň möhüm we zerur düzüji bölegi bolup durýan bolsa-da, onuň mümkinçilikleri çäksiz däl diýip hasaplaýarlar.

Eger-de neoklassyky çemeleşmäniň tarapdarlary döwletiň wezipesiniň çäklendirilmegi üçin çalyşýan bolsalar, keýnsiançylyk – esasy ýörelgeleriň biriniň – milli maliýe serişdesiniň gysga we uzak möhletli tagallalarynyň çäklerinde amala aşyrylýan ykdysady durmuşa döwletiň gatyşmagynyň zerurlygyny saklamak bilen öz nazaryýetiniň döwrebaplaşdyrylmagy we uýgunlaşdyrylmagy üçin çalyşýan bolsalar, çürt-kesik meýilli ykdysatçylar (P. Ewans, S. Şneýder, B. Barkleý) başga talaplary öňe sürýärler. Olar ykdysadyýete döwletiň gatyşmagyny güýçlendirjek has giňişleýin durmuş-ykdysady özgertmeleriň geçirilmegine çagyrýarlar. Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmek çäreleriniň arasynda olar nyrhlara we zähmet hakyna, durmuş syýasatynyň geçirilmegine, gir-

dejilerde deňsizligiň sazlaşdyrylmagyna gönükdirilen girdejiler syýasatyna, monopoliýalaryň ykdysady häkimiýetiniň, harby çykdajylaryň çäklendirilmegine, uzak möhletli meýilnamalaşdyrmaga hemişe gözegçilik edilmegini makul bilýärler.

Ösen ýurtlaryň ykdysady syýasaty köp ýagdaýlarda haýsy hem bolsa bir doktrina daýanmady. Düzgünleşdirmegiň keýnsiançylyk usuly köplenç monetaristik usul bilen utgaşýar. Iki ugruň arasyndaky çekeleşme ideologik häsiýete eýe boldy we häzir hem şeýle. Eger-de ykdysady syýasatyň gurallaryndan peýdalanmak meselelerinde monetarizm bilen keýnsiançylygyň ýörelgeleri barlyşyksyz bolmagynda galsa, onda ykdysady syýasatyň ugurlaryna degişli makroykdysady prosesleri we teklipleri seljermegiň usulyýeti babatda iki mekdebiň arasyndaky tapawut uly däl.

Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň köp ýurtlar üçin ýokarda seredilen umumy görnüşleri we usullary hakykat ýüzünde milli aýratynlyklar, adatlar bilen utgaşýar.

Hojalygy döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ulgamynyň ugry XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda näbellidi. Bu babatda 80-nji ýyllar 30-njy ýyllary ýatladýar. Tapawut diňe «beýik çökgünlik» ýyllarynda düzgünleşdirmek ulgamynyň diňe emele gelendiginden, häzir onuň düýpgöter üýtgeýändiginden ybarat.

Hakykatda bu, hususan, köp ýurtlaryň ykdysady syýasatyň hususy telekeçiligiň özbaşdaklygyny ýokarlandyrmagyň we önümçilige döwletiň gatyşmagynyň gowşadylmagynyň şygaryny öňe sürýän täze (konserwatiw däl) görnüşine geçmeginde aňladyldy.

Bazaryň düzgünleşdirilmegine üns berilmeginiň sebäpleriniň biri döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň uruşdan soňky döwürde emele gelen usullarynyň ylmy-tehniki rewolýusiýanyň täze tapgyryna laýyk gelmeýändiginden ybarat. Onuň netijeleriniň önümçilikde kadaly peýdalanylmagy aýratyn kärhanalaryň derejesinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň, telekeçilik başlangyçlaryny höweslendirmegiň usullarynyň giňişleýin gözlenilmegini talap etdi. Şeýle gözlegiň üstünlikli bolmagynyň diňe bir gönükdirilen serişdeleriň umumy gurluşyna we möçberine bagly bolman, eýsem ylmy-tehniki ösüşe mejburylygyň görnüşlerine we hojalyk subýektleriniň özüni alyp

barşynyň esaslaryna hem baglydygy düşnükli boldy. XX asyryň 70–80-nji ýyllarynda satuw bazary üçin bäsdeşlikli göreşiň ýitileşmegi önümçiligiň döwrebaplaşmagyna kuwwatly itergi bolup hyzmat etdi.

Bazar başlangyçlary birnäçe ugur boýunça bada-bat ösüp başlady: salgyt ulgamynyň bitaraplyk ýörelgesi boýunça (iň bolmanda, selektiw çemeleşmeden boýun gaçyrmak) üýtgedip gurulmagy, işewürligi subsidiýalaşdyrmagyň göni görnüşleriniň kemeldilmegi, dereglamentasiýa, nyrhlara gözegçilik etmegiň göni görnüşlerinden boýun gaçyrmak, döwlet kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy, bäsdeşlik barada kanunçylygy giňeltmek.

Düzgünleşdirmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň üýtgemegi bilen salgyt we pul-karz syýasatynyň orny çalyşýar. Şol bir wagtda ösen ýurtlaryň köpüsinde býujet syýasatynyň geçirilmegi pul dolanyşygyny durnuklylaşdyrmak boýunça çäreler bilen utgaşýar. Ilkinji nobatda býujet gytçylygynyň ösüşiniň bitaraplaşdyrylmagyna gönükdirilen tagallalar edilýär. Ykdysadyýeti düzgünleşdirmekde girdejiler syýasaty ikinji orunda durýar. Düzüm syýasaty ulgamynda onuň dürli ýurtlarda geçirilişiniň aýratynlyklaryna garamazdan, bazar höweslendirmeleriniň has netijeli peýdalanylmagyna üns berilýär. Döwlet süýşürintgileri we maýa goýumlary gös-göni höweslendirmekden boýun gaçyrýar, salgyt we amortizasiýa syýasaty arkaly serişdeleriň ykdysadyýete gytaklaýyn çekilmegine ýardam edýär.

Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň täze görnüşiniň ýokarda agzalan ähli ugurlaryna senagat taýdan ösen iri ýurtlaryň häkimiýetleriniň işlerinde anyk seredildi.

Millileşdirmegi we düzgünleşdirmegi bes etmek prosesi, eýeçiligiň bir görnüşiniň beýleki bir görnüşi bilen çalyşmagy, döwletiň ählumumy düzgünleşdirmekden çekilmegi bolup geçýär. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň täze nusgasynyň ösmegi iki ugur boýunça bolup geçýär: a) konserwatiw, Angliýada we ABŞ-da has ýiti ýüze çykdy, onuň mazmuny «garyşyk ykdysadyýet» ulgamynda ünsüň bazaryň peýdasyna gönükdirilmeginden, millileşdirmegi we düzgünleşdirmegi bes etmek esasynda onuň erkinligi, bäsdeşligiň we hususy başlangyçlaryň gowşadylmagy; b) reformist-dirižistlik, 1981–1986-njy ýyllarda «sosialistik synag» wagty Fransiýada has ýiti ýüze çykdy.

Häzirki wagtda Günbatarda liberallary we döwleti barlyşdyrjak «üçinji ýol» ara alnyp maslahatlaşylýar. Emma muny nähili etmelidigini hiç kim bilmeýär. Bazar ykdysadyýeti durmuş adalatlylygy bilen utgaşmaýar. Arbitražyň wezipesi döwlete degişli bolmaly. Diňe şonuň kömegi bilen «bazar ykdysadyýetini» döretmek mümkin bolar.

Soňky ýyllarda dürli döwrän maliýe-ykdysady çökgünligi ykdysadyýetiň we nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň zerurdygyny görkezdi. Günbatar nazaryýetiniň we dünýä tejribesiniň seljermesi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň umumy kabul edilen görnüşleriniň we usullarynyň azda-kände standart toplumynyň barlygyny görkezýär. Düzgünleşdirmegiň gurallary öz düzümini we gurluşyny üýtgedýär, onuň käbir elementleri bolsa her bir ýurduň anyk taryhy faktorlaryň: ykdysady, hukuk, syýasy, durmuş-psihologik, medeni we milli faktorlaryň köpdürlüligini görkezýän özboluşly şertlerine laýyklykda dürli anyk görnüşlerde peýdalanylýar.

## 10.2. Nyrhlary düzgünleşdirmegiň we nyrhlara gözegçilik etmegiň usullary

Döwletiň nyrh emele gelşine täsir etmegi ösen ýurtlaryň ykdysady syýasatynyň möhüm we yzygiderli ulanylýan usullarynyň biri boldy. Hormatly Prezidentimiziň «Iň umumy görnüşde ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyrylyşynyň baş maksadynyň mydama ykdysady ösüş şertlerinde ykdysady we durmuş durnuklylygyny üpjün etmek, hereket edýän gurluşy pugtalandyrmak, onuň üýtgäp durýan şertlere uýgunlaşmagy bolup durýandygyny aýtmak bolar» diýen sözleri bu usulyň ähmiýetine has takyk göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi döwletiň kanunçylyk, administratiw we maliýe-býujet çäreleriniň kömegi bilen nyrhlara tutuş ykdysady ulgamyň durnukly ösmegine ýardam eder ýaly täsir etmäge, ýagny nyrhlar arkaly üznüksiz önümçilik prosesiniň tapgyrlaýyn üýtgäp durmagyny kadalaşdyrmaga synanyşygy bolup durýar. Anyk hojalyk konýunkturasyna baglylykda nyrhlaryň düzgünleşdirilmegi çökgünlige we (ýa-da) hümmetsizlenmä garşy häsiýete eýedir.

Nyrhlar ulgamynyň bazar ykdysadyýetiniň möhüm elementleriniň biri bolup durýandygy mälimdir we ol, elbetde, bazar mehanizminiň beýleki elementleri bilen baglanyşykly bolup, olaryň üýtgemegi oňa täsir edýär. Ykdysadyýetiň býujet çykdajylarynyň, salgytlaryň, karz üçin göterim derejeleriniň we beýleki ykdysady girewleriň üsti bilen döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi önümlere harajatlaryň we nyrhlaryň üýtgemeginde ýüze çykýar we üznüksiz önümçilik prosesine täsir edýär.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň maksatlary durnukly gytçylygyň ýüze çykmagy, eksport edilýän çig malyň we ýangyjyň nyrhlarynyň aýgytly ýokarlanmagy netijesinde nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşine, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna ýardam edýän kadaly bäsdeşligi döretmek üçin önüm öndürijileriň monopolizmine ýol berilmezliginden ybarat. Şonda belli bir durmuş netijeleriniň gazanylmagy, hususan, ýaşaýyş üçin harytlaryň we hyzmatlaryň ýeterlik zerur möçberiniň goldanmagy, adamlara ýeterlik möçberde, ilkinji nobatda, zerur bolan harytlary satyn almaklyga mümkinçiligi goldamak möhüm wezipe bolup durýar.

Döwlet tarapyndan önüm öndürijilere täsir etmegiň çäreleri hem göni – nyrh emele gelşiniň belli bir düzgünleriniň ýola goýulmagy, hem gytaklaýyn – maliýe-karz mehanizmi, zähmet haky, salgyt salnyşy we ş.m. ykdysady mehanizmler arkaly bolup bilýär. Düzgünleşdirmegiň şeýle çäreleri bazar ykdysadyýetini dolandyrmagyň umumy ulgamyna goşulýar.

Bazar şertlerinde nyrhlary işläp taýýarlamak haryt öndürijiler tarapyndan özbaşdak, ýöne hökümet tarapyndan kabul edilen kanunlary göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar. Şonda bazar gatnaşyklary ulgamynda işlenen, ýola goýlan ykdysady kadalardan çykylmagy haryt öndürijileriň öz hyzmatdaşlary bilen aragatnaşygynyň dowamynda ýa-da maliýe-karz ulgamy, salgyt salnyşy we ş.m. arkaly aňsat ýüze çykarylyp bilner. ABŞ-da aşa ýokary nyrh kesilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar. Bu ýerde döwletiň wezipesi nyrhlara zor salnyp gözegçilik edilmeginden däl-de, arbitr ornunda çykyş edilmeginden ybarat.

Hümmetsizlenme döwründe nyrhlaryň ýokarlanmagy bilen bir wagtda isleg hem ösüp biler. Sarp ediji bazaryň durnuklylygyna ynanmaýar we nyrhlara garaman, islegi artdyrýar.

Ondan başga-da, bazar ykdysadyýetinde satyn alyş üçin harajatlaryň köpelmegi süýşürintgileriň möçberiniň gyşarnyksyz peselmegine getirer. Geçiş döwründe şeýle ýagdaý hem mümkin, ýagny haçan-da hem isleg, hem süýşürintgiler ösende haryt gytçylygy satyn alyjynyň wagtyň şol pursaty üçin toplan pul möçberini harçlamaga mümkinçilik bermeýär.

Nyrhlaryň göni we gytaklaýyn düzgünleşdirilmeginiň usullary tapawutlandyrylýar *(20-nji surat).*

Nyrhlary düzgünleşdirmegiň göni usullarynda döwlet nyrhlaryň derejesini düzgünleşdirmek, düşewüntliligiň ýa-da nyrhy düzýän elementleriň kadalaryny bellemek ýa-da şoňa meňzeş usullar arkaly nyrhlara gös-göni täsir edýär.

Nyrhlary düzgünleşdirmegiň göni usullaryna göterimiň, salgytlaryň, girdejileriň, iň pes iş hakynyň derejesiniň hasaba alnyşynyň

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Nyrhlary göni düzgünleşdirmegiň usullary:<br>a) administratiw nyrh kesilişi;<br>b) nyrhlaryň «hereketsiz goýulmagy»;<br>ç) nyrhlaryň aňryçäk derejesiniň kesilmegi;<br>d) düşewüntliligiň derejesiniň düzgünleşdirilmegi;<br>j) nyrhlary kesgitlemek üçin kadalaryň bellenilmegi;<br>z) nyrhlaryň deklarirlenmegi we ş.m. | ⟵ | BAHA | ⟶ | Nyrhlary gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň usullary:<br>a) salgyt salnyşy;<br>b) pul dolanyşygynyň düzgünleşdirilişi;<br>ç) zähmet haky;<br>d) karz syýasaty;<br>j) döwlet çykdajylarynyň düzgünleşdirilişi;<br>z) amortizasiýanyň möçberini bellemek we ş.m. |

**20-nji surat.** Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişi

düzgünleşdirilmegi degişli. Bu usullar döwletiň nyrhlaryň özüne dälde, makroykdysady häsiýete eýe bolan nyrh emele gelşine täsir edýän faktorlara täsir etmeginde ýüze çykýar.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň göni we gytaklaýyn usullarynyň çeýe utgaşmagy oňyn hasaplanylýar.

Düzgün bolşy ýaly, döwlet önümleriň we harytlaryň nyrhlar ulgamynyň özenini emele getirýän görnüşlerini göni düzgünleşdirýär. Bu ýurduň tutuş ykdysadyýetine düýpli täsir edýän energiýa göterijileriň nyrhlary, ulag we aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlarynyň we ş.m. nyrhlarydyr. Bu harytlara we hyzmatlara nyrh kesmek we düzgünleşdirmek bilen, döwlet nyrhlaryň tutuş ulgamyna aýgytly täsir edýär.

Nyrh emele geliş ulgamy häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde, bir tarapdan, bitewi bolmaly we bazar nyrhlarynyň bäsdeşlik we üýtgäp durmagynyň erkinliginiň ýörelgelerini amala aşyrmaly, beýleki bir tarapdan, düzgünleşdirilýän dürli düzgünli häsiýete eýe bolmaly. Şol sebäpli nyrhlara döwlet tarapyndan gözegçilik edilmegi we düzgünleşdirilmegi syýasaty babatda reformalaryň nyrhlary düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn usullaryny makul bilip, nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilmeginiň we nyrh kesilmeginiň usullarynyň ret edilmeginiň tarapdarlarynyň pikirleri bilen ylalaşmak bolmaýar. Meselem, döwlet tarapyndan nyrh kesilmegini diňe tebigy monopoliýalar (ýangyç, ulag, aragatnaşyk we ş.m.) üçin saklamaklyk teklip edilýär.

Nyrhlaryň düzgünleşdirilmegine we emele gelmegine döwletiň mümkin bolan gatnaşmagynyň ret edilmegi düzgünleşdirilýän bazar nyrhynyň ýokary guramalar tarapyndan bellenilen (direktiwa) meýilnamalaýyn nyrha deňleşdirilmegi bilen düşündirilýär. Düzgünleşdirilýän nyrh bilen ýokary guramalar tarapyndan bellenilen meýilnamalaýyn nyrhyň umumylygy we tapawudy nämeden ybarat? Umumylygy şol we beýleki nyrhyň emele gelmeginde döwletiň gatnaşmagyndan ybarat. Tapawudy meýilnamalaýyn nyrhyň bazardan we bäsdeşlikden üzňelikde meýilnamanyň esasynda bellenilýändiginden, düzgünleşdirilýän nyrhyň bolsa bazar faktorlarynyň we bäsdeşligiň esasynda bellenilýändiginden ybarat.

11. Sargyt № 1339.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilmegi bazaryň möhüm görkezijilerine gözegçilik etmek arkaly bazara düzediş girizilmeginiň we döwletiň merkezleşdirilen syýasatynyň bazar mehanizminiň üstüniň ýetirilmeginiň zerurlygyny göz öňünde tutýar.

Işjeň nyrh syýasatyny geçirmek bilen, döwlet sap bazar hojalygyny ýöretmek üçin amatsyz bolan işewürligiň (uzak möhletleýin ylmy-tehniki maksatnamalar, gaýtadan işleýän toplum, ulag, aragatnaşyk, jemagat hojalygy we ş.m.) düşewüntliligini üpjün edip biler. Şeýle netije şertnamalaýyn nyrhlardan peýdalanmak arkaly, şeýle hem döwlet sargytlaryny we satyn alyşlaryny ýerleşdirmek arkaly gazanylyp bilner.

Elbetde, nyrhlar döwlet tarapyndan aşa düzgünleşdirilende bazar mehanizmleri gowşaýar we harajatlary hem-de netijeleri deňeşdirmek üçin bazaryň gönükdirilýän ugrunyň ýitirilmeginiň howpy ýüze çykýar, sebäbi esasy bazar görkezijileri bazar däl faktorlar tarapyndan güýçli täsir edilmegine sezewar bolýar. Bäsdeşlikli bazar bilen baglanyşykly bolmadyk we döwlet tarapyndan bellenilýän nyrh islegiň we teklibiň üýtgemegine baglylykda çalt üýtgäp bilmez. Şeýle ýagdaýda, meýilnamalaýyn ykdysadyýetdäki ýaly, gytçylyk ýa-da bazaryň geçmeýän harytlardan dolmagy bolup geçýär.

Döwlet nyrhlaryň emele gelmegine we olaryň düzgünleşdirilmegine doly gatnaşmadyk ýagdaýynda ykdysadyýetiň esaslary bozulýar, döwlet monopolizm bilen göreşiň möhüm usullarynyň birini ýitirýär, bazar gatnaşyklary we kärhanalaryň köpüsiniň maliýe ýagdaýy ýeterlik derejede durnuksyz bolýar.

Bazar ykdysadyýetinde döwlet tarapyndan nyrh kesilmegine we düzgünleşdirilmegine aşa köp üns berilmegine, şeýle hem önümleri netijeli, ýöne bäsdeşligi kynlaşdyrýan monopolistik kärhanalar babatda şeýle düzgünleşdirmeden doly boýun gaçyrylmagyna ýol berilmeli däl. Jemgyýet üçin geçiş döwründe nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilmeginiň zerurlygy güýçlenýär.

**Nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilmegi** bilen bir hatarda döwlet gytaklaýyn düzgünleşdirmegi hem amala aşyrýar, ýagny gytaklaýyn çäreleriň birnäçesi bilen nyrh emele gelşine täsir edýär. Şeýle çäreler Günbatar Ýewropa ýurtlarynda XX asyryň

başlarynda nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşi durnukly meýle eýe bolanda peýdalanyldy. Nyrhlaryň gytaklaýyn düzgünleşdirilmeginiň çäreleri, düzgün bolşy ýaly, bazar şertleriniň üýtgedilmegine, maliýeleşdiriş, walýuta we salgyt amallary ýaýrawynda belli bir ýagdaýyň döredilmegine, umuman, isleg bilen teklibiň arasynda oňyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna gönükdirilýär.

Nyrhlary gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň usullaryna döwlet tarapyndan satyn alyş, salgyt ulgamy, pul dolanyşygynyň we karzyň düzgünleşdirilmegi, döwlet maýa goýumlary we döwlet çykdajylaryny düzgünleşdirmek syýasaty, amortizasiýa kadalarynyň bellenilmegi we ş.m. degişli. Döwlet bu çäreler arkaly isleg bilen teklibiň arasynda deňagramlylygy ýola goýmaga, şeýlelikde tutuş ykdysadyýetiň gerimlerinde nyrhlaryň gyradeň we haýal ösmegine ýardam etmäge çalyşýar. Nyrhlary gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň usullary nyrhlaryň özlerine däl-de, nyrh emele gelşine täsir edýän, makroykdysady häsiýete eýe bolan faktorlara ýetirýän täsirinde ýüze çykýar.

Dünýä tejribesi bazary düzgünleşdirmegiň dürli usullarynyň utgaşmalarynyň birnäçesini bilýär. Bir usul hem ykdysady, hem administratiw – döwlet syýasatynda esasy gurluşyň wezipesini ýerine ýetirýär we öňde goýlan maksatlara ýetilmegine gönükdirilýär, beýlekileri amortizatorlar hökmünde çykyş edýärler we bazar ykdysadyýetiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi bilen gutulgysyz bile bolup geçýän ýaramaz netijeleri aradan aýyrmak üçin niýetlenilýär.

## 10.3. Türkmenistanda nyrh emele gelmeginiň aýratynlyklary we sarp ediş nyrhlaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullary

Ösüşiň adama gönükdirilen durmuş-ykdysady düzümi garaşsyz döwletiň ileri tutulýan ugry boldy. Ýurduň bazara tarap ösüşiniň her bir tapgyry ilata berilýän nyrh ýeňillikleriniň, kömek pullarynyň, salgylaýyn kömek we beýleki durmuş transfertleriniň kömegi, durmuş goragynyň çäreleri bilen utgaşdyrylýar. Garaşsyz Türkmenistanda,

ilkinji nobatda, zerur bolan harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň pes bolmagy, mugt gaz, suw, elektrik energiýasy we nahar duzy bilen üpjün etmek babatda geçirilýän natural durmuş kömeginiň netijeli syýasaty diňe bir ilatyň hal-ýagdaýynyň pese gaçmagyna ýol berilmezligine däl-de, eýsem onuň hakyky girdejilerini artdyrmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» kitabynda şeýle bellenilýär: «Döwlet gurluşlarynyň paýyna düşýän wezipeleriň ähmiýeti, aýratyn hem, olaryň ykdysady we durmuş ulgamlaryndaky orny görnetin artýar. Häzirki zaman şertlerinde döwlet ykdysady gatnaşyklaryň esasy subýekti bolup durýar, ykdysadyýeti rejelemekde we sazlaşdyrmakda, ykdysady infrastrukturany döretmekde, ýurduň raýatlarynyň jana-jan bähbitlerini üpjün etmekde baş orun hut döwlete degişli bolmagynda galýar. Türkmenistanda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleriň rowaç tapmagy büs-bütinleý döwletiň, ýurduň Hökümetiniň tutýan pozisiýasyna baglydyr. Kuwwatly döwlet milli ykdysadyýeti dolulygyna özgertmegiň başyny tutýar we bu işiň toplumlaýyn alnyp barylmagyna, ýurduň ösüşiniň esasy ugurlarynyň hemmesinde sazlaşykly gitmegine gözegçilik edýär».

Natural durmuş transfertleri, pul transfertlerinden tapawutlylykda, birinjiden, hümmetsizlenme töwekgelçiligini peseldýär, ikinjiden, olaryň maksatlaýyn peýdalanylmagyna mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de döwlet, ilkinji nobatda, zerur bolan birnäçe harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlaryny we tariflerini yzygiderli düzgünleşdirýär. Subsidiýalaşdyrylan we dotasiýalaşdyrylan nyrhlar we tarifler boýunça ilata aşakdaky görkezilen harytlar satylýar: çörek (ýokary hilli we 1-nji hilli undan), un (ýokary hilli we 1-nji hilli), duz. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen gazdan, elektrik energiýasyndan, suwdan, duzdan mugt peýdalanmagyň möhleti 2030-njy ýyla çenli uzaldyldy.

Telefon üçin abonent tölegi, ýyladyş üçin töleg, gyzgyn suw üpjünçiligi, lagym üçin töleg, limitden daşary sarp edilen elektrik energiýasy, suw, gaz üçin tölegler ujypsyzdyr.

Salgylaýyn durmuş goraglylygynyň takyklanylmagy bilen bir wagtda Türkmenistanda dotasiýalaşdyrylýan we subsidiýalaşdyrylýan harytlaryň sanawy (benzin, dizel ýangyjy, sement, şifer, kerpiç) ýuwaş-ýuwaşdan kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň 11-nji fewralyndan döwlet tarapyndan hususy awtomobil serişdeleriniň eýelerine awtomobil benzininiň we dizel ýangyjynyň nyrhyna täzeden seredildi. 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan awtomobil benzinleriniň bölek satuw nyrhlary 1 litr üçin 0,16 manatdan goýberildi. Emma, ilata durmuş taýdan goldaw berilmegini üpjün etmek we hümmetsizlenmäniň ösmegini togtatmak üçin benziniň we dizel ýangyjynyň bölek satuw nyrhy häzirki wagtda hem bazar nyrhyndan ep-esli arzan. Türkmenistan benziniň iň pes nyrhy boýunça dünýäniň ýurtlarynyň onlugynda galmagyny dowam edýär.

Türkmenistanyň ýaşaýjylary şäher jemgyýetçilik ulagyndan peýdalananlarynda nyrh ýeňilliklerinden peýdalanýarlar. Hususan, häzirki wagtda awtobusda gatnamagyň nyrhy hakyky nyrhyndan 2 esseden gowrak pes. 1941–1945-nji ýyllaryň urşuna gatnaşanlar we Türkmenistanyň raýatlarynyň olara deňleşdirilen topary şäher ýerlerinden ulagda mugt gatnamak hukugyndan peýdalanýarlar. Demir ýol ulagynda gatnamak üçin petekleriň nyrhy hem ýurduň ähli raýatlary üçin gatnawyň özüne düşýän gymmatyndan takmynan birnäçe esse pes derejede saklanýar. Şonuň bilen birlikde ýurduň içinde ýolagçylaryň awiagatnawlarynyň tarifi häzirki wagtda hem, degişlilikde, pes bolmagynda galýar. Döwletiň içinde bäş ýaşa çenli çagalar üçin ulaglarda gatnamak mugtdur.

Döwlet ilata hususy eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine mellek ýerlerini berýär we ýurduň raýatlaryna ýaşaýyş jaýyny satyn alanda ýa-da gurluşyk etmek üçin 30 ýylyň dowamynda üzmek şerti bilen we örän pes derejeden maksatlaýyn ýeňillikli karzlary berýär. Ilaty durmuş taýdan goldamak we ýaşaýyş jaý gurluşygyna itergi bermek üçin Türkmenistanda öndürilýän keramiki kerpiç, sement we şifer önümleriniň satylyşy bellenilen nyrhnamanyň bahalary boýunça amala aşyrylýar.

Tarifleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi netijesinde 2008-nji ýylda ilatyň ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlaryna çykdajy-

lary öý hojalyklaryň umumy çykdajysynyň bary-ýogy 0,2 göterimine, tölegli hyzmatlara çykdajylary bolsa 3,7 göterimine barabar boldy. Mysal üçin, GDA ýurtlarynda ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlaryna töleg öý hojalyklaryň tölegli hyzmatlara pul çykdajylarynyň 23–47 göterimini düzýär, bu biziň ýurdumyzdakydan 6–13 esse ýokarydyr. Öý hojalyklaryň sarp ediş çykdajylarynda «ýaşaýyş jaý» toplumy boýunça ähli harajatlaryň paýy (salgytlar, goşmaçalar boýunça tölegler we ş.m.) ABŞ-da 30 göterimden gowraga deň. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnama laýyklykda ýerli dolandyryşa degişli ýaşaýyş jaýy üçin töleg, jemgyýetçilik ulagyndan peýdalanylanda, telefon hyzmatlary üçin ilata abonent tölegi boýunça döwlet goldawy saklanyp galýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilen maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ilaty üçin gowy hilli we amatly ýaşaýyş şertlerini döretmäge mümkinçilik berýär.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Bazar şertlerinde ykdysadyýeti we nyrhlary düzgünleşdirmek zerurlygy nämeden ybarat?
2. Bazar şertlerinde ykdysadyýeti we nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň keýnsiançylyk ýörelgesiniň düýp mazmuny nämeden ybarat?
3. Bazar şertlerinde ykdysadyýeti we nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň monetaristik ýörelgesi nämeden ybarat?
4. Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň maksady we mazmuny nähili?
5. Nyrhlary düzgünleşdirmegiň göni usullaryny aýdyp beriň we oňa häsiýetnama beriň.
6. Nyrhlary düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn usullaryny häsiýetlendiriň.

# 11-nji BAP
# NYRH EMELE GELŞI WE HÜMMETSIZLENME

## 11.1. Hümmetsizlenme proseslerinde nyrhlaryň orny

Ykdysatçylar hümmetsizlenmäniň tebigatyny dürlüçe düşündirýärler. Hümmetsizlenmäniň dürli nazaryýet ýörelgeleriniň öwrenilmegi onuň hil taýdan seljermek we möçber taýdan ölçermek kyn bolan has çylşyrymly durmuş-ykdysady hadysalaryň biridigi barada netijä gelmäge esas berýär.

Hümmetsizlenme jemi içerki önümiň we milli girdejiniň natural-maddy we gymmatlyk düzüminde disproporsiýanyň artmagynyň çuňňur makroderejedäki prosesleriniň pul dolanyşygynyň bozulmagyna, dolanyşykda nagt we nagt däl görnüşde artykmaç serişdeleriň peýda bolmagyna eltýän netijesi bolup durýar. Puluň gymmatynyň gaçmagy, satyn alyjylyk ukybynyň peselmegi, nyrhlaryň ýokarlanmagy we ş.m. hem bu prosesleriň netijesidir.

Nyrhlaryň galmagy hümmetsizlenmäniň möhüm görkezijisi bolup durýar. Ýöne nyrhlaryň galmagy hümmetsizlenmäniň ýeketäk görkezijisi däl, pullaryň emissiýasyny, dolanyşykda pul toplumynyň artmagyny, döwlet býujetiniň ýetmezçiligini hem onuň görkezijisi diýip hasaplamak bolýar. Artykmaç nagt we nagt däl töleg serişdeleriniň dolanyşygy we onuň netijesinde ýüze çykýan pullaryň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegi nyrhlaryň, islegiň, harajatlaryň, girdejiniň, bank göterimleriniň hümmetsizlenmesini ýüze çykarýar.

Hümmetsizlenme – täze hadysa däl, ol köp ýurtlaryň ykdysadyýetinde bar. Hümmetsizlenme prosesleri köp ýurtlarda häzir hem bolup geçýär.

Hümmetsizlenme islendik ýurduň bazar ykdysadyýetiniň gutulgysyz hemrasy bolup durýar. Ösen ýurtlarda (ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Germaniýa, Ýaponiýa) hümmetsizlenmäniň esasy görnüşi aram hümmetsizlenmedir. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi ony ýol berilýän çäklerde saklamaga mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman hümmetsizlenmä aşakdaky häsiýetler mahsus:

- ählumumy häsiýet, ýagny tutuş ykdysadyýeti öz içine alýar;
- hroniki häsiýet;
- ol – köp faktorly hadysa, ýagny hem pul, hem pul däl faktorlaryň täsiri astynda ýüze çykýar.

Hümmetsizlenme – bu pullaryň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegini aňladýan kategoriýadyr. Ol pullaryň aşakdakylara gatnaşygy boýunça gymmatynyň gaçmagynda ýüze çykýar:

- harytlara (harytlaryň nyrhynyň galmagy),
- altyna (altynyň bazar nyrhynyň ýokarlanmagy),
- daşary ýurt puluna (daşary ýurt pul birligi bilen deňeşdirilende, milli puluň hümmetiniň gaçmagy).

Pul massasynyň haryda görä artykmaçlygy onuň gymmatynyň gaçmagyna we netijede bolsa nyrhlaryň galmagyna getirýär. Bu hümmetsizlenmäniň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň esasylarynyň biridir. Şol sebäpli käbir ykdysatçylar hümmetsizlenmäni sarp ediş nyrhlarynyň ýokarlanmagy bilen deňleşdirýärler. Olar «hümmetsizlenme – bu nyrhlaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagy»[1] diýip göni tassyklaýarlar we ony sarp ediş harytlarynyň nyrhlarynyň indeksiniň kömegi bilen ölçemegi teklip edýärler. Bu nyrhlaryň galmagynyň hümmetsizlenmäni düzüjileriň esasylarynyň biridigini ýene bir gezek subut edýär.

Ýöne nyrhlaryň islendik ösmegini hümmetsizlenmä deňleşdirip bolmaýar. Sebäbi, birinjiden, nyrhlar önümçilik harajatlarynyň ösmeginiň netijesinde ýokarlanyp biler we eger ol tebigy çig malyň gazylyp alnyşynyň şertleriniň ýaramazlaşmagy bilen baglanyşykly bolsa, bu tebigy prosesdir. Şeýle ösüşi hümmetsizlenme diýip atlandyrmak bolmaz. Ikinjiden, nyrhlaryň ýokarlanmagy harytlaryň hiliniň ýokarlanmagy, döwrebap moda laýyk gelýän täze harytlaryň goýberilmegi bilen hem baglanyşykly bolup biler. Şeýle ýagdaýda hem hümmetsizlenme barada gürrüň etmegiň zerurlygy ýok.

Hümmetsizlenme netijesinde nyrhlaryň ýokarlanmagynyň sebäpleri we häsiýeti düýpgöter başgaça. Onuň daşarky ýüze çykmasyna aşakdakylar degişli:

---

[1] *Макконелл К. Р. и Брю С. Л.* Экономикс. – Т. 1. – М.: Республика, 1992. с. 163.

- köpçülikleýinlik, ýagny ähli harytlaryň nyrhynyň ýokarlanmagy;
- nyrhlaryň üznüksiz ýokarlanmagy;
- olaryň ösüşiniň dowamlylygy.

Nyrhlaryň hümmetsizlenme we hümmetsizlenme däl ýokarlanmasyny tapawutlandyrmak mümkin däl diýen ýalydyr. Hümmetsizlenmäniň ykdysady seljermesiniň kynçylyklarynyň biri hem şundan ybaratdyr.

Hümmetsizlenme önümçilik we dolanyşyk harajatlarynyň artmagynda, nyrhlaryň we tarifleriň ýokarlanmagynda, milli puluň satyn alyjylyk ukybynyň we beýleki walýutalara görä onuň hümmetiniň üýtgemeginde, bankyň göteriminiň, peýdanyň, düşewündiň, zähmet hakynyň we girdejileriň beýleki görnüşleriniň, esasy gorlaryň bahalandyrmasynyň, ýeriň we gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň üýtgemeginde ýüze çykýar.

Bu üýtgeşmeleriň gyradeň däldigi netijesinde harajatlaryň düzüminde we gurluşynda, nyrhlaryň gatnaşygynda, pudaklaryň, dürli harytlaryň we hyzmatlaryň düşewüntliliginiň derejesinde girdejileriň paýlanylyşynda özgeriş bolup geçýär. Bu özgerişleriň dowamynda jemgyýetçilik zerurlyklarynyň möçberi we düzümi, haryt bazarlarynyň segmentasiýasy, sarp edijileriň dürli toparlary tarapyndan harytlaryň sarp edilişiniň derejesi we düzümi üýtgeýär.

Hümmetsizlenme prosesleriniň güýçlenmegi, aýratyn hem, XX asyryň ikinji ýarymynda hümmetsizlenme meselesiniň nazaryýet işläp taýýarlamasynyň zerurlygyny ýüze çykardy we dürli ylmy mekdepleriň döremegine sebäp boldy. Hümmetsizlenmäniň keýnsiançylyk we monetaristik nazaryýetleri has ýaýran bolup durýar. Keýnsiançylyk nazaryýetiniň tarapdarlary döwlet maksatnamalary bilen sazlaşdyrylýan işçi güýjüne artykmaç isleg hümmetsizlenmäniň esasy faktory diýip hasaplaýarlar. Şeýlelikde, olaryň pikiri boýunça, hümmetsizlenmäniň sebäbi ilatyň iş bilen meşgullygynyň ýokary derejede bolmagynyň üpjün edilmegine gönükdirilen döwlet düzgünleşdirilişindedir. Hümmetsizlenmäniň şeýle görnüşi «islegiň hümmetsizlenmesi» diýen ady aldy.

Keýnsiançylyk nazaryýetiniň dürli görnüşliliginiň mazmuny hümmetsizlenmäniň önümçilik harajatlarynyň ösmegi bilen düşün-

dirilýändiginden ybaratdyr. Bu hümmetsizlenme «harajatlaryň hümmetsizlenmesi» diýen ada eýe boldy. Şonda hümmetsizlenmäniň ýüze çykmagynyň mehanizmi telekeçileriň peýdanyň möçberini artdyrmak maksady bilen nyrhlaryň ýokarlandyrylmagyna çalyşmasy bilen işgärleriň iş hakynyň artdyrylmagy barada talaplarynyň arasyndaky baglanyşyk bilen şertlendirilýär. Hümmetsizlenmäni bökdeýän faktor hökmünde bu kärhanada zähmet öndürijiliginiň derejesi bilen gazanylan iş hakynyň ýokarlanmagynyň çäklendirilmegi göz öňünde tutulýar.

Hümmetsizlenmäniň monetaristik nazaryýeti ykdysadyýetiň pul gurşawynyň öwrenilmegi bilen baglanyşykly. Başlangyç basgançakda dolanyşykdaky pullaryň möçberiniň artmagy netijesinde önümçiligiň möçberiniň artmagy bolup geçýär. Dolanyşykdaky pul toplumynyň artmagy töleg dolanyşygynyň çaltlaşmagyna we goşmaça serişdäniň maýalaşdyrylmagyna getirýär. Şonda nyrhlaryň ýokarlanmagynyň depgini dolanyşykda bar bolan pullaryň möçberiniň ösüş depgini bilen deňeşdirilende azdyr.

Hümmetsizlenme prosesiniň ikinji basgançagynda nyrhlar dolanyşykdaky pullaryň möçberine görä çalt ösüp başlaýar. Şol sebäpli pullaryň dolanyşygynyň tizligi olaryň dolanyşykdaky möçberine görä çalt ýokarlanýar. Hemmeler puldan dynmaga çalyşýarlar. Şonuň bilen baglylykda «gyzgyn pullar» düşünjesi peýda bolýar. Ýuwaş-ýuwaşdan «hümmetsizlenmäniň ahyrky nokady» golaýlaşýar, oňa dolanyşykdaky pullaryň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegi häsiýetlidir. Käbir pursatdan başlap pullaryň belli bir möçberine, onuň artmagyna garamazdan, barha az haryt alyp bolýar.

Hümmetsizlenmäniň ahyrky nokady şertlerinde býujete gelýän serişdeler, aýratyn-da, göni salgytlaryň gelmegi azalýar, sebäbi olar geçen döwür üçin bahalandyrylan girdejilerden we emläkden hasaplanyp aýrylýar. Gytaklaýyn salgytlardan gelýän serişdeler hem azalýar.

Bu şertlerde döwlet pullaryň täze emissiýasyny amala aşyrýar.

Diýmek, hümmetsizlenmäniň ösüşiniň başlangyç basgançagynda telekeçiler we ilat nyrhlaryň derejesiniň durnuklylygyna belli bir ynam bildirýärler. Bu tapgyrda hümmetsizlenmäniň depgini dolanyşykdaky pullaryň möçberiniň ösüş depgininden ýokary geçmeýär.

Indiki tapgyrda ýagdaý tersligine düýpgöter üýtgeýär. Hümmetsizlenmäniň depgini we nyrhlaryň ösüşi dolanyşykdaky pullaryň möçberiniň ösüş depgininden ýokary geçýär, kärhana we ilat hümmetsizlenmäniň ösýändigine göz ýetirmek bilen, pula islegi kemeldýär.

Düýpli seljermek üçin, ilkinji nobatda, hümmetsizlenmäniň sebäbini we onuň başlanýan ýerini ýüze çykarmaly. Daşary ýurtlarda hümmetsizlenmäniň seljermesi ony ýüze çykarýan esasy sebäpleriň aşakdakylardan ybaratdygyny görkezýär:

- önümçiligiň düzümindäki disproporsiýa, önümçilik serişdeleriniň paýynyň aşa köplügi;
- ykdysadyýetiň militarizasiýasy (harbylaşdyrylmagy) we harby çykdajylaryň artmagy;
- döwlet býujetiniň gytçylygy;
- döwletiň bergisiniň artmagy;
- uzak möhletlik maýa goýumlarynyň, şol sanda karzyň möçberiniň köpelmegi.

Hümmetsizlenmäniň ilkinji sebäbiniň önümçilik ýaýrawynda onuň düzüminiň deň gelmezliginden ybaratdygyny nygtamak gerek. Önümçilik serişdelerini, goranyş tehnikasyny öndürmek üçin örän köp we sarp ediş harytlaryny öndürmek üçin örän az önümçilik serişdeleri goýberilýär.

Harby çykdajylaryň artmagynyň çaltlaşmagy ykdysadyýetiň aýratyn sektorlarynda islegiň aşa köp bolmagyna eltýär, bu olaryň bahasynyň ýokarlanmagyna itergi berýär, soňra ol beýleki sektorlara hem ýaýraýar.

Şeýlelikde, harby önümçilik ýaýrawynda harajatlaryň artmagy zähmet öndürijiliginiň we bütewi ykdysady netijeliligiň peselmegine, peýdalanylýan we goýberilýän önümleriň nyrhlarynyň depgininiň çalt ösmegine getirýär.

Häzirki zaman harby tehnikasynyň nyrhynyň ýokarlanmagy önümiň doly öndürilmezligine getirýär we, degişlilikde, sarp ediş harytlarynyň gytçylygyny güýçlendirýär.

Ykdysady meseleleri nyrhlary ýokarlandyrmak arkaly çözmeklige synanyşylmagynyň ykdysadyýetde çökgünlik ýagdaýlarynyň

ösmegine getirýändigini bellemeli. Gytçylyk nyrhyň galmagyna getirýän çökgünlik ýagdaýynyň döremeginiň sebäpleriniň biri bolup durýar. Gytçylyk mahalynda azlyk edýän harytlaryň sanynda adaty şertlerde artykmaçlyk edýän harytlar hem bolýar.

Hümmetsizlenmäniň beýleki bir möhüm sebäbi döwlet býujetiniň ýetmezçiligidir, onda döwlet çykdajylary girdejilerden hemişe köp we ýokary bolýar.

Salgytdan gelýän serişdeler esasy çeşme hasaplanylýan döwlet býujetiniň çykdajylary hümmetsizlenmäniň düýpli faktory bolup durýar. Sebäbi bu çykdajylar artmak meýline eýedir we salgytlar gyşarnyksyz ösýär. Nyrhlaryň peseldilmegi bolsa salgyt salynýan binýadyň azalmagyna getirýär, bu bolsa döwlet üçin amatsyzdyr.

«Býujet ýaýrawynyň» (dolandyryş, saglygy goraýyş, bilim, ylym, pensiýa üpjünçiligi we ş.m.) mazmuny döwlet çykdajylarynyň wajyp maddasy bolup durýar. Olary saklamaga harajatlaryň artmagy hümmetsizlenme meýlini obýektiw güýçlendirýär.

Daşky gurşawy goramak üçin hemişe artýan harajatlar döwlet çykdajylarynyň artmagynyň beýleki düýpli faktory bolup durýar.

Býujetden maliýeleşdirmegiň gytçylygy hümmetsizlenmäniň döwlet bergisi ýaly gutarnyksyz çeşmesini döredýär. Onuň okgunly artmagy maliýeleşdirişiň gytçylygynyň adaty häsiýetidir.

Şeýle-de, hümmetsizlenmäniň esasy sebäbi uzak möhletli düýpli maýa goýumlaryň aşa köpeldilmeginden ybaratdyr. Bu tamamlanmadyk önümçiligiň möçberiniň we täze obýektleriň gurluşygynyň maliýeleşdirilmeginiň ösmeginde ýüze çykýar.

Gazyp çykaryjy pudaklarda nyrhyň ösmegi ykdysadyýetde hümmetsizlenmäniň döremeginiň sebäbi bolup durýar, bu bolsa ykdysadyýetiň pudaklarynyň aglabasynyň çykdajylaryna önjeýli täsir edýär. Gazyp çykaryjy pudaklarda iş hakynyň ýokarlanmagy, maşynlara we abzallara bolan çykdajylar we beýlekiler nyrhyň şeýle artmagynyň sebäbi bolup biler.

Çig malyň, ýangyjyň we ulagyň nyrhlarynyň we tarifleriniň ýokarlanmagy, ykdysadyýetiň pudaklarynyň hemmesini diýen ýaly çylşyrymly ykdysady ýagdaýda goýýar. Çig mal pudaklarynda nyrhyň galmagynyň yzysüre, çig maldan, ýangyçdan peýdalanýan pudaklarda, soňra bolsa beýleki pudaklarda nyrhlar galýar.

## 11.2. Hümmetsizlenmäniň ösüş tapgyrlary we nyrhlaryň ösüş depgini

Hümmetsizlenmäniň täsiriniň mehanizmi nähili? Hümmetsizlenme özüniň ösüşiniň başynda azda-kände islegiň ösmegini we önümçiligiň giňelmegini höweslendirýär. Bu nyrhlaryň mundan beýläk hem ösmegine ynamy bolmak bilen, telekeçileriň mümkin boldugyça pullaryny maddy gymmatlyklara goýmaga çalyşýandyklary we täze abzallary, çig mallary, materiallary we ş.m. edinýändikleri bilen düşündirilýär.

Hümmetsizlenme iri kärhanalar, esasan hem, monopolistler üçin amatly, bu olaryň peýdalarynyň ösmegine getirýär. Sebäbi, birinjiden, düzgün bolşy ýaly, iş hakynyň ýokarlanmagy esasy sarp ediş harytlarynyň nyrhlarynyň artmagyndan yza galýar, bu kärhana hümmetsizlenmeden ýokary peýdany üpjün edýär. Ikinjiden, nyrhda peýdanyň paýynyň artmagyny iş hakynyň artmagyna proporsional ösýän nyrhlarda hem gazanmak bolýar.

Hümmetsizlenme monopoliýanyň peýdasynyň diňe bir göni däl-de, eýsem gytaklaýyn artmagyna hem ýardam edýär. Ýurduň goýberýän kagyz pullarynyň toplumynyň aglaba bölegi, esasan, iri kärhana we monopoliýalara karzlar, subsidiýalar we ş.m. görnüşde gelip düşýär. Alnan karzlary yzyna gaýtarmak, hümmetsizlenmäniň netijesinde satyn alyjylyk gymmaty peselen pullar bilen amala aşyrylýar.

Hümmetsizlenmäniň ösüşiniň başlangyç döwründe ykdysadyýete ýetirýän täsiri şeýle: eger-de hümmetsizlenmäniň we nyrhlaryň ösüş depgini artsa we pullaryň gymmaty tiz gaçyp başlasa, düzgün bolşy ýaly, ykdysadyýetiň guralyşy bozulýar. Kagyz pullaryň gymmatynyň gaçmagy olaryň hemmetaraplaýyn we satyn alyş serişdesi bolmagyny bes etmegine getirýär, tutuş karz ulgamy, ilki bilen, uzak möhletleýin ulgam bozulýar, amortizasion gaznalaryň gymmaty gaçýar, esasy serişdeleriň täzelenmegi birden peselýär we ahyrky netijede tutuş üznüksiz önümçilik prosesi bozulýar.

Emma, hatda haýal geçýän hümmetsizlenme hem, pullaryň gymmaty ujypsyz gaçanda-da, oňaýsyz netijelere getirýär. Bu monopo-

liýada peýdanyň hümmetsizlenme artyşynyň ilatyň tölege ukyply isleginiň peselmegine getirýändigi sebäpli bolup geçýär. Şeýlelikde, hümmetsizlenme serişde toplama boýunça emele gelýän binýady dargadýar.

Hümmetsizlenme tapgyrlaýyn bolup geçýär we olaryň her biri üçin hümmetsizlenmäniň belli bir görnüşi we nyrhlaryň degişli ösüşi häsiýetlidir. Birinji tapgyrda hümmetsizlenme prosesi adatdakydan haýal bolup geçýär. Şeýle hümmetsizlenme «aram» ýa-da «haýal» diýlip atlandyrylýar. Puluň ýylda 2–3% gymmaty gaçýar. Aram hümmetsizlenmäni ilat, pul çykdajylary we iş haklary laýyk artsa, asuda kabul edýär. Ýöne ykdysadyýetde şeýle hümmetsizlenmäniň bu görnüşiniň oňaýsyz netijesi barybir döräp biler. Islendik, hatda totänlikdäki faktorlar hem ykdysadyýeti deňagramlylygyň üýtgäp durmak ýagdaýyndan çykaryp we hümmetsizlenmäniň ösmegi, ýöne has ýokary derejede – ýyllyk hasaplananda 5–7% depgin bilen ösmegi üçin şert döredip biler. Şonda ykdysady ösüşiň depgini birden peselýär, ylmy-tehniki ösüş haýallaýar we durmuş-ykdysady dartgynlylyk ösýär.

Hümmetsizlenmäniň ikinji tapgyrynda nyrhlaryň ýokarlanmagy eýýäm iki belgili sanlarda ölçelýär. Şeýle hümmetsizlenmä «öňürdýän ýa-da üýtgeýän hümmetsizlenme» diýilýär. Şeýle hümmetsizlenmä sezewar bolan ýurtlarda ykdysady ösüş doly togtaýar. Örän ýokary hümmetsizlenmede halk hojalygy önümçiligiň durgunlygy ýa-da peselmegi, işsizligiň ýokary derejesi (stagflýasiýa) ýagdaýyna girýär, ýagny onuň ösüşiniň doly togtamagy (stagnasiýa) bolýar. Şol bir wagtda durmuş-syýasy ýagdaý aňryçäk dartgynlaşýar. Bu tapgyrda hümmetsizlenmäniň ösüş depgini näçe ýokary boldugyça, ilatyň başyndan geçirýän kynçylyklary şonça-da çuňňur we agyr bolýar.

Çalt ösýän hümmetsizlenmede nyrhlar ýylda 20-den 200%-e çenli ýokarlanýar. Şertnamalar, düzgün bolşy ýaly, nyrhlaryň ýokarlanmagyny göz öňüne tutmak bilen ýa-da daşary ýurt walýutasynda (ABŞ-nyň dollarynda) baglaşylýar. Pullar maddy gymmatlyklara goýulýar.

Giperhümmetsizlenme şertlerinde hümmetsizlenmäniň we nyrhlaryň ösüş depgini adatdan daşary ýokary bolýar, olar önümçiligiň

möçberine we iş bilen üpjünçilige dargadyjy täsirini ýetirýär. Bu alyjylaryň we satyjylaryň, sarp edijileriň we önüm öndürijileriň nyrhlaryň garaşylýan ýokarlanmasyny, özüniň girdejilerini täze haryt satyn almak arkaly ýerlemek bilen, şeýle hem özüniň süýşürintgilerini maýa harytlaryna goýmak bilen kesgitlemäge çalyşýandygy bilen düşündirilýär, ýagny «puldan gaçma» bolup geçýär.

Ýaşaýşyň gymmatynyň ýokarlanmagy bilen baglylykda işçiler nyrhlaryň diňe bir ozalky ýokarlanmasynyň däl-de, eýsem garaşylýan hümmetsizlenmäniň hem öwezini dolup biljek nominal iş hakynyň ýokarlanmagyny gazanýarlar. Bu ahyrky netijede, harajatlaryň artmagyna getirýär, bu nyrhyň, iş haklarynyň ýokarlanmagyna täze talaplary döredýär, onuň netijesinde nyrhlar galýar. Netijede iş hakynyň we nyrhlaryň hümmetsizlenme sütüni döreýär.

Ýöne iş munuň bilen çäklenmeýär. Önümçilik serişdelerine maýa goýumlaryny goýmagyň deregine, köp kärhana, şeýle hem ilat önümçilik däl maddy gymmatlyklary: altyndan önümleri, brilliantlary, gymmat bahaly metallary, gozgalmaýan emlägi we beýlekiler satyn alýarlar. Giperhümmetsizlenmede nyrhlar birden we gyradeň däl artýar, kadaly ykdysady gatnaşyklar bozulýar. Telekeçiler özleriniň harytlaryna nähili nyrh kesmelidigini bilmeýärler. Alyjylar nyrhlardan ugur almaklaryny bes edýärler. Puluň gymmaty tiz gaçýar. Mundan başga-da, olar özleriniň gymmatlyk ölçegi, dolanyşyk we töleg, şeýle hem toplaýyş serişdesi hökmünde wezipelerini ýerine ýetirmeklerini bes edýärler.

Giperhümmetsizlenme, düzgün bolşy ýaly, hemişe pul toplumynyň möçberiniň oýlanyşyksyz artdyrylmagynyň netijesinde bolýar. Oýlanyşykly pul-karz syýasatynda aram ýa-da haýal ösýän hümmetsizlenme giperhümmetsizlenmä çenli ýetip bilmez.

Hümmetsizlenme, düzgün bolşy ýaly, meselem, zähmet hakynyň ýokarlanmagynyň (beýleki sebäpler hem bolup biler) netijesi hökmünde ykdysadyýetiň sarp ediş sektorynda başlanýar. Bu ýagdaýda, nyrhlaryň galdyrylmagy arkaly täzeden dikeldilýän pullaryň we harytlaryň möçberiniň arasyndaky bazar deňagramlylygy bozulýar.

Şeýlelikde, hümmetsizlenme ykdysadyýetiň sarp ediş böleginden başlap, halk hojalygynyň beýleki pudaklaryna-da çalt ýaýraýar.

Hümmetsizlenmäniň bu görnüşi geçiş döwründe pul ulgamynyň we nyrhlaryň ösüşiniň ýagdaýyny ep-esli derejede häsiýetlendirýär.

Bir pudagyň önümini beýleki pudagyň çig mal, materiallar hökmünde peýdalanmagy harajatlaryň artmagyna getirýär, bu ahyrky netijede peýdany peseldýär we nyrhyň hem-de islegiň köne derejesinde önümçiligiň dowam etdirilmegini amatsyz edýär. Önümçiligi dowam etdirmek üçin döwletiň pula bolan islegi giňeltmegi we pul toplumyny köpeltmek, ýagny sarp edijileriň girdejilerini ýokarlandyrmak ýoly bilen nyrhlaryň ösmegine şert döretmegi zerurdyr. Harajatlaryň hümmetsizlenmesiniň mehanizmi şundan ybaratdyr.

Kanagatlandyrylmaýan islegiň hümmetsizlenmä öwrülmegi ykdysadyýetiň gurluş düzüminiň netijesizdigini ýüze çykarýar. Bu meseläniň çözülmegi maýa goýumlary bilen baglanyşykly. Ýöne hümmetsizlenme maýa goýumlary üçin oňaýly şertiň döredilmegine päsgel berýär.

Ahyrky netije-de, hümmetsizlenmä, hem islegiň, hem harajatlaryň hümmetsizlenmesine getirýän esasy faktorlar önümçilikde düýpli ornaşýar. Hakykat-da, islegiň hümmetsizlenmesinde nyrhlaryň derejesiniň üýtgemegi islegiň artykmaçlygy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaýda satyn alyjylaryň jemgyýetiň öndürip bilýän harydyndan köp haryt satyn almaga mümkinçiligi bolýar, ýagny önümçiligiň mümkinçilikleriniň çäklendirilenligi sebäpli harytlaryň we hyzmatlaryň möçberlerini artdyrmaga ýagdaý ýok. Şol sebäpli artykmaç isleg nyrhyň ýokarlanmagyna getirýär.

Isleg artykmaç bolmasa-da, nyrhyň derejesiniň artýan ýagdaýlary hem bolýar. Şeýle hümmetsizlenme bazarda harytlara harajatlaryň we teklipleriň üýtgemeginiň netijesinde döreýär. Harajatlaryň hümmetsizlenmesinde nyrhyň ýokarlanmagyna önümiň birligine çykdajylaryň, ýagny önümçiligiň bar bolan möçberinde ortaça harajatlaryň ýokarlanmagyna getirýän faktorlar sebäp bolýar. Bu harajatlar umumy harajatlary öndürilen önümiň möçberine bölmek arkaly kesgitlenýär.

Nyrhlaryň hereket edýän derejesinde önümiň birligine harajatlaryň artmagy peýdany, şeýle hem önümçiligiň möçberini we teklibi azaldýar.

Teklipleriň azalmagy nyrhyň ýokarlanmagyna getirýär.

Harajatlaryň hümmetsizlenmesiniň iki sany esasy faktory aşakdakylardan ybarat:

1. Iş hakynyň ýokarlanmagy;
2. Önümçilik serişdelerine (çig mallar, materiallar, toplumlaýjy serişdeler, ulag hyzmatlary we ş.m) nyrhlaryň ýokarlanmagy.

Hakyky hojalyk durmuşynda hümmetsizlenmäniň bir görnüşini beýleki bir görnüşinden tapawutlandyrmak kyn bolýar. Aýdalyň, goranyşa çykdajylar birden köpeldi, munuň netijesinde isleg bilen baglanyşykly hümmetsizlenme döredi. Nyrhyň ýokarlanmagy bu ýagdaýda maddy serişdeleriň gymmatynyň, iş hakynyň ýokarlanmagyna getirýär, bu, öz gezeginde, harajatlaryň köpelmegine, netijede ahyrky önümiň nyrhynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Islegiň hümmetsizlenmesiniň bardygyna garamazdan, köp kärhanalar üçin ol harajatlaryň hümmetsizlenmesine öwrülýär.

Islegiň hümmetsizlenmesi bilen harajatlaryň hümmetsizlenmesiniň ýene bir düýpli aratapawudy bar. Çykdajylar aşa köp bolanda, ýagny pul toplumy bazarda adatdan daşary köp bolanda, islegiň hümmetsizlenmesi dowam edýär. Harajatlaryň hümmetsizlenmesi bolsa öz-özüni ödeýär. Bu şeýle bolup geçýär: tekliplerin peselmegi netijesinde önümçiligiň we iş bilen meşgullygyň möçberi azalýar, bu bolsa harajatlaryň artmagynyň çäklendirilmegine getirýär, ýagny harajatlaryň hümmetsizlenmesi önümçiligiň pese düşmegine alyp barýar, bu geljekde harajatlaryň artmagyny bökdeýär.

Hümmetsizlenme şu görkezijileriň kömegi bilen ölçelýär:

- nyrhlaryň indeksi we puluň tölege ukyplylygy;
- hümmetsizlenmäniň depgini, iş hakynyň we ilatyň hakyky girdejileriniň indeksleri.

Amaly hasaplamalarda hümmetsizlenmäniň derejesini bahalandyrmak üçin aşakdakylardan peýdalanylýar:

- sarp ediş nyrhlarynyň indeksi;
- önümçilik nyrhlarynyň indeksi:
- deflýator.

Deflýator – şu ýylyň nominal JMÖ-ň (jemi milli önüm) binýatlaýyn ýylyň nyrhlarynda ölçenen JIÖ (jemi içerki önüm), ýagny real

JIÖ-e gatnaşygy. Sarp ediş nyrhlarynyň indeksinden we önümçilik nyrhlarynyň indeksinden tapawutlylykda, deflýator diňe nyrhyň üýtgemegini däl-de, eýsem peýda «sebediniň» hem ölçeginiň üýtgemegini häsiýetlendirýär.

## 11.3. Nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşiniň netijeleri we olaryň ykdysadyýetiň ösüşine edýän täsiri

Girdejiniň tebigy, öňünden aýdyp bolmaýan gaýtadan paýlanylyşy hümmetsizlenmäniň esasy ýaramaz täsiriniň netijesi bolup durýar.

Birinjiden, nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşi, eger ilatyň nominal girdejileriniň ösüş depgini hümmetsizlenmäniň ösüş depgininden yza galýan bolsa, bellenen nominal girdejisi bolan ilatyň toparynyň (pensionerler, talyplar, döwlet edaralarynyň gullukçylary we ş.m.) girdejileriniň peselmegine getirýär. Şol sebäpli bu şertlerde hümmetsizlenmäniň ösüş depginine laýyklykda girdejileriň indeksasiýasy möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Ikinjiden, bellenilmedik girdeji alýan ilatyň topary, eger nominal girdejileriň artyşy nyrhyň artyşyndan öňe gitse, hümmetsizlenmeden utuş gazanyp biler. Ösýän senagat pudaklarynyň işgärleri hümmetsizlenmäniň derejesi bilen baglylykda nominal iş hakyny alyp bilerler. Serişdeleriň nyrhlaryndan taýýar önümleriň nyrhlarynyň, ýagny harajatlaryň tiz artan şertlerinde, hümmetsizlenme kärhanalaryň ýolbaşçylary we beýleki peýda alýanlar üçin amatly bolup biler.

Üçünjiden, hümmetsizlenme we oňa laýyklykda nyrhlaryň ýokarlanmagy süýşürintgileri: banklardaky gündelik we möhletli hasaplary, ätiýaçlandyryş şahadatnamalaryny we beýleki bellenen gymmatly kagyz aktiwleri hümmetsizlendirýär.

Dördünjiden, hümmetsizlenme algydarlar bilen bergidarlaryň arasynda girdejileriň täzeden paýlanmagyna getirýär. Bergidar utuş gazanýar, algydar bolsa utulýar, sebäbi karz alan oňa hümmetsizlenen möçberde gymmaty gaçan karzyny gaýtarýar.

Hümmetsizlenme hojalygyň ösüşiniň möhüm ykdysady görkezijileriniň, ozaly bilen, karz üçin göterimiň we önümçiligiň düşewüntliliginiň görkezijileriniň ýoýulmagyna getirýär. Ykdysadyýetiň we önümçiligiň kadaly ýagdaýynda göterimiň hem düşewüntliligiň görkezijileriniň möçberi belli bir derejede arabaglanyşykly bolýar. Göterimiň derejesi önümçiligiň düşewüntliliginiň ösüş depgini bilen kesgitlenilýär. Hümmetsizlenmäniň emele gelmegi bilen bu arabaglanyşyk bozulýar we karz üçin göterimiň dinamikasy önümçiligiň düşewütliliginiň ösüş depginine laýyk gelmegini bes edýär, ondan başga-da ol dürli ugurlarda ondan örän tapawutlanýar. Nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşi göterimiň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär, sebäbi algydar, öz pullaryny saklamak we karz boýunça göterim almak üçin, nyrhlaryň ösüş depgininden ýokary bolan göterimiň derejesini dikeltmäge mejbur bolýar.

Göterimiň derejesiniň ýokarlanmagy kärhanalaryň düşewüntliligini ep-esli peseldýär, bu önümçiligiň kadaly gidişini bozýar, onuň peselmegine ýa-da hatda togtamagyna hem getirýär. Şol sebäpli karz üçin göterimiň derejesi ýokary bolanda diňe bir maýa goýmak üçin däl, eýsem hereket edýän önümçilik üçin-de karz örän peselýär.

Hümmetsizlenme şertlerinde kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň birden güýçli üýtgemegi bolup geçýär.

Daşary ýurtlaryň tejribesi hümmetsizlenmeden doly dynmagyň mümkin däldigini, onuň ykdysady ösüşiň hemişelik hemrasy bolandygyny görkezýär. Şol sebäpli ykdysadyýetiň wezipesi ýurt üçin hümmetsizlenmäniň önümçiligiň durnukly ösmegine mümkinçilik berjek oňaýly derejesini tapmakdan ybaratdyr. Munuň üçin hümmetsizlenmäni dolandyrmagy öwrenmek, ony belli bir çäklerde saklamak zerurdyr.

Önümçiligiň pese düşmegini bes etmegi, onuň durnuklylaşmagy we ýokary galmaga başlamagy hümmetsizlenmäni ýeňip geçmek boýunça ähli çäreleriň arasynda esasylarydyr. Maýa goýumyny ep-esli artdyrmazdan muny gazanmak mümkin däldir. Önümçiligiň pese gaçmagynyň bes etmegini we ýuwaş-ýuwaşdan ýokary galmagyny gazanmazdan, hümmetsizlenmä garşy göreşmegiň düýpli çäreleri barada gürrüň etmegiň manysy ýok.

Ykdysadyýetde düzüm özgertmesiniň geçirilmegi, şeýle hem býujetiň düzgünleşdirilmegi we nyrhlary göni düzgünleşdirmegiň çäreleri bilen berk baglanyşykly bolan pul emissiýasynyň ösüşiniň yzygiderli çäklendirilmegi hümmetsizlenmä garşy syýasatyň beýleki bir ugry bolup durýar.

Ykdysadyýetiň düzüminiň üýtgedip guralmagy şulary öz içine alýar:

1. Ykdysadyýetiň, ilkinji nobatda, durmuş ugra gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň emele gelmegini üpjün edýän, ylmy köp talap edýän we ýokary tehnologiýaly önümçiligi guramaga ýardam edip biljek pudaklary we önümçiligi ösdürmegiň döwlet maksatnamalaryny taýýarlamak we amala aşyrmak; bu maksatnamalaryň amala aşyrylmagy üçin maliýe çeşmeleriniň anyk kesgitlenilmegi zerur.
2. Monopoliýa garşy syýasatyň berk we yzygiderli amala aşyrylmagy.
3. Döwletiň gatnaşmagynda iri birleşikleriň döredilmegini goşmak bilen, gorizontal we wertikal integrasiýany ösdürmek üçin zerur şertleriň döredilmegi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hümmetsizlenmä kesgitleme beriň, onuň esasy häsiýetlerini aýdyp beriň we hümmetsizlenmäniň ösmeginde nyrhlaryň ornuny häsiýetlendiriň.
2. Hümmetsizlenmäniň keýnsiançylyk we monetaristik nazaryýetine häsiýetnama beriň.
3. Hümmetsizlenmäni ýüze çykarýan esasy sebäpleri aýdyp beriň.
4. Hümmetsizlenmäniň ösüş basgançaklaryny aýdyp beriň we nyrhlaryň dinamikasyny häsiýetlendiriň.
5. «Islegiň hümmetsizlenmesi» we «harajatlaryň hümmetsizlenmesi» düşünjeleriniň mazmuny nämeden ybarat?
6. Nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşiniň, ykdysadyýetiň ösüşiniň nähili netijeleri bolup biler?
7. Hümmetsizlenmä garşy düzgünleşdirmäniň esasy ugurlaryny aýdyp beriň.

# III BÖLÜM

# MALIÝE-KARZ ULGAMY WE NYRH EMELE GELŞI

## 12-nji BAP
## NYRH EMELE GELŞI WE PUL DOLANYŞYGY

### 12.1. Nyrhlaryň we pul dolanyşygynyň özara baglanyşygynyň nazaryýet jähetleri

Bazar ykdysadyýeti öz ösüşiniň dowamynda özboluşly pul bazaryny emele getirýär. Pul bazary – bu pula islegiň we olaryň teklip edilişiniň özara täsiri netijesinde pullaryň «bahasyndan» ybarat bolan göterimiň deňagramly derejesi kesgitlenilýän bazar. Bazar ykdysadyýetiniň hereket etmegi onuň durnukly ösüş depginlerini, nyrhlaryň derejesini we dinamikasyny, iş bilen meşgullygy saklamak üçin belli bir pul toplumyny talap edýär.

Pul toplumy hojalyk dolanyşygyna hyzmat edýän we fiziki hem ýuridiki taraplara we döwlete degişli bolup durýan satyn alyş we töleg serişdeleriniň jemi möçberinden ybarat.

Dolanyşykdaky pul toplumy pullaryň teklip edilmegi bolup durýar.

Nyrh emele gelşiniň dolanyşykdaky pullaryň möçberine bagly bolmagy nyrhyň we pul dolanyşygynyň kanunlarynyň täsiri arkaly ýüze çykýar: harytlaryň bahasy olaryň gymmatynyň esasynda kesgitlenilmeli, dolanyşykdaky pullaryň möçberi bolsa öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň möçberine laýyk gelmeli.

Pul dolanyşygynyň kanunynyň bozulmagy, dolanyşygyň zerurlyklary bilen deňeşdirilende, olaryň artykmaç emissiýasy amala aşyrylyp, pul birliginiň dolanyşygynyň tizligi artan, ýagny puluň hyzmaty işjeňleşen, şeýle hem, eger-de pul emissiýasy, pul faktorlaryna garamazdan, ýüze çykýan nyrhlaryň ýokarlanmasyny «pugtalandyrsa», puluň hyzmaty gowşan mahalynda ýüze çykýar.

Faktorlaryň birinji topary (pul faktorlary) pula islegiň haryt teklip edilişinden ýokary bolmagyna getirýän ýagdaýlary öz içine alýar, onuň netijesinde pul dolanyşygynyň kanunynyň talaplary bozulýar.

Harajatlaryň we harytlaryň nyrhlarynyň başlangyç ösmegine getirýän ýagdaýlar faktorlaryň ikinji toparynyň elementleri bolup durýar. Netijede pul toplumy olaryň derejesine ýetýär. Hakykatda bolsa faktorlaryň iki topary hem utgaşýar we harytlaryň, hyzmatlaryň nyrhlarynyň ýokarlanmagyna getirmek bilen bir-birine täsir edýär.

Şeýlelikde, bazar hojalygy şertlerinde pul dolanyşygynyň we nyrhyň kanunlarynyň hereket etmegi meýil hökmünde ýüze çykýar. Şol sebäpli harytlaryň hakyky nyrhy birnäçe bazar faktorlarynyň täsiri bilen olaryň gymmatyna laýyk gelmeýär, dolanyşykdaky pullaryň möçberi bolsa, düzgün bolşy ýaly, hümmetsizlenme prosesi bilen baglanyşykly bolan tölege ukyply islegiň bolçulygynyň derejesi bilen düzgünleşdirilýär.

Bazarda harytlara isleg bilen teklibiň gatnaşygynyň islendik deň gelmezligi nyrhlaryň hereketine täsir edýär. Artykmaç teklip olaryň otnositel peselmegine ýardam edýär, şol bir wagtda islegden peýdalanýan harytlaryň we hyzmatlaryň gytçylygy nyrhlary ýokarlandyrýar we netijede puluň deňagramlaşdyrylmazlygyny (balanslaşdyrylmazlygyny) güýçlendirýär.

Netijede belli bir döwürde (*P*) harydyň bahasy iki sany esasy görkeziji: sarp edijileriň *M* haryda islegini we şol bazarda satmak üçin teklip edilen *Q* harydyň möçberi bilen kanagatlandyrmak üçin olara bölünip berilýän pul serişdeleriniň toplumy bilen şertlendirilýär:

$$P = \frac{\sum M}{\sum Q}$$

Deňlemäniň iki bölegini hem Σ$Q$ maýdalawja köpeltmek bilen islegiň we teklibiň deňagramlylyk ýagdaýyny görkezýän formulany alarys, oňa Σ$PQ$ = Σ$M$ oňaýly (optimal) nyrh laýyk gelýär.

Eger-de soňra deňlemäniň iki bölegini hem Σ$PQ$ bölsek, onda Σ$M$ / Σ$PQ$ = 1 bolar. Bu şert berjaý edilse, nyrhlar durnukly bolmagynda galyp biler we pudaklaýyn derejede hümmetsizlenme prosesi tamamlanýar.

Emma tejribede serişdäniň pudagara geçmesi bolup geçýär, şol sebäpli durnukly deňagramlylyk bolup bilmez. Şonuň bilen birlikde, ykdysadyýetiň aýratyn pudaklarynyň degişlilikde balanslaşdyrylmagy hemişe saklanýar. Şonda islegiň we teklibiň gatnaşygy birlige ymtylmaly. Isleg bilen teklibiň gatnaşygy birlige näçe golaý bolsa, täze derejede gaýtadan paýlaýyş proseslериniň gerimi şonça-da az we nyrhlar şonça-da durnukly bolar. Eger isleg bilen teklibiň gatnaşygy birlikden az bolsa, onda şol harydy öndürýän pudakda önümçilikde döredilen nyrhyň bir bölegi nyrhlar arkaly has gerekli harytlary öndürýän pudaklara geçirilýär. Eger islegiň we teklibiň gatnaşygy birlikden köp bolsa, onda harydyň bahasy ýokarlanýar we beýleki pudaklarda döredilen girdejiniň bir bölegi täze haryt öndürýän pudagyň ýa-da önümçiligiň peýdasyna gaýtadan paýlanýar.

Nyrh emele getiriji faktorlaryň üýtgäp durmagy önümçiligiň we paýlanyşyň düzüminiň jemgyýetde emele gelýän zerurlyklara nähili derejede laýyk gelýändigine bagly. Tehniki ösüşiň üznüksiz önümçilik prosesine täsiri (islegiň düzümini düýpgöter üýtgedýän önümleriň täze görnüşleriniň döredilmegi) önümçiligiň düzüminiň üýtgemegini şertlendirýän sebäp bolup biler. Ýokary tehnologiýaly önümçilikleriň önümlerine we maglumat häsiýetli hyzmatlara islegiň durnuklylygy bu pudaklarda adaty binýatlaýyn pudaklardaka garanda peýdanyň has ýokary möçberini almaga mümkinçilik berýär. Kärhanalaryň ululygynyň optimallaşdyrylmagy, dolandyryşyň guralyşynyň kämilleşdirilmegi önümçiligiň we çykdajylaryň zähmeti köp talap etmegini peseltmäge ýardam edýär, bu nyrhlara durnuklylaşdyryjy täsir edýär.

Pul sektorynyň balanslaşdyrylmagy başgaça gazanylýar.

Pul toplumynyň balanslaşdyrylmagyna iki sany bazar elementi täsir edýär: önümçilik tarapyndan pula isleg we emissiýany amala aşyrýan Merkezi bank tarapyndan pullaryň teklip edilişi. Pul toplumynyň möçberi döwletiň we haryt dolanyşygynyň zerurlyklary bilen kesgitlenilýär. Pul toplumynyň möçberine pullaryň dolanyşygynyň tizligi, has takygy dolanyşygyň we tölegiň wezipeleri ýerine ýetirilende olaryň hereketiniň güýçli depgini (intensiwligi) täsir edýär.

Jermgyýetçilik iýmitiniň dolanyşygynda we girdejileriň dolanyşygynda ($V$) pullaryň hereketiniň tizligi aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$V = JIÖ / M$$

Bu formula ählumumy hasaplanylýar. Ol aşakdaky görnüşde hem bolup biler:

$$V_1 = JIÖ / M_1 \text{ ýa-da } V_2 = JIÖ / M_2$$

Bu görkeziji pul dolanyşygy bilen ykdysady prosesleriň arasyndaky baglanyşyga şaýatlyk edýär. Eger-de pul toplumy haýal dolansa, onda bu milli önümiň ýerleşdirilişiniň (harçlanyşynyň) koeffisiýentiniň pesdigini aňladýar, pullaryň dolanyşygynyň ýokary tizligi harytlaryň çalt ýerleşdirilýändigine we bazar konýunkturasynyň (birnäçe şertleriň täsiri bilen häzirki pursatda ýa-da belli bir wagt aralygynda bazarda emele gelen ýagdaý) ýokarydygyna şaýatlyk edýär.

Pullaryň dolanyşygynyň tizligi pullaryň zerur möçberine ters proporsional, pullaryň dolanyşygynyň ýokary tizligi goşmaça emissiýa zerurlygy azaldýar. Bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň şol bir möçberinde pul toplumynyň artmagy nyrhlaryň hümmetsizlenmegine getirýär, ahyrky netijede hümmetsizlenme prosesiniň faktorlarynyň biri bolup durýar. Haýal pul dolanyşygy – bu haryt gorlarynyň, ýerleşdirilmedik önümleriň toplanmagy, serişdäniň bir böleginiň hereketsiz durmagy.

Töleg dolanyşygynda pullaryň dolanyjylygy bank hasaplarynda pullaryň möçberiniň dolanyşykdaky pul toplumynyň ortaça ýyllyk

möçberine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji nagt däl hasaplaşyklaryň tizligine şaýatlyk edýär.

Pullaryň dolanyşygynyň tizligine umumy ykdysady faktorlar, önümçiligiň tapgyrlaýyn ösüşi, ösüş depgini, nyrhlaryň hereketi, şeýle hem pul faktorlary: töleg dolanyşygynyň düzümi (nagt we nagt däl pullaryň gatnaşygy), karz amallarynyň we özara hasaplaşyklaryň ösmegi, karz üçin göterim derejeleri we elektron pullaryň hasaplaşyga ornaşdyrylmagy täsir edýär. Bu umumy faktorlardan başga-da, pullaryň dolanyşygynyň tizligi girdejileriň tölegininiň döwürleýinligine, ilatyň öz serişdelerini harçlaýşynyň gyradeňligine, süýşürintgileriň we toplamalaryň derejesine bagly.

Banklaryň hökmany ätiýaçlyk gorlary edinmek boýunça Merkezi bank tarapyndan bellenilýän kadalara esaslanyp, hökmany ätiýaçlyk gorlary döretmeginiň zerurlygynyň hem pul massasynyň ululygyna öz täsirini ýetirýändigini bellemek gerek. Merkezi bank hökmany ätiýaçlyk gorlaryň ölçegleri bilen bagly usula eýerip, pully multiplikatoryň täsirinden peýdalanýar. Pully multiplikator hökmany ätiýaçlyk gorlaryň ölçegine ters ululyga barabar bolup, karz pullaryň maksimal möçberini aňladýar. Bu möçber bolsa ätiýaçlyk gorlaryň şol ölçegi saklananda artykmaç ätiýaçlyk gorlaryň bir pul birligi arkaly döredilip bilner.

Artykmaç gorlaryň belli bir möçberiniň esasynda täjirçilik banklarynyň ulgamy tarapyndan döredilip bilinjek täze pullaryň iň ýokary möçberi aşakdaky formula bilen aňladylýar:

$$\text{Hasaplarda täze pullaryň iň ýokary möçberi} = \text{artykmaç gorlar} \cdot \text{pul multiplikatory}$$

Gorlaryň möçberini düzgünleşdirmek bilen, Merkezi bank pul toplumyny gysýar ýa-da ýurtda karz amallaryny artdyrýar. Şol bir wagtda eger Merkezi bank pul binýadyna gözegçilik edýän bolsa-da, nyrhlar pul multiplikatorynyň artmagy sebäpli çalt ösüp biler.

Şeýlelikde, pula zerurlygyň derejesi ýerlenen harytlaryň fiziki möçberiniň olaryň nyrhlaryna köpeltmek hasyly ýaly kesgitlenilýär, dolanyşyga hakyky gelýän pullaryň derejesi bolsa, töleg

serişdeleriniň toplumynyň olaryň dolanyşygynyň tizligine köpeltmek hasyly hökmünde kesgitlenilýär.

Onda deňagramlylygyň deňlemesi aşakdaky görnüşde bolup biler:

$$M \cdot V = N \cdot Y,$$

bu ýerde *M* – pul toplumy; *N* – nyrhlaryň derejesi; *Y* – ýyllyk hakyky önüm; *V* – pul birliginiň dolanyşygynyň tizligi.

Eger-de bu görkezijä wagtyň belli bir döwründe seredilse, onda deňagramlylygyň formulasy aşakdaky görnüşde bolup biler:

$$P \cdot T = B \cdot O,$$

bu ýerde *P* – wagtyň belli bir döwründe dolanyşykdaky puluň toplumy; *T* – pullaryň dolanyşygynyň tizligi; *B* – şu görnüşdäki harydyň bahasy; *O* – bazarda harydyň möçberi.

Deňlemäniň çep tarapy pullaryň teklip edilişiniň derejesini, sag bölegi bolsa pullara islegiň möçberini görkezýär. Diýmek, bazarda harydyň fiziki möçberiniň islendik artmagy ýa-da onuň bahasynyň galmagy pul toplumynyň möçberiniň artdyrylmagyny ýa-da dolanyşygyň tizliginiň artdyrylmagyny talap edýär. Pul toplumynyň artmagy ýa-da onuň dolanyjylygynyň çaltlaşmagy harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň teklip edilişiniň laýyk artmagy bilen deň gelmeli.

Tejribede pul toplumynyň artyş depgini köplenç harytlaryň we hyzmatlaryň teklip edilişiniň ösüşinden öňe gidýär. Pul möçberiniň we haryt toplumynyň arasyndaky deň gelmezlik nyrhlar ulgamy arkaly deňleşdirilýär, bu olaryň hümmetsizlenme ösüşine getirýär. Hümmetsizlenmäniň netijesinde ýuwaş-ýuwaşdan nyrhlaryň täze gerimine geçilmegi bolup geçýär.

Ykdysady ulgamlaryň deňagramlylygynyň formulasy ilkinji gezek amerikan ykdysatçysy pullaryň möçber nazaryýetiniň tarapdary I. Fişer tarapyndan teklip edildi. Makro derejede nyrhlaryň we pul toplumynyň arasyndaky baglanyşygy ýeterlik derejede çeýe görkezmeýän bolsa-da, ol hakykata laýyk gelýär. I. Fişeriň deňlemesinde pullar diňe dolanyşyk ýa-da töleg serişdesi ýaly hereket edýär, puluň toplanyş serişdesi ýaly möhüm wezipesi bolsa üns berilmän galýar. Bu ýagdaý belli bir wagtda möçber nazaryýetiniň gowşak ýeri boldy.

Soňra I. Fişer bank töleg serişdeleri görnüşinde karz pullary goşmak bilen, bu formulany çylşyrymlaşdyrdy. Netijede dolanyşykdaky pullaryň toplumy nagt pullaryň we gündelik bank hasaplarynyň olaryň dolanyşygynyň tizligine köpeldilen möçberi hökmünde kesgitlenildi:

$$PM + P'T' = NO,$$

bu ýerde *P'* – gündelik bank hasaplarynda pullaryň möçberi; *T'* – olaryň dolanyşygynyň tizligi.

Pul dolanyşygynda näsazlyklaryň esasy sebäbini monetaristler pul toplumynyň tertipsiz üýtgäp durmagynda, ýetmezçilik edýän býujet maliýeleşdirilişinde we aşa arzan karzlarda görýärler. Olaryň pikiri boýunça puluň tertip-düzgüni zerur. Käbir ylmy barlagçylar pul toplumynyň artmagynyň ýuwaş-ýuwaşdan, ýöne durnukly togtadylmagy arkaly hümmetsizlenmäniň bökdelmegi monetarizmiň esasyny düzýär diýip hasaplaýarlar.

Monetaristleriň pikirine görä, bazar – öz-özüni düzgünleşdirýän ulgam bolup, döwlet tarapyndan zyýan beriji gözegçilige mätäçlik çekmeýär. Merkezi bankyň syýasaty uzak möhletli gelejege gönükdirilen bolmaly, ol mümkinçiligine görä nyrh emele gelşine özüniň gatnaşmagyny kemeltmeli. Maliýeleşdirmegiň gytçylygynyň maliýe ulgamyny gowşadýandygy sebäpli, ykdysady syýasatda milli girdejiniň paýlanyşyna we sarp edilişine döwletiň gatnaşmagynyň kemeldilmegini strategik ugur edip goýmaly. M. Fridmeniň irki işlerinde «pul düzgüni» barada aýdylýar, oňa laýyklykda pul toplumynyň artmagyny yzygiderli, ýöne ýuwaş-ýuwaşdan we bazar şertlerine hem-de bazaryň tapgyrlaýyn üýtgäp durmagyna bagly bolmazdan geçirmeli. Merkezi bank pul toplumynyň möwsümleýin we beýleki üýtgäp durmasyna ýol bermeli däl, onuň durnukly ösüş depginini saklamak borjuny öz üstüne almaly. Merkezi banky (ABŞ-da Federal ätiýaçlyk ulgamy) täjirçilik banklarynyň karz işlerini düzgünleşdirmek, şeýle hem hökmany gorlaryň möçberini özüne oňaýly bolan tertibi üpjün etmek bilen manipulirlemek hukugyndan mahrum etmeli. Şonuň bilen birlikde karz serişdeleriň depozit nagt pullar ýa-da Merkezi banka goýumlar bilen 100% ödelmegini girizmeli. Bu çäräniň wezipesi täjirçilik banklarynyň karz emissiýasynyň hökmany gorlar (ätiýaçlyk) bilen bölekleýin ödelmegini aradan aýyrmaga, olaryň multiplikatiw

mümkinçilikleriniň gysylmagyna gönükdirilen. Şeýlelikde pullaryň goşmaça tebigy emissiýasynyň ykdysadyýete we pul ýaýrawyna döwletiň çalt gatyşmagy üçin peýdalanylýan ýollary ýapylar.

Monetaristler eger-de puluň teklip edilişi durnukly derejede dursa, onda pula islegiň artmagynyň nyrhlara basyşy gutulgysyz ýokarlandyrjakdygy barada pikiriň tarapdary bolup durýarlar. Hümmetsizlenme prosesiniň çuňlaşmagy netijesinde nyrhlar ýokarlanýar.

Neoklassyk mekdebiň tarapdarlary başga bir ykdysady ýagdaýa seredýärler. Olaryň garaýyşlaryna görä umumy isleg ýokarlanan ýagdaýynda pullaryň teklip edilişiniň derejesini peseltmeli, şeýle çemeleşmede nyrhlaryň derejesi durnuklylaşýar.

Pul toplumynyň teklip edilişiniň merkezleşdirilen düzgünleşdirilmegi ykdysady ulgamy nyrhlaryň düýpli üýtgäp durmagyndan goramaga we şeýlelikde durnukly ykdysady ösüşi gazanmaga mümkinçilik berýän ýaly bolsa-da, iş ýüzünde näsazlyga getirýär. Pul emissiýasy kesgitlenilende adatça islegiň pul toplumyna çaklamasy göz öňünde tutulýar, ýöne islendik çaklama ýaly şeýle maglumatlar ähtimallyk häsiýetine eýedir. Şol sebäpli umumy islegiň giň gerimde üýtgemegi esli wagt aralygy bilen balanslaşdyrylýar.

Dolanyşyga pul goýberilmegi bilen meşgullanýan Merkezi bank gytaklaýyn görkezijileriň ösüş depgini bilen önümçiligiň, haryt dolanyşygynyň, nyrhlaryň we ş.m. ösüş depginini çaklaýar. Mysal üçin, eger nyrhlaryň ýokarlanmagyna garaşylsa, onda eýýäm seredilýän döwürde dolanyşykdaky pul toplumyny çäklendirmek üçin çäre görülýär. Netijede soňky döwürde Merkezi bank pullaryň emissiýasyny kemeldýär, bu hümmetsizlenmä belli bir derejede täsir edýär. Emma aşa hümmetsizlenme şertlerinde şeýle çäreler ýeterliksiz. Şol sebäpli eger ilkinji döwürde hümmetsizlenme prosesi güýçlense, olary balanslaşdyrmak mümkin däl. Diňe ikinji döwrüň ahyryna Merkezi bankyň merkezleşdirilen düzgünleşdiriji täsiri ýüze çykýar we nyrhlar peselip biler. Ykdysadyýetde dolanyşykdaky pul toplumynyň möçberi hemişe üýtgeýär. Diýmek, Merkezi bank geçen döwrüň ilerlemesini balanslaşdyrmaga çalyşýan wagty islegiň derejesiniň emission syýasatyň birinji tapgyrynda hasaba almak kyn bolýan täze üýtgeşmeleri bolup geçýär.

Dolanyşykda pul toplumynyň möçberiniň döwürleýin çäklendirilmegi nyrhlaryň dürli tarapa üýtgäp durmagyna getirýär we şeýlelikde üznüksiz önümçiligiň şertlerini esli kynlaşdyrýar. Nyrhlaryň derejesiniň biraz peselmegi önümçiligiň giňemegine itergini peseldýär, durgunlylyk meýilleriniň toplanmagyna ýardam edýär, ykdysady durgunlyga alyp barýar.

Diýmek, dolanyşykda pul toplumyny makroykdysady taýdan düzgünleşdirmegiň seredilen iki görnüşiniň hem ýetmezçilikleri bar. Pullaryň teklip edilişiniň yzygiderli artmagyna gönükdirilen monetaristik çemeleşme hümmetsizlenmäni ykdysady kanunçylygyň derejesine (aram bolsa-da) çykarýar. Neoklassyk (keýnsiançylyk) çemeleşme ykdysady durnuksyzlygy, balanslaşdyrylmazlygy özünde saklaýar. Şeýlelikde, dolanyşykdaky pul toplumyny ykdysady taýdan düzgünleşdirmegiň görkezilen usullary onuň mümkin bolaýjak üýtgemegini ýeterlik derejede takyk çaklamaga mümkinçilik bermeýär.

Pul toplumynyň pula artýan islege laýyk gelmegini üpjün etmek üçin nyrhlara berk gözegçilik edilmegi bilen pul-karz ýaýrawynda syýasatyň ileri tutulýan ugry ykdysadyýetde göterim derejeleriniň yzygiderli peseldilmegi arkaly maýa goýum isleginiň höweslendirilmegine tarap üýtgeýär. Pullaryň dolanyşygynyň tizliginiň durnukly haýallamak meýli ykdysadyýetde pul bolçulygynyň esasy alamatlarynyň biri bolup durýar.

Nyrhlaryň ýokarlanmagy netijesinde pullaryň satyn alyjylyk ukyby pese gaçýar. Muňa, düzgün bolşy ýaly, önümçiligiň esli peselmegi netijesinde, şeýle hem döwletiň kagyz pullaryň esassyz emissiýasy arkaly öz bergilerini üzmäge synanyşmagy bilen baglylykda ýurduň ykdysady ösüşiniň amatsyz ýagdaýy ýardam edýär. Ykdysadyýetiň rejesiz düzümi, aýratyn önümçilikleriň monopoliýalaşmagynyň ýokary derejesi, daşary ýurt puluna görä milli pul birliginiň hümmetiniň peselmegi, döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň balanslaşdyrylmazlygy – bularyň bary dolanyşykda pul toplumynyň ösmegine getirýär.

Pul toplumy bilen harytlara tölemegiň arasyndaky deňagramlylygyň nähili derejede bozulandygyny bahalandyrmak üçin nyrhlaryň indeksi görkezijiden peýdalanylýar. Nyrhlaryň indeksi şol döwür

üçin sarp ediş harytlaryň we hyzmatlaryň belli bir toplumynyň (bazar sebedi) satyn alyş nyrhy bilen binýatlaýyn döwürde harytlaryň we hyzmatlaryň meňzeş toparynyň arasyndaky gatnaşygy üýtgedýär.

$$\text{Nyrhlaryň indeksi} = \frac{\text{Hasabat döwründe bazar sebediniň nyrhy}}{\text{Binýatlaýyn döwürde şoňa meňzeş bazar sebediniň nyrhy}}$$

Nyrhlaryň ýokarlanmagynyň ölçelmegine şeýle çemeleşmäniň öz kemçilikleri bar.

Sarp ediş sebedinde harytlaryň we hyzmatlaryň berk toplumynyň saklanmagy (toplumyň üýtgemegi adatça 8–10 ýyldan bolup geçýär) käwagt sarp edişiň düzüminde bolup geçýän üýtgeşmeleri göz öňünde tutmaýar. Sarp ediş nyrhlarynyň indeksi hümmetsizlenmäniň ösüş depginine deň (adekwat) däl, ýöne durmuş ugruna gönükdirilendigi netijesinde makroykdysady seljerme üçin has laýyk hasaplanylýar.

Pul emissiýasy bolmazdan nyrhlaryň ýokarlanmagy mümkin däl bolsa-da, pul toplumynyň artmagy bilen nyrhlaryň ösüş depgininiň arasynda göni arabaglanyşyk ýok. Anyk ýagdaýlar, mysal üçin, giň gerimli bazar giňişliginiň bolmagy, esasan, sarp edişe gönükdirilmegi, harby isleg, söwda ulgamynda haryt gorlarynyň bolmagy, emissiýanyň ýaýbaňlanan döwri, degişlilikde, nyrhlaryň haýal ösmeginiň sebäbi bolup biler.

## 12.2. Walýutanyň hümmetiniň nyrhlaryň ösmegine we halkara söwdasyna ýetirýän täsiri

Nyrhlaryň ösmeginiň walýutanyň hümmetine ýetirýän täsirine seredeliň. Merkezi bank tarapyndan geçirilýän nyrhlaryň ösüşini düzgünleşdirmek syýasaty walýutanyň hümmetine gös-göni täsir edýär, ol, öz nobatynda, köp derejede halkara söwdasyny kesgitleýär. Gürrüň import edilýän hümmetsizlenme, ýagny, mysal üçin, import çig malyň ýa-da energiýa göterijileriň nyrhynyň ýokarlanmagy harajatlaryň hümmetsizlenmesiniň mehanizmine täze itergi berende

hümmetsizlenmäniň dünýä söwda ýollary boýunça geçmegi barada barýar.

Has ýokary göterim derejesiniň gözleginde serhetden geçýän gysga möhletli alyp-satylýan (spekulýatiw) serişdeleriň akymy nyrhlaryň ýokarlanmagynyň goşmaça faktory bolup durýar. Eger, mysal üçin, bir ýurduň banklary gysga möhletli depozitler boýunça ýyllyk 5%, beýleki ýurduň banklary 7% töleýär, soňky dereje serişdäni birinji ýurtdan çekip alýar. Bu serişdeleri alyp, ikinji ýurduň banklary olaryň bir bölegini karza öwürýär we olary dolanyşyga gönükdirýär. Netijede goşmaça pul toplumy emele gelýär, elbetde, onda haryt teklip edilişiniň hiç hili ösüşi ýok. Ikinji ýurduň ykdysadyýetinde bolup geçýän hümmetsizlenme prosesi has güýçli bolýar. Göterim derejeleriniň gatnaşygynyň düýpli üýtgän ýagdaýynda serişdeler ters ugra geçip başlar. Eger birinji ýurduň banklary goýumlar boýunça ikinji ýurduň banklaryna görä köp tölese, serişdeler soňky ýurtdan gidýär we hümmetsizlenmäniň urgusyny birinji ýurduň ykdysadyýeti duýýar.

Milli pul birligini pugtalandyrmak, satyn alyjylyk ukybyny saklamak üçin onuň walýutanyň hümmetine bagly bolmagynyň aýratyn ähmiýeti bar. Merkezi bank tarapyndan walýutanyň hümmeti (daşary ýurt pulunyň birliginde milli puluň nyrhy) peseldilende içerki bazarda nyrhlar galýar, eger daşary ýurt puluna teklibiň islegden esli ýokarlanmagy bellenilse, onda täjirçilik banklarynda bar bolan erkin serişdeler walýuta bazaryna geçýär. Içerki bazaryň import babatda sygymlylygynyň pesligi netijesinde şeýle çäreleriň hümmetsizlenme netijeleri uly bolup biler we içerki bazarda nyrhlaryň esli ýokarlanmagyna getirip biler.

Eger-de walýutanyň hümmeti berkese, onda milli pul hökmünde şeýle walýutasy bolan döwletiň harytlarynyň daşarky bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygy pes bolýar, sebäbi olaryň nyrhy ýokarlanýar. Puluň hümmetiniň üýtgemegi eksport edýäniň milli pulunda nyrhy üýtgetmeýär diýeliň. Onda nyrh import edijiniň puluna geçirilende walýutanyň hümmetiniň ýokarlanmagyna laýyklykda ýokarlanar.

Şol bir wagtda import edýänler şeýle üýtgemeden utuş gazanýarlar. Import edilýän harytlaryň nyrhy milli pula gaýtadan hasaplananda

peselýär, import edýänler bolsa peýdanyň möçberini artdyrmaga ýa-da satuwy giňeltmäge, ýa-da iki mümkinçilikden hem peýdalanyp, ylalaşykly çözgüt kabul etmäge ajaýyp mümkinçilik alýar.

Eger milli puluň hümmeti gaçsa, onda taraplar ýerlerini çalyşýar. Eksportyň netijeliligi artýar, sebäbi daşarky bazarlarda harydyň nyrhy pese gaçýar. Şol bir wagtda import edýänler nyrhlary peseltmek we peýdanyň möçberini azaltmak zerurlygyna duçar bolýarlar, sebäbi olaryň getirýän harytlary içerki bazarda gymmatlady.

Milli puluň hümmetiniň üýtgemegi daşary söwdanyň saldosyna (tapawudyna) täsir edýär. Hümmetiň peselmegi eksporta itergi berýär we mümkin bolan importy çäklendirýär. Diýmek, daşary söwdada gytçylyk kemelýär ýa-da işjeň (aktiw) saldo artýar. Hümmetiň berkemegi garşylyklaýyn täsir edýär: importyň netijeliligi artýar we eksportyň netijeliligi peselýär, diýmek aktiw saldo kemelýär ýa-da daşary söwda gytçylygy artýar.

Merkezi bank tarapyndan pul-karz syýasatyna gaýtadan seredilmegi netijesinde bu prosesler güýçlenýär.

Ekspansionistik (çäklerini giňeltmek) çäreler pul toplumynyň artmagyna we göterimiň derejesiniň peselmegine getirýär. Göterim derejesiniň azalmagy bu walýuta serişdeleriň goýulmagynyň otnositel özüne çekijiligini üýtgedýär, oňa isleg pese gaçýar, teklip bolsa artýar. Şol sebäpli hümmet peselýär. Soňra ýokarda beýan edilen mehanizm güýje girýär: hümmet – sap eksport (import) – daşary söwdanyň saldosy (tapawudy).

Restriksion (hümmetsizlenmäni saklamak maksady bilen karzyň möçberini döwlet we banklar tarapyndan çäklendirme) pul-karz syýasaty pul toplumyny azaldýar, karzyň elýeterliligini peseldýär we göterimiň derejesini artdyrýar. Milli pul özüne çekiji aktiw bolýar, oňa isleg artýar, teklip bolsa pese gaçýar. Ýene-de şol mehanizm hereket edip başlaýar.

Şeýlelikde, pul-karz syýasaty walýutanyň hümmetine we daşary söwdanyň balansyna täsir edýär. Ekspansionistik (çäklerini giňeltmek) syýasat milli puluň hümmetini peseldýär, eksporta itergi berýär, restriksion çäreler – hümmeti ýokarlandyrýar, importy höweslendirýär,

şonuň bilen birlikde daşary söwda saldosyny kemeldýär ýa-da daşary söwda gytçylygynyň meselesini çuňlaşdyrýar. Diýmek, nyrhlaryň durnuklylaşmagyna eltýän gymmat pullaryň syýasatynyň harajatlary köp: önümçiligiň möçberiniň we iş bilen meşgullygyň peselmeginden başga-da sap import artýar, daşary söwda gytçylygynyň meselesi ýüze çykýar.

Daşary söwda amallarynyň netijeliligindäki üýtgemeler hasaplananda monetar düzgünleşdirmäniň täsiri bilen pul toplumynyň möçberiniň üýtgemegi netijesinde peýda bolýan hümmetsizlenme we deflýasion (hümmetsizlenmekde göýberilen kagyz pullaryň artykmaç bölegini dolanyşykdan aýyrmak bilen pul massasyny azaltmak) netijeleriň göz öňünde tutulmagy zerur.

Walýutanyň hümmetiniň üýtgemeginiň ykdysadyýetiň ýagdaýyna düýpli täsir edýändigi sebäpli, Merkezi bank tarapyndan olaryň düzgünleşdirilmegi pul-karz syýasatynyň möhüm maksady bolup biler. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlaryň merkezi banklary milli we daşary ýurt pulunyň teklip edilişini artdyrmak ýa-da kemeltmek bilen we şonuň esasynda olaryň islegine täsir etmek bilen, daşary walýuta bazarlarynda interwensiýany (Merkezi emissiýa banky tarapyndan hümmetini saklamak üçin öz ýurdunyň walýutasyny satyn almak ýa-da satmak) amala aşyrýarlar.

Emission hukuk berlen Merkezi bank dewalwasiýada (hümmetsizlenmäniň netijesinde milli walýutanyň kursunyň daşary ýurt walýuta ýa-da altyna bolan gatnaşygynyň peselmegi) milli pul birlikleriniň zerur möçberini hemişe goýberip biler. Rewalwasiýa (hümmediň pugtalandyrylmagy) üçin daşary ýurt puly zerur bolup durýar. Diýmek, Merkezi bank milli puly goldamagy üpjün etmek üçin ätiýaçlyk gorlary döretmeli bolýar we beýleki döwletlerden daşary ýurt walýutasyny karz almaly bolýar.

Giň gerimli interwensiýalaryň bank ulgamynyň jemi gorlaryna täsir edýändigi sebäpli, puluň hümmetini üýtgetmäge synanyşylmagyny monetar düzgünleşdirmäniň beýleki çärelerinden aýrybaşgalaşdyrmak kyn. Bu maksatlar üçin garyşyk ykdysadyýetli ösen döwletleriň Merkezi banklarynyň köpüsi sterilizasiýadan peýda-

13. Sargyt № 1339.

lanýarlar. Şonda daşary walýuta interwensiýalarynyň döwlet gymmatly kagyzlarynyň içerki bazarynda amallar bilen öwezi dolunýar. Mysal üçin, daşary söwda gytçylygyny kemeltmek maksady bilen dollaryň dewalwasiýasynda ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamy gymmatly kagyzlary ikinji bazara, dollary bolsa daşary walýuta bazaryna geçirýär. Garşylyklaýyn iki ugurda dollarda pul toplumynyň üýtgemegi bolup geçýär we bu üýtgeşmeler özara üzlüşilýär.

Ýurduň milli puly konwertasiýa edilmeýän (ýurduň walýutasynyň daşary ýurt walýutasyna çalşylmazlygy) we halkara söwdasynda peýdalanylmaýan halatda Merkezi bank daşarky walýuta bazarlarynda däl-de, walýuta biržalarynda walýuta interwensiýalaryny amala aşyrmaly bolýar.

Merkezi bank:

1. Hümmetsizlenmäni togtatmaly. Nyrhlaryň indeksi köp derejede walýutanyň hümmeti bilen kesgitlenilýär. Teklibiň köp nyrhlary (ilki bilen import edilýän harytlara) dollarda yglan edilýär we hümmetiň üýtgemegi tölegiň nyrhyna gaýtadan seredilmegini aňladýar.
2. Öz bähbitlerini lobbirlemegi (ilatyň kesgitli toparynyň bähbitlerine geçirilýän çäreler) amala aşyrmaga ukyply eksport edijilere kömek etmeli.

Bu maksatlaýyn gurluşlar bir-birine gapma-garşy bolanlygy sebäpli, olaryň arasynda ylalaşygy ýola goýmaly.

Puluň hümmetiniň pese düşmegine we içerki bazarda harytlaryň nyrhlarynyň gymmatlamagyna mahsus şertlerde düzgünleşdirilýän pul emissiýasyna geçmek we daşary ýurt walýutasyny ýurduň ykdysadyýetinden aýyrmak ykdysadyýeti we bank ulgamynyň likwidligini (tölegler boýunça öz borçnamalaryny öz wagtynda ýerine ýetirmäge ukyplylygy) kadaly ýagdaýda saklamagyň berk çäresi bolup durýar. Pul serişdeleriniň goşmaça emissiýasy ýylyň dowamynda pulhanadaky deň gelmezlikleri maliýeleşdirmek we býujet gytçylygyny ödemek üçin zerur. Daşary ýurt walýutasynyň ýurduň ykdysadyýetinden gysylyp çykarylmagy we içerki bazarda harytlaryň nyrhynyň ýokary galmagynyň öňüni almak üçin dürli görnüşli walýu-

ta çäklendirmeleriniň girizilmegi, mysal üçin, walýuta bilen nagt däl hasaplaşyklary gadagan etmek; eksport edijilere walýutadan gelýän serişdäniň 100% yzyna gaýtaryp berilmegini üpjün etmek; import edijilere şertnama bilen walýuta ätiýaçlygyny girizmek; şertnama boýunça tölegler gelmedik ýagdaýynda banklar tarapyndan tölenýän bank kepilliklerini bermek; ilaty pul toplamagyň alternatiw usulyndan peýdalanmaga, hususan-da, altyna goýum goýmaga höweslendirmek mümkin. Netijede walýuta bazarynda diňe import edijiler galyp biler we milli puluň hümmeti köp derejede hut olaryň walýuta sargydy, şeýle hem pul emissiýasynyň möçberi bilen kesgitleniler.

Çäklendirmeleriň görkezilen görnüşleri, milli ykdysadyýetiň harytlarynyň nyrhlaryny durnuklylaşdyrmagyň şertleri bilen bir hatarda fiziki we ýuridiki taraplaryň daşary ýurt puluny getirmegi we çykarmagy çäklendirilip, ýurduň çäklerinde ofşor zolaklaryň (maýa goýumlary özüne çekmek maksady bilen hojalyk subýektleri üçin ýeňillikli salgyt salynýan şertleri berýän zolak) hereketi we şol zolaklarda hereket etmegini dowam etdirýän täjirçilik düzümlerine berk çäreleriň görülmeginden peýdalanylmagy bes edilip bilner. Diýmek, daşary söwdada amallara walýuta gözegçiliginiň güýçlendirilmegi ýurdumyzda öndürilen harytlaryň köpüsiniň durnukly nyrhlarynyň saklanmagyna gönükdirilýär.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Dolanyşykdaky pullaryň möçberi haýsy kanunlar arkaly düzgünleşdirilýär?
2. Nyrh emele gelşiniň dolanyşykdaky pullaryň möçberine baglydygy nämede ýüze çykýar?
3. Harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhynyň ýokarlanmagyny nähili faktorlar ýüze çykarýar?
4. Haýsy ykdysady nazaryýetleriň esasynda makroderejede nyrhlar bilen pul toplumynyň arasynda baglanyşyk amala aşyrylýar?
5. Türkmenistanda nyrhlary we pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegiň nähili aýratynlyklary bar?
6. Nyrhlaryň ýokarlanmagynyň walýutanyň hümmetine baglylygy nämede ýüze çykýar?

# 13-nji BAP
# NYRH EMELE GELŞI WE KARZ

## 13.1. Karzyň «nyrhynyň» düýp mazmuny

Häzirki zaman şertlerinde nyrh emele gelşiniň we karzyň arabaglanyşygy bank hyzmatlaryna islegiň we teklibiň täsiri, haryt, gazna we walýuta bazarlarynda konýunkturanyň ýitileşmegi, milli puluň dewalwasiýasy bilen baglylykda ykdysadyýetde hümmetsizlenme prosesleriniň güýçlenmegi bilen ýüze çykýar. Bankyň şol ýa-da başga bir hyzmatlarynyň girdejililiginiň, ilkinji nobatda, berilýän karzlaryň girdejililiginiň derejesini kesgitlemek ulgamynda bankyň özüniň syýasaty hem bu görkezilen baglylyga az täsir etmeýär. Başgaça aýdylanda, bankyň işinde olara berlen karz üçin tölegi hasaplamagyň tertibiniň öwrenilmegi möhüm bolup durýar. Bu töleg karzyň «nyrhy» görnüşe eýe bolýar.

Karz serişdesiniň teklibine karz ulgamynyň ösüşiniň derejesi we erkin karz serişdeleriniň möçberi täsir edýär. Erkin serişdeler näçe köp boldugyça, karz edaralarynyň deňeşdirilende pes derejeler boýunça karz alyjylara karz bermäge mümkinçiligi uly bolýar. Düzgün bolşy ýaly, şeýle mümkinçilikler Merkezi bank tarapyndan karz ekspansiýasy syýasaty geçirilen şertlerinde peýda bolýar.

Ýöne ykdysadyýetde erkin serişdeleriň möçberiniň köp bolmagy bank karzlaryna islegiň kemelmegine getirýär. Şeýlelikde, göterim derejesiniň emele gelmegine bazar güýçleri we döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi täsir edýär.

Bank esasy maksady peýda almakdan ybarat bolan gurama hökmünde öz işini geçirýän amallary mümkin boldugyça köp girdeji getirer ýaly guramaly. Diýmek, bankyň bähbitleri öz önümine has ýokary baha kesilmegini talap edýär.

Şol bir wagtda bank müşderileriň bähbitlerini berjaý etmeli we müşderleri gorkuzmaz ýaly öz önümlerine elýeterli nyrh kesmeli. Şeýlelikde, bank öz serişdeleri üçin tölegiň amatly derejesini kesgitlemeli we şonda bankyň dürli amallary boýunça likwidligi, düşewüntliligiň kadaly möçberini üpjün edýän göterim derejelerini düzgünleşdirmek zerurlygyny göz öňünde tutmaly.

Göterimiň möçberi ýa-da göterim derejesi bank önüminiň (häzirki ýagdaýda karzlaryň) esasy görnüşleriniň nyrhynyň has takyk görkezijisi bolup durýar. Ol aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

Göterim derejesi = Girdeji / Berilýän karzyň möçberi · 100%

Goýumçylaryň arasynda maliýe dellallary hökmünde çykyş etmek bilen, banklar birinjilerden alnan serişdeleri ikinjileriň ygtyýaryna berýär. Şonda goýumçylar depozitler boýunça göterim alýarlar, karz alyjylar bolsa birnäçe wagt iri pul karzlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik alýarlar, bankyň bähbidi bolsa marža görnüşinde bolýar.

Köplenç ýagdaýda maržanyň möçberi ýa-da göterim derejesi ýyllyk göterim görnüşinde görkezilýär. Göterim derejesiniň ýokarlanmagy karzyň gymmatlandygyna, pese gaçmagy – arzanlandygyna şaýatlyk edýär. Karzyň gymmatynyň üýtgemeginiň diňe bir bank we müşderi üçin däl-de, eýsem tutuş ýurduň ykdysadyýeti üçin ägirt uly ähmiýeti bar. Meselem, karzyň gymmaty artan ýagdaýynda önümçiligi giňeltmegiň çeşmeleri kemelýär.

Bular bankyň göterim syýasatyny gurmagyň esasy ýörelgelerini tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär:

- bankyň işiniň täjirleşdirilmegi bilen berk arabaglanyşygy berjaý etmek;
- depozit (passiw) we karz (aktiw) amallar boýunça göterim derejeleriniň şol bir wagtda düzgünleşdirilmegi;
- bankyň amallarynyň düşewüntliligini üpjün edýän göterim derejeleriniň differensirlenen möçberini we şertnama esasynda olary tölemegiň tertibini kesgitlemek.

Karzyň nyhrynyň üýtgemegi seljerilende bu üýtgemä täsir edýän faktorlara seretmeli. Daşarky we içerki faktorlar tapawutlandyrylýar.

Karzyň nyrhynyň üýtgemeginiň daşarky faktoryna aşakdakylar degişli:

**1. Ýurtda pul-karz syýasaty.** Türkmenistanyň Merkezi banky berilýän karzlaryň möçberine gözegçilik etmek maksady bilen, göterimiň umumy derejesine täsir etmäge çalyşýar. Göterim derejesiniň üýtgemegi karzlaryň berlişini höweslendirmäge ýa-da, tersine, bökdemäge mümkinçilik berýär, ykdysadyýetiň we pul dolanyşygynyň ýagdaýyna baglylykda olary has arzan ýa-da has gymmat

edýär. Karz bazarynda göterim derejesiniň ýokarlanmagy netijesinde Merkezi bank tarapyndan töledilýän resmi hasaba alyş derejesi (göterimiň möçberi), şeýle hem pul bazarynda Merkezi bankyň amallarynyň möçberi artýar.

Nyrhlary peseltmek üçin Merkezi bank karz restriksiýasy syýasatyny geçirip biler. Ol bank karzlaryny azaltmak we karz emissiýasyny çäklendirmek arkaly nyrhlaryň aşa ýokarlanmagynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreleriň ulgamyny öz içine alýar. Bu senagat we söwda kärhanalaryna karzlaryň berilmeginiň umumy kemeldilmegine, önümçiligiň we onuň ösüş depgininiň peselmegine getirýär.

Karzyň ýokary nyrhy karz restriksiýasy syýasatynyň esasy elementi bolup durýar. Gymmat karz serişdeleriň maksatlaýyn ulanylmagyna ýardam edýär, karzlaryň öz wagtynda gaýtarylyp berilmegi üçin karz alyjylaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrýar, «töwekgelçilikli» karz alyjylary tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle şertlerde haryt öndürijiler bankdan karz alman, dolanyşyga hususy serişdelerini çekmegiň usullaryny gözlemäge mejbur bolýarlar. Şeýlelikde goýberilýän önümiň degişlilikde durnukly özüne düşýän gymmaty, diýmek onuň nyrhy saklanýar.

Emma karz restriksiýasy, bellenilişi ýaly, önümçiligiň pese gaçmagyna getirýär, sebäbi wagtlaýyn erkin pul serişdelerini gönükdirmek we olary karz üçin peýdalanmak üçin mümkinçilik ýok. Şol sebäpli nyrhlaryň ýokarlanmagyny togtatmak üçin şertleriň döredilmegi bilen bir wagtda önümçiligiň mundan beýläk hem ösmek mümkinçiligi erbetleşýär.

Göterim derejesiniň düzgünleşdirilmegi hem Merkezi bank bilen beýleki banklaryň arasynda gatnaşyklary üýtgetmek maksady bilen ulanylýar. Ol peselende bank ulgamynyň karzynyň artmagy üçin şertler döredilýär. Bank tarapyndan berlen karzlaryň möçberi artýar, ýöne bu Merkezi bankyň ätiýaçlyk hasaplarynda täjirçilik banklarynyň serişdeleriniň artmagyna getirýär. Göterim derejesi ýokarlananda berilýän karzlaryň möçberi kemelýär:

Resmi (binýatlaýyn) göterim derejesi iki görnüşe bölünýär:

- rediskontirlemek (gymmatly kagyzlary gaýtadan hasaba almak) boýunça;
- gaýtadan maliýeleşdirmek (bank edaralaryna karzlar) boýunça.

Gaýtadan maliýeleşdirmek boýunça dereje, ýa-da Merkezi bank tarapyndan beýleki banklara berilýän karz serişdeleri üçin tölegiň derejesi bankara karzlaryň bazaryndaky derejeden biraz ýokary. Şol sebäpli täjirçilik banklary diňe gyssagly tertipde bankyň likwidligini goldamak talap edilýän ýagdaýlary goşmazdan, gymmatly kagyzlary gaýtadan hasaba almak boýunça ähli mümkinçilikler peýdalanylandan soň bankara karzlaryny alýarlar.

Merkezi bank hereket edýän möhletine, ygtybarlylygyna we ş.m. baglylykda birnäçe resmi hasaba alyş derejelerini belleýär. Gaýtadan maliýeleşdirmek we rediskontirlemek boýunça derejeleri düzgünleşdirmek bilen, Merkezi bank pul toplumynyň möçberine täsir edýär we täjirçilik banklarynyň karza isleginiň ýokarlanmagyna ýa-da kemelmegine ýardam edýär. Resmi derejeler ýokarlandyrylanda täjirçilik banklaryna karz serişdeleri almak kyn bolýar we netijede müşderiler bilen amallaryň gerimleriniň giňemek ähtimallygy kemelýär.

Resmi göterim derejeleri täjirçilik banklary tarapyndan karz serişdeleri bazarynyň Merkezi bankyň gözegçiligi astynda saklanmaýan şertlerine laýyklykda özbaşdak bellenilýän bazar göterim derejelerine gytaklaýyn täsir edýär.

Merkezi bankyň göterim derejeleriniň möçberiniň täjirçilik banklarynyň bazar göterim derejeleriniň dinamikasyna laýyklykda üýtgemegi hökman däl. Ol bir tarapa ýa-da beýleki tarapa üýtgäp biler. Emma Merkezi bank tarapyndan resmi göterim derejeleriniň bellenilmegi we yglan edilmegi täjirçilik banklary üçin pul toplumynyň dinamikasyna gözegçilik ulgamynda Türkmenistanyň syýasatynyň esasy ugurlaryny häsiýetlendirýän esasy faktorlaryň biri bolup durýar.

Şeýlelikde, häzirki zaman ykdysady ýagdaý maliýe çökgünliginiň ýitiligini peseltmek boýunça düýpli çäreleriň işlenip taýýarlanylmagynyň zerurlygyny görkezýär. Şonda nyrhlaryň we karzyň arabaglanyşygynyň amatly nusgasynyň saýlanyp alynmagy aýratyn möhümdir.

**2. Karz hyzmatlaryň bazarynda bäsdeşlik.** Karzlar boýunça has pes karz derejeleri banklara müşderileriň köp sanlysynyň çekilmegine we bäsdeşlerden artykmaçlygyň gazanylmagyna bil baglamaga mümkinçilik berýär.

Göterim derejeleriniň içerki faktorlaryna aşakdakylar degişli:

- karzy üzmezligiň töwekgelçiliginiň derejesi;
- karz amallardan peýda almak;
- karzyň öz wagtynda üzülmegini üpjün etmegiň häsiýeti;
- karzyň möçberi;
- karzy üzmegiň möhleti;
- karzy resmileşdirmek we oňa gözegçilik etmek boýunça çykdajylar;
- bank bilen karz alyjynyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýeti.

Peýdany iň ýokary derejä ýetirmek maksady bilen banklar, düzgün bolşy ýaly, karz göterimini karz alnar ýaly, depozit göterimini müşderiler serişdelerini banka goýmak islär ýaly belleýär. Başgaça aýdylanda, göterim syýasaty bankara dolanyşygyň – peýda täsir edýän esasy faktoryň kemelmegine getirmeli dä1.

Göterim derejesiniň möçberi aşakdaky görkezijilere bagly bolup durýar:

1. Hümmetsizlenme. Nominal göterim derejeleri maýa goýmagyň tutuş dowamynda hümmetsizlenmäniň garaşylýan depginlerini ödemek üçin ýeterlik derejede bellenilmeli we peýda alynmagyny üpjün etmeli. Şol sebäpli bu görkeziji aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$\text{Karz üçin hakyky göterim derejesi} = \text{Karz üçin nominal göterim derejesi} - \text{Hümmetsizlenmäniň depgini}$$

2. Peýda almak, ol öz nobatynda, maýa goýum töwekgelçiligine bagly.
3. Karz üçin isleg.
4. Döwlet sektorynyň karz serişdelerine zerurlygynyň üýtgemegi.
5. Walýutanyň alyş-çalyş hümmeti. Haçan-da daşary ýurtlarda göterim derejeleri we daşary ýurt pulunda maýa goýumlar boýunça göterim derejeleri ýokary bolanda, milli pulda maýa goýumlar boýunça göterim derejeleri hem serişdeler daşary ýurda geçmez ýaly we milli puluň hümmetiniň esli pese gaçmagyndan gaça durar ýaly ýokary bolmaly.

## 13.2. Karz serişdelere nyrh kesmegiň tertibi

Daşary ýurtlaryň banklarynyň tejribesinde karz göterimini bellemegiň nusgalarynyň birnäçesinden peýdalanylýar: «gymmaty goşmak», «nyrhyň liderligi», «artdyrma», «gymmat-peýda» we ş.m.

Karz boýunça göterimi kesgitlemegiň iň ýönekeý nusgasy «gymmaty goşmak» bank tarapyndan çekilen serişdeleriň we onuň amallar üçin çykdajylarynyň gymmatynyň hasaba alynmagyny göz öňünde tutýar. Bu nusgada karz göterimini hasaplamak aşakdaky ýaly komponentleriň goşulmagy arkaly amala aşyrylýar:

- Karz alyja karz bermek maksady bilen çekilen serişdeleriň bank üçin gymmaty;
- Bankyň amallar üçin çykdajylary, şol sanda karz müdirliginiň işgärleriniň iş haky, karz bermek üçin we karzyň üzülmegine gözegçilik etmek üçin zerur bolan enjamlaryň we materiallaryň gymmaty;
- borçlaryň ýerine ýetirilmezliginiň töwekgelçiliginiň derejesine marža (banka öwezini doluş);
- her bir karz boýunça garaşylýan peýda.

Görkezilen komponentleriň her biri karzyň möçberine laýyklykda ýyllyk göterim görnüşinde görkezilip bilner. «Gymmat goşmak» nusgasynyň kemçilikleriniň biri bank öz çykdajylaryny takyk bilýär we beýleki karz berýänler tarapyndan bäsdeşlik faktoryny göz öňünde tutmazdan, karz boýunça göterimi belläp biler diýen çaklamadyr.

Agzalan çäklendirmeler karz boýunça göterim bellemegiň başga bir nusgasynyň – «nyrh liderligi» göteriminiň ýüze çykmagyna getirdi. XX asyryň 30-njy ýyllarynyň durgunlyk döwürlerinde ABŞ-nyň iri banklary karz boýunça «praým-reýt» ady bilen belli bolan (käwagt ony binýatlaýyn ýa-da maglumat üçin göterim diýip hem atlandyrýarlar) we karza has ukyply müşderilere gysga möhletli karzlar boýunça teklip edilýän iň pes göterimi aňladýan bir görnüşe getirilen göterimi bellediler.

Islendik karz alyjy üçin karz boýunça göterimi aşakdaky formulanyň esasynda kesgitlenilýär:

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Karz boýunça göterim derejesi | = | «Praým-reýt» binýatlaýyn dereje dolandyryş amaly çykdajylaryndan daşary peýdanyň maržasyny goşmak bilen | – | Birinji derejeli däl karz alyjylar tarapyndan tölenýän borçlaryň ýerine ýetirilmezliginiň töwekgelçiligi üçin töleg | – | Uzak möhletli karz alyjylar tarapyndan töwekgelçilik üçin töleg |

Häzirki wagtda ABŞ-da «praým-reýtiň» esasy göterimi diýip, 13 sany iri bank – karzlar boýunça öz göterimini yzygiderli neşir edýän «pul merkezleri» tarapyndan yglan edilen göterim hasaplanylýar. Köp ýyllaryň dowamynda bu binýatlaýyn göterim örän seýrek üýtgedi. Emma gymmatly kagyzlaryň bazarynyň we hümmetsizlenmäniň çalt ösýän şertlerinde üýtgäp durýan «praým-reýt» göterimi ýüze çykdy. Ol pul bazarynyň 90 günlük täjirçilik kagyzlary we depozit şahadatnamalary boýunça göterimler ýaly möhüm göterimleriň üýtgemegine esaslanýar. Öňdebaryjy banklar – «pul merkezleri» tarapyndan «praým reýt» üýtgäp durýan göterimi hasaplamagyň iki sany dürli formulasy: a) «praým +» usuly; b) «praým x» usuly işlenip taýýarlanyldy.

Mysal üçin, karz alyja gysga möhletli karz boýunça «praým 2» usuly bilen 12%, «praým reýtde» 10% dereje bellenilip bilner.

Bu müşderi üçin göterimi başga usul bilen «praým x 1,2» binýadynda, karz boýunça göterim derejesi 1,2 x 10% = 12% bellenilip bilner.

Göterimler ýokarlandyrylan şertlerinde «praým x» usuly boýunça hasaplanan görkezijiler «praým+2» usuly boýunça hasaplanan görkezijilerden çalt ösýär. Göterimler peselen ýagdaýynda tersine bolýar.

XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap telekeçilik kärhanalaryna berilýän karzlar boýunça binýat hökmünde «praým-reýt» peýdalanylmagy bilen bir hatarda banklar LIBOR göterimden (Londonyň teklibiň bankara göterimi) peýdalanyp başladylar. Bu bank ulgamynyň internasionallaşmagy we öňdebaryjy banklar tarapyndan karz serişdeleri hökmünde ýewrodollary barha köp peýdalanylmagy bilen baglanyşykly.

Karzlar boýunça «praým-reýt» ýa-da LIBOR-yň esasynda göterim bellemegiň ulgamynyň mundan beýläk hem modifikasiýa-

laşdyrylmagy XX asyryň 80-nji ýyllarynda peýda boldy. «Praým-reýtden» pes derejäni bellemegiň nusgasy şeýle döredi. Bu nusga karz alyjylar üçin banklaryň berk bäsdeşlikli göreşleri şertlerinde peýda boldy. ABŞ-da mysal üçin, banklaryň köpüsi karzlary käbir iri we orta korporasiýalara birnäçe güne we hepdä çenli pul bazarynyň göterimi boýunça «praým-reýtden» pes berýärler, oňa belli bir çykdajylaryň töwekgelçiligini ödemek we peýda almak üçin uly bolmadyk marža goşulýar (0,25-den 0,75%-e çenli).

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Karz boýunça göterim derejesi («praým reýtden» pes) | = | Pul bazarynda serişdeleri çekmek boýunça çykdajylar | + | Peýda almagyň töwekgelçiligini ödemek üçin goşmaça pul |

«Kep 2» iň ýokary göterim derejesi (pul bazarynda göterim derejesiniň geljekki dinamikasyna garamazdan, karz boýunça göterim derejesiniň ylalaşylan iň ýokary çägi) nyrh liderliginiň nusgasynyň XX asyryň 80-nji ýyllarynda peýda bolan modifikasiýasynyň ýene bir görnüşi bolup durýar. Şeýlelikde, karza «praým-reýt + 2-niň» ilkibaşdaky göterim derejesinden ýokary 5%-den üýtgäp durýan göterim derejesi teklip edilip bilner. Ýöne banklar öz karz şertnamalary boýunça «kep» göterim derejesi bellenende eserdeň bolmaly. Ýokary göterim derejesiniň uzak döwür saklanmagy üýtgäp durýan göterim derejesi boýunça töwekgelçiligiň karz alyjydan karz berijä geçmegine getirip biler.

Karzlar boýunça göterimleri hasaplamak şertnama laýyklykda amala aşyrylýar. Karz üçin göterim – bu karz serişdeleriniň nyrhy. Ony aşakdaky ýaly hasaplamak bolýar:

$$I = \frac{a \cdot i \cdot d}{100\,K},$$

bu ýerde $I$ – hasaplanan göterimiň möçberi; $i$ – karz üçin göterim derejesi; $d$ – döwürde günleriň sany; $K$ – bir ýylda günleriň sany; $a$ – aşakdaky formula boýunça hasaplanylýan hasapdaky serişdeleriň ortaça galyndysy:

$$a = a_{1/2} + a_2 + a_3 + ... + a_j + ... + a_{m/2} \,/\, m - 1,$$

bu ýerde $a_j$ – degişli senede wagtyň deň aralygynda alnan serişdeleriň galyndysy (mysal üçin, her aýyň birine); $j = 1, 2,....\ m$ ($m$ – maglumatlaryň möçberi).

Bank karzlary boýunça göterim derejesi pul bazarynyň üýtgäp durmagyna: pula islegiň gatnaşygynyň we pullaryň teklip edilişiniň üýtgemegine baglylykda kesgitlenilýär. Eger-de isleg we teklip deň bolsa, onda binýatlaýyn göterim derejesini we göterim maržasyny hasaplamak bolar. Binýatlaýyn göterim derejesi – banklar tarapyndan has ygtybarly kompaniýalara, karza ukyply müşderilere ýa-da birinji derejeli karz alyjylara berilýän iň pes göterim derejesi. Karzlaryň başga görnüşleri boýunça göterimleriň beýleki derejeleri, düzgün bolşy ýaly, binýatlaýyn göterim derejesi we olaryň üýtgemegine täsir edýän faktorlar bilen utgaşýar.

Karz bermegiň binýatlaýyn göterim derejesi täjirçilik banklary tarapyndan passiw amallar boýunça tölenýän göterimleriň derejesine laýyklykda emele gelýär. Umumy binýatlaýyn göterim aşakdaky formula boýunça kesgitlenilip bilner:

$$B_{ug} = K_{ns} \cdot G_{pa} / KG,$$

bu ýerde $K_{ns}$ – netijeli karz serişdeleri; $G_{pa}$ – passiw amallaryň degişli görnüşleri boýunça göterim derejeleri; $KG$ – karz goýumlaryň möçberi (girdeji getirýän aktiwler).

Umumy binýatlaýyn göterim derejesi hem şeýle maksatlara niýetlenilýär. Ondan karz tekliplериniň bukjasynyň bahalandyrmasyny seljermek üçin peýdalanylýar. Anyk karz bermek barada mesele çözülende «karzyň binýatlaýyn nyrhy» ($KB_n$) görkezijiden peýdalanmaly, ol wagtlaýyn faktory – karzdan peýdalanylýan döwri ($T$) göz öňünde tutup bellenilýär:

$$KB_n = K_{nst} \cdot G_{pa} / KG_t,$$

bu ýerde $K_{nst}$ – $T$ döwri üçin netijeli karz serişdeleri; $KG_t$ – $T$ döwri üçin karz goýumlaryň möçberi.

Serişdeleriň bazar we hakyky nyrhlary tapawutlandyrylýar. Hakyky nyrh hökmany gorlaryň möçberine düzedilen bazar nyrhlaryndan ybarat:

$$\text{Karz serişdeleriň hakyky nyrhy} = \frac{\text{Serişdeleriň ortaça ölçenilen bazar nyrhy}}{\text{100\% – karz serişdeleri düzgünleşdirmegiň gaznasyna tutumlaryň möçberi}} \cdot 100\%$$

Karz üçin hakyky nyrhy almak üçin onuň binýatlaýyn nyrhyna maržanyň möçberini goşmaly. Maržany hasaplamagyň esasynda girdejiniň zerur bolan iň pes möçberi (*NOD*) durýar, ol bankyň harajatlarynyň we zerur bolan peýdanyň jemi bilen hasaplanylýar. Bankyň harajatlaryny kesgitlemek üçin ýörite usul talap edilmeýär. Olara bankyň işini amala aşyrmak üçin çykdajylar goşulýar.

Peýdany hasaplamagyň usulynyň esasynda bankyň hususy serişdesiniň paýyna düşýän girdejiniň möçberi durýar. Täjirçilik paýdarçylyk banky üçin diwidend şeýle görkeziji bolup durýar. Onuň derejesi eger bank tarapyndan goýberilen gymmatly kagyzlaryň bazar nyrhy nominal nyrhdan pes bolsa, passiw amallar boýunça binýatlaýyn göterim derejesinden pes bolup biler. Hususy serişdä girdeji möçberi bellenende ýeňillikli paýnamalar boýunça tölenýän girdejiniň derejesi göz öňünde tutulmaly.

Girdejililigiň ortaça möçberiniň hususy serişdäniň möçberine köpeldilmegi banka diwidendleri tölemäge gönükdirilen peýdanyň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Girdejililigiň ortaça möçberi zerur bolan peýdanyň ortaça möçberini hasaplamak üçin esas bolup durýar. Şeýlelikde, bankyň girdejisiniň iň pes zerur möçberini aşakdaky formula boýunça hasaplamak bolýar:

$$GZM = BH + Pd + \ddot{A}G + BT + YHG,$$

bu ýerde *BH* – bankyň harajatlarynyň möçberi; *Pd* – diwidendleri tölemäge gönükdirilen peýda; *ÄG* – bankyň ätiýaçlyk gaznasyna tutumlar (peýdanyň umumy möçberinden göterim); *BT* – býujete tölegler; *YHG* – bankyň maksadalaýyk iň pes sarp ediş gaznasy (öň ykdysady taýdan höweslendirmek gaznasy diýlip atlandyrylýardy).

Göterim maržasynyň möçberini aşakdaky formula boýunça kesgitlemek bolýar:

$$GM = GZM / KG \cdot 100\%.$$

Şeýlelikde, müşderilere karz berilmegi soralýan karzyň binýatlaýyn nyrhyny we göterim maržasyny göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar, ol aktiw amallardan girdejileriň passiw amallar boýunça çykdajylary nähili derejede ödeýändigini görkezýär. Göterim maržasyny kesgitlemek üçin täjirçilik banky karzlar boýunça göterim derejeleriniň dinamikasyny öwrenmeli, şonda dinamikany hümmetsizlenmäniň depgininiň ýoýup biljekdigini göz öňünde tutmaly.

Nyrhlaryň ösüş depgininiň ýokarydygy sebäpli, otrisatel göterim derejesi emele gelýär, sebäbi täjirçilik banklary üçin degişlilikde «arzan» merkezleşdirilen karzlar esasy serişde çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bank ulgamynda dellalçylyk işewürligindäki ýaly shema hereket edýär: serişdeleriň çeşmesinde haryt örän arzanlygy sebäpli (otrisatel hakyky göterim derejesi) dellallar ol ahyrky sarp edijä gowuşýança tapgyrlaýyn elden-ele geçende köp sanly «bulaşyklyklary» edýärler.

Manatda karz serişdeleri boýunça otrisatel derejäniň bolmagy pudaklaýyn ýeňillikli karz bilen düşündirilýär, ol karz emissiýasynyň esasy çeşmesi bolup biler. Karz serişdeleriň ýeňillikli emissiýanyň kemelmegi netijesinde bankara karzlar boýunça göterim derejesi pul serişdeleriniň bazarynda islegiň we teklibiň gatnaşygyna laýyklykda bazar kanunlary boýunça emele gelip biler. Netijede bankara karzlaryň hakyky derejesi (nyrhlaryň umumy indeksiniň ösüşine düzedişler bilen bankara karzlaryň hasaplanan derejesi) položitel bolýar.

Bu netije nyrhlaryň ösüş depgininiň haýallamagynyň kanuny netijesi bolup durýar. Nyrhlaryň ösmegi karz berijiler üçin örän kyn we bergidarlaryň ýagdaýyny ýeňledýär. Karz alyjylar garaşylmadyk hümmetsizlenmeden utuş gazanýarlar, sebäbi olar bergilerini hümmeti gaçan pullar bilen üzýärler.

## 13.3. Karz serişdeleriň nyrhy we bankyň likwidligi

Nyhrlaryň we karzyň arabaglanyşygynyň mazmunyny kesgitläp, bankyň jemi peýdasynyň karz berlen serişdeleriň we nyrhyň, ýagny göterim derejeleriniň möçberine baglydygyna seredilmegi möhümdir. Banka bazar şertleriniň tebigy täsirinden başga-da, bu faktorlaryň her biriniň täsir etmegi likwidligi üpjün etmegiň mahsus talaplaryna baglydyr. Täjirçilik bankynyň karz goýumlarynyň möçberi hususy we çekilen serişdeleriň möçberi bilen kesgitlenilýär. Balansyň aktiw we passiw maddalaryny düzgünleşdirmek arkaly täjirçilik bankalarynyň likwidligini dolandyrmak ulgamynda esasy wezipe karz serişdeleriň bazarynda göterim derejeleri üýtgände (banka bagly däl ýagdaýlarda) bankyň likwidliginiň iň soňky çeşmesiniň wezipesini ýerine ýetirmeli bolup durýan hususy serişdäniň mümkin bolan ýitgisiniň möçberini kesgitlemekden ybarat. Bu usula modifisirlenen dýurasiýa diýilýär, ol alnan we berlen karzlaryň ortaça möhletini, olaryň möçberini we olar boýunça göterim derejelerini hasaplamakda ulanylýar. Karzyň we depozitiň nyrhy, esasan, olaryň möçberine we olardan peýdalanmagyň möhletine bagly. Çekilen we ýerleşdirilen serişdeleriň çäklerinde bu maddalar boýunça laýyklygy hiç wagt gazanyp bolmaýar, sebäbi bank karz bukjasynyň diwersifikasiýasy netijesinde alnan we tölenen göterimleriň arasyndaky tapawutdan emele gelýän peýdany alýar.

Çekilen we ýerleşdirilen serişdeler ulgamynda göterim syýasaty iki sany esasy talaba laýyk gelmeli: depozitler boýunça göterim derejesi potensial goýumçylar üçin özüne çekiji bolmaly we bankyň aktiw we passiw amallarynyň arasynda göz öňünde tutulan göterim maržasyny çäklendirmeli däl.

Banka göterim derejesiniň üýtgemeginiň täsirine baglylykda onuň aktiwleri we passiwleri toparlara bölünýär. Munuň üçin döwri kesgitleýärler, soňra göterim derejesiniň üýtgemegi täsir edýän aktiwler (*RSA*) we göterim derejesiniň üýtgemegi täsir edýän passiwler (*RSL*) tapawutlandyrylýar. Olaryň tapawudy bankyň bukjasynyň göterim derejesiniň üýtgemegi täsir edýän aktiwleriň we passiwleriň arasyndaky tapawudy görkezýär. $GAP = RSA - RSL$. Bankyň lik-

widligine göterim töwekgelçiligi täsir edýär. Bankyň likwidligini dolandyrmak bazar kontragentleri tarapyndan nyrh bäsdeşligi bilen çäklendirilýär. Göterim töwekgelçiliginiň derejesini peseltmek üçin göterim derejesiniň üýtgemegi täsir eden aktiwler bilen passiwleriň arasyndaky tapawudyň kemeldilmegi zerur. Ýöne şonda GAP-yň aktiwler we passiwler boýunça möhletler babatda bankyň müşderileriniň ileri tutmalarynyň netijesi bolup durýandygyny göz öňünde tutmaly. Diýmek, GAP-yň çäklendirilmegi bankyň işiniň netijesine erbet täsir edip biler (müşderileriň bir böleginiň we bazarda paýyň ýitirilmegi mümkin).

Aktiwleri we passiwleri möhletleri boýunça laýyk getirmek möhletleriň «nol tapawudy» usulynyň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner, ýagny çekilýän passiwiň möhletliligi her bir aýratyn ýagdaýda hökman gabat geler. Ýöne şeýle usul hakykata laýyk gelmeýär we bankyň girdejisiniň esli ýitgisine getirýär. Iş ýüzünde aktiwleriň we passiwleriň her bir topary boýunça möhletlerdäki tapawuda limit bellenilmegi has maksadalaýyk bolup durýar: mysal üçin, göterim derejesiniň pese düşmegine garaşylanda bank aktiwler maliýeleşdirilende passiwleriň nyrhynyň peselmeginden peýda almak üçin möhleti az passiwleriň hasabyna öz aktiwleriniň bukjasyny emele getirýär. Göterim derejesiniň ösmegine garaşylanda bankyň usuly (taktikasy) tersine çenli takyklykda üýtgeýär: aktiwleriň bukjasyny emele getirmek aktiwleriň möhleti geçende bar bolan gymmat däl passiwleriň hasabyna täze aktiwleri maliýeleşdirmekden peýda almak üçin uzak möhletli passiwleriň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Möhletlerdäki tapawutdan peýdalanmak bilen, bank çekilýän passiwiň we gönükdirilýän aktiwiň möçberindäki tapawudy iň pes derejä ýetirip biler. Hem passiwler, hem aktiwler boýunça üýtgäp durýan derejeler bellenen ýagdaýynda bank aşakdaky syýasatdan ugur alyp biler: göterim derejeleriniň ýokarlanmagyna garaşylanda aktiwleriň möçberi çekilýän passiwleriň möçberinden ýokary geçip biler we tersine, çekilýän passiwleriň möçberi göterim derejeleri pese gaçanda ýerleşdirilýän aktiwleriň möçberinden ýokary bolup biler. Şeýlelikde, bankyň sap göterim girdejisiniň artmagy bolup biler. Şoniň bilen birlikde, bankyň töwekgelçiliginiň peseldilmegine gönükdirilen çäreleri hem ýatdan çykarmaly däl.

Diýmek, bank ulgamynda nyrh emele getiriji faktorlaryň öz wagtynda seljerilmegi – täjirçilik bankynyň üstünlikli hereket etmeginiň möhüm şertidir. Bankyň hereket etmegini dowam etdirmegi üçin nyrhlaryň üpjün edilmedik ýokarlandyrylmagynyň çaltlaşan şertlerinde aktiwleriň düzüminiň gysga möhletli alyp-satmak maliýe goýumlarynyň artdyrylmagy tarapyna üýtgemegi onuň syýasatynyň hökmany çäresi bolup durýar. Ýöne bankyň maliýe bazarynyň şertlerine doly garaşly bolmagyndan gaça durmak üçin we stagnasiýa hem-de nyrhlaryň durnuksyz ösmegi şertlerinde özbaşdaklygy saklamak üçin onuň karz syýasatynda gysga möhletli maliýe aktiwleri bilen hakyky sektora goýumlarynyň arasynda oýlanyşykly balansy saklamagyň strategiýasy işlenip taýýarlanylmaly. Şeýle ýagdaýda goýumlaryň hümmetsizlenme netijesinde gymmatynyň gaçmagyndan we göterim derejesiniň töwekgelçiliginden gaça durmaga daşary ýurt pulunda bankyň aktiwlerini emele getirmegiň usuly mümkinçilik berýär.

Nyrhlaryň ýokarlanmagy şertlerinde banklaryň likwidliginiň meselesiniň ýitileşmegi bankyň likwidligini aktiwleriň düzümini adekwat üýtgetmegiň (ilki bilen, ýokary likwid aktiwleri daşary ýurt puluna öz wagtynda konwertasiýa etmegiň hasabyna) ýa-da dolandyrylýan passiwlerden peýdalanmak arkaly likwidligi dolandyrmak üçin binýat döretmegiň hasabyna goldamak zerurlygyny, ilkinji nobatda, öňe sürýär. Ýöne täjirçilik bankynyň likwidligi goldamak boýunça syýasatynyň diňe dolandyrylýan passiwlere gönükdirilmegi ony gowşak edýär we nyrhlaryň ösmegi bilen durnuksyzlaşan maliýe bazarynyň şertlerine doly garaşly edýär. Şeýlelikde, aktiwleriň bukjasyny üýtgedip gurmak boýunça işleri geçirmezden, ýurduň ykdysadyýetinde nyrhlaryň ösmeginden bankyň özbaşdaklygynyň ýokary derejesini gazanmak başartmaz. Göterim derejeleriniň hümmetsizlenmäniň togtadylmagyny üpjün edýän, aktiwlere goýumlary çekýän çeýe syýasaty esasy orny eýeleýär.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ykdysadyýetde nyrhlar ulgamynyň ähmiýeti nähili?
2. Bazar ykdysadyýetinde nyrh emele gelşiniň we karz ulgamynyň arabaglanyşygyny görkeziň. Çökgünlik şertlerinde bu prosesler nähili ýüze çykýar?

14. Sargyt № 1339.

3. Nyrhlar ulgamy arkaly serişdäniň pudagara geçmegi nähili bolup geçýär?
4. Nyhrlaryň senagatyň aýratyn pudaklaryna täsirini häsiýetlendiriň.
5. Harytlaryň we aýratyn önümçilikleriň önümleriniň nyrhynyň ýokarlanmagy olara berilýän karzlaryň möçberine nähili täsir edýär?
6. Harydyň nyrhy ilatyň tölege ukyply isleginiň ýagdaýyna we süýşürintgileriniň möçberine nähili täsir edýär?
7. Karzyň «nyrhy» diýip nämä düşünilýär?
8. Karzyň «nyrhyna» nähili faktorlar täsir edýär?
9. Täjirçilik bankynyň göterim syýasatyny gurmagyň esasy ýörelgeleri nähili?
10. Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň banklarynyň tejribesinde karz bermegiň göterim derejelerini bellemegiň nusgasyny düşündiriň.
11. Bankyň karz bukjasynyň hiline nyrhlaryň ösmeginiň ýetirýän täsiri nämede ýüze çykýar?
12. Karz serişdelerine nyrh kesmegiň tertibi nähili?
13. Merkezi bankyň resmi derejesi nähili kesgitlenilýär?
14. Karz serişdeleriň nyrhy nämä bagly?
15. Karz serişdeleriň nyrhy bankyň likwidligine nähli täsir edýär?
16. Täjirçilik banky aktiw amallar boýunça pes göterim derejeleri şertlerinde öz likwidligini dolandyrmak üçin nähili çäreleri görýär?
17. Karz guramalaryň aktiwleriniň gymmatynyň düýpli gaçmagynyň we serişde binýadynyň kemelmeginiň netijeleri nähili ýagdaýa getirýär?

# 14-nji BAP
# SENAGAT TAÝDAN ÖSEN ÝURTLARDA NYRH EMELE GELŞI WE NYRHLARYŇ DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

## 14.1. Umumy düzgünler

Türkmenistan tarapyndan daşary ýurtlarda nyrh emele gelşiniň tejribesiniň öwrenilmegi bazar şertlerine geçilýän döwürde ýurdumyzda nyrh mehanizmini we nyrh syýasatyny emele getirmek üçin milli aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, onuň kanunçylygyna

we meýillerine, olaryň döredijilikli peýdalanylmagyna düşünmek üçin hem möhüm bolup durýar.

Garyşyk görnüşdäki ykdysadyýete dolandyryşyň döwlet edaralarynyň öz-özüňi dolandyrmagyň bazar mehanizmlerini bozman, ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň netijeli ulgamyny döredýän görnüşi mahsusdyr. Ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmek ulgamyna, düzgün bolşy ýaly, esasy maksady islegiň we teklibiň, sarp edişiň we toplamanyň, harydyň we pul toplumynyň balansyny goldamakdan ybarat bolan maliýe-walýuta, býujet, karz, salgyt we nyrh düzgünleşdirilişiniň kiçi ulgamlary girýär.

Ykdysadyýetde ýaramaz netijelere getirmeýän monopoliýanyň we bäsdeşligiň şeýle gatnaşygynyň üpjün edilmegi döwletiň iň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu mesele geçen ýüzýyllygyň ahyrynda ABŞ-da ilkinji gezek kabul edilen antimonopol kanunçylygyň kömegi bilen çözülýär. Bäsdeşligiň çäklendirilmegine gönükdirilýän ylalaşyklary we hereketleri gadagan edýän kanunlar: bazaryň bölegi, nyrhlaryň dikleýin we keseleýin bellenilmegi, söwdada diskriminasiýa we ş.m. antimonopol diýlip hasaplanylýar.

Garyşyk ykdysadyýetli ýurtlaryň köpüsi umumy usul hökmünde nyrh emele gelşiniň belli bir düzgünlerinden peýdalanýarlar. Bu düzgünler nyrh emele gelşiniň tertibini we usulyýetini düzgünleşdirýän kanunçylyk namalary görnüşinde resmileşdirilýär.

Ösen ýurtlarda nyrh emele gelşiniň usulyýet jäheti döwlet edaralary tarapyndan nyrh kesmegiň umumy ýörelgelerini, usullaryny we kadalaryny işläp taýýarlamakdan ybarat. Döwlet edaralary strategik we usuly meseleler boýunça çözgütleri kabul etmekden daşary milli ykdysadyýet üçin möhüm ähmiýete eýe bolan harytlara we hyzmatlara anyk nyrh kesmek wezipesini öz üstüne alýar.

Gönüden-göni nyrh kesmek we nyrhlary düzgünleşdirmek bilen bir hatarda döwlet edaralary nyrhlara gözegçilik etmegi amala aşyrýarlar. Garyşyk ykdysadyýetli ösen ýurtlarda döwlet tarapyndan gözegçilik edilýän nyrh emele geliş ýaýrawy goýberilýän önümiň umumy möçberinden 10–30%-ine deň.

Öň bellenilişi ýaly, döwlet tarapyndan önüm öndürijilere täsir etmegiň çäreleri hem göni (nyrh emele gelşiniň belli bir düzgünlerini

bellemek), hem gytaklaýyn (maliýe-karz mehanizmi, zähmet haky, salgyt salnyşy ýaly ykdysady girewler) bolup biler.

Nyrhlaryň göni düzgünleşdirilmegi, esasan, jemgyýetçilik peýdalanylyşy pudaklarynda (ulag, aragatnaşyk, elektroenergetika, suw üpjünçiligi we ş.m.) amala aşyrylýar. Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň göni usullarynyň arasynda, ilki bilen, administratiw nyrh kesmekligi bellemeli. Ol ösen ýurtlaryň birnäçesinde giňden ýaýrandyr. Göni düzgünleşdirmek usuly bilen bir hatarda döwlet nyrh emele gelşine gytaklaýyn usullaryň birnäçesi bilen täsir edýär. Bu çäreler, düzgün bolşy ýaly, şertleriň üýtgedilmegine, maliýeleşdiriş, walýuta we salgyt amallary ulgamynda belli bir düzgüniň döredilmegine, ahyrky netijede bazarda isleg bilen teklibiň arasynda oňyn gatnaşygyň ýola goýulmagyna gönükdirilýär.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň usullaryna we tärlerine birnäçe faktorlar – milli faktorlar, howa şertleri, çig mal, syýasy faktorlar, şeýle hem dünýä zähmet bölünişiginde ýurduň nähili orny eýeleýändigi täsir edýär.

## 14.2. Dürli ýurtlarda nyrh emele gelşiniň we nyrhlary düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Bazar ykdysadyýetli käbir ýurtlarda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň nähili çäreleriň we haýsy usullaryň kömegi bilen amala aşyrylýandygyna seredeliň.

**ABŞ**-da XX asyryň 70-nji ýyllarynda içerki bazarda lomaý we bölek satuw nyrhlarynyň ösüş depgininiň esli çaltlaşmagy, aram hümmetsizlenmäniň güýçli hümmetsizlenmä geçmegi ýurduň ykdysady strategiýasynyň döwrebaplaşdyrylmagynyň zerurlygyna getirdi. Döwletiň ilkinji has tebigy synanyşygy nyrhlary göni düzgünleşdirmegiň kömegi bilen hümmetsizlenmäni ýeňmäge synanyşyk boldy. 1971-nji ýylyň awgust aýynda ABŞ-nyň prezidenti R. Niksonyň başlangyjy boýunça uruşdan soňky ýyllarda ilkinji gezek nyrhlara merkezleşdirilen gözegçilik ýola goýuldy.

Prezident Nikson nyrhlara we zähmet hakyna göni gözegçiligiň ýola goýulmagyna garşy bolsa-da, ýurtdaky çylşyrymly ykdysady ýagdaý we jemgyýetçilik pikiriniň zor salmagy ony iň soňky çärelere ýüz urmaga mejbur etdi. Muňa aşakdakylar itergi berdi:

- emele gelen ykdysady ýagdaýda hümmetsizlenmäniň derejesiniň peselmegi, ilki bilen, işsizligiň gerimleriniň giňemegi aşa agyr ýagdaýlara eltip biler;
- eger nyrhlara gözegçilik girizilse, iş bilen meşgullygy kemeltmezden hümmetsizlenmäni çäklendirip bolar diýen pikir agdyklyk etdi.

Ykdysadyýeti gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň alternatiw maksatnamasy bolmansoň, ABŞ-nyň Prezidenti nyrhlary we iş hakyny hereketsiz goýmaga mejbur boldy.

Gysga möhletde nyrhlaryň göni düzgünleşdirilmegi ýurduň ykdysadyýetiniň belli bir derejede durnuklaşmagyna ýardam etdi. 1972-nji ýylyň güýzünde Amerikada lomaý we bölek söwda nyrhlarynyň ösüş depgini peseldi, iş bilen meşgullyk biraz artdy, JMÖ çalt artyp başlady. Emma merkezleşdirilen düzgünleşdirmäniň oňaýsyz täsirleri örän çalt ýüze çykdy. Nyrhlaryň we zähmet hakynyň hereketsiz goýulmagy maýanyň pudaklaryň arasyndaky akymyny çäklendirdi, maýa goýum syýasatyny togtatdy, işjeňligiň derejesini peseltdi, girdejileriň ösüşini bökdedi. Eýýäm 1974-nji ýylyň maýynda D. Forduň administrasiýasy nyrhlara göni gözegçilikden boýun gaçyrdylar.

Nebitiň, nebit önümleriniň, tebigy gazyň içerki lomaý nyrhlarynyň hereketsiz goýulmagy hümmetsizlenme meýilleriniň ösmegini bökdemek bilen ykdysadyýetde birnäçe oňaýsyz netijelere getirdi. Energetika hojalygyna maýa goýumlarynyň ýetmezçiligi, gazyp çykarýan korporasiýalaryň nyrhlaryň derejesine gözegçilik sebäpli nebitiň we tebigy gazyň ýataklaryny işläp taýýarlamaga gyzyklanma bildirmezlikleri ABŞ-nyň nebitiň importyny, dünýä nyrhlarynyň galmagyna garamazdan, 1981-nji ýyla çenli ýokary depginler bilen artdyrmagyny dowam etdirmegine getirdi.

R. Reýgan prezident saýlanandan soň 1981-nji ýylyň ýanwarynda nebitiň, nebit önümleriniň içerki nyrhlaryna gözegçiligi ýatyrdy.

«Nyrhlara gözegçilik önümçiligi bökdedi, sarp edişi artdyrdy, tehnologik gazanylanlary basdy we ABŞ-ny energetikanyň importyna has garaşly etdi» diýip, R. Reýgan öz kararyna düşündiriş berdi.

Soňky ýyllarda amerikan administrasiýasy aýratyn haryt toparlary boýunça döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegi we nyrhlaryň göni düzgünleşdirilmegini çäklendirmek bilen, ýurtda ykdysady ýagdaýyň umumy sagdynlaşmagyna ýardam edýän bazar girewleriniň we gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň usullarynyň işjeň peýdalanylmagyna üns berdi. Umuman, şeýle çemeleşme hümmetsizlenmäniň ösmegine durnuklylaşdyryjy täsir etdi. Nyrhlary gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň esasy ugurlarynyň arasynda aşakdakylary tapawutlandyrmak bolýar:

- hümmetsizlenmäni saklamak maksady bilen karzlaryň möçberiniň döwlet we banklar tarapyndan çäklendirilýän (restriktiw) karz-pul syýasaty, federal ätiýaçlyk banklaryň hasaba alyş derejesini düzgünleşdirmek;
- döwlet býujetiniň gytçylygyny kemeltmek;
- harytlaryň we hyzmatlaryň federal satyn alnyşy;
- salgyt syýasaty.

Netijede döwlet makroykdysady syýasatynyň ugurlary ABŞ-nyň içerki bazarynda islegiň we teklibiň gatnaşygynyň üýtgemegine täsir etdi, şeýlelikde alyş-çalşyň we nyrhlaryň derejesiniň binýatlaýyn proporsiýasyny kesgitledi.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni düžgünleşdirilmegi diňe antitrestçilik (antimonopoliýa) düzgünleşdirmegiň kanunçylyk ygtyýarlyklaryna (ýurisdiksiýasyna) degişli bolan ýokary derejede monopoliýalaşdyrylan pudaklarda ulanyldy. Meselem, ýörite toparlar elektrik energiýasyndan, käbir aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanylmagyna baha kesýärler.

ABŞ-da döwlet tarapyndan nyrhlaryň bary-ýogy 5-den 10%-e çenlisi düzgünleşdirilýär.

Oba hojalyk (agrar) toplumynyň önümleriniň nyrhynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň usullary aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Federal oba hojalyk maksatnamalarynyň çäklerinde galla öndürmek bilen meşgullanýan fermerler ABŞ-nyň Oba hojalyk ministrliginden önümçiligi maliýeleşdirmek üçin karz alýarlar.

Ýygnalan hasyly olar bazar nyrhlary boýunça satyp bilýärler we alnan serişdäniň bir bölegi bilen karzy üzýärler. Eger bazar nyrhlary Kongres tarapyndan kesilen gözegçilik edilýän nyrhlaryň derejesinden pese düşse, fermer hasyly gözegçilik edilýän nyrhlardan döwlete tabşyrmak bilen, peýda alyp, karzyny hem üzüp bilýär.

Süýt önümleri senagatynda hem nyrhlar şeýle düzgünleşdirilýär. Kongres süýdüň, ýagyň, peýniriň gözegçilik nyrhlarynyň «adalatly» derejesini kesgitleýär. Eger bazar nyrhlary şu derejeden pes goýberilýän bolsa, onda önümleri döwlet satyn alýar. Olar mekdep okuwçylary üçin mugt ertirlik edinmäge, garyplara kömek berilmegine, ösüşi pes bolan ýurtlara azyk kömegine gönükdirilýär, şeýle hem beýleki döwletlere satylýar.

1985-nji ýylda ABŞ-da kabul edilen oba hojalygy hakynda kanuny amerikan oba hojalyk toplumy (agrar) syýasatyna üýtgeşmeleri girizdi. Bu kanuna laýyklykda fermerlere berilýän karzlaryň möçberini kesgitleýän girew derejesi düýpli peseldildi. Bugdaý we ot-iýmlik galla üçin girew derejesi geçen bäş ýyl üçin ortaça bazar nyrhyndan 75–85% boldy, şonda Oba hojalyk ministrligine dünýä bazarynda amerikan önüminiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksatlary bilen olaryň derejesini ýene 20% peseltmäge hukuk berildi.

ABŞ-nyň hökümeti oba hojalyk önümleriniň we fermerler tarapyndan satyn alynýan önümleriň we harytlaryň nyrhlarynyň arasyndaky gatnaşygy goldamaga çalyşýar.

Döwlet standartlar, ykdysady talaplar arkaly nyrhlara täsir edýär. Önümçiligiň harajatlaryna we nyrhlara täsir edýän karz üçin göterim derejeleri onuň gözegçiligi astynda durýar.

Umuman ABŞ-da nyrhlara gözegçilik etmegi Adalat ministrliginiň antitrestçilik dolandyryşlary we Federal söwda topary amala aşyrýar.

**Fransiýada** bazar hojalygy şertlerinde erkin nyrh kesmek ýörelgesiniň hereket edýändigine garamazdan, döwletiň wezipesi oba hojalyk önümleriniň, gazyň, elektrik energiýasynyň, ulag hyzmatlarynyň nyrhlaryny göni düzgünleşdirmekden ýa-da bäsdeşlik şertlerinde nyrhlara gözegçilik edilmegini amala aşyrmakdan ybarat.

Bu ýerde nyrhlaryň düzgünleşdirilmegi bilen Bäsdeşlik boýunça departament, Ykdysadyýet, maliýe we býujet ministrligi meşgullanýar.

Fransiýanyň ykdysadyýetinde döwlet sektory jemi milli önümde uly bolmadyk bölegi eýeleýär we monopolist-pudaklary (meselem, gaz senagaty, elektrik energetikasy we ulag) we bazar bäsdeşligi düzgüninde işleýän käbir pudaklary (meselem, milli we täjirçilik banklary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we aýratyn kärhanalar) öz içine alýar. Birinji ýagdaýda döwlet monopolist-pudaklaryň işleriniň ähli ykdysady görkezijilerini, şol sanda maýa goýumlaryň möçberini, zähmet hakyny we taýýar önümleriň bahasyny kesgitleýär, ikinji ýagdaýda bolsa hususy sektor bilen bäsdeşlige itermek arkaly bu hojalyklaryň işleriniň ykdysady görkezijilerine ujypsyz täsir edýär.

Fransiýanyň ykdysadyýetiniň bu aýratynlygy harytlaryň we hyzmatlaryň düzgünleşdirilýän we erkin nyrhlarynyň arasyndaky gatnaşygy öňünden kesgitledi: bu ýurtda nyrhlaryň takmynan 20%-i döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýär, galan 80%-i erkin bazar nyrh emele gelşi düzgünindedir.

Fransiýanyň nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň aşa berk düzgüni uzak wagtlap dowam eden senagat taýdan ösen az sanly ýurtlaryň biri bolup durýandygyny bellemek gerek. Bu ýerde nyrhlaryň döwlet tarapyndan bölekleýin düzgünleşdirilmegi häzirki wagta çenli hem saklanyp galdy.

30 ýylyň dowamynda diýen ýaly (1947–1986) nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi «dirižizm» (ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi) syýasatynyň esasy düzüm bölegi bolup durýardy. Ýurtda 1947-nji ýylda emele gelen çylşyrymly ykdysady ýagdaý, fransuz frankynyň satyn alyjylyk ukybynyň esli pese gaçmagy, onuň dewalwasiýasy nyrhlara gözegçilik boýunça aýgytly çäreleriň görülmeginiň zerurlygyny şertlendirdi.

1947-nji ýylyň ahyrynda ykdysadyýeti gaýtadan dikeltmegiň depginleriniň käbir ýokarlanmagyny göz öňünde tutmak bilen, «nyrhlaryň gözegçilik edilýän erkinligi» syýasaty girizildi, oňa laýyklykda telekeçiler öňünden döwlet edaralaryna duýdurmak bilen, nyrhlary üýtgetmäge hukuk aldylar; döwlet öz garamagyna görä bu üýtgeşmeleri ýatyryp bilýär. Eýýäm 1948-nji ýylyň başynda harytlaryň nyrhynyň doly ýa-da bölekleýin kesgitlenilmeginiň düzgünine geçildi. Emma soňky sekiz ýylyň dowamynda (1949–1957) Fransiýanyň

hökümeti tarapyndan nyrh gözegçiliginiň ýuwaş-ýuwaşdan berkleşmegine getirýän nyrhlaryň hereketsiz goýulmagy hakynda 6 sany kanun kabul edildi.

1960–1962-nji ýyllarda senagat harytlarynyň nyrhlary doly erkinlige göýberildi, ýöne eýýäm 1963-nji ýylyň ortalaryndan hökümet ykdysadyýetde täze syýasatyň («hümmetsizlenmesiz ösüş») geçirilmegi bilen baglylykda nyrhlaryň nobatdaky hereketsiz goýulmagy barada karar kabul edildi. Şol bir wagtda käbir iýmit önümleriniň we hyzmatlaryň nyrhy hereketsiz goýuldy.

1965–1972-nji ýyllar aralygyndaky döwürde nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi «durnuklylyk şertnamasy», «maksatnamalaýyn şertnamalar», «nyrhlaryň galmagynyň garşysyna şertnamalar» arkaly amala aşyryldy.

«Durnuklylyk şertnamalaryna» laýyklykda döwlet kärhanalar bilen ylalaşyk baglaşýar, ol boýunça bir harydyň nyrhyny ýokarlandyrmaga, şol bir wagtda beýleki bir harydyň nyrhyny peseltmäge onuň hukugy bar. Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň bu mehanizminiň esasy maksady nyrhlaryň umumy derejesiniň durnuklylygyny goldamakdan ybarat.

«Maksatnamalaýyn şertnamalar» nyrhlaryň halkara bäsdeşliginiň şertlerine laýyk gelýän ewolýusiýasyna ýardam edýär. Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň bu mehanizmi «durnuklylyk şertnamasyna» laýyklykda öň gözegçilik edilen harytlara we hyzmatlara degişli. «Maksatnamalaýyn şertnamalara» laýyklykda kärhanalar döwleti özüniň maýa goýum maksatnamalary, maliýe ýagdaýy, iş bilen meşgullygy, daşarky bazara çykmagyň gelejegi barada habardar edýär. Şol bir wagtyň özünde kärhanalar döwlete nyrhlaryň emele gelşi bilen baglanyşykly, şol sanda bazaryň we bäsdeşligiň seljermesi, harytlar, zähmet öndürijiliginiň tehniki-ykdysady görkezijileri, maliýe dolandyryşynyň usullary boýunça jikme-jik maglumat berýär.

«Nyrhlaryň galmagynyň garşysyna şertnamalaryň» wezipesi fransuz harytlarynyň ýokary bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekden, ykdysadyýetiň hümmetsizlenme ösüşiniň depginlerini peseltmekden ybarat. Kärhanalar tarapyndan bu şertnamalar kabul edilen-

de önümçilik harajatlarynyň ösmegine getirýän çäreleriň ulanylmaly däldigi barada borçnamany hökümet öz üstüne aldy.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda Fransiýanyň hökümeti nyrhlaryň ösüşiniň öňüni almak we düzgünleşdirmek boýunça çäreleriň ulgamyndan peýdalanyp başlady. 1975-nji ýylyň ikinji ýarymynda ykdysadyýetiň döwlete degişli we hususy sektorlarynda ähli harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhy wagtlaýyn hereketsiz goýuldy, 1976-njy ýylda bolsa döwlete degişli sektorda nyrhlar göterimleriň berlen möçberine çenli ýokarlandy. Şunuň netijesinde kärhanalar bilen döwletiň arasynda şertnama baglaşyldy we olar boýunça kärhanalar öz önüminiň nyrhynyň galmagyny çäklendirmäge borçlandy. Şeýlelikde ykdysadyýetiň ösüşiniň aýratyn tapgyrlarynda ähli nyrhlar, ýagny nyrhlar 100% doňduryldy. Nyrhlar peýdanyň ösüşine görä haýal ösen ýagdaýynda olara hümmetsizlenmä garşy ýörite salgyt salynýar.

Nyrhlaryň hereketsiz goýulmagy ýörelgesinden peýdalanmak bilen nyrhlara berk gözegçilik ulgamynyň möhletiniň geçendigi aýdyň boldy. Fransuz ykdysatçylary nyrhlara şeýle gözegçiligiň bazary has çeýe edýändigi, önümçiligiň ösüşini, bäsdeşligi bökdeýändigi we belli bir tapgyrda maýanyň erkin akymyny, zähmet, harytlar, hyzmatlar bazarynyň hereketjeňligini çäklendirýändigi barada netijä geldiler.

Fransuz ykdysatçylary nyrhlary hereketsiz goýmagyň mehanizminiň esasy kemçiliginiň maýa goýum prosesini kynlaşdyrýandygyndan we hojalyk işiniň býurokratlaşmagynyň çäkleriniň giňelmeginden ybaratdygyny kesgitlediler. Olar hümmetsizlenmäniň depginleriniň XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda nyrhlar administratiw däl-de, gytaklaýyn ykdysady usullar bilen düzgünleşdirilýän ýurtlardakydan esli ýokary bolandygyny (ýylda 9–10%) görkezmek bilen, hümmetsizlenmä garşy göreşde nyrhlara gözegçiligiň netijeliliginiň pesligine hem üns berdiler.

1973-nji ýylyň maýynda Fransiýanyň hökümeti senagat önümleriniň nyrhlarynyň erkinlige goýberilmegini yglan etdi, oňa laýyklykda nyrhlaryň doňdurylmagy ykdysady sektorlaryň köpüsinde ýatyryldy. Emma erkinlige göýberilmegi maksatnamasy eserdeňlik bilen amala aşyryldy. Nyrhlaryň erkinlige göýberilmegi birinji tapgyrda örän güýçli bäsdeşlik bolan (meselem, sagat we şarikli podşipnik

senagaty), şeýle hem öndürilýän harytlaryň aýratynlygyna baglylykda nyrhlar örän galan pudaklarda (meselem, süýt-konserwa we süýjiköke öndürýän senagat) bellenilmedi we durmuş üpjünçilik ulgamy netijesinde bazaryň durnukly bolan pudaklary (meselem, farmasewtika senagaty) saýlanyp alyndy.

Nyrhlaryň erkinlige göýberiliş prosesi XX asyryň 80-nji ýyllarynyň birinji ýarymynda dowam etdi, 1986-njy ýylda senagat önümleriniň nyrhlarynyň 90%-e golaýy döwlet gözegçiliginden boşadyldy.

Nyrhlaryň erkinlige göýberilişi döwletiň nyrh emele geliş prosesine goşulmagynyň doly bes edilmegini aňlatmaýar. Kärhanany dolandyrmak işlerine göni gatyşmak syýasatyndan (mikroykdysady derejede) olaryň işlerini global düzgünleşdirmek ulgamyna (makroykdysady derejede) geçilmegi ykdysadyýet üçin gatyşmagyň diňe görnüşiniň üýtgedilmegini – berk «dirižist» usullaryndan bazara we nyrhlara gytaklaýyn täsir etmegiň usullaryna geçilmegini aňladýar. Şol sebäpli nyrhlaryň erkinlige göýberilmegi hakynda karar bilen bir wagtda beýleki karar – sengatda nyrh bäsdeşligi hakynda karar kabul edildi, oňa laýyklykda önüm öndürijileriň, import edijileriň, lomaý we bölek-satuw söwdagärleriniň islendik bileleşmesiniň döredilmegi gadagan edilýär. Şol bir wagtda telekeçilere senagat önümlerine, halkyň sarp edýän harytlaryna we hyzmatlaryna «iň pes nyrhlar» barada ýa-da «maslahat berilýän nyrhlar barada» islendik ylalaşygy baglaşmak gadagan edilýär.

Fransiýada 30 ýylyň dowamynda hereket eden nyrhlara berk gözegçilik hümmetsizlenmäniň ösüşiniň we umumydünýä konýunkturasynyň pes bolan tapgyrynda ýurduň ykdysadyýetiniň durnuklylaşmagyna ýardam etdi.

Nyrhlaryň erkinlige göýberilişi nyrhlary düzgünleşdirmek boýunça döwlet edaralarynyň düzüminiň üýtgedilmek zerurlygyna getirdi. 1986-njy ýyla çenli Meýilnamalaşdyryş we maliýe ministrliginiň düzüminde nyrh emele geliş edaralary özbaşdak departamentden ybaratdy, olar 1986-njy ýyldan soň bäsdeşlik boýunça departamente üýtgedildi we nyrhlary we nyrh bäsdeşligini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek boýunça edaralary bölüm hukuklarynda öz içine aldy.

Häzirki wagtda Fransiýada nyrhlar boýunça 3 müňe golaý döwlet gözegçisi bar. Bu gözegçiler Fransiýanyň Meýilnamalaşdyryş we maliýe ministrliginiň döwlet düzgünleşdirilişi boýunça bölüminiň we nyrh bäsdeşligi boýunça departamentiniň, pudaklaýyn ministrlikleriň we departamentleriň işgärleri bolup durýarlar (uly şäherlerde gözegçiler 10–12 adam). Döwlet gözegçileriniň esasy wezipesi nyrhlaryň döwlet düzgün-tertibine gözegçilik etmekden ybarat. Gözegçileriň nyrh emele gelşiniň düzgünleriniň bozulandygy boýunça habarnama düzmäge hukugy bar, soňra olar maliýe tribunalyna geçirilýär, ol bolsa nyrhlar boýunça kanunçylygyň bozulmagy bilen baglylykda ýuridiki taraplara jerime barada karar kabul edýär.

**Ispaniýada** döwlet nyrhlary düzgünleşdirmegi we gözegçilik etmegi bäsdeşligi goramak hakynda kanunyň esasynda amala aşyrylýar. Bu, ilki bilen, önümçiligi monopollaşdyrylan harytlara we hyzmatlara degişli. Mejbury nyrh emele gelşine düşýän harytlaryň we hyzmatlaryň sanawy täjirçilik maglumatlarynyň ýygyndysynda yzygiderli neşir edilýär. Bu, esasan, döwlet sektorynyň kärhanalaryna we käbir hususy kompaniýalara degişli.

Ispaniýanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň ýanynda nyrhlar boýunça Ýokary Geňeş nyrh emele gelşine gözegçiligi amala aşyrýan edara bolup durýar.

Ýokary geňeş ykdysady meseleler boýunça Hökümet Toparynyň iş edarasy hasaplanylýar.

Geňeşiň esasy wezipelerine aşakdakylar degişli: harytlaryň we hyzmatlaryň anyk görnüşleriniň nyrhlaryny üýtgetmek barada döwlet we hususy kompaniýalaryň haýyşnamalaryna mejlisde seretmek; maslahatlary işläp taýýarlamak we nyrhlary üýtgetmek boýunça esaslandyrylan teklipleri ykdysady meseleler boýunça Hökümet Toparyna bermek; gyzyklanma bildirýän döwlet we hususy kompaniýalar tarapyndan Hökümet Toparynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek; nyrhlar boýunça ýerli toparlaryň işlerini utgaşdyrmak; harytlaryň we hyzmatlaryň hereket edýän nyrhlaryna gaýtadan seretmek boýunça esaslandyrylan teklipleriň öwrenilmegi we Hökümet Toparyna berilmegi.

Ispaniýada nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi aşakdaky görnüşlerde bolýar:

*1. Ygtyýar berilýän nyrhlar.* Anyk harydyň ýa-da hyzmatyň nyrhyny ýokarlandyrmagy meýilleşdirýän döwlet ýa-da hususy kompaniýa nyrhlar boýunça Ýokary Geňeşe haýyşnama ugradýar we Hökümet Toparyndan rugsat alanyndan soň bahalary galdyrýar. Şeýle nyrhlar «ygtyýar berlen» nyrhlaryň hataryna girýär. Olar soýa ýagyna, elektrik energiýasyna, gaza, suwuklandyrylan gaza, benzine, kerosine, dizel ýangyjyna, dökün öndürmek üçin nebite we ýangyçlaryň beýleki görnüşlerine, farmasewtiki harytlara, oba hojalygynda ätiýaçlandyryşa, poçta we telegraf hyzmatlaryna, telefon aragatnaşygyna, demir ýol, ýurduň çäklerinde awtoulagyň ýolagçy we ýük gatnawlaryna, şeýle hem gatnawlaryň şu görnüşi üçin gämileriň kireýine alynmagy, ýurduň çäklerinde howa ulagy bilen ýolagçylary gatnatmaklyga bellenilýär.

*2. Habardar edilen nyrhlar.* Sterilizlenen süýt, ösümlik ýagy, otiýmlik däne, mineral dökünler ýaly harytlaryň nyrhy Ýokary Geňeş habardar edilenden soň ýokarlandyrylýar.

*3. Ýerli nyrhlar.* Ilatyň suw üpjünçiligi, şäher ýolagçy we demir ýol gatnawlarynyň, saglyk öýleriniň, şypahanalaryň, hassahanalaryň hyzmatlarynyň nyrhyny ýokarlandyrmak ýerli toparyň ygtyýarlygyna girýär.

Ähli ýagdaýlarda nyrhlar boýunça Ýokary Geňeşe ýa-da ýerli toparlara iberilýän haýyşnamalar aşakdaky elementleri özünde saklamaly: 1) nyrhy galdyryljak harytlaryň we hyzmatlaryň beýany; 2) önümçiligiň harajatlarynyň düzüminiň beýany; 3) harytlary we hyzmatlary ýerlemegiň usullarynyň beýany; 4) bu harytlaryň we hyzmatlaryň hereket edýän nyrhlarynyň we tarifleriniň, şeýle hem taslamalaşdyrylýan täze nyrhlaryň we tarifleriň sanawy; 5) önümçilik harajatlarynyň ösüşiniň, diýmek nyrhlaryň ýokarlanmagynyň esaslandyrmasy.

Nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän harytlaryň we hyzmatlaryň sanawy soňky ýyllarda esli kemeldi. Meselem, ykdysadyýetiň nyrh emele gelşine döwlet işjeň goşulýan pudaklarynyň sany 174-den 21-e çenli kemeldi. Häzirki wagtda Ispaniýada gönüden-göni döwlet tarapyndan bellenilýän, düzgünleşdirilýän nyrhlaryň sarp ediş nyrhlarynyň umumy düzüminde paýy 10%-e deň.

Ýurduň Umumy bazara girmegi bilen baglylykda köp harytlaryň, hususan-da, oba hojalyk önümleriniň nyrhlaryny düzgünleşdirmek Ýewropa Birleşiginiň derejesinde bolup geçýär.

**Şwesiýada** nyrh emele gelşiniň we nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň tejribesi hem gyzyklanma döredýär. Ilki bilen, bu ýurtda nyrhlara gözegçiligi ýörite edaranyň – Raýat administrasiýasy ministrliginiň garamagyndaky Nyrhlary we bäsdeşligi döwlet dolandyryşynyň ýöredýändigini bellemeli. Ondan başga-da, bu işi geçirmek üçin Şwesiýanyň 23 guberniýasynyň her birinde işgärleriň sany 2-den 10 adama çenli bolan edara bar. Ýurtda nyrhlary düzgünleşdirmek hakynda we nyrhlar hem bäsdeşligiň şertleri barada maglumat bermekligiň hökmanylygy barada kanunlar kabul edildi we olar hereket edýär.

Şwed ekspertleriniň pikirine görä, nyrhlaryň hereketsiz goýulmagy diňe gysga möhlet üçin – bazarda deňagramlaşma bozulanda gaýtadan dikeltmek we hümmetsizlenmäniň tolkunyny ýatyrmak üçin netijelidir. Muňa laýyklykda uruş turup ýa-da onuň ýüze çykyp, nyrhlaryň esli umumy ýokarlanmak howpy bolan ýagdaýynda nyrhlary düzgünleşdirmek hakynda kanun döwlete nyrhlara göni täsir etmek boýunça çäreleri amala aşyrmaga (olaryň derejesini hereketsiz goýmaga) hukuk berilýär. Kanuna laýyklykda döwletiň aýratyn harytlar üçin iň ýokary derejede baha kesmäge, deslapky habardar edilenden soň we nyrhlaryň ýokarlandyrylýan möçberi esaslandyrylandan soň ýokarlandyrmaga ýol berilýän tertibi girizmäge mümkinçiligi bar. Nyrhlary, bäsdeşligi we girdejileri düzgünleşdirmek hakynda meseleler boýunça düýpli çözgütler diňe parlament-rikstag tarapyndan kabul edilýär.

Şwesiýada nyrhlaryň derejesine täsir etmek, hususan-da, döwlet monopoliýasy we döwlet çäreleri arkaly amala aşyrylýar. Meselem, arak-çakyr önümlerine, poçta we aragatnaşygyň käbir görnüşlerine, dermanhana söwdasyna döwlet monopoliýasy bar. Döwlet energetika konserni we şwed demir ýollary nyrhlara uly täsir edýär. Ondan başga-da, daýhanlaryň (fermerleriň) bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen, döwlet oba hojalyk önümleriniň galla, süýt, et, ýumurtga ýaly möhüm görnüşleriniň we beýleki birnäçe iýmit önümleriniň we oba hojalyk çig malynyň satyn alyş nyrhlaryny düzgünleşdirýär. Her ýyl

hökümet bilen oba hojalyk önümlerini öndürijileriň birleşmesiniň arasyndaky sarp edijileriň gatnaşmagynda geçirilýän gepleşiklerde azyk harytlaryna nyrh kesilýär. Ol oba hojalyk önümlerini öndürijileriň harajatlarynyň öwezini dolmagyň esasy görnüşi hökümet bilen fermerleriň arasynda nyrhlaryň, degişlilikde, kepillendirilen ýokary derejesiniň her ýyl bellenilmegi bilen baglanyşykly.

Şwesiýada import edilýän çig mala gümrük ýygymlary oba hojalygyna pul kömegini bermek (subsidiýalaşdyrmak) üçin serişdeleriň möhüm çeşmesi bolup durýar. Olar içerki bazaryň has ýokary nyrhlar bilen daşarky bazaryň nyrhlarynyň arasyndaky tapawudyň möçberinde bellenilýär.

Nyrh emele gelşiniň aýratyn ulgamy – ýaşaýyş jaýynyň nyrhydyr. Olaryň derejesiniň aşa ýokarydygyna esaslanmak bilen, döwlet ýaşaýyş jaý üçin subsidiýalary we karzlary berýär.

Şwesiýada sarp ediş sebediniň iň pes möçberine girýän harytlaryň nyrhlarynyň ýokarlanýandygyny göz öňünde tutmak bilen, ilatyň girdejileriniň indeksasiýasy ýöredilýär (ýylda bir gezek). Ýöne girdejileriň indeksasiýasynyň gerimleri çäklendirilendir. Hakykatda ol hümmetsizlenmäniň nyrh emele gelşiniň mehanizmine «aralaşmaga» ýardam edýän çäre hasaplanylýar. Indeksasiýa diňe aýratyn uzak wagtlaýyn ylalaşyklarda, şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryny we jaýlary hakyna tutmak boýunça şertnamalarda bolýar. Her ýyl pensiýalary hasaplamak üçin peýdalanylýan binýatlaýyn möçberiň ýyllyk hasaplamasy girdejileriň indeksasiýasynyň belli bir görnüşi bolup durýar. Bir ýylda bellenen binýatlaýyn möçberi hasaplamak üçin sarp ediş nyrhlary göz öňünde tutulýar.

Nyrhlara gözegçiligiň şol ýa-da başga görnüşinden peýdalanylmagy we olaryň çäklendirilmegi ykdysady ýagdaýa we nyrhlaryň ösüş depginine bagly. Kärhanalaryň nyrhlara geçirmäge hukugy bolan zähmet hakynyň paýynyň çäklendirilmegi örän düýpli mesele bolup durýar. Meselem, 1985-nji ýylda bu 40-dan 65%-e çenli aralykda üýtgäp durdy. Elbetde, şeýle çäklendirmäniň girizilmegi zähmet hakynyň artmak mümkinçiligine täsir edýär.

**Ýaponiýada** 1973-nji ýyldan başlap Ykdysady meýilnamalaşdyryş müdirliginiň nyrhlar gullugy hereket edýär. Onuň wezipesine antimonopol kanunçylygyň berjaý edilmegine gözegçilik etmek,

degişli maliýe syýasatyny geçirmek arkaly islegi goldamak, islegiň we teklibiň meýillerini öwrenmek wezipeleri girýär. Döwlet tüwiniň, bugdaýyň nyrhlaryny (parlament tarapyndan tassyklanylýar), et we süýt önümleriniň nyrhlaryny (ekerançylyk, tokaýçylyk we balykçylyk ministrligi tarapyndan tassyklanylýar), demir ýol tariflerini (ulag ministrligi tarapyndan tassyklanylýar), suw we ýylylyk üpjünçiliginiň, elektrik energiýasynyň, gazyň tariflerini (Tebigy resurslar we energiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar), bilim we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň nyrhyny düzgünleşdirýär. Umuman, Ýaponiýada sarp ediş nyrhlarynyň 20%-i düzgünleşdirilýär.

Nyrhlary düzgünleşdirmek üçin aşakdakylar kanunçylyk binýady bolup durýar: antimonopol kanun, azyk harytlarynyň bazaryny düzgünleşdirmek hakynda kanun, maldarçylyk önümleriniň nyrhyny durnuklylaşdyrmak hakynda kanun.

Ýurtda bäsdeşi bazardan gysyp çykarmak maksadyna eýerýän monopol ýokary we monopol pes baha kesmek gadagan edilýär. Nyrhlaryň bir gezekleýin ýokarlandyrylmagy babatda çäklendirmeler girizildi. Olar önümçiliginiň möçberi 30 mlrd. ýenden ýokary bolan pudaklara degişli. Eger-de şeýle pudaklarda iki kärhanadan köpüsi üç aýyň çäklerinde bahany şol bir möçberde absolýut görnüşde ýa-da göterimde ýokarlandyran bolsa, onda Adalatly geleşikler boýunça toparyň olardan şeýle ýokarlandyrmanyň sebäbi barada maglumat hatyny talap etmäge we zerur bolan ýagdaýynda derňewe başlamaga hukugy bar.

Iş şertleriniň esli ýaramazlaşan ýagdaýynda, nyrhlar harajatlardan pese gaçanda we pudagyň kärhanalarynyň birnäçesine batmak howpy ýüze çykanda, bu kadadan çykylmagy göz öňünde tutulýar. Şeýle ýagdaýlarda Toparyň rugsat bermegi bilen önüm öndürijiler bilen önümçiligiň möçberiniň, satuwyň, maýa goýumynyň, enjamlara düşýän agramyň we nyrhlaryň derejesiniň ylalaşylmagyna ýol berilýär. Haçan-da Topar şeýle rugsat barada arza alanda, ol gysga möhletiň içinde özüniň razylygynyň ýa-da boýun gaçyrmagynyň sebäbini halka aýan etmeli. Çözgüt kabul etmek bilen, Topar ygtyýarlygyna şu pudak girýän ministrligiň ýolbaşçysy bilen maslahatlaşmaly.

**Şweýsariýada** oba hojalyk harytlyk önümleriniň ýarysy diýen ýaly kanuny tertipde düzgünleşdirilýär. Döwlet düzgünleşdirilişi iýmit

önümleriniň, ot-iýmlik dänäniň, gant şugundyrynyň, rapsyň, süýdüň nyrhlaryny öz içine alýar. Habar beriji nyrhlar kesilýär. Nyrhlaryň çäklendirilip düzgünleşdirilmegi olara gözegçilik etmek bilen dokma harytlary, egin-eşikler, oýunjaklar, saz gurallary we käbir beýleki harytlar boýunça amala aşyrylýar.

Şweýsariýada döwlet tarapyndan goralýan ýa-da subsidiýalaşdyrylýan harytlaryň nyrhyna gözegçilik edilýär.

Bu ýurtda nyrhlara gözegçilik etmek boýunça Federal edara nyrh emele geliş edarasy bolup durýar. Nyrh emele geliş prosesi harytlaryň goralýan nyrhlary barada Federal hökümetiň kararyna, anyk pudaklar we önümleriň görnüşleri boýunça birnäçe kanunlara we kararlara laýyklykda amala aşyrylýar.

**Kanadada** nyrhlary düzgünleşdirmegiň bitewi ulgamy ýok, ýöne nyrh syýasatyny belli bir derejede ministrlikler, pudak edaralary we guramalar amala aşyrýarlar. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän nyrhlaryň paýy 10%-e deň.

## Özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Daşary ýurtlarda nyrh emele gelşiniň tejribesini öwrenmek zerurlygy näme bilen baglanyşykly?
2. Günbatar ýurtlarda haýsy çäreler we haýsy usullar bilen nyrhlary döwlet düzgünleşdirmegi amala aşyrylýar?
3. ABŞ-da nyrhlary göni we gytaklaýyn düzgünleşdirilişiniň esasy ugurlary nämeden ybarat?
4. Fransiýada nyrh emele gelşi we nyrhlaryň düzgünleşdirilişiniň aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
5. Ispaniýada nyrhlaryň düzgünleşdirilişiniň görnüşleri barada näme bilýärsiňiz?
6. Şwesiýada nyrhlaryň düzgünleşdirilişiniň tejribesi barada gürrüň beriň.
7. Ýaponiýada nyrh emele gelşiniň ulgamy barada gürrüň beriň.
8. Daşary ýurtlarda nyrh emele gelşiniň tejribesinden nämäni Türkmenistanyň ykdysadyýetinde nyrh emele gelşinde ulanmak üçin teklip edip bilersiňiz?
9. Siziň pikiriňizçe, haýsy ýurduň tejribesi Türkmenistanda nyrh emele geliş tejribesi üçin kabul ederliklidir?

15. Sargyt № 1339.

## Sözlük

**Aktiwler** – öňki işleriň netijesi boýunça geljekde ykdysady peýda garaşylýan, kärhana tarapyndan gözegçilik edilýän serişdeler.

**Ažiotaž** (frans. agiotage – göçgünli ýagdaýda bolmak) – ykdysady ýagdaýyň, islegiň we teklibiň, harytlaryň nyrhynyň, gymmatly kagyzlaryň, walýutanyň kursunyň birden üýtgemegi bilen şertlendirilen bazar göçgünliligi.

**Alternatiwa** (frans., lat. – ikiden biri) – hereketiň ýa-da çözgütleriň gowy usullarynyň biri.

**Amortizasiýa** – esasy gaznanyň (maşynlaryň, enjamlaryň, binalaryň) ulanylmagy bilen könelmegi, gymmatynyň yzygiderli peselmegi.

**Autsaýder** (iňl. outsider – keseki) – önümçiligiň haýsydyr bir pudagynyň monopolistik birleşigine girmeýän, esasy görkezijileri boýunça şu haryt bazarynda iň soňky orny eýeleýän kärhana.

**Balans** (frans. – terezi) – biri-birine deň bolmaly iki bölekden ybarat mukdar gatnaşygy, meselem, şol bir mukdardaky harydyň ýa-da puluň gelmegi ýa-da harçlanmagy.

**Bazaryň segmenti** (lat. – bölek) – bazaryň bir bölegi.

**Deflýasiýa** – ýerli puluň satyn alyş ukybynyň ýokarlanmagy. Deflýasiýa – bu inflýasiýanyň tersine bolup geçýän hadysa.

**Deformasiýa** (lat. ýoýulma, üýtgeme sözünden) – nämedir bir zadyň mazmunynyň ýoýulmagy.

**Demping** (iňl. deemping – zyňmak, taşlamak) – harytlary daşarky bazarlarda içerki bazardakydan has arzan nyrhdan satmak.

**Denominasiýa** (lat. denomonatio – adyny çalyşmak) – ýurduň pul birliginiň dolanyşygyny ýeňilleşdirmek maksady bilen, onuň adyny üýtgetmezden iri pula öwrüp, hümmetini artdyrmak.

**Dewalwasiýa** (lat. de – peseltmek; lat. valeo – ähmiýeti, gymmaty bolmak) – häzirki wagtda bu adalga milli walýutanyň hümmetiniň resmi taýdan peseldilmegi hökmüde düşünilýär.

**Different** (lat. – tapawut) – söwda amallarynda: haryt sargyt edilende we alnanda onuň nyrhyndaky tapawut.

**Diskriminasiýa** (lat. diskrimination – tapawutlandyrma) ykdysady subýektleriň biriniň, beýleki bilen deňeşdirilende, bikanun esasda hukugyny kemsitmek ýa-da hukukdan kesmek.

**Disproporsiýa** – özara baglanyşykly bolan bölekleriň, elementleriň we taraplaryň ösüşindäki gabat gelmezlik, deňölçegliligiň bolmazlygy.

**Distribýuter** (iňl. – paýlmak) – sebit bazarlarynda harytlaryň belli bir görnüşlerini satyn almagy we ýerlemegi amala aşyrýan kärhana, telekeçi.

**Diwident** (lat. – bölmäge degişli) – paýdarlar jemgyýetiniň girdejisiniň paýdarlaryň arasynda paýlaýan we her ýylda olara töleýän bölegi.

**Dotasiýa** (lat. sowgat sözünden) – öz girdejileri ýeterlik bolmadyk ýerli býujetleri goldamak üçin döwlet býujetinden berilýän pul serişdeleri.

**Dýurasiýa** (iňl. – dowamlylygy) – alnan we berlen karzlaryň, olaryň pul möçberi we göterim derejesi boýunça ortaça möhletlerini hasaplamak.

**Ekstrapolýasiýa** – üýtgemeleriň öňki ýüze çykan meýlinden ugur alyp, geljekde garaşylýan ykdysady ululyklaryň ähmiýetini kesgitlemek.

**Emissiýa** (lat. emissio – çykarma, emitto – çykarýaryn) – puly we gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermek.

**Ekspansiýa** (lat. expansio – ýaýratmak, giňeltmek) – eýeleýän, täsir edýän çägiňi giňeltmek.

**Fisk** – döwlet gaznasy.

**Fiskal** – býujete gelýän salgyt serişdeleriniň möçberini köpeltmek üçin önümçilige ýa-da aýry-aýry harytlaryň ýerlenilişine döwlet monopoliýasy.

**Harytlaryň differensiasiýasy** – önüm öndürjileriň öz harytlaryny beýleki meňzeş harytlardan tapawutlandyrmak we oňa alyjylaryň, sarp edijileriň ünsüni çekmek üçin ulanýan usuly.

**Indeks** – görkeziji (koeffisiýent sözi bilen manydaş).

**Industriýa** (industria – iş) – senagat.

**Integral** (lat. – tutuş) – möhüm matematiki düşünjeleriň biri.

**Integrasiýa** (lat. integratio – birleşmek) – bölekleriň tutuşlyga birleşmek hadysasy.

**Inflýasiýa** – kagyz puluň hümmetiniň gaçmagy.

**Ipoteka** (grek. – girew) – karz almak üçin gozgalmaýan emlägi girewe goýmak.

**Izolirlemek** – aýry saklamak, çetleşdirmek.

**Kabotaž** (frans. – cabotage) – bir ýurduň portlarynyň arasynda gämi gatnawy.

**Kalkulýasiýa** (lat. calculation, otcalculo – hasaplaýaryn) – önümiň ýa-da ýerine ýetirilen işiň birliginiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak.

**Kartel** – gatnaşyjylaryň önümçiligiň möçberi, ýerlemegiň şertleri, işçi güýjüni hakyna tutmak we ş.m. barada şertnama baglaşmak bilen, önümçilik we kommersiýa özbaşdaklygyny saklaýan monopolistik birleşmeleriň biri.

**Keýnsiançylyk** – dünýä belli ykdysatçy-alym J.M. Keýns tarapyndan öňe sürlen makroykdysady nazaryýet.

**Klassifikasiýa** (lat. – topar we etmek) – toparlara bölmek.

**Konkurensiýa** (lat. – çaknyşmak) – iň ýokary girdejini almak üçin önüm öndürijileriň (satyjylaryň) arasynda ýaryş, bäsleşik.

**Konserwator** (lat. – goraýjy, sakçy) – köne düzgüny saklamaga çalyşýan, özgertmelere, täzelige garşy konserwatiw düşünjeli adam. (Neokonserwator – onuň tersine).

**Kontragent** (lat. contrahens – ylalaşyk baglaşyjylar; contra – garşy+ agens – gatnaşyjy; con-trahere – özara garşy durmak) – raýat-hukuk gatnaşyklarynda şertnamanyň taraplarynyň biri.

**Konýunktura, bazar konýunkturasy** (lat. – bagly bolmak) – bazada emele gelen ykdysady ýagdaý.

**Kooperasiýa** – zähmeti guramagyň köp sanly adamlaryň gatnaşmagynda amala aşyrylýan bir görnüşi.

**Konstruksiýa** – haýsydyr bir desganyň, mehanizmiň düzümi we bölekleriniň ýerleşişi.

**Likwidlik** (lat. liguidus – suwuk, akyp geçýän) – serişdeleriň bazar nyrhyna golaý bolmak bilen, tiz satylmaga ukyplylygyny aňladýan ykdysady adalga.

**Limit** (lat. limes, limitis) – çäk, kada boýunça çägi.

**Marža** (iňl. margin, frans. marge – tapawut, artykmaçlyk) – 1) söwda, birža, ätiýaçlandyryş, bank amalyýetinde harytlaryň nyrhlarynyň, gymmatly kagyzlaryň hümmetiniň, stawka göterimleriniň we beýleki görkezijileriň arasyndaky tapawudy görkezmek üçin ulanylýan adalga. 2) nyrhyň we özüne düşýän gymmatyň arasyndaky tapawut (girdeji manysyndaky düşünje).

**Maržinal girdeji** – satuwdan gelen girdejiniň satuwyň belli bir (orta) derejesine degişli bolan harajatlaryň jeminden ýokary bolmagy.

**Marketing** (iňl. bazar sözünden) – bazar ýagdaýynyň hasaba alynmagyny göz öňünde tutýan ulgam.

**Monetarizm** – dolanyşykdaky pul massasyna hojalyk konýunkturasynyň emele gelmegini kesgitleýän faktor hökmünde seredýän ykdysady nazaryýet.

**Modifikasiýa** (frans. lat. – üýtgeme) – ösüşli özgerişleri girizmek, önümçilikde özgertmeleri amala aşyrmak, täze nusgada, ýokary hilli önümleri döretmek.

**Nominal** (lat. – bellenen) – meselem, bellenen baha.

**Nyrhlaryň differensiasiýasy** – şol bir haryda harajatlaryň derejesi, satylýan ýeri, harydyň hili bilen baglylykda dürli bazar nyrhynyň bellenilmegi.

**Oligarhiýa** (grek. – az sanly we – häkimiýet) – döwleti we ykdysadyýeti dolandyrýan adamlaryň uly bolmadyk toparynyň syýasy we ykdysady taýdan agalygy.

**Oligopoliýa** (grek. – az sanly we – satýan, söwda edýän) – aýry-aýry harytlary öndürmekde we bu harytlaryň bazarynda kärhanalaryň we kompaniýalaryň az sanlysynyň agalygy.

**Optimal** (lat. has gowy) – has gowy, amatly (Ykdysady hereketleriň has gowy, amatly usuly).

**Otnositel baha** – beýleki harytlaryň bahasy bilen deňeşdirmek arkaly kesgitlenilýän baha.

**Passiw** – (lat. passivus – gowşak) – kärhananyň serişdeleriniň emele geliş çeşmeleriniň ählisiniň umumy jemi.

**Potensial** – mümkinçilik, güýç, kuwwat (kärhananyň geljekde harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligini amala aşyrmak we girdeji almak üçin öňünden görünýän mümkinçilikleri).

**Pozisiýa** – 1) durýan ýeri, ýerleşme; 2) nukdaýnazar, garaýyş.

**Proteksionizm** (lat. – gorama) – döwletiň öz ýurdunyň içerki bazaryny oňa daşary ýurt harytlarynyň girmeginden maksatlaýyn goramagynda ýüze çykýan ykdysady syýasaty.

**Pul multiplikatory** (lat. multiplicare – köpeltmek, ulaltmak) – karz-depozit bank amallarynyň hasabyna pul massasynyň ösüşiniň derejesine barabar bolan ykdysady koeffisiýent.

**Reglamentasiýa** – haýsydyr bir işiň ýerine ýetiriliş tertibini kesgitleýän kadalary bellemek.

**Regres** (lat. – yza gaýtma) – yza hereket.

**Regressiw salgyt salma** – girdejiniň artmagy bilen salgyt görnüşinde alynýan paýyň, göterimiň azalmagy.

**Restruksiýa** – täjirçilik banklarynyň karz bermeginiň Merkezi bank tarapyndan çäklendirilmegi.

**Resurs** (frans. kömekçi serişdeler) – baýlyk, çeşme, gor, önümçiligi üpjün etmegiň çeşmeleri, serişdeleri.

**Rewalwasiýa** (iňl. value – gymmatlyk) –beýleki ýurtlaryň walýutalary bilen baglanyşyklylykda milli puluň hümmetini ýokarlandyrmak.

**Seleksiýa** – saýlamak we çakyşdyrmak ýoly bilen ösümlikleriň we haýwanlaryň öň bar bolan tohumlaryny gowulandyrmak, täzesini döretmek.

**Stagnasiýa** (lat. – hereketsiz edýärin) – ykdysadyýetde, önümçilikde, söwdada peselme bilen bilelikde ýüze çykýan durgunlyk.

**Stagflýasiýa** (lat. stagno – hereketsiz edýärin we inflatio – çişen) – durgunlyk ýa-da önümçiligiň peselmegi, işsizligiň ýokary derejesi bilen bilelikdäki durgunlyk.

**Sterilizasiýa** (ykdysadyýeti) (iňl. sterilization) – ýurduň Merkezi banky tarapyndan dolanyşykdaky nagt däl pul massasyny mejbury azaltmak, döwletiň karz syýasatynyň bölegi.

**Strategiýa** – baş ugur, esasy ugur.

**Subsidiýa** (lat. subsidium – kömek, goldaw) – döwlet tarapyndan býujet serişdeleriniň hasabyna ýerli häkimiýet edaralaryna, ýuridiki, fiziki şahslara, beýleki döwletlere pul görnüşinde berilýän kömek.

**Tarif** – kärhanalar tarapyndan ilata hödürlenilýän dürli hyzmatlar üçin töleg nyrhlary.

**Transfert** (frans. transfert, lat. transfero – geçirýärin) – bir bankdan beýleki banka, bir ýurtdan beýleki ýurda pul geçirmek.

**Walýuta interwensiýasy** – ýurduň merkezi banky tarapyndan pul bazaryna we puluň hümmetine täsir etmek maksady bilen daşary ýurt walýutasyny satmak ýa-da satyn almak boýunça bir gezeklik amala aşyrylýan maksada gönükdirilen işi.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, 2008.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. – Aşgabat, 2013.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. – Aşgabat, 2014.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy. – Aşgabat, 2008.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda sözlän sözi. – Aşgabat, 2009.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiyasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat: Ylym, 2012.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatyndaky çykyşy // «Türkmenistan» gazeti, 2012, 24 oktýabr.

12. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

13. Aýnazarow A., Ataýew O. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

14. *Annaorazow A., Annamyradow A., Ataýew O.* Buhgalter hasabynyň nazaryýeti (Meseleler ýygyndysy). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

15. *Pürliýew B. G., Rahmanowa E. G., Uwdiýew T. O.* Bazar ykdysadyýetiniň esaslary: pul, nyrh, hyrydarlyk, hödürleme. Ylmy-önümçilik gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2009.

16. *Pürliýew B. G., Rahmanowa E. G., Meläýewa M.* Ykdysadyýet we ekologiýa. – Aşgabat: Ylym, 2009.

17. *Pürliýew B. G., Rahmanowa E. G., Uwdiýew T. O.* Bank menejmenti // Ylmy-önümçilik gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2010.

18. *Pürliýew B. G., Rahmanowa E. G., Uwdiýew T. O.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Ylmy-önümçilik gollanmasy. I bölüm. – Aşgabat: Ylym, 2011.

19. *Pürliýew B. G., Rahmanowa E. G., Uwdiýew T. O.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Ylmy-önümçilik gollanmasy. II bölüm. – Aşgabat: Ylym, 2011.

20. *Sopyýew A., Altyýew M., Durdyýew G., Sopyýew K.* Ykdysady nazaryýet. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

21. *Taýharow B., Hajygurbanow H.* Pul, karz we banklar. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

22. *Halow N.* Maliýe. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

23. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta-maliýe gatnaşyklary. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

24. *Çarygeldiýew Ý., Muhanow A.* Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

25. *Абрютина М. С.* Ценообразование в российской экономике. – М.: Дело и сервис, 2002.

26. *Беляева И. Ю.* Цены и ценообразование. Управленческий аспект: учебное пособие / И. Ю. Беляева, О. В.Панина, В. В. Головинский. – М.: КНОРУС, 2004.

27. *Воронин А. П.* Микроэкономика. Экономическая теория в вопросах и ответах: Учебное пособие / А. П. Воронин. – М.: ЗАО «Издательство «Экономика», 2009.

28. *Герасименко В. В.* Ценовая политика фирмы. М.: Финстатинформ, 1995.

29. *Герасименко В. В.* Ценообразование: Учеб. Пособие. / В. В. Герасименко. – М.: ИНФРА –М, 2006.

30. *Герасименко В. В.* Эффективное ценообразование. Учебник для вузов. – М.: Финстатинформ, 2007.

31. *Дрозд Н. М.* Ценообразование на мировом рынке: учебно-методическое пособие / Н. М. Дрозд. – Мн.: БИП-С, 2003.

32. *Емельянова Т. В.* Ценообразование: учебное пособие / Т. В. Емельянова. – Мн.: Выш. Школа, 2004.

33. *Желтякова И. А., Маховикова Г. А., Пузыня Н. Ю.* Цены и ценообразование. Тесты и задачи: Учеб. Пособие. – СПб.: Питер, 1999.

34. *Иванова Н. В.* Ценообразование // Учебное пособие. – М.: Инфра-М, 2007.

35. *Касаткина Е. В.* Теоретические аспекты маркетинговой политики зарубежных компаний. – М.: МАКСПресс, 2001.

36. *Котлер Ф.* Маркетинг менеджмент. Экс пресс-курс. 2-е изд. / Пер. с англ. Под ред. С. Г. Божук. – СПБ.: Питер, 2006.

37. *Крофт М. Д.* Сегментирование рынка. – СПб.: Питер, 2001.

38. *Липсиц И. В.* Коммерческое ценообразование: Учебник / И. В. Липсиц. – М.: Издательство БЕК, 2000.

39. *Макконнелл К. Р., Брю С. Л.* Экономика: принципы, проблема и политика. – М.: Республика, 2007.

40. *Тарасевич В. М.* Ценовая политика предприятия / Под общ. ред. Багиева Г. П. – СПб.: Питер, 2001.

41. *Трацевский И. П., Грекова И. И.* Ценообразование. Учебное пособие. – Мн.: «Новое значение», 2007.

42. *Уткин Э. А.* Цены. Ценообразование. Ценовая стратегия. – М.: ЭКМОС, 2007.

43. Финансовый менеджмент: теория и практика. Под ред. Е. С. Стояновой. – 4-е изд., перераб. и доп. М.: Перспектива, 2007.

44. Финансовое управление компанией. Под ред. Е. В. Кузнецовой. – М.: Правовая культур, 2007.

45. Цены и ценообразование: учебник для вузов 4-е изд. Под ред. В. Е. Есипова. – СПб.: Питер, 2006.

46. *Шуляк П. Н.* Ценообразование: Учебно-практическое пособие. – 7-е изд., перераб. и доп. / П.Н. Шуляк. – М.: Издательско-торговая корпорация «Дашков И Ко»., 2004.

## Mazmuny

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

### I BÖLÜM
### BAZAR YKDYSADYÝETI ŞERTLERINDE NYRH EMELE GELŞININŇ ESASY MESELELERI

**1-nji bap.** Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrh ykdysady kategoriýa hökmünde . . . . . . . . . . . . . 9
1.1. Nyrhyň gymmatlyk esaslary we bazar nyrh emele gelşine geçilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
1.2. Merkezleşdirilen nyrh kesmeden bazar nyrhynyň emele gelmeginiň tapawutlandyryjy alamatlary . . . . . . . . . . 15
1.3. Nyrhyň ykdysady wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
1.4. Nyrh emele gelşiniň usulyýet meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . 25

**2-nji bap.** Nyrhlar ulgamy we olaryň toparlanylyşy . . . . . . . . . . 28
2.1. Nyrhlaryň görnüşleri we olaryň toparlanylyşy . . . . . . . . . . . 28
2.2. Nyrhlaryň düzümi we gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
2.3. Nyrhlar ulgamy we onuň esasynda durýan alamatlar . . . . . 35

**3-nji bap.** Nyrh emele getiriji faktorlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
3.1. Nyrhyň we islegiň arabaglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
3.2. Nyrh bilen teklibiň arabaglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42
3.3. Nyrhlara täsir edýän esasy faktorlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50

**4-nji bap.** Bazaryň düzümi we nyrh emele gelşi . . . . . . . . . . . . . 54
4.1. Dürli görnüşli bazarlarda nyrh emele gelşiniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
4.2. Nyrh emele gelşiniň tapgyrlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60

4.3. Nyrhlar barada maglumat we nyrhlar boýunça
çözgütleri kabul etmekde onuň tutýan orny . . . . . . . . . . . . .68

**5-nji bap.** Kärhananyň nyrh syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .70
5.1. Kärhananyň nyrh syýasatynyň
strategiki we taktiki jähetleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .70
5.2. Kärhana tarapyndan bazarda ulanylýan
nyrh emele gelşiniň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .82

**6-njy bap.** Harajatlar we nyrhlaryň emele gelmeginde
olaryň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .95
6.1. Nyrh emele geliş maksatlary üçin harajatlaryň görnüşleri . .95
6.2. Harajatlaryň, önümçiligiň möçberiniň we peýdanyň
gatnaşyklarynyň seljermesi (cvp-seljerme) . . . . . . . . . . . .108
6.3. Özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary . . . . . . . .113

**7-nji bap.** Nyrh emele gelşinde töwekgelçilik we
nyrhlaryň ätiýaçlandyrylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .119
7.1. Töwekgelçilik barada düşünje we onuň mazmuny. . . . . . .119
7.2. Nyrhlary kesgitlemekde töwekgelçilik
we nyrhlaryň ätiýaçlandyrylmasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .122

**II BÖLÜM**
**YKDYSADYÝETIŇ KÄBIR PUDAKLARYNDA WE ULGAMLARYNDA NYRH EMELE GELŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY**

**8-nji bap.** Ulag hyzmatlary üçin nyrh emele gelşi . . . . . . . . . .129
8.1. Demir ýol ulaglarynyň tarifleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .132
8.2. Suw ulaglarynyň tarifleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .136
8.3. Awtomobil ulaglarynyň tarifleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .138

**9-njy bap.** Ilata edilýän durmuş we jemagat hyzmatlary
üçin nyrh emele gelşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .140

**10-njy bap.** Bazaryň we nyrhlaryň döwlet tarapyndan
düzgünleşdirilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .148
10.1. Ykdysadyýetiň we nyrhlaryň döwlet
tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň zerurlygy . . . . . . . . .148

10.2. Nyrhlary düzgünleşdirmegiň we nyrhlara gözegçilik etmegiň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .158
10.3. Türkmenistanda nyrh emele gelmeginiň aýratynlyklary we sarp ediş nyrhlaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdermegiň usullary . . . . . . . . . . . . .163

**11-nji bap.** Nyrh emele gelşi we hümmetsizlenme. . . . . . . . . .167
11.1. Hümmetsizlenme proseslerinde nyrhlaryň orny . . . . . . . .167
11.2. Hümmetsizlenmäniň ösüş tapgyrlary we nyrhlaryň ösüş depgini . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .173
11.3. Nyrhlaryň hümmetsizlenme ösüşiniň netijeleri we olaryň ykdysadyýetiň ösüşine edýän täsiri . . . . . . . . . . . . . . . . .178

## III BÖLÜM
## MALIÝE-KARZ ULGAMY WE NYRH EMELE GELŞI

**12-nji bap.** Nyrh emele gelşi we pul dolanyşygy . . . . . . . . . . .181
12.1. Nyrhlaryň we pul dolanyşygynyň özara baglanyşygynyň nazaryýet jähetleri . . . . . . . . . . . . . . . .181
12.2. Walýutanyň hümmetiniň nyrhlaryň ösmegine we halkara söwdasyna ýetirýän täsiri . . . . . . . . . . . . . . . .190

**13-nji bap.** Nyrh emele gelşi we karz. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .196
13.1. Karzyň «nyrhynyň» düýp mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . .196
13.2. Karz serişdelere nyrh kesmegiň tertibi . . . . . . . . . . . . . . .201
13.3. Karz serişdeleriň nyrhy we bankyň likwidligi . . . . . . . . .207

**14-nji bap.** Senagat taýdan ösen ýurtlarda nyrh emele gelşi we nyrhlaryň düzgünleşdirilişi . . . . . . . . . . . . . . . .210
14.1. Umumy düzgünler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .210
14.2. Dürli ýurtlarda nyrh emele gelşiniň we nyrhlary düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary. . . . . . . . . . . .212

Sözlük . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .226
Peýdalanylan edebiýatlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .232

Ejebaý Awlyýewna Gurbanowa,
Gülnar Myratgeldiýewna Ýarbazowa,
Bahar Kakaýewna Annagurbanowa

# NYRHLAR WE NYRHYŇ EMELE GELŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *T. Sadykow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. G. Annaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.10.2015.
Ölçegi $60x90^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 15,0.
Şertli reňkli ottiski 60,25. Hasap-neşir listi 14,23.
Çap listi 15,0. Sargyt № 1339. Sany 1 200.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.